**Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow**

# SALGYTLAR WE SALGYT SALMAGYŇ NAZARYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**Türkmen döwlet neşirýat gullugy**
**2009**

UOK 336
Ç 21

**Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow**

Ç Salgyt menejmenti dersi boýunça meseleler ýygyndysy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.- A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

Salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalaryň nazaryýet esaslary, salgyt salmagyň usulyýetiniň işlenip düzülmegi we onuň esasy ýörelgeleri, salgytlaryň gaýry ykdysady kategoriýalar bilen arabaglanyşygy we olaryň maliýe gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny, salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri we olaryň kömegi bilen ýetilýän ahyrky netijeler beýan edilýär. Salgytlar we salgyt salmagyň nazaryýeti okuw kitabynda salgyt salmak ulgamynyň gurluşyny we düzümini kesgitleýän ýörelgelere, salgydyň alamatlaryna, salgyt salnanda ulanylýan esasy düşünjelere we adalgalara, salgytlaryň toparlandyrylyşyna, salgyt hukuk gatnaşyklaryna we salgyt salmak syýasatyna aýratyn üns berilýär.

Salgyt gullugynda işleýän hünärmenlere, ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna, aspirantlara we okaýjylaryň giň toplumyna niýetlenýär.

TDKP 131 2008 KBK 65.9(2) 261.3 ýa 73

© Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow, 2008



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

**Gaýtalama:**
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

**Gaýtalama:**
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## SÖZBAŞY

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*"Biziň başlan özgertmelerimiziň ählisi bir zady-milli ýolumyzy saklap, dünýä ykdysadyýetine has çalt, sazlaşykly girmegi maksat edinýär."*

Dünýäniň umumy ösüşine diýarymyzyň giňişleýin we içgin aralaşmagy bilen, Türkmenistanda çuňňur ykdysady özgerişlikler bolup geçýär. Ykdysadyýetiň dolandyryş mehanizmine düýpli özgertmeler girizilýär, hojalygyň alnyp barlyşynyň bazar usullary öňe sürülýär. Mälim bolşy ýaly, ylym we bilim babatynda adamzadyň häzirki zaman gazanan netijelerini önümçilige we ykdysadyýetiň dolandyrylyşyna ornaşdyrmazdan, kuwwatly ykdysady ulgamyny döretmek mümkin däl. Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow Güýçli döwletde ylym esasy orny eýeleýär, diýmek, biz ylmyň iň täze gazananlaryny bilen aýakdaş gitmelidiris diýip belleýär.

Dünýä tejribesinde öz nusgalarynyň köpdürliligi bilen mälim bolan bazar ykdysadyýeti, döwlet kadalaşdyrylmagy bilen üsti ýetirilýän durmuş eşretlerine gönükdirilen hojalygy häsiýetlendirýär. Bazar gatnaşyklar ulgamynyň düzüminde we döwlet tarapyndan ony kadalaşdyrýan mehanizminde salgytlar möhüm orun tutýar. Salgytlar bazar gatnaşyklarynyň aýrylmaz düzüm bölegidir we şol bir wagtda döwletiň geçirýän ykdysady syýasatynyň wajyp ykdysady

guralydyr. Hut şol sebäpli, salgytlaryň ykdysady tebigatyny içgin bilmekligiň, olaryň hereket edisiniň aýratynlyklaryna çuňňur düşünmekligiň, jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeli ösmeginde olary has doly ulanylmagyň usullarynyň saýlap-seçilmeginiň möhüm ähmiýeti bar.

Beýik Galkynyş zamanamyzda Türkmenistan döwletiniň ykdysadyýeti durnukly we bökdençsiz ösýän şertlerinde, salgyt çygryny gowy bilmek örän zerurdyr. Salgyt çygrynda bolup geçýän özgertmeleriň ýurdumyzyň her bir raýatynyň şahsy eşretleriniň almaklary bilen gönüden-göni baglydygyny hakykadyň hatyrasyna belläp geçmelidir. Salgyt möçberleri, olaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibi, maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň ulanylyşynyň ýagdaýy barada bilmek, diňe bir hünärmenlere däl-de her birimiz üçin gyzykly we täsirlidir.

Bazar gatnaşyklarynyň kämil derejesine ýetmek maksady bilen, ykdysadyýetde geçirilýän düýpli özgertmeleri ýokary hünärli hünärmenlersiz amala aşyrmak mümkin däl. Bazar ykdysadyýetiniň kämil düzümlerini gurnamak üçin, çuňňur we köptaraplaýyn bilimi, öz hünäri boýunça ýokary hünärmenlik derejesi bolan we başarjaň işgärler zerurdyr. Işiň inçe we çylşyrymly çygry bolup durýan salgytçy diýlip atlandyrylýan hünärmene has uly talaplar bildirilýär. Işde üstünlik gazanmak üçin, salgyt gullugynyň işgäri öz hünärini halamalydyr, ýokary guramaçylyk derejesi we adatdan daşary çözgütleri kabul etmäge ukyply bolmalydyr. Bu çözgütleri ol tutanýerli we yzygiderlikli durmuşa ornaşdyrmalydyr.

Işleriň salgyt çygry üçin başarjaň we döredijilikli pikirlenmäni başarýan hünärmenleri taýýarlamakda, Salgytlar we salgyt salmagyň nazaryýeti dersiniň öwrenilmeginede uly ähmiýet berilýär. Şol sebäpli, bu okuw kitabynda, ilkinji nobatda bazar şertlerinde salgytlaryň hereket edişiniň nazaryýet esaslaryna seredilip geçilýär. Salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalaryň ykdysady tebigatyny

öwrenmek, jemgyýetçilik gatnasyklarynda olaryň tutýan ornuny saýhallamak, salgyt gatnaşyklarynyň çäklerini dürs aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Şonuň bilen birlikde, şu okuw kitabynda salgyt salmagyň usulyyetiniň işlenip düzülmegine we onuň esasy ýörelgelerine uly üns berilýär. Bu bolsa salgytlaryň has netijeli ulanylyşynyň usullaryny we ugurlaryny takyklamaga, salgytlaryň kömegi bilen ykdysady we durmuş çygyrlarynyň ösüş derejesine oňyn täsiriň üpjün edilişini görkezmäge mümkinçilik berýär.

Salgytlar we salgyt salmagyň nazaryýeti okuw kitaby salgyt tejribesinde salgyt gatnaşyklarynyň hereket edişiniň hakykylygyny nazaryýet nukdaýnazary jähtde beýan edýär. Ýöne, şonuň bilen birlikde, jemgyýetçilik işiniň dürli çygyrlarynda salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynyň anyk görnüşleriniň öwrenilmegine-de möhüm ähmiýet berilýär. Mysal üçin, okuw kitabynda salgytlaryň gaýry ykdysady kategoriýalar bilen arabaglanyşygyna we olaryň maliye gatnaşyklar ulgamynda tutýan ornuna, salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipelerine we olaryň kömegi bilen ýetilýän ahyrky netijelere giňişleýin seredilip geçilýär. Salgytlar we salgyt salmagyň nazaryýeti okuw kitabynda salgytlaryň alamatlaryna, salgyt salnanda ulanylýan esasy düşünjelere we adalgalara, salgytlaryň toparlandyrylyşyna aýratyn üns berilýär.Ondan başga-da, salgyt salmak ulgamynyň gurluşyny we düzümini kesgitleýän ýörelgeler, salgyt hukuk gatnaşyklary we salgyt salmak syýasaty içgin öwrenilýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ýokarda sanalyp geçilen soraglaryň öwrenilmegi örän möhümdir, sebäbi salgytlaryň we gaýry maliýe usullarynyň kömegi bilen jemgyýetçilik önümçiliginiň düzümini ykdysadyýetiň maksadyna laýyk üýtgetmäge, onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döreýär.

Salgyt ylmynyň nazaryýet esaslarynyň öwrenilmegi, aşakdaky meseleleriň çözülmegini öňe sürýär:

**birinjiden**, salgytlaryň ykdysady mazmunyny, olaryň ýerine ýetirýän wezipelerini we jemgyýetçilik gatnaşyklar ulgamynda olaryň tutýan ornuny, salgyt syýasatyny, salgytlaryň dolandyrylyşynyň gurluşyny we salgyt gözegçiliginiň geçirilişiniň üsti bilen salgyt gatnaşyklarynyň hereket edişiniň nazaryýet esaslaryny beýan etmeli;

**ikinjiden**, salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynyň ýörelgeleri, jemgyýetiň ösüşiniň ykdysady, durmuş we syýasy şertleri üýtgände salgytlary kämilleşdirmegiň esasy ugurlary bilen tanyşdyrmaly. Salgyt işiniň tejribesiniň gurluşyna, salgytlary kadalaşdyrýan kanunlaryň we ölçeg resminamalarynyň öwrenilmegine aýratyn üns berilmeli.

**üçünjiden**, ykdysadyýetiň ösüşine salgytlaryň ýerine ýetirýän täsirini, olaryň kömegi bilen alynýan netijeleri, şeýle-de salgyt mehanizminiň hereket edişiniň kem-käs ýerlerini we olary gelejekde aradan aýyrmagyň ugurlaryny mümkin boldugyça görkezmeli.

Ýokarda sanalyp geçilen meselelere laýyklykda, Salgytlar we salmak salmagyň nazaryýeti okuw kitabynyň mazmuny düzüldi we ol 8 bapdan ybaratdyr. Okuw kitabynda mysal görnüşinde getirilýän edara görnüşli we şahsy taraplaryň atlary we sanlar şertlidir, islendik gabat gelmeler tötänleýindir. Kitapda beýan edilýän materiallary has gowy özleşdirmek üçin, her babyň soňunda soraglar berilýär. Bu soraglaryň yzygiderli öwrenilmegi, salgytlar babatynda bilim almakda size ýardam bolar.

# I BAP. "SALGYT" WE "SALGYT SALMAK" YKDYSADY KATEGORIÝALARYŇ NAZARYÝET ESASLARY

## 1.1.1. Salgyt düşünjesiniň gelip çykyşy we onuň durmuş-ykdysady mazmuny

Salgyt düşünjesi öz köklerini asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýar. Salgyt düşünjesiniň diňe ykdysady däl, eýsem pelsepe manysam bar. Bu düşünjäniň ykdysady tebigatyna we asyl manysyna göz ýetirmek üçin, adamlaryň şahsy girdejileriniň bir böleginiň umumymilli pul serişdeler gaznasynda, ýagny döwlet býujetinde toplanylmagy bilen bagly ykdysady wakalaryň içine yzygiderli we kem-kemden aralaşmagyň zerurlygy ýüze çykýar.

**Mysal.** Mälim bolşy ýaly, her bir döwletde salgytlaryň kanuna laýyk hereket etmegi, döwletiň ykdysady, syýasy we durmuş esaslarynyň bitewliginden, oňa mahsus bolan önümçilik gatnaşyklaryndan, hereket edýän ykdysady kanunlaryndan hem-de döwletiň berkarar bolmagyndan gelip çykýar. Taryhy jähtden garanyňda, adamzat, bäş sany jemgyýetçilik-ykdysady gurluşy, ýagny ilkidurmuş jemgyýetini, gul eýeçiligi, feodalizm, kapitalizm we sosializm gurluşyny öz başyndan geçirdi. Haýsy jemgyýetçilik-ykdysady gurluşda salgyt gatnaşyklary ilkinji gezek ýüze çykdy?

**Çözülişi.** Ilkinji salgyt gatnaşyklary gul eýeçiligi döwründe ýüze çykdy. Ilkinji salgyt gatnaşyklarynyň ýüze çykmagynyň esasy sebäpleri: adamlaryň synplara bölünmegi, döwletleriň emele gelmegi, haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi we belli bir derejede şol döwlete mahsus bolan

ykdysady kanunlarynyň kabul edilmegidir. Döwletiň merkezi we ýerli guramalary tarapyndan şahsy we edara görnüşli taraplardan merkezi ýa-da ýerli býujetlere ýygnalýan hökmany tölegler salgyt diýilýär. Salgytlar jemgyýet häkimiýetini saklamak üçin niýetlenýär. Salgytlaryň durmuş-ykdysady mazmuny olaryň jemgyýetde tutýan orny we zerurlygy, döwletiň ykdysady we syýasy gurluşy we çözýän meseleleri bilen şertlendirilýär.

**Mysal.** Ykdysady nazaryýet taglymatyndan ugur alynsa, onda önümçilik gatnaşyklary jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan, ykdysady gatnaşyklary önümçilik gatnaşyklaryndan, maliýe gatnaşyklary pul gatnaşyklaryndan gelip çykýar. Salgyt diýlip atlandyrylýan maliýe kategoriýasy, haryt-pul gatnaşyklarynyň hereket edýän jemgyýetçilik-ykdysady gurluşynyň ählisine mahsusmy?

**Çözülişi.** Haryt-pul gatnaşyklary gul eýeçiligi, feodalizm, kapitalizm we sosializm jemgyýetçilik-ykdysady gurluşlaryna mahsusdyr. Şol sebäpli salgyt ilkidurmuş jemgyýetinden beýleki jemgyýetçilik-ykdysady gurluşyň ählisinde ykdysady binýadyň (bazisiň) düzüm bölegi bolup hereket edýär.

Mälim bolşy ýaly, salgytlar adamlaryň durmuşynyň bir bölegidir. Salgytlar hakyndaky ilkinji düşünjeleri gadymy akyldarlaryň pelsepe işlerinde gabat gelmek bolýar. Deduksiýa (umumy netijeden hususy netije çykarmak, umumy pikirlerden çykarylýan hususy logiki netije) we induksiýa (aýry-aýry wakalardan, ýagdaýlardan umumy netije çykarmak) usullaryndan peýdalanyp we gadymy gündogar pelsepeçileriň salgytlar hakyndaky taglymatlaryny tutalga edinip, salgyt diýilýän düşünjäniň häzirki zaman mazmunyny kesgitlemek bolýar.

**Mysal.** Salgytlar jemgyýetçilik durmuşynyň aýrylmaz düzüm bölegidir. Salgytlara degişli ilkinji taglymatlary antik (gadymy) eýýamynyň akyldarlarynyň pelsepe işlerinde tapmak bolýar. Salgyt gatnaşyklary öwrenilende,

dürli usullar bilen bir hatarda deduksiýa we induksiýa usullaryny ulanyp bolýarmy we Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlar babatynda bu usullaryň ulanylmagy ýaramlymy?

**Çözülişi.** Salgyt gatnaşyklary öwrenilende, deduksiýa we induksiýa usullary giňden ulanylýar. Mysal üçin, Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 100-nji maddasyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgydyň degişli döwründäki salgyt özeni şol salgyt döwründe geçirilen salgyt salynýan amallaryň ählisiniň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Başgaça aýdanyňda aýry-aýry salgyt salynýan amallardan umumy salgyt özeni takyklanylýar. Bu induksiýa usulydyr. Şol bir wagtda, kärhananyň alan peýdasynda peýdadan salynýan salgyt, emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, Aşgabat şäherini ösdürmek gaznasyna tölenýän tölegler, Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmek gaznasyna tölenýän tölegler tölenýär. Başgaça aýdylanda umumy netijeden hususy netije çykarylýar. Bu deduksiýa usulydyr.

Adamzat jemgyýetiniň (jemgyýetçilik-ykdysady gurluşynda gazanylan jemgyýetçilik ösüşiniň we maddy medeniýetiniň derejesi) bosagasynda salgytlaryň görnüşleriniň ynsanyýetsizligini (olja, gullaryň zähmetini ulanmak we ş.m.) gadymy pelsepeçiler salgytlary jemgyýete peýdaly we ýaramly waka diýip düşündiripdirler. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, salgytlaryň görnüşleri kem-kemden üýtgäp häzirki zaman durkuna eýe bolupdyrlar. Salgyt düşünjesiniň ykdysady asyl manysynyň üýtgewsiz bolup galan bölegi-bu hususy girdejileriň (baýlyklaryň) bir bölegini jemgyýet üçin zerur bolan möçberde umumylaşdyrmaga ýardam etmekdir. Gul eýeçiligi we feodalizm jemgyýetçilik-ykdysady gurluşy döwründe (natural hojalygy höküm sürende) salgytlar natural ýygymlar (azyk, öt-çöp, harby maksatlar üçin enjam we.ş.m.) we şahsy borçlulyk görnüşlerinde ýygnalypdyr. Haryt-pul

gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, feodal döwletleriniň girdejilerinde ýer salgydyň, jan başyna salynýan salgydyň tutýan orny artýar, hünärmentçilige salynýan salgyt we aksizler (goşmaça tölegler) dolanşyga girizilýär. Salgytlaryň esasy agramyny öz gerdeninde göterýän daýhanlaryň ýagdaýlary öňküden hem kynlaşypdyr, sebäbi olaryň töleýän ýygymlary salgyt hukugy bilen berkidilipdir.

Kapitalyň toplanylyşynyň başlangyç derejesinde salgytlar ownuk öndürijileri ekspropriasiýa (bir synpyň beýleki synpyň eýeçiligini zor edip elinden almagy we onuň öňki durmuş ýagdaýyndan mahrum edilmegi) etmek üçin ulanylan ykdysady serişdeleriň biri bolup, işçi synpynyň emele gelmegine ýardam etdi. Salgytlaryň kömegi bilen emele gelen täze synpda – burjuaziýada pul kapitaly jemlenipdi. Işçi synpdan ýygnalýan salgytlaryň hasabyna gurply gatlaklara berilýän öwezini doluş tölegleri we subsidiýalar (pul kömegini bermek) ulgamy hem oňa ýardamçy bolupdy. Salgytlar erkin bäsleşikli kapitalizmden monopolistik kapitalizme geçmekde-de wajyp ähmiýete eýe boldy. Ondan başga-da, salgytlar ownuk burjuaziýanyň we daýhanlaryň çökmeklerine we olaryň işçi synpynyň hataryna geçmeklerine hem-de iri kapitalyň ýagdaýynyň berkemegine getirdi.

Döwlet-monopalistik kapitalizm şertlerinde döwletiň ykdysadyýetde tutýan ornunyň ýaýbaňlanmagy we ýygnalýan salgytlaryň möçberiniň artmagy, salgytlaryň kadalaşdyryş wezipesini has hem güýçlendirdi. Häzirki zaman şertlerinde ykdysady taýdan ösen döwletler ykdysadyýeti salgyt usuly bilen kadalaşdyrylmagy hökmany diýip hasap edýärler we olar kabul edilýän ykdysady maksatnamalaryna laýyklykda hojalygyň ösüşine salgytlaryň üsti bilen maksatly täsir etmäge çalyşýarlar. Şol sebäpli, salgytlaryň möçberleriniň (stawkalarynyň) üýtgedilmegi, salgyt ýeňillikleriniň berilmegi, salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň täze we döwrebap usullary giňden ulanylýar.

Bu çäreler jemgyýetçilik önümçiliginiň gurluşyna we deň ölçeglikligine, kapitalyň toplanylyşyna, söwda-satuw bazarlaryna we önümçiligiň alnyp barlyşyna oňyn täsirini ýetirdi. Salgytlaryň we döwlet çykdajylarynyň üsti bilen, döwlet ilatyň töleýiş ukybynyň düzümini we möçberini sazlaşdyrýar.

Salgytlar baradaky taglymat adamlaryň arasynda ýüze çykýan önümçilik gatnaşyklarynyň, öndüriji güýçleriň we nadstroýkanyň (dolandyryş guramalarynyň toplumy) özara baglanyşygyny we olaryň birligini öwrenýän maliýe ylmynyň düzüm bölegidir. Önümçilik, paýlaýyş, alyş-çalyş, sarp ediş çygyrlary gurşap alýan köp sanly önümçilik gatnaşyklarynyň arasynda paýlaýyş gatnaşyklary maliýe gatnaşyklaryny takyklaýarlar, olaryň içinde bolsa salgyt gatnaşyklaryny tapawutlandyrýarlar. Önümçilik we oňa golaý arabaglanyşykdaky paýlaýyş mehanizminiň kömegi bilen, bu prosese gatnaşýan gatnaşyjylar önümçiligiň çygyrlaryna, pudaklara, ykdysady sebitlere bölünýärler we öndürilen önümiň gymmadyna görä dürli durmuş toparlarynyň paýlary kesgitlenilýär. Diýmek, jemi öndürilen önüm we milli girdeji paýlanylanda, ylaýta-da milli girdeji gaýtadan paýlananda, maliýe gatnaşyklary emele gelýärler we hereket edýärler. Netijede döwlet bilen jemgyýetiň agzalarynyň (edara görnüşli we şahsy taraplar) arasynda salgyt gatnaşyklary ýüze çykýar.

Täze döredilen gymmadyň gaýtadan paýlanylyşyna gatnaşyp, salgytlar önümçiligiň bir bölegi bolup durýarlar. Önümçilik gatnaşyklarynyň aýrybaşgalanan görnüşi bolup hereket etmegi, salgytlaryň jemgyýetçilik mazmunynyň üstüni açýar. Salgytlaryň jemgyýetçilik mazmuny olaryň düýp mazmunyna çuňňur girişmäge, olaryň içki syrlaryny we ewolýusiýasyny (jemgyýetde salgytlaryň ösüş görnüşleri), wajyp alamatlaryny we aýratynlyklaryny, şeýle-de bazis (binýad) bilen nadstroýkanyň täsir ediji mehanizminiň üstüni açmaga mümkinçilik berýär. Salgyt-

lar önümçilik gatnaşyklarynyň has çäklendirilen çygryny şertlendirýärler we paýlaýyş gatnaşyklarynyň diňe bir bölegi bolup hereket edýärler. Salgytlar milli girdejiniň gaýtadan paýlanylyşyna gatnaşyp, maddy önümçiliginiň ilkinji gatnaşyklaryna tabyn bolýarlar, öndüriji güýçleriniň we alyş-çalşyň talaplaryna baglylykda üýtgeýärler. Umuman aýdanyňda, salgytlar ikinji derejeli maliýe karegoriýasydyr.

**Mysal.** Salgytlaryň ykdysady mazmuny jemi öndürilen önüm we onuň bir bölegi bolup durýan milli girdeji pul görnüşinde paýlananda we gaýtadan paýlananda ýüze çykýar. Döwletiň ykdysady binýadyna (bazisine) laýyklykda, salgyt gatnaşyklary hemişe hereketde bolup durýarlar we salgytlar kämilleşdirilende köne salgytlar täze salgytlara çalşyrylýar ýa-da düýbünden ýatyrylýar we olaryň ornuny önümçilik güýçleriň ösüş şertlerine, jemgyýetçilik önümçiliginiň ösüşi bilen bagly çözülýän meseleleriň häsiýetine laýyk gelýän salgytlar tutýarlar. Ýokarda aýdylanlardan ugur alynsa, salgyt gatnaşyklary paýlaýyş gatnaşyklarynyň bir bölegimi ýa-da, tersine, paýlaýyş gatnaşyklary salgyt gatnaşyklaryň bir bölegimi? Jemi öndürilen önümiň paýlaýyş guraly hökmünde, salgytlar salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň ykdysady bähbitlerine täsir edýärlermi? Salgytlar jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga degişli meseleleri çözmekde ulanylýarmy?

**Çözülişi.** Salgytlaryň nazaryýet esaslaryna we salgytlar babatynda geçirilýän tejribe-amaly işlerine laýyklykda, salgyt gatnaşyklary paýlaýyş gatnaşyklarynyň bir bölegi bolup durýarlar. Jemi öndürilen önümiň paýlaýyş guraly hökmünde, salgytlar salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň ykdysady bähbitlerine salgytlaryň elementleriniň, ýagny salgytlar boýunça berilýän ýeňillikleriň, salgydyň möçberleriniň (stawkalarynyň) üsti bilen täsir edýärler. Mysal üçin, Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 105-nji maddasyna laýyklykda, tebigy (ugurdaş) gaz, nebit we olary gaýtadan

işlemekden alnan önümlerden başga, özüniň öndüren, şeýle-de satyn alnan harytlar daşary ýurtlarda ýerleşdirilende, salgyt töleýjilere degişlilikde, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallary babatynda O (nol) göterim derejedäki salgyt möçberi ulanylýar ýa-da 106-njy madda-da körler jemgyýetiniň okuw-önümçilik kärhanalarynyň we maýyplaryň beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň öndüren harytlary ýerleşdirilende, olar goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadylýarlar. Salgytlar jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça dur-ýan meseleleri çözmekde hem giňden ulanylýar. Bu hakykat Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň için-den eriş-argaç bolup geçýär.

Milli girdeji gaýtadan paýlananda, salgytlar pul görnüşinde täze döredilen gymmadyň bir bölegine döwlet tarapyndan eýeçilik etmäge mümkinçilik berýär. Salgyt görnüşinde ýygnalýan milli girdejiniň bu bölegi döwletiň merkezleşdirilen maliýe serişdeler gaznasyna gelip gowuşýar, başgaça aýdanyňda, döwletiň maliýe binýadynyň özenini üpjün edýär. Döwletiň peýdasyna salgytlaryň alyn-magy, gymmadyň deň derejesiz, alyş-çalyşsyz bir tara-plaýyn hereketini aňladýar.

Jemgyýetçilik mazmunyndan başga, salgytlaryň mad-dy mazmuny hem bar. Salgytlaryň maddy mazmuny salgyt hukugynyň kömegi bilen hökümet tarapyndan jemgyýetiň agzalarynyň girdejileriniň bir bölegini döwletiň peýdasyna alynmagyny aňladýar. Döwletiň ykdysady durmuşynda ýüze çykýan maliýe gatnaşyklary salgytlaryň maddy mazmunyny şertlendirýär. Salgytlar döwletiň girdejileriniň artmagyny, milli girdejiniň gymmadynyň has umumylaşdyrylmagyny takyklaýarlar. Diýmek, birinjiden, salgytlar önümçi-lik gatnaşyklarynyň aýrybaşgalanan görnüşi hökmünde olaryň jemgyýetçilik mazmuny we ikinjiden, salgytlar pul görnüşinde milli girdejiniň gymmadynyň bir bölegi (maddy mazmuny) bolup durýarlar.

**Mysal.** Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 7-nji maddasynda salgytlar şu görnüşde kesgitlenilýär: Salgyt-döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan bellenilýän we edara görnüşli we şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir. Salgytlaryň şu kesgitlemesinden ugur alynsa, onda salgytlar döwletiň haýryna geçirlende, täze döredilen gymmadyň paýlanylmagy döwlet bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasynda bolup geçýän gatnaşyklaryň birtaraplaýyn gatnaşyklaryny aňladýarmy ýa-da köptaraplaýyn gatnaşyklaryny? Döwlet bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasyndaky gatnaşyk deň derejelimi ýa-da deň derejesiz? Döwlet bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasynda alyş-çalşa orun barmy?

**Çözgüt.** Döwlet bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasynda bolup geçýän gatnaşyklar birtaraplaýyn, sebäbi salgyt töleýji salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan salgytlary döwlet býujetine yzyna gaýtaryp bermesiz şerti bilen töleýär. Salgytlar salgyt töleýjä diňe Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 49-njy maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýda gaýtarylyp berilýär: Döwlet bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasyndaky gatnaşyk deň derejesiz – salgyt töleýji töleýär, döwlet bolsa bu salgytlary ýygnaýar. Ýokarda aýdylanlardan ugur alynsa, onda döwlet bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasynda alyş-çalyş prosese orun ýok.

### 1.2.2. Salgyt düşünjäniň köpmanyly jähtde takyklanylmagy

Türkmenistanyň XV Halk Maslahatynda kabul edilen hem-de tassyklanylan we Türkmenistanyň XVI Halk Maslahatynda üsti ýetirilen hem-de üýtgetmeler girizilen Salgyt-

lar hakyndaky Türkmenistanyň bitewi Kanuny salgyt hukuk gatnaşyklarynyň esaslandyryjy resminamasydyr. Şol sebäpli, salgyt hukuk gatnaşyklar ulgamynda geçirilýän üýtgeşmeler, salgyt tölegleri ýygnalanda çuňňur hünärmen endikleriniň ulanylmagyny talap edýär. Ilkinji nobatda salgyt diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýanyň giňeldilen üznüksiz önümçilikde nähili orun tutýandygyny we onuň tutýan ornuny nädip kämilleşdirip boljakdygyny anyklamak zerurdyr. Nazaryýetsiz terjibe işini göz öňüne getirmek mümkin däl. Ykdysady nazaryýet adamzadyň ösüşi bilen hemişe ugurdaş bolup geçýän wakalaryň ýa-da hadysalaryň çuňňur esaslaryny, ilkinji sebäplerini düşündirýän hem-de olary durmuşyň haýsam bolsa-da bir ugrunda has ýokary netijelik bilen ulanmaga mümkinçilik berýän oý-hyýallaryň toplumydyr.

Salgyt düşünjesiniň köpmanyly jähtde takyklanylmagy, salgyt salmak tejribesinde ýüze çykýan meseleleriň daşynda, has takygy, salgyt ulgamynyň gurluşy, ony düzýän düzüm bölekleri, ykdysady gatnaşyklar ulgamynda onuň tutýan orny, nyrhlaryň emele gelşi, karzlaşdyrmak, býujet maliýeleşdirmesi we hojalygy ýöredýän birlikleri maliýeleşdirmek, daşary ýurt pullarynyň kadalaşdyrylyşy, pul dolanyşygy bilen onuň özara baglanyşygy hakynda köp sanly çekeleşikleriň ýüze çykmagyna getirýär. Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanuny salgyt, pul, ýygym diýilýän düşünjeleri býujetiň girdejilerini üpjün edýän serişde hökmünde kesgitleýär. Bu düşünje kanunda döwlet tarapyndan bellenýän we edara görnüşli we şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz töleg hökmünde hem-de döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek serişdesi görnüşinde kesgitlenilýär. Salgytlaryň ýokarda getirilýän kesgitlemesi salgyt diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýanyň diňe tejribede ulanylýan, göze görünýän görnüşiniň mazmunyny häsiýetlendirýär. Her bir ykdysady kategoriýanyň

görnüşi, mälim bolşy ýaly, hiç haçan onuň mazmunyna ýa-da onuň içki mümkinçiliklerine gabat gelýän däldir. Olar jemgyýetiň ösüş derejesine baglydyr.

Salgytlaryň mazmuny diňe bir göze görünýän, salgyt hukuk gatnaşyklarynyň çäklerinde giňişleýin, köp halatda bolsa, erkin takyklanylmagyna getirýär. Salgytlar üznüksiz önümçiligiň we jemgyýetçilik isleglериniň hakyky mümkünçiliklerine däl-de, göz öňünde tutulýan döwlet çykdajylarynyň ululygyna deňeşdirilýär. Şol sebäpli, salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalary nazaryýet-usulyýet nukdaýnazardan öwrenmek örän möhümdir. Salgyt we salgyt salmak kategoriýalarynyň ykdysady kategoriýalar hökmünde öwrenilmegi, salgyt salmak ulgamy bilen hakyky ykdysady binýadyň arasyndaky arabaglanyşygyň we biri-birine täsir edişiň ýollarynyň gözläp tapylmagyny göz öňünde tutýar. Bu bolsa salgyt salmagyň esasy meseleleriniň biridir.

### 1.3.3. Salgyt ykdysady kategoriýanyň ikitaraplaýyn bir bitewi manysy

Dünýä garaýyş nukdaýnazaryndan ugur alynsa, salgyt düşünjesiniň ikitaraplaýyn bir bitewi manysy bar: nazaryýet nukdaýnazaryndan salgyt-ykdysady kategoriýa, salgyt salmak-ykdysady-hukuk kategoriýa, salgyt mehanizmi bolsa salgyt hukugynyň guramaçylyk-ykdysady we hukuk kategoriýasydyr. Tejribe we amaly taýdan: salgyt-pul görnüşinde döwletiň girdejileriniň üstüni doldurmak maksady bilen hususy taraplaryň we hojalygy ýöredýän birlikleriň girdejileriniň umumylaşdyrylmagynyň görnüşidir, salgyt salmak döwletiň düzgünleşdirilen kanunlarynda salgyt gatnaşyklarynyň hukuk ulgamydyr, salgyt mehanizmi bolsa salgyt kanunlarynyň amal edilşiniň anyk şertleriniň jemidir. Ýokarda aýdylanlar salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalaryň tejribe-amaly işlerinde ulanylýandygyny aňladýar.

Salgytlaryň ikileýin ykdysady tebigaty hakyndaky hakykatyň möhümdigini anyklamak-salgyt salmagyň ähli ulgamyna dürs seljerme geçirilmegini aňladýar. Ykdysady kategoriýanyň doly hakykada laýyklygyny tejribe-amaly işler anyklaýar-ony tassyklaýar ýa-da ret edýär. Kategoriýalaryň ählisi, şol sanda ykdysady kategoriýalar hem umumy ýa-da olara tabyn bolan hususy kategoriýalara bölünýärler. Diýmek, nazaryýet nukdaýnazaryndan garanyňda, salgyt salmak kategoriýasy ykdysady kategoriýa, ýöne salgyt ykdysady kategoriýasyna degişlilikde ol hususy kategoriýasy bolup durýar. Salgyt salmak kategoriýasy gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň jemi hakynda düşünje almaga şert döredýär. Salgyt we salgyt salmak kategoriýalary, ilkibaşda, olar arkaly ýüze çykýan ykdysady wakalar we hadysalar babatynda pikir aýlamaga mümkinçilik döredýär. Soňra ylmy oýlanmalar her bir ykdysady kategoriýasynyň tejribede ulanylyşynyň esasy ugurlaryny işläp düzýär. Hususy ykdysady kategoriýa hökmünde salgyt salmak kategoriýasy salgyt diýlip atlandyrylýan umumy ykdysady kategoriýanyň çuňňur manysyny (mümkinçiliklerini) ykdysady proseslериň içinde ýüze çykarýar. Salgytlaryň mazmunynda hojalygy ýöredýän birlikleriň we raýatlaryň emläklerini ýa-da girdejilerini umumylaşdyrmak boýunça jemgyýetde bolup geçýän aragatnaşyklaryň pelsepe manysy ýatyr. Bu ykdysady kategoriýa raýatlaryň we hojalygy ýöredýän birlikleriň girdejileriniň artykmajyny umumylaşdyrmagyň zerurdygyny hem-de gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň umumy suduryny düşünmäge mümkinçilik berýär.

### 1.4.4. Salgyt salmak ykdysady kategoriýanyň döwlet çykdajylary bilen arabaglanyşygy we onuň kesgitlenilişi

Salgytlar gönüden-göni döwlet çykdajylary bilen baglanyşyklydyr. Şol sebäpli, salgyt gatnaşyklaryna seljerme geçirilende, döwlet çykdajylarynyň düzümini we

olaryň jemgyýetiň isleglerine laýyk gelýändigini öwrenmek möhümdir. Döwlet çykdajylarynyň amatlaşdyrylmagy, salgyt salmagyň kämil ulgamyny gurnamak üçin zerur bolan şertleri döredýär, onuň ähli düzüm bölekleri gönüden-göni täze döredilen gymmat bilen bagly bolup, bu gymmaty jemgyýetiň, hojalygy ýöredýän birlikleriň we şahsy adamlaryň ykdysady bähbitleriniň arasynda takyk deňlikleriň berjaý edilmegini hasaba almak bilen gaýtadan paýlaýar. Diýmek, ýokarda agzalyp geçilen talaplar berjaý edilende, salgyt salmagy ulgam hökmünde kabul etmek bolýar, sebäbi onuň içki düzüm bölekleri, has takygy, onuň salgyt görnüşleri we dolandyryş usullary biri-biri bilen baglanyşykly we özüniň bitewiliginde ykdysady binýat bilen şertlendirilýär, onuň bilen birlikde bitewi ykdysady ulgamy düzýär. Ýokarda bellenilip geçilen arabaglanyşyk 1-nji şekilde beýan edilýär.

***1-nji şekil***

**Jemgyýetçilik gatnaşyklary ulgamda (bitewi ykdysady ulgamda) salgyt gatnaşyklarynyň tutýan orny**



Salgyt diýilýän ykdysady kategoriýanyň mazmunynyň tejribede amala aşyrylyşynyň görnüşleriniň jemi hökmünde, salgyt gatnaşyklary ulgamynyň hereket edişiniň aýratynlyklary salgyt salmak ykdysady-hukuk kategoriýasyna, başgaça aýdanyňda, belli döwürde we belli bir wagtda jemgyýete zerur bolan salgyt hukuk gatnaşyklaryna kesgitleme bermäge mümkinçilik berýär. Salgyt salmak-bu gymmadyň pul görnüşi gaýtadan paýlananda emele gelýän hem-de döwletiň isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen hojalygy ýöredýän birlikleriň we hususy eýeleriň girdejileriniň bir bölegini birtaraplaýyn, hususy muzdsuz we deňderejesiz alynmagyny aňladýan ykdysady we guramaçylyk-hukuk gatnaşyklarynyň takyk jemidir.

Salgyt salmagyň ýokarda getirilen kesgitlemesi salgyt hukuk gatnaşyklarynyň hereket edişiniň ilkibaşdaky sebäpleriniň, başgaça aýdylanda, umumymilli isleglerini kanagatlandyrmak üçin girdejiniň bir bölegini gaýtadan paýlamak zerurlygynyň üstüni açýar. Şonuň netijesinde, salgyt salmak ulgamynyň häsiyetnamasy paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş prosesleriniň hakykada laýyk gelýändigine seljerme geçirmegiň netijesinde berlip bilner. Pul görnüşinde hereket edýän we maliýe diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýa bu ykdysady wakalary şertlendirýän kategoriýadyr. Bu ýerde gymmadyň paýlanylmagy diňe döwletiň ygtyýar etmegi bilen amala aşyrylýar. Şonuň netijesinde, gymmadyň pul görnüşiniň gaýtadan paýlanylyşyna döwletiň gatnaşmagyna salgytlaryň ýüze çykmagynyň ilkinji sebäpleriniň biri, ýagny, salgytlaryň hereket etmeginiň başlangyç şerti hökmünde seretmelidir.

**Mysal.** Dünýä salgyt tejribesini öwrenmekde ýetilen üstünliklerden ugur alynsa, onda salgyt salmak ykdysady kategoriýanyň kesgitlemesine teswirleme berlende şu soraglar ýüze çykýar:

1. Salgyt salmak ykdysady kategoriýanyň kesgitlemesinde haýsy ykdysady, maliýe we guramaçylyk-hukuk

gatnaşyklarynyň takyk ýörelgeleriniň jemi hakynda aýdylýar?

2. Näme üçin gymmadyň diňe pul görnüşi paýlanylýar? Gymmadyň düzüminde salgytlar nähili orun tutýar?

3. Salgyt salmak ykdysady kategoriýanyň kesgitlemesinde hojalygy ýöredýän birlikleriň girdejileriniň bir böleginiň döwletiň ulanylmagyna birtaraplaýyn, deň derejesiz we mejbury muzdsuz alynýandygy hakynda bellenip geçilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalarynda ýokarda aýdylanlar öz beýanyny tapýarmy?

4. Salgytlary jemgyýete bähbitli ykdysady kategoriýa hökmünde baha bermäge näme esas bolup durýar?

**Çözülişi.**

1. Salgyt salmak ykdysady kategoriýanyň kesgitlemesinde agzalyp geçilýän ykdysady-maliýe gatnaşyklarynyň ýörelgeleri şu aşakdakylardyr:

a) durnuklylyk, salgyt kanunlarynyň gaýdymlaýyn güýjüni gadagan etmek;

b) salgyt salmagyň köp ugurly (uniwersial) ulgamyna geçmek;

ç) salgytlary ýeke gezek ýygnamak;

d) salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ähli gatnaşyjylar üçin salgyt ýüküni deň paýlamak;

e) salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň arasynda deňligi üpjün etmek;

ä) ykdysady bähbitleriň deňligini salgyt salmagyň üsti bilen üpjün etmek.

Guramaçylyk-hukuk gatnasyklaryň ýörelgeleri merkezleşdirmezlik we bitewlik diýen iki bölekden ybarat durýar.

2. Bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman kämil nusgasyny ulanýan döwletleriň çäginde ähli hasaplaşyklar nagt we nagt däl görnüşinde amala asyrylýar. Bu bolsa haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüş derejesi bilen şertlendirilýär. Salgytlar edara görnüşli we şahsy taraplaryň girdejisinden ýa-da emläginden ugur alnyp hasaplanýar we tutulyp

alynýar. Eger-de hojalyk gatnaşyklarynda barter (biri-biri bilen önüm çalyşmak) gatnaşyklaryna ýol berilýän bolsa, onda her bir öndürilen we ýerleşdirilen önümiň mukdaryna degişli walýutada baha kesilýär. Şol sebäpli, salgyt salmak ykdysady kategoriýanyň kesgitlemesinde gymmadyň pul görnüşi gaýtadan paýlanylýar diýlip nygtalýar. Kärhana önüm öndürmek üçin hökmany ýagdaýda çykdajy edýär, mysal üçin, çig mal, materiallar, iş haky, ulanyş tölegler we ş.m. Harajatlaryň jemi önüminiň özüne düşýän gymmatyny düzýär. Önümçiligi giňeldilen esasda amala aşyrmak üçin kärhana peýda almaly. Diýmek, öndürilen önümiň gymmady önümiň özüne düşýän gymmadyndan we peýdadan ybaratdyr. Önüm alyja ýerleşdirilende, öndürilen önümiň gymmadyna goşmaça tölegler (eger-de öndürilen önümden goşmaça töleg tölenmäge degişli bolsa) we goşulan baha üçin salgyt goşulýar. Ondan başga-da, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, kärhana alan peýdasyndan peýdadan alynýan salgydy, emläk üçin salgydy, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy we býujete hökmany tölenmeli gaýry tölegleri töleýär.

3. Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 7-nji maddasynda salgyt-döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan bellenýän we edara görnüşli we şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir diýlip salgyda kesgitleme berilýär. Hojalygy ýöredýän birlikleriň we hususyýetçileriň girdejileriniň bir bölegini döwletiň ulanylmagyna birtaraplaýyn, deňderejesiz alynmagy, salgyt töleýjileriň salgytlary döwlet býujetine deňderejesiz töleýändiklerini we bu tölegleriň olara gaýtaryp berilmeýändigini aňladýar. Salgytlar salgyt töleýjilere diňe salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýda gaýtaryp berilýär, bu ýagdaýlar Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 49-njy maddasynda öz beýanyny tapýar. Salgytlaryň mejbury

muzdsuz alynmagy, Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 58-70 maddalaryna laýyklykda üpjün edilýär.

4. Salgytlara jemgyýete bähbitli ykdysady kategoriýa hökmünde baha bermäge şu aşakdakylar esas berýärler:

- diňe täze döredilen gymmadyň bir bölegi gaýtadan paýlanylýar;
- jemgyýetiň islegleriniň doly kanagatlandyrylmagy-salgyt usuly bilen gymmadyň gaýtadan paýlanylyşynyň esasy maksadydyr;
- salgyt usuly bilen gymmadyň gaýtadan paýlanylmagy, hojalyk işleriniň ähli çygyrlarynda girdejileriň derejesini ýokarlandyrmak şertlerinde alnyp barylýar;
- salgyt usuly bilen gymmadyň gaýtadan paýlanylmagy, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň arasynda deňagramlygy saklamak we bäsleşige ukyply ykdysady gurşawy döretmek maksady bilen üznüksiz önümçilige gatnaşyjylaryň bähbitlerini hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

Döwlet-bu gymmadyň gaýtadan paýlanylýan pul görnüşli düzüm böleklerini salgyt we gaýry görnüşlere nusgalaşdyrýan hojalygy ýöredýän we hukuk taýdan wekillendirilen subýektdir. Diýmek, salgytlaryň hereket etmegine kanuny esas döreýär we şol sebäpli, salgyt düşünjesiniň döwletiň döremegi bilen ýüze çykandygyny nygtamak maksada laýykdyr. Döwletiň bolmagy-salgyt gatnaşyklarynyň we umuman maliýe gatnaşyklarynyň hereket etmegi üçin ilkinji şertleriň biridir. Gymmadyň islendik görnüşde paýlanylmagy we gaýtadan paýlanylmagy adamlaryň hem aňynda, hem-de hakyky durmuşynda bolup geçýän wakalardyr. Gymmadyň paýlanylmagy jemgyýetiň ýaşaýyşa bolan ukyplylygynyň esasy şertidir, onuň degişli ykdysady kategoriýalara aňly-düşünjeli laýyk getirilmegi bolsa, ylmy pikirleriň ösmegini hem-de olaryň durmuş tejrbesine ornaşdyrylmagyny aňladýar. Salgyt salmagyň ylmy esaslary, mysal üçin, salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň

saýlanyp-seçilmegi, olary ýygnamagyň şertleri, taraplaryň borçlarynyň we hukuklarynyň takyklanylmagy, salgyt kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligiň derejesi we ş.m. ýurduň içinde näçe yhlas bilen öwrenilýän we mahabatlandyrylýan bolsa, şonça-da salgyt hukuk gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi ykdysady taýdan has ýokary derejede esaslandyrylýar.

### 1.5.5. Bitewi ykdysady ulgamda (ykdysady binýatda) salgyt gatnaşyklarynyň şertlendirilmegi, olaryň paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş häsiýetleriniň seljermesi

Her bir ykdysady kategoriýa ykdysady durmuşyň hakykylygyna akyl ýetirmek üçin oýlanyşykly gurulýar. Soňra, olar ulgamlary we mehanizmleri döretmek üçin ulanylýar. Bu ulgamlaryň kömegi bilen onuň içki, çuňňur mümkinçilikleriniň üsti açylýar, başgaça aýdanyňda, döwrüň anyk wagtynda diňe bu ykdysady kategoriýa mahsus bolan häsiýetler durmuşa ornaşdyrylýar. Salgyt düşünjesi her bir adamyň aňynda gymmady döreden tarapdan döwletiň peýdasyna tölenýän pul görnüşindäki töleg hakynda pikir döredýär. Pul görnüşinde gymmadyň hereket etmegi, göni we göçme manysynda paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklary aňladýar. Bu gatnaşyklar durmuş zerurlygy bilen şertlendirilýär we hut şol sebäpli, gymmadyň pul görnüşi salgyt ykdysady kategoriýany hem-de salgyt salmak guramaçylyk-ykdysady kategoriýa bilen şerlendirilýär. Bu ýagdaýda, jemgyýete zerur bolan ykdysady kategoriýa hökmünde, salgyt salmak ykdysady kategoriýa jemgyýetçilik maksatlary üçin önümçilikde döredilen gymmadyň bir bölegi gaýtadan paýlananda emele gelýän ykdysady-hukuk gatnaşyklarynyň jemini takyklaýar. Şol bir pursatda, diňe önümçilikde döredilen gymmady paýlap bolýar we ony salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalary öz içine alýan maliýe diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýa kesgitleýär.

Umumy hem-de hususy ykdysady kategoriýalar öwrenilende, olaryň şertlendirýän gatnaşyklarynyň düýp mazmunyny anyklamak möhümdir. Şonuň ýaly gatnaşyklaryň jemini takyklap we olaryň hereket ediş mümkinçiliklerini öwrenip, bu ykdysady kategoriýanyň içki kuwwatynyň üstüni açmaga doly ýardam berýän görnüşlerini gözläp tapmak zerurlygy ýüze çykýar. Anyk döwürde we bitewi ykdysady ulgamda ykdysady gatnaşyklaryň gurluşynyň degişli görnüşlerini, has takygy, tejribede ykdysady kategoriýanyň içki kuwwatynyň amala aşyrylyşynyň ýollaryny ulanyp, ykdysady prosesleri dolandyrýan ulgamy gurmaga mümkinçilik döreýär. Şol sebäpli, kämil salgyt ulgamyny gurmak üçin, döwletiň peýdasyna girdejileriň ýygnalyşynyň salgyt we salgyt däl görnüşlerini tapawutlandyrmak maksada laýykdyr.

### 1.6.6. Salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalara bildirilýän talaplar we salgytlar baradaky nazaryýetiň ykdysady esaslarynyň düzülmegi

Salgyt salmagyň nazaryýeti maliýe hakyndaky nazaryýetiň aýrylmaz bölegidir. Maliýe gatnaşyklarynyň aýrylmaz düzüm bölegi hökmünde salgyt gatnaşyklarynyň ykdysady mazmunyny öwrenmek, häzirki döwürde öňe sürülýän meseleleriň esasylarynyň biri bolup durýar. Şol bir pursatda, salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalaryň mazmuny bilen şertlendirilen talaplara laýyk gelýän salgyt mehanizmini tejribede gurnamak üçin edara görnüşli we şahsy taraplaryň girdejileriniň bir bölegi döwletiň peýdasyna alnanda, täze döredilen gymmadyň gaýtadan paýlanylyşyny suratlandyrýan salgyt gatnaşyklarynyň öwrenilmegi ýeterlikli däldir. Diýmek, salgyt mehanizmini döretmek üçin salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalara bildirilýän talaplar şu aşakdakylar:

**birinjiden**, salgyt salynmagy eýeçiligiň görnüşiniň üýtgemegini şertlendirýär. Edara görnüşli we şahsy taraplaryň

döreden we olaryň eýeçiliginde bar bolan gymmadyň bir bölegini pul görnüşinde döwletiň haýryna geçirilmegi, döwlet gaznasyna serişdeleriň alynmagynyň salgyt görnüşini aňladýar;

**ikinjiden**, öz ykdysady mazmuny boýunça salgyt salynmagyň kämil ulgamy maddy, zähmet we pul serişdelerini olaryň eýeleriniň ulanmagynyň netijesinde alynýan goşmaça girdejileriniň bir bölegini döwletiň haýryna geçirilmegine esaslanýar;

**üçünjiden**, salgyt salynmagyň kämil ulgamy täze döredilen gymmadyň çäklerinde gurulmalydyr, başgaça aýdanyňda, harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň öndürilişiniň köpelmegine gönükdirilýän maýa goýumlaryň möçberine salgyt salynmaly däldir;

**dördünjiden**, salgyt salynmagyň kämil ulgamy döwlet we şahsy ykdysady bähbitleriň, şeýle-de hojalygy ýöredýän birlikleriň bähbitleriniň arasynda deňhukuklygy üpjün etmelidir.

Netijeli salgyt mehanizmini gurmak üçin, ýokarda agzalyp geçilen talaplar salgyt salmagyň nazaryýetini esaslandyrýan umumy gollanmalardyr. Salgyt salmagyň nazaryýeti umumy gollanmalary aýdyňlaşdyrýar we salgyt salmagyň gurluşynyň ylmy-amaly ýörelgelerini kesgitleýär. Salgyt salmagyň häzirki zaman ulgamy, onuň guramaçylyk-hukuk ýörelgeleri salgyt mehanizminiň düzüm böleklerini we olaryň öz arasynda ýakyn arabaglaşykda hereket edişini takyklamalydyr. Salgyt salmagyň nazaryýetiniň ykdysady esaslary salgytlaryň düzüm böleklerini (salgydy töleýjileri, salgyt salynýan binýatlary, salgyt özenlerini, salgytlaryň möçberlerini, salgytlaryň tölenýän möhletlerini, salgytlar boýunça berilýän ýeňillikleri we ş.m.) hakyky many-mazmun bilen üpjün edýär. Ýokarda aýdylanlar kanunda göz öňünde tutulan salgytlaryň görnüşlerine hem-de anyk döwüre salgyt ulgamynyň öňünde duran meselelere baglylykda amala aşyrylýar. Adaty bolşy ýaly, salgyt salmagyň

esasy ugurlarynyň işlenip düzülmegi, döwletiň içki ykdysady bähbitlerine esaslanýar. Ykdysady ösüşiň depginleri esas diýlip alynýar, salgytlaryň mümkin boljak kuwwatlygy kesgitlenilýär, salgyt ulgamynyň saýlanyp-seçilen esasy ugurlarynyň ykdysadyýete soňraky täsir edişiniň şekilleri işlenip düzülýär.

### 1.7.7. Salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalaryň üsti bilen ýetilýän netijeler we salgyt salmagyň häzirki zaman ulgamynyň çözýän meseleleri

Salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalary we salgyt nazaryýetiniň ykdysady esaslary barada täze many çykarlanda, nähili netijelere gelinýär? Olar şu aşakdakylardyr:

**birinjiden**, salgytlar döwlet tarapyndan kanun esasynda berkidilýän we ýurduň ykdysady binýadynyň ýagdaýyna baglylykda girizilýän hökmany tölegleridir;

**ikinjiden**, salgyt salynmagy raýatlaryň we hojalygy ýöredýän birlikleriň girdejileriniň ähli jemini gurşap alýar (ulanylýan salgyt möçberleri we salgyt ýeňillikleri bilen kadalaşdyrylyşy hasaba almak bilen);

**üçünjiden**, salgytlar döwlet girdejileriniň ýygnalyşynyň takyk bolmagyny üpjün edýärler;

**dördünjiden**, hojalygy ýöredýän birliklerden ýygnalýan salgytlar önümçiligiň ösüşini höweslendirmelidirler;

**bäşinjiden**, her bir salgytda olaryň ýygnaýjy (fiskal)we kadalaşdyryş wezipeleriniň ykdysady taýdan deňagramlylygy üpjün edilmelidir. Salgytlaryň fiskal we kadalaşdyryş wezipelerini ykdysady taýdan deňagramlygynyň üpjün edilmeginiň gelejegi has umytlydyr, sebäbi olaryň düýpli utgaşdyrylmagy hem-de degişli deňagramlylygy önümçilik güýçleriniň we önümçilik gatnaşyklarynyň ösüş depginlerine we derejesine salgyt mehanizminiň has netijeli tä-

sir etmegine ýardam bolýar, jemgyýetçilik isleglerini doly kanagatlandyrmak üçin degişli şertleri döredýär. Diýmek, salgyt salmagyň häzirki zaman ulgamy üpjün edýär:

**birinjiden**, diňe täze döredilen gymmadyň gaýtadan paýlanylmagyny;

**ikinjiden**, jemgyýetçilik islegleriniň doly kanagatlandyrylmagyny;

**üçünjiden**, hojalygyň ýöredilýän ähli ugurlarynda girdejileriň derejesini saklamak we ýokarlandyrmak şerti bilen gymmadyň gaýtadan paýlanylyşynyň amala aşyrylmagyny;

**dördünjiden**, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň arasynda deňagramlygy saklamak hem-de bäsleşige ukyply ykdysadyýeti döretmek maksady bilen üznüksiz önümçilige gatnaşýan ähli gatnaşyjylaryň bähbitlerini üpjün edýän gymmadyň paýlanylmagyny.

"Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalarynyň ýokarda agzalyp geçilen alamatlary we häsiýetleri salgyt gatnaşyklarynyň ösüşiniň we kämilleşdirilşiniň kanuna laýyk gelýändigini iş ýüzünde subut edýär. Olaryň durnuklylygy soňra salgyt kanunlarynda öz beýanyny tapýar.

## "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryň nazaryýet esaslary" atly tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Döwletiň pul gaznasyna salgytlar haýsy guramalar tarapyndan ýygnalýar?

2. Raýatlaryň töleýän tölegleri hökmünde salgytlaryň ýüze çykmagynyň esasy alamatlary nämeden ybarat?

3. Salgytlaryň durmuş-ykdysady mazmuny haýsy şertler bilen şertlendirilýär?

4. Salgyt salmakda ulanylýan deduksiýa we induksiýa usullarynyň manysy nämeden ybarat?

5. Adamzadyň ilkidurmuş jemgyýetinden häzirki döwre çenli salgytlaryň haýsy aňlatmasy üýtgewsiz galypdyr?

6. Gul eýeçiligi we feodalçylyk jemgyýeti döwürlerinde salgytlar haýsy görnüşlerde ýygnalypdyr?

7. Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, feodalçylyk jemgyýetinde salgytlaryň haýsy görnüşleri ýüze çykypdyr? Salgytlaryň we ýygymlaryň esasy töleýjileri kim bolupdyr?

8. Feodalçylyk jemgyýetinden kapitalistik jemgyýete geçmekde salgytlaryň nähili orny bolupdyr?

9. Haýsy jemgyýetçilik döwründe salgytlaryň kadalaşdyryş wezipesi ýaýbaňlandyryldy we giňden ulanylyp başlandy?

10. Salgyt kadalaşdyrmasynyň kömegi bilen haýsy netijelere ýetilýär?

11. Salgyt hakyndaky taglymat nämäni öwrenýär?

12. Önümçilik gatnaşyklarynyň çäginde paýlaýyş gatnaşyklary haýsy gatnaşyklary takyklaýar, olaryň arasynda haýsy gatnaşyklar tapawutlandyrylýar?

13. Önümçilikde döredilen täze gymmat paýlananda, salgytlar önüçilik prosesiniň bir bölegi bolup bilýärmi?

14. Salgytlar önümçilik we paýlaýyş gatnaşyklarynyň ähli düzüminimi şertlendirýärmi ýa-da diňe bir bölegini?

15. Salgyt gatnaşyklary maddy önümçiligiň haýsy gatnaşyklaryna tabyn bolýarlar we önümçilik gatnaşyklarynyň, öndüriji güýçleriň, alyş-çalşyň talaplaryna laýyklykda üýtgeýärmi?

16. Maliýa degişlilikde salgytlar haýsy derejeli maliýe kategoriýasy diýlip hasap edilýär?

17. Salgytlar görnüşinde ýygnalýan milli girdejiniň bir bölegi döwletiň haýsy pul gaznasyna gelip gowuşýar?

18. Döwletiň peýdasyna salgytlaryň alynmagy, gymmadyň paýlanylşynyň haýsy görnüşini alamatlandyrýar?

19. Jemgyýetçilik mazmunyndan başga, salgytlaryň ýene-de nähili mazmuny bar we bu mazmun nämäniň kömegi bilen jemgyýetiň agzalarynyň girdejileriniň bir bölegini döwletiň peýdasyna alynmagyny üpjün edýär?

20. "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryň nazaryýeti nämäni öwrenýär?

21. "Salgyt" düşünjesi köp manyly jähtde takyklanylanda, haýsy ykdysady çekeleşikler ýüze çykýar?

22. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny "salgyt", "paç", "ýygym" diýilýän düşünjeleri nähili görnüşde kesgitleýär?

23. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda salgytlar babatynda berilýän kesgitlemä teswirleme geçiriň. Bu kesgitleme salgytlaryň nazaryýet babatynda berilýän kesgitlemesine laýyk gelýärmi we salgytlaryň tejribede ulanylyş alamatlaryny şertlendirýärmi?

24. "Salgyt" ykdysady kategoriýanyň görnüşi onuň mazmunyna ýa-da içki mümkinçiliklerine gabat gelýärmi?

25. "Salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalary ykdysady kategoriýalar hökmünde öwrenilende, öwrenmeli meseleleriň haýsysy esasy mesele?

26. Ykdysady nazaryýet nukdaýnazaryndan "salgyt" näme, "salgyt salmak" näme, "salgyt" mehanizmi näme?

27. Tejribe we amalyýet babatynda "salgyt" näme, "salgyt salmak" näme, "salgyt mehanizmi" näme?

28. "Salgyt" ykdysady kategoriýa degişlilikde, "salgyt salmak" ykdysady kategoriýa umumy kategoriýamy ýa-da hususy?

29. "Salgyt salmak" ykdysady kategoriýa haýsy gatnaşyklar babatynda düşünje almaga mümkinçilik berýär?

30. Jemgyýetçilik gatnaşyklary ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň tutýan ornuna düşündiriş beriň.

31. "Salgyt salmak" ykdysady kategoriýanyň kesgitlemesinden ugur alyp, şu sowallara jogap beriň:

a) näme üçin ykdysady we guramaçylyk-hukuk gatnaşyklary döredilen gymmat gaýtadan paýlananda ýüze çykýar we döredilen gymmadyň ilkinji paýlaşdyrylyşynda bu gatnaşyklara orun ýok?

b) näme üçin "salgyt salmak" ykdysady kategoriýa hojalygy ýöredýän birlikleriň we hususyýetçileriň girdejileriniň bir böleginiň birtaraplaýyn, hususy muzdsuz we deňderejesiz alynmagyny aňladýar?

32. Gymmadyň pul görnüşiniň gaýtadan paýlanylmagyna döwletiň özi gatnaşýarmy?

33. Gymmat gaýtadan paýlananda, döwletiň özi haýsy görnüşde çykyş edýär?

34. Salgytlaryň ýüze çykmagy döwletiň hereket etmegi bilen şertlendirilýärmi?

35. Pul görnüşinde gymmadyň paýlanylmagy haýsy gatnaşyklary aňladýar?

36. Salgyt mehanizmi gurlanda "salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalara haýsy talaplar bildirilýär?

37. "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalary we salgyt nazaryýetiniň ykdysady esaslary babatynda täze many çykarlanda, haýsy netijilere gelinýär?

38. Türkmenistanyň täze salgyt ulgamy haýsy ugurlary üpjün edýär?

# II BAP. SALGYT SALMAGYŇ USULYÝET ESASLARYNYŇ IŞLENIP DÜZÜLMEGI WE ONUŇ ÝÖRELGELERI

## 2.1.8. Salgyt salmagyň usulyýeti hakynda umumy düşünje we onuň öz içine alýan düzüm bölekleri

Jemgyýet ähmiýetli işleri we harajatlary amala aşyrmak üçin hususyýetçileriň emläginiň we baýlygynyň bir bölegini umumylaşdyrmak zerurlygyny şertlendirýän düşünje, salgytlara bolan pelsepe garaýşyň çygryny tassyklaýar. Tebigy-fiziologiýa sebäplere görä, adamzat jemgyýeti kysymdaş däl, bu bolsa tebigy hadysalara we daşarky hereketlere garşy durmaga, bilelikde şäher gurluşyk işlerini amala aşyrmaga, zähmete ukypsyzlary saklamaga we köpsanly gaýry jemgyýetçilik isleglerini üpjün etmäge adamlary öz tagallalaryny we baýlyklaryny birleşdirmäge mejbur edýär. Adamlaryň ýokarda agzalyp geçilen tagallalarynyň birleşdirilmegi, salgytlaryň ýüze çykmagynyň ilkinji sebäplerini düşündirýär.

Salgytlaryň islendik jemgyýete hökmanydygyna akyl ýetirmek bilen, ykdysady taglymatynyň esaslandyryjylary salgyt salmagyň düýpli ýörelgelerini we salgytlary "sadaka bermek", "meýletin tölenýän mündirimler", "ätiýaçlandyryş tölegler", "jemgyýetçilik hyzmatlary üçin tölegler" we ş.m. görnüşlerinde kesgitläpdirler. Jemgyýetiň durmuşa ukyplylygyny üpjün edýän proses hökmünde ykdysady nazaryýetiň aýrybaşgalanan çygry görnüşinde salgytlar hakyndaky nazaryýetiň ýüze çykmagy, salgyt salmak ylmynyň pajarlap ösmegine şert döretdi. Salgyt salmagyň ylym hökmünde

ulgamlaýyn kabul edilmegini, häzirki zaman alymlar haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi we köp ýurtlarda döwletiň esaslarynyň berkidilmegi bilen düşündirýärler. A.Marşal, J. Gelbreýt, P. Samuelson we başgalar häzirki döwür üçin hem möhüm bolup duran salgyt salmagyň halkara ähmiýetli ylmy nazaryýetiniň bosagasynda duran alymlardyr. Hut, şol döwürden başlap, ykdysatçylar salgytlary üznüksiz önümçiligiň aýrylmaz bölegi we gelejekde ykdysadyýeti ösdürmegiň esasy şertleriniň biri hökmünde tekrarlapdyrlar.

**Mysal.** Dünýä tejribesine laýyklykda, salgyt salmagyň oňyn salgyt ulgamyny gurnamak üçin esasy 4 sany ýörelgä eýermeli. Birinji- salgyt salmagyň gurluşynyň maliýe ýörelgesi, ikinji – salgyt salmagy ykdysadyýetiň ösüş maksatlaryna laýyk getirmek, üçünji-salgyt salmagyň etiki we adalatlylyk, dordünji-edara ediş-tehniki ýa-da salgytlary dolandyrmak ýörelgeleri. "Salgytlar hakynda" Tükmenistanyň bitewi Kanunynda we Türkmenistanyň beýleki salgyt namalarynda ýokarda agzalyp geçilen dünýä tejribesine laýyk gelýän salgyt salmagyň ýörelgeleri ulanylýarmy?

**Çözülişi.** Salgyt salmagyň ilkinji ýörelgesi, ýagny, salgyt salmagyň gurluşynyň maliýe ýörelgesi, jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak nazaryyeti, has takyggy salgyt salmagyň ýeterlik we maýyşgak bolmagy bilen şertlendirilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy döwletiň maliýe meýilnamalarynda göz öňünde tutulan ugurlary maliýeleşdirmek üçin, ony salgyt usuly bilen ýygnalýan zerur bolan pul serişdeleri bilen üpjün edýär we şol babatda hereket edýän salgytlar salgyt töleýjileriň ählisi üçin ýaramly bolup durýar. Ol bolsa Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň maýyşgaklygyny oňyn tarapdan häsiýetlendirýär. Salgyt salmagy ykdysadyýetiň ösüş maksatlaryna laýyk getirmek ýörelgesi (ikinji ýörelge), Turkmenistanyň gysga we uzak möhletlere niýetlenen ykdysady meýilnamalarynda öz

beýanyny tapýar. Salgyt salmagyň üçünji ýörelgesi, ýagny salgyt salmagyň etiki ýa-da adalatlylyk ýörelgeleri "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji, 49-njy, 75-nji, 78-nji, 79-njy we gaýry köp sanly maddalarynda göz öňünde tutulýar. Salgyt salmagyň edara ediş-tehniki ýa-da salgytlary dolandyrmak ýörelgesi (dördünji ýörelge) "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 71-94-nji we gaýry maddalarynda eriş-argaç bolup geçýär.

Salgyt salmagyň usulyýet esaslarynyň işlenip düzülmegi, taryhy jähtde salgytlaryň dürli görnüşleriniň ulanylyş tejribesiniň ulgamlaşdyrylmagy, salgytlar hakyndaky nazaryýetiň ylmy taydan kämilleşdirilmegi we şonuň esasynda salgyt hukuk gatnaşyklarynyň ählitaraplaýyn kämil hukuk düzümininiň işlenip taýýarlanylmagydyr. **Salgyt salmagyň usulyýeti salgyt diýilýän düşünjäniň asyl manysyny nazaryýet, ylmy-amaly we esasy ugurlarynyň hukuk taýdan esaslandyrylmagydyr, has takygy, şol bir wagtda salgytlary hakyky ykdysady kategoriýa we salgyt töleýjiler bilen döwletiň arasynda ýüze çykýan hukuk aragatnaşyklarynyň anyk görnüşi hökmünde öwrenilmegidir.**

**Mysal.** Dünýä ülňülerine laýyk salgyt ulgamyny gurmak üçin, salgyt salmagyň dört sany esasy ýörelgelerini (maliýe, salgyt salmagy ykdysadyýetiň ösüş maksatlaryna laýyk getirmek, salgyt salmagyň etiki ýa-da adalatlyk, edara ediş-tehniki ýa-da dolandyrmak) berjaý etmeli. Salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynyň bu ýörelgeleri gymmadyň (jemgyýetiň jemi girdejisiniň, başgaça maliýe serişdeleriniň jeminiň) paýlanylmagynyň mazmuny, kanunalaýyklygy, döwürleýinliligi hakyndaky düýpli ylmy düzgünnamalarynyň çygrydyr. Ýokarda agzalyp geçilen ýörelgelerden başga-da, Türkmenistanyň häzirki salgyt ulgamynyň gurluşyna nähili şertler täsir etdi?

**Çözülişi.** Türkmenistanyň häzirki zaman salgyt ulgamynyň gurluşyna döwletiň gurluşynyň we milli ykdysadyýetiň aýratynlyklary täsir etdi. Döwlet we hu-

kuk hakyndaky ylmyň kesgitleýän ykdysady kanunlarynyň jemleýji düzgünleri salgytlaryň asyl manysyny usulyýet taýdan öwrenilmeginiň esaslaryny düzýär. Şol nukdaýnazardan salgyt hukuk gatnaşyklarynyň düzümi we düzüm bölekleri esaslandyrylýar. Usulyýet taýdan üpjün edilmegi, salgyt salmagyň aýrylmaz bölegidir. **Salgyt salmagyň görnüşleriniň saýlanyp-seçilmegi we salgytlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň guramaçylyk-hukuk tertibiniň kabul edilmegi, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we borçlarynyň kesgitlenilmegi, salgyt salmagyň usulyýetiniň esaslaryny düzýär.** Diýmek, salgyt salmagyň usulyýetine şu aşakdakylar degişlidir:

- salgyt gatnaşyklarynyň talaba laýyklygyny nazaryýet we ylmy-amaly taýdan esaslandyrylmagy;
- önümçiligiň şertleri bilen salgyt salmagyň arabaglaşygynyň kesgitlenilmegi;
- döwletiň ykdysady binýadyna we gurluşyna laýyk gelýän salgyt salmagyň esasy ugurlarynyň saýlanyp-seçilmegi;
- salgyt kanunçylygynyň işlenip düzülmegi we onuň kabul edilmegi;
- salgyt hukuk gatnaşyklaryny gurnamak üçin salgytlar boýunça usulyýet we gözükdirme görkezmeleriniň düzülmegi we tassyklanylmagy.

Ýurduň ykdysady ýagdaýyna we döwletiň alyp barýan syýasatyna laýyk gelýän salgyt salmagyň usulyýetiniň işlenip düzülmegi, salgyt kanunçylygynyň kämilleşdirilmeginiň her bir tapgyrynyň çäginde usulyýet işleriniň tamamlanandygyny aňladýar. Salgyt hukuk gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi wagtda we giňişlikde çäksizdir. Salgytlary kämilleşdirmekde ýetilýän üstünlikler, ykdysady gatnaşyklaryň ähli ulgamynyň ylmy taýdan işlenip düzülişi we onuň esaslandyrylyşy bilen kesgitlenilýär. Salgyt kanunçylygyny kämilleşdirmegiň tapgyrlarynyň arasyndaky wagt araçägi, täze salgyt üýtgeşmeleriň kabul edilen döwrüne

kanun hökmünde hereket edýän salgyt salmak ulgamynyň döwletiň ykdysady binýadyna laýyk gelýän derejesi bilen şertlendirilýär. Her bir döwletiň milli salgyt ulgamy usulyýet binýadynyň, ýagny salgyt salmak hakyndaky nazaryýet we ylmy-amaly düzgünleriniň toplumynyň esasynda hereket edýär. Bu meseläniň ara alnyp çözülmegi netijesinde, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň we olaryň hereket ediş çäklerini çäklendirýän çemeleşmeler bilen tapawutlandyrylýan salgyt konsepsiýalary ýüze çykýar.

### 2.2.9. Salgyt salmagyň usulyýeti işlenip düzülende salgyt ulgamyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlarynyň takyklanylyşy

Salgyt salmak ulgamy wagt giňişliginde we her bir döwletiň çäginde kämilleşip, "salgyt" ykdysady kategoriýanyň nazaryýet mazmunynda onuň giň mümkinçilikleri has doly möçberde beýan edilýär we ol öz durkuna kem-kemden aralaşýar. Ýetilen bu sepgit, salgyt salmak ulgamynyň salgyt tejribesinde oňyn ulgam bolýandygyny aňladýar, başgaça aýdanyňda, salgyt salmak ulgamy adalatlylyga, deňlige, kadalylyga, demokratiýa we jemgyýete bähbitli bolmaklyga esaslanýar.

Oýly-paýhasly düzülen şekil esasynda salgydyň mazmunyna seljermäniň geçirilmegi, onuň ikileýin häsiýetiniň öwrenilmegini talap edýär. Salgyt pelsepe we ykdysady kategoriýasy hem-de, şol bir pursatda, döwletiň girdejiler gaznasy (býujeti) doldurylanda kanun esasynda kabul edilýän hukuk aragatnaşyklarynyň anyk görnüşidir. Ykdysady kategoriýa hökmünde salgytlaryň asyl manysyna geçirilýän seljerme, giňeldilen üznüksiz önümçiligiň we onuň aýry-aýry düzüm bölekleriniň, ylaýta-da gymmadyň pul görnüşinde paýlanylyşynyň we gaýtadan paýlanylyşynyň kanuna laýyk gelýändikleriniň öwrenilmegine esaslanýar. Ykdysady prosesleriň netijesinde her bir ykdysady kategoriýa özüniň anyk görnüşlerini şekillendirýär. Döwletiň gaz-

nasyna jemgyýetiň jemi girdejisiniň bir bölegini mejbury, muzdsuz we birtaraplaýyn almak usuly hökmünde, salgytlar anyk ykdysady giňişligiň, döwletiň gurluşynyň we dolandyrylyşynyň anyk ulgamynyň artykmaçlyklaryny we kemçiliklerini şertlendirýär. Salgyt hukuk gatnaşyklarynyň derejesiniň kämilligine laýyklykda, her bir döwletiň ykdysadyýetiniň ösüşine ýa-da pese düşüşine baha berilýär.

Her bir milli salgyt ulgamy hakyky (obýektiw) usulyýet binýadynyň, has takygy salgyt salmak binýady hakyndaky nazaryýet we ylmy-amaly düzgünleriniň toplumynyň esasynda hereket edýär. Özüniň ykdysady we syýasy kämilliginiň derejesine baglylykda, her bir döwlet kanun esasynda salgyt salmagyň haýsam bolsa-da bir konsepsiýasyny kabul edýär. Halkara salgyt tejribesinde serişdelere we emläge, mysal üçin gymmadyň ahyrky netijelerine, girdejä salgyt salmak, almak-satmak geleşiklere salgyt salmak, salgyt salmagyň renta görnüşi we ş.m. salgyt salmak konsepsiýalary mälimdir. Bu bolsa milli salgyt ulgamynyň gurluşynyň we onuň usulyýet hem-de guramaçylyk-hukuk esaslarynyň, çözýän meseleleriniň we ahyrky maksatlarynyň kesgitlenilmegi we tassyklanylmagydyr. Salgyt salmagyň usulyýeti we onuň usulyýet esaslary salgyt mehanizminiň we onuň düzüm bölekleriniň, has takygy, salgyt meýilnamalaşdyrmasynyň, salgyt kadalaşdyrmasynyň we salgyt gözegçiliginiň konstruksiýasyny (binasyny, gurluşyny) düzýärler.

Jemgyýetiň sarp etmegi üçin hususy emlägiň umumylaşdyrylmagynyň zerurlygy (onuň häzirki zaman düşünjesi-döwlet gaznasyna girdejileriň gaýtadan paýlanylmagy) gadymy eýýamyň jümmüşinden gelip çykýar. Häzirki wagtda ýokarda agzalyp geçilen gaýtadan paýlaýyş proseslerini şertlendirýän topara "salgyt" diýlip aýdylýar. Şonuň bilen birlikde, aýry-aýry ykdysady prosesleriň ady, diýmek, toparyň hem adynyň takyklaýjy ähmiýete eýe bolmaýandygyny hasaba almalydyr, çünki bu prosesleriň ýa-

da toparyň adynyň üýtgemegi bilen olaryň içki mazmuny üýtgemeýär. Adamlaryň ylmy pikiriniň ewolýusiýasynyň netijesinde, jemgyýetiň döwlet bilen bolan salgyt aragatnaşyklarynyň görnüşleri dürli atlara eýe boldular. Nemes alymlary salgytlara döwletiň raýatlary tarapyndan oňa goldaw berýän alamat hökmünde garaýarlar, nemes dilinde onuň ady "staner". Angliýada onuň häzirki wagta çenli ady "datu"-bergi (borçnama). Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň kanunçylygy salgydy "tax" diýip takyklaýar. Fransiýadaky salgyt hakyndaky kanun salgyt gatnaşyklary "import" (hökmany töleg) diýip kesgitleýär. Salgytlary mejbury edip almak häsiýeti Orsýetiň orta asyr salgyt tejribesinde salgytlary "podati" (mejbury töleg) adalgasy bilen atlandyrýardy.

Ykdysady özgertmeler ulgamlaýyn çözgütleri talap edýär. Diýmek, salgyt özgertmeleriniň ugurlary saýlanyp-seçilende we olara baha berilende, oňa ikitaraplaýyn ölçeg işleri geçirilen çemeleşmeler zerurdyr. Salgyt özgertmeleri geçirilende, ykdysady nazaryýetiň esaslary, şol sanda salgyt salmagyň klassiky nusgaly nazaryýeti ulanylmalydyr. Onuň salgyt mehanizminiň düzülmegine bolsa ýurdyň ykdysady we syýasy ýagdaýynyň mümkinçilikleri şert döredýär.

Salgyt hukuk gatnaşyklary ulgamynda geçirilýän özgertmeler, salgyt tölegleri ýygnamakda diňe hünärmen endikleriniň bolmagy bilen çäklenmeýär. Ilki nobatda, giňeldilen üznüksiz önümçilikde salgyt kategoriýanyň tutýan ornuny kesgitlemek we haýsy ýollar bilen onuň tutýan ornuny kämilleşdirip boljakdygyna düşünmek zerurdyr. Tejribe işlerini nazaryýetsiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Nazaryýet adamzadyň ösüş ewolýusiýanyň hemişe ýardamçysy bolup durýan wakalaryň we hadysalaryň çuňňur esaslaryny, ilkinji sebäplerini düşündirýän oý-pikirleriň toplumydyr, ol ýaşaýşyň dürli çygrynda bu oý-pikirleri has ýokary derejede ulanmaga mümkinçilik berýär. Durnukly durmuş şertlerini üpjün edýän gönükdirmesi bilen

şertlendirilen bazar ykdysadyýeti bolan döwletiň hukuk binýadyna ornaşdyrylan salgytlar hakyndaky nazaryýetiň düzgünleriniň anyk nusgasy 2-nji şekilde suratlandyrylýar.

Salgytlar hakyndaky düşünjäniň köpmanyly takyklanylmagy, salgyt salmak babatynda geçirilýän işleriň çäginde salgyt ulgamynyň gurluşy, ony düzýän düzüm bölekleri, ýurdyň hojalyk işlerinde onüň tutýan orny, nyrhlaryň emele gelmegi bilen arabaglanyşygy, býujet maliýeleşdirmesi, kärhanalaryň maliýesi, daşary ýurt pullaryň kadalaşdyrmasy, pul dolanyşygy hakyndaky çekişmeleri ýüze çykarýar. Elbet-de, ýokarda aýdylanlar ylmy-nazaryýet we tejribe-amaly işleriň wajyp bölegidir, şonuň üçin şu işler salgyt gantaşyklarynyň mazmunyny düýpli öwrenmegiň tamamlaýjy tapgyry bolup durýar.

## 2.3.10.Salgytlar babatynda usulyýet işleri geçirilende, salgyt salmak ulgamynyň we ykdysady binýadyň biri-biri bilen arabaglanyşygynyň hasaba alynmagy

"Salgyt" we "salgyt salmak" düşünjeleriniň hakyky ykdysady kategoriýalar hökmünde öwrenilmegi, salgyt salmak ulgamynyň we hakyky ykdysady binýadyň biri-biri bilen arabaglanyşygyny we biri-birine täsir edýän ugurlarynyň gözläp tapylmagyny talap edýär. Bu salgyt salmagyň usulyýetiniň çözýän esasy meseleleriniň biridir. Diýmek, orta atylýan bu meseläniň çözülmegi bilen, Türkmenistanyň salgyt salmak ulgamy ýurduň milli baýlygynyň ösmegine ýardam bolýan gurallaryň birine öwrülmelidir.

Salgyt hakyndaky ylmyň nukdaýnazaryndan garanyňda, salgytlaryň pelsepesi we salgyt salmagyň usulyýeti tapawutlandyrylmalydyr. Ilkinji nobatda "salgyt" düşünjesine dünýä derejesinde seljerme geçirmeli we onuň ikileýin mazmunyny anyklamaly. Soňra "salgyt" düşünjesi maliýe nazaryýeti nukdaýnazaryndan öwrenmeli, sebäbi salgyt salmagyň usulyýeti ilki nobatda gymmadyň emele gelmeginiň we

*2-nji şekil*

**Durmuş gönükdirmesi bolan bazar ykdysadyýetli ösen döwletleriň ykdysady binýadyna gabat gelýän salgyt ulgamy**



paýlanylmagynyň umumy kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda kämilleşýän maliýe ylmynyň bir bölegidir. Salgytlaryň görnüşleriniň (formalarynyň) kämilleşdirilmegi bilen, ykdysady kategoriýanyň manysy has çuňňur öwrenilýär, bu bolsa salgyt görnüşlerini kämilleşdirmegiň nobatdaky tapgyrydyr. Salgyt görnüşleriniň kämilleşdirilmeginiň ugurlary üznüksizdir. Ykdysady kategoriýanyň mazmunynyň we görnüşiniň (formasynyň) arasyndaky arabaglanyşyk durnukly häsiýete eýe bolmalydyr, bu bolsa eşretli durmuşyň aýrylmaz kanunydyr. "Salgyt" ykdysady kategoriýanyň salgyt görnüşleri şu aşakdaky şertler bilen takyklanýar:

**birinjiden**, ykdysady we pelsepe kategoriýasy hökmünde salgytlar salgyt tejribesinde döwlet girdejileriniň möçberini artdyrmak üçin ulanylýar we köplenç, pul görnüşinde hususy we edara görnüşli taraplaryň eýeçiligini umumylaşdyrmagyň görnüşi hökmünde hereket edýärler;

**ikinjiden**, ykdysady-hukuk kategoriýasy hökmünde salgytlaryň salynmagy, salgyt tejribesinde döwletiň kanunynda resmileşdirilen salgyt gatnaşyklarynyň ykdysady-hukuk ulgamydyr;

**üçünjiden**, salgyt hukugynyň guramaçylyk-ykdysady we hukuk kategoriýasy hökmünde salgyt mehanizmi salgyt tejribesinde salgyt kanunlarynyň berjaý edilmeginiň anyk şertleriniň jemidir.

Salgydyň ikileýin tebigatynyň möhümdigini anyklamak-salgyt salmak ulgamynyň seljermesine dogry çemeleşmekdir. Eger-de bu çemeleşme giňişlige we wagta bagly bolmazdan adamlaryň durmuş tapgyrlarynda ýüze çykýan proseslere we hadysalara düşünmek üçin oýly-paýhasly gurulýan bolsa, onda ol deň derejede islendik ykdysady kategoriýa degişlidir. Haçan-da jemgyýetçilik ösüşiniň täze derejesi täze prosesleri we hadysalary ýüze çykarýan bolsa, onda ylmy aňyýet olaryň hakykylygyny kesgitlemäge we haýsy bolsa-da bir düşünje çykarmaga çemeleşýär.

Kategoriýalaryň ählisi, şol sanda ykdysady kategoriýalar umumydyr we öz gezeginde olar özüne tabyn bolup

durýan hususy kategoriýalara bölünýärler. Diýmek, nazaryýet nukdaýnazaryndan garanyňda, "salgyt salmak" kategoriýa ykadysady kategoriýa bolup durýar, ýöne "salgyt" ykdysady kategoriýasyna degişlilikde ol hususy kategoriýadyr. "Salgyt salmak" kategoriýasy ony şertlendirýän gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň jemi hakynda düşünje berýär. Şol bir pursatda, "salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalaryň ikisi hem "maliýe" diýlip atlandyrylýan ähli umumy kategoriýa tabyndyrlar. "Salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalary, ilkibaşda, özleri tarapyndan şertlendirilýän proseslere we hadysalara oýlanyp akyl ýetirmäge mümkinçilik berýär. Soňra, ylmy aňyýet biri-biri bilen baglanyşykly prosesleriň üsti bilen her bir ykdysady kategoriýanyň tejribede ulanylyşynyň konsepsiýasyny (esasy ugurlaryny) işläp düzýär.

**Mysal.** Paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş ykdysady prosesleri "salgyt" ykdysady kategoriýasyny we "salgyt salmak" ykdysady-guramaçylyk kategoriýasyny suratlandyrýarlar. Diýmek, salgyt gatnaşyklarynyň başlangyç esaslary öwrenilende, salgytlar hakyndaky ylym üznüksiz önümçiligiň we paýlaýyş prosesiniň kanuna laýyklygyny çuňňur öwrenýär. "Salgyt salmak" ykdysady kategoriýasy jemgyýetçilik maksatlary üçin hut önümçilikde öndürilen gymmadyň bir bölegi gaýtadan paýlananda emele gelýän ykdysady-hukuk gatnaşyklarynyň jemini şertlendirýär. Paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş prosesleri haýsy ähli umumy ykdysady kategoriýany we haýsy hususy ykdysady kategoriýalany öwrenýär? Salgyt hukuk gatnaşyklarynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň zerur bolan şertleri we sebäpleri haýsy wakalar bilen esaslandyrylýar? Salgyt hukuk gatnaşyklarynyň tapawutlandyryjy alamatlary nämeden ybarat?

**Çözülişi.** Paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş prosesleri "maliýe" ähli umumy ykdysady kategoriýany we "salgyt" hem-de "salgyt salmak" hususy ykdysady kategoriýalary öwrenýär-

ler. Şol bir pursatda, "salgyt salmak" ykdysady kategoriýasy "salgyt" ykdysady kategoriýa degişlilikde "hususy" ykdysady kategoriýa bolup durýar. Her bir döwletiň berkarar we garaşsyz bolmagy, pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi, döwlet tarapyndan degişli syýasy we ykdysady kanunlaryň kabul edilmegi we ş.m. salgyt hukuk gatnaşyklarynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň zerur bolan şertleri we sebäpleridir. Salgyt hukuk gatnaşyklarynyň tapawutlandyryjy alamatlary: **birinjiden**, salgyt hukuk gatnaşyklary önümçilikde döredilýän täze gymmady paýlaýan ykdysady guraldyr; **ikinjiden**, salgyt hukuk gatnaşyklary döwletiň ykdysady we syýasy binýadynyň guramaçylyk esaslaryndan gelip çykýar; **üçünjiden**, salgyt hukuk gatnaşyklary önümçiligiň kuwwatynyň güýçlenmegine we önümçiligiň ylmy-tehniki taýdan ösmegine ýardam bolmalydyr; **dördünjiden**, salgyt hukuk gatnaşyklary girdejileriň, raýatlaryň toparlarynyň, amal edilýän işleriň we kärhanalaryň görnüşleriniň, pudaklaryň, şeýle-de döwletiň düzümine goşulýan çäkleriň ählisini gurşap almalydyr we ş.m.

Hususy ykdysady kategoriýa hökmünde "salgyt salmak" kategoriýasy ykdysady prosesleriň üsti bilen "salgyt" ykdysady kategoriýanyň çuňňur many-mazmunyny ýüze çykarýar. Hususyýetçileriň emläginiň ýa-da girdejileriniň bir bölegini umumylaşdyrmak boýunça jemgyýetde bolup geçýän arabaglaşyklaryň pelsepe manysy salgytlaryň ykdysady tebigatynda öz beýanyny tapýar. "Salgyt" ykdysady kategoriýa girdejileriň artyk böleginiň umumylaşdyrylmagynyň zerurlygyna we gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň umumy çäklerine akyl ýetirmäge mümkinçilik berýär. Umumymilli sarp ediş gaznanyň möhümdigi mese-mälim düşnüklidir. Jemgyýete zerur bolan maksatlara girdejileriň artykmaç bölegini gaýtadan paýlamak-bu adamzat siwilizasiýasynyň ösmegi üçin şert bolup durýan salgyt gatnaşyklary ykrar etmäge mümkinçilik berýän aksiomadyr (hakykatdyr). Onuň aýdyňlygy pelsepe

nukdaýnazaryndan salgytlar babatynda onuň jemgyýetçilik prosesi hökmünde hereket eýäňdigi barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Diýmek, salgytlar-bu jemgyýet bähbitleridir. Ylym haýsy bolsa-da bir prosese akyl ýetirmek, tejribe işi bolsa - akyl ýetirilen prosesleriň esasynda kämilleşmek üçin möhüm alamatdyr. Salgytlaryň tejribedäki görnüşleriniň hakykylygy-jemgyýete zerur bolan şu wajyp ykdysady kategoriýanyň ikinji alamatydyr. Ykdysady kategoriýalaryň hut şu alamaty olaryň ikileýin häsiýetiniň bardygyny takyklaýar. Ähli ykdysady kategoriýalaryň ikileýin häsiýeti hakyndaky pikiriň tassyklanylmagynyň aňyrsynda näme ýatyr? Ykdysady kategoriýasyna seljerme geçirip, bu usulyýet soragyna jogap tapmak bolýar.

### 2.4.11. "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryň kriteriýalary (umumy ölçegleri)

Salgytlar hakyndaky nazaryýet olaryň toparlandyrylyşynyň üç sany kriteriýalaryny (umumy ölçeglerini) özünede birleşdirýär .

**1. "Salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalarynyň birinji kriteriýasy: olar her bir prosesiň ýa-da hadysanyň düýpli esaslaryny şertlendirmelidir, olar hakyky bolmalydyr.**

**2. "Salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalarynyň ikinji kriteriýasy: olar jemgyýet üçin bähbitli takyk özboluşlylygy bilen üpjün edilen bolmalydyr, olar özlerine mahsus bolan anyk görnüşleriniň üsti bilen salgyt tejribesinde aňly-düşünjeli ulanylmalydyr.** Salgyt görnüşleriniň bu jeminde kategoriýanyň içki, çuňňur mümkinçilikleri şertlendirilmelidir. Bu aýratynlyklara laýyklykda, "salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalarynyň hakyky (obýektiw) başlangyçlary bilen birlikde howaýy (subýektiw) başlangyçlary hem bar.

**3. "Salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalarynyň üçünji kriteriýasy: kategoriýalaryň ikisiniň hem hakyky we howaýy başlangyçlary biri-biri bilen ýakyn aýrylmaz**

**arabaglanyşykda bolmalydyrlar, nazaryýet nukdaýnazaryndan olar gapma-garşylygyň birligidir.** Salgyt tejribesinde bu arabaglaşygyň bozulmagy, başgaça aýdylanda, toparlandyrylyşynyň ýokarda agzalyp geçilen üç kriteriýasynyň talaplaryna laýyk gelmeýän salgyt gönüşlerini ykdysady kategoriýanyň derejesine degişli etmek, ykdysadyýet ulgamynda näsazlyklara getirýär. Hakyky we howaýy başlangyçlaryň arasyndaky gapma-garşylyk "salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalarynyň görnüşleriniň kämilleşdirmegi bilen çözülýär.

**Mysal.** Salgytlar islendik ykdysady prosesleriň we hadysalaryň düýpli esaslaryny aýdyňlaşdyrmalydyr. Ykdysady kategoriýa hökmünde salgytlar jemgyýetçilik zerurlygy üçin takyk özboluşlylygy bilen üpjün edilmelidir, bu kategoriýa özüniň anyk görnüşleriniň üsti bilen tejribede aňly-başly ulanylmalydyr. Bu görnüşleriň jeminde salgytlaryň ykdysady kategoriýa hökmünde içerki, çuňňur mümkinçilikleri şekillendirmelidir. Şol aýratynlyklara laýyklykda, salgytlaryň hakyky (obýektiw) başlangyjy bilen bilelikde howaýy (subýektiw) başlangyjy hem bar. Ykdysady kategoriýa hökmünde hereket edýän salgytlaryň hakyky (obýektiw) we howaýy (subýektiw) başlangyçlarynyň arasynda arabaglanyşyk barmy we nazaryýet nukdaýnazardan olar gapma-garşylygyň birligimi? Hakyky (obýektiw) we howaýy (subýektiw) başlangyçlaryň arasyndaky gapma-garşylygyň çözgüdiniň çözülmegine haýsy ýollar bilen ýetilýär? "Salgytlar ykdysady kategoriýa hökmünde" we "salgytlar" jemgyýetiň jemi girdejisiniň gaýtadan paýlanylyşynyň tejribedäki görnüşi, başgaça býujete tölenýän pul tölegi hökmünde düşünjeleriň arasyndaky düýpli aratapawut nämeden ybarat durýar?

**Çözülişi.** "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryň üçünji kriteriýasyna laýyklykda, kategoriýalaryň ikisine-de hakyky we howaýy başlangyçlar mahsusdyr we olar biri-biri bilen ýakyn arabaglanyşykda

bolup durýarlar, nazaryýet nukdaýnazaryndan olar gapma-garşylygyň birligidir. Hakyky we howaýy başlangyçlaryň arasyndaky gapma-garşylyk, "salgyt" we "salgyt salmak" kategoriýalarynyň görnüşleriniň kämilleşdirilmegi bilen çözülýär. "Salgytlar ykdysady kategoriýa hökmünde" we "salgytlar jemgyýetiň jemi girdejisiniň gaýtadan paýlanylyşynyň tejribedäki görnüşi, başgaça býujete tölenýän pul tölegi hökmünde"diýen düşünjeleriň arasyndaky düýpli aratapawut "salgytlar ykdysady kategoriýa hökmünde" salgyt tejribesinde döwletiň kanunlarynda resmileşdirilen salgyt gatnaşyklarynyň ykdysady-hukuk ulgamy görnüşinde we "salgytlar jemgyýetiň jemi girdejisiniň gaýtadan paýlanylyşynyň tejribedäki görnüşi, başgaça býujete tölenýän pul tölegi hökmünde" salgyt tejribesinde döwlet girdejileriniň möçberini artdyrmak üçin, köplenç pul görnüşinde hususy we edara görnüşli taraplaryň eýeçiligini umumylaşdyrmagyň görnüşi hökmünde hereket etmeklerinden ybaratdyr.

Her bir ykdysady kategoriýa bolup geçýän proseslere we hadysalara ýönekeý akyl ýetirmek üçin däl-de, olary dolandyrmak üçin hem zerurdyr. Ykdysady kategoriýalar birmeňzeş degişli ykdysady prosesleri we hadysalary birleşdirýän ykdysadyýet ylmynyň esasy, has umumy, düýpli düşünjesi bolup durýarlar. Kategoriýalar-bu her bir bolup geçýän prosesleriň we hadysalaryň alamatlaryny alamatlandyrýan we umumylaşdyrýan howaýy düýpli keşpdir. Bu pikir ýöretmeler ykdysady kategoriýalarada, şol sanda salgytlara-da degişlidir. "Salgyt" ykdysady kategoriýasy takyk görnüşler bilen deňeşdirilende, diňe gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň halkasy çyzylman, ykdysady kategoriýanyň maddy-mazmunynyň üsti hem ýetirilýär. Eger-de salgydyň içki mazmunyna çapraz gelýän görnüşler saýlanyp-seçilip kabul edilýän bolsa, onda salgyt salmak ulgamy näçe kämil diýlip hasap edilse-de, ol şonuň ýaly ulgam bolup bilmez. "Salgyt" ykdysady kategoriýanyň

içki mazmuny we onuň daşky görnüşleriniň ykdysady proseslerin çäginde ýüze çykmagy, onuň bozup bolunmaýan bitewligini aňladýar.

Ýokarda aýdylanlardan ugur alynsa, onda her bir ykdysady kategoriýanyň içki tebigatynyň ikileýin häsiýeti bar. Diýmek, "salgyt" ykdysady kategoriýasynyň salgyt tejribesinde ulanylýan görnüşlerinde oňa mahsus bolan käbir gapma-garşylyklar öz beýanyny tapýar, sebäbi salgyt görnüşleriniň saýlanyp-seçilmegi howaýydyr. Ol salgyt kanunlaryny ýazýan we kabul edýän taraplaryň hünärmenlik derejesi we jemgyýetiň agzalarynyň aňýetiniň kämilligi, "salgyt" ykdysady kategoriýanyň içki mümkinçiliklerini salgyt tejribesinde amala aşyrmaga jemgyýetiň syýasy we ykdysady taýdan taýýarlygy bilen şertlendirilýär. Salgyt prosesleriniň we olary şertlendirýän ykdysady kategoriýalaryň ähli taraplaýyn öwrenilmegi, bu wakalary dolandyrýan kämil mehanizmi gurnamagyň möhüm şertidir.

### 2.5.12. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda göz öňünde tutulan salgyt salmagyň adalatlylyk we takyklyk ýörelgeleri

Salgyt salmak takyk ýörelgelere, başgaça, salgytlara mahsus bolan düşünjelere we düzgünlere esaslanýar. Salgyt salmagyň halkara tejribesi dört sany esasy ýörelgä esaslanýar, olaryň ählisi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny işlenilip düzülende göz öňünde tutuldy. **Salgyt salmagyň adalatlylyk ýörelgesi** salgyt salmagyň umumylygyny we deňligini kesgitleýär. Bu ýörelge döwlet çykdajylarynyň degişli bölegini maliýeleşdirmäge gatnaşmaga borçly salgyt töleýjileriň mümkinçiliklerini hasaba almak bilen, salgytlaryň ýygnalmagyny göz öňünde tutýar. Salgyt salmagyň adalatylyk ýörelgesi döwletiň amal edýän çykdajylaryna we salgyt usuly bilen ýygnalýan girdejileriň paýlanylyşyna täsir edýär. Salgyt

ýüki taraplaryň biriniň üstüne ýüklenýän bolsa, salgyt ýeňillikleri başga taraplara berilýär. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 172-nji maddasynyň esasynda esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga edara görnüşli-Türkmenistana dahylly taraplar peýdadan alynýan salgydy 8%, hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar jemi girdejiden 2% we beýleki edara görnüşli taraplar bolsa 20% möçberinde töleýärler.

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynda "Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň ählumumylygy we deňligi ykrar etmäge esaslanýar" diýlip nygtalýar. Indi bolsa, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň mysalynda raýatlaryň arasynda salgydyň ählumumylyk we deňlikli paýlanylyşyna seredeliň. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 183-nji maddasynda Türkmenistandaky çeşmelerden we onuň çäginiň daşynda (Türkmenistana dahyllylar) we Türkmenistandaky çeşmelerden (Türkmenistana dahylsyzlar) girdeji alýan şahsy taraplar şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň töleýjileri diýlip ykrar edilýärler. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 14-nji maddasynda Türkmenistanyň raýatlary, daşary döwletleriň raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplar salgyt salmak maksady bilen şahsy adamlar diýlip hasap edilýärler. Şol bir wagtda, salgyt töleýjileri diýlip ykrar edilýän şahsy adamlar Türkmenistana hem dahylly hem-de dahylsyz bolup bilýärler. Diýmek, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna we salgyt salmagyň ählumumylyk ýörelgesine laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy Türkmenistandaky çeşmelerden girdeji alýan raýatlaryň ählisinden alynýar.

Salgyt salmagyň ähllumumylyk ýörelgesi şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň çeşmeleri kesgitlenilende hem ýüze çykýar. Mysal üçin, şu çeşmelerden girdeji alýan şahsy adamlaryň ähli girdejileri salgyt salynmaga degişlidir:

- Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplardan, Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän şahamçalarynyň, wekilhanalarynyň ýa-da hemişelik wekilhanalarynyň üsti bilen hereket edýän Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplardan, şeýle-de hususy telekeçi-şahsy taraplardan alynýan girdejiler;
- zähmet ylalaşyklary we raýat-hukuk ylalaşyklary boýunça ýerine ýetirilen işler üçin girdejiler;
- islendik görnüşli bergidarlyk borçnamalary boýunça göterimler;
- ätiýaçlandyryş wakalary ýüze çykanda tölenýän ätiýaçlandyryş tölegleri;
- Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän emlägi kärendesine bermekden we olaryň ulanylyşynyň gaýry görnüşlerinden alynýan girdejiler;
- pul we maddy görnüşindäki utuşlar;
- Türkmenistanyň çäginde hemişelik iş ýeriniň üsti bilen telekeçilik işiniň amala aşyrylmagy, hünärmen hyzmatlarynyň amal edilmegi bilen bagly girdejiler hem-de "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 184-nji maddasynda göz öňünde tutulan başga girdejiler.

Raýatlaryň arasynda salgyt salmagyň ähliumumylygyny we deňligini üpjün edýän adalatlylyk ýörelgesi şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň möçberi kesgitlenilende-de göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy ähli raýatlar üçin alynýan girdejiniň 10% möçberinde kesgitlenilýär.

**Salgyt salmagyň takyklyk ýörelgesi.** Bu ýörelgä laýyklykda tölegiň jemi, tölegleriň tölenilişiniň usuly we tölegleriň tölenýän wagty salgyt töleýjä öňünden we takyk mälim bolmalydyr. Birnäçe ýylyň dowamynda salgytlaryň esasy

görnüşleriniň we olaryň möçberleriniň (stawkalarynyň) durnuklylygy salgyt salmagyň bu ýörelgesiniň özenini düzýär. Şol bir pursatda, salgyt ulgamy üýtgäp durýan ykdysady-durmuş şertlerine çeýeli we aňsat ornaşdyrylýan bolmalydyr. Salgyt salmagyň ýokarda agzalyp geçilen ýörelgesine Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny alan pursatyndan başlap, ýurdumyzyň salgyt ulgamynyň döredilişiniň we ösüşiniň mysalynda seredip geçeliň.

Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň salgyt ulgamy 1992-nji ýylda döredildi. Meýilnamaly sosialistik ykdysadyýete mahsus bolan salgytlaryň we tölegleriň ýerine belli derejede hojalygyň alnyp barlyşynyň bazar usullaryna laýyk gelýän salgytlaryň täze görnüşleri girizildi. Täze girizilen salgytlar-bu peýdadan alynýan salgyt, goşulan baha üçin salgyt, goşmaça tölegler (aksizler), harytlaryň eksportyna salynýan salgyt, bank we ätiýaçlandyryş işlerinden alynýan girdejilere salynýan salgyt, gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallara salynýan salgyt we başgalardyr. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösmegi bilen salgyt ulgamyna goşulan salgytlara we ýygymlara ençeme gezek üýtgetmeler girizildi we salgytlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibi kämilleşdirildi. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgydyň möçberi 28%-den 20%-e çenli, 20%-den 15%-e çenli pese düşürildi, peýdadan alynýan salgydyň möçberi hojalygy ýöredýän birlikleriň alyp barýan işleriniň görnüşlerine hem-de olaryň hukuk-guramaçylyk görnüşlerine baglylykda üýtgedildi.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, salgyt salmagyň takyklyk ýörelgesine birnäçe ýylyň dowamynda salgytlaryň esasy görnüşleriniň we salgytlaryň möçberiniň durnuklylygy mahsus boldy. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgydyň 20% möçberi 12 ýyldan gowrak, ýagny 1992-nji ýylyň 1-nji iýulyndan 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli hereket etdi we "Salgytlar -hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda bu salgydyň möçberi 15%-e çenli pese düşürildi.

Peýdadan alynýan salgydyň 25% möçberi 1999-njy ýylyň 1-nji iýulyndan 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli hereket etdi. Bir näçe ýylyň dowamynda salgyt töleýjileriň hojalyk işiniň düşewintliliginden ugur alnyp kesgitlenilýän ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberi üýtgedilmän galdyryldy. Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ornaşdyrylan pursatyndan başlap, emläk üçin salgydyň 1% möçberi saklanyp galdyryldy.

### 2.6.13. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň salgyt salmagyň amatlylyk we tygşytlylyk ýörelgeleri

**Salgyt salmagyň amatlylyk ýörelgesi.** Salgyt salmagyň amatlylyk ýörelgesi salgyt töleýjileri üçin salgytlary tölemegiň has amatly wagtyny we usulynyň saýlap almagyny göz öňünde tutýar. Salgytlary tölemek ulgamy we onuň tertibi salgyt töleýjiler üçin düşnükli we amatly bolmalydyr. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda, salgyt töleýjiler beýannamanyň esasynda hasaplanylan döwlet býujetine tölenýän esasy döwlet salgytlary, ýagny goşulan baha üçin salgydy, goşmaça tölegi, peýdadan alynýan salgydy, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy, emläk üçin salgydy şol bir wagtda, hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman töleýärler. Şol bir möhletlerde salgytlaryň esasy görnüşleriniň tölenilişiniň häzirki wagtdaky tertibi salgyt töleýjileriň döwlet bilen geçirýän hasaplaşyklar ulgamyny ýönekeýleşdirdi we býujete salgytlaryň öz wagtynda tölenilişini üpjün etdi.

Tölenmeli salgytlaryň ujundan tölenýän hakujy (deslapky) tölegleriň hasaplanylyşynyň we döwlet býujetine tölenilişiniň tertibi, maliýe serişdeleriniň döwlet býujetine öz wagtynda toplanylyşynyň we hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýe taýdan tölege ukyplylygyny üpjün edýän wajyp şertleriň biri bolup durýar. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgydy salgyt töleýjiler hakujy tölegleri görnüşde ha-

sabat aýynyň 13-üne we 23-üne we hasabat aýyndan soňky gelýän aýyň 3-üne, peýdadan alynýan salgyt boýunça hakujy tölegleri her aýyň 13-üne we 28-ine töleýärler.

Salgyt salmagyň amatlylyk ýörelgesiniň berjaý edilmegi, kärhanalar tarapyndan maliýe akymlarynyň dogry we dürs meýilnamalaşdyrylyşyna, salgytlary we gaýry hökmany tölegleri tölemek boýunça döwletiň öňünde olaryň borçnamalarynyň öz wagtynda we doly berjaý etmeklerine ýardam berýär. Salgyt hasaplamalaryň ýönekeýleşdirilmegi we aňsatlaşdyrylmagy, kärhana bilen döwletiň arasynda ýüze çykýan maliýe gatnaşyklar ulgamyny tertipleşdirýär.

**Salgyt salmagyň tygşytlylyk ýörelgesi.** Salgyt salmagyň bu ýörelgesi salgytlar ýygnalanda olary ýygnamak üçin edilýän harajatlaryň möçberiniň pese düşürilmegini, salgyt salmak ulgamynyň kämilleşdirilmegini aňladýar. Salgyt salmagyň tygşytlylyk ýörelgesine laýyklykda, her bir salgyt boýunça ýygnalýan ýygymlaryň jemi bu salgytlary ýygnamak boýunça edilýän harajatlaryň jeminden ep-esli artmalydyr. Bu ýörelgäni üpjün etmek maksady bilen, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 71-nji maddasynda salgyt gullugynyň işgärleriniň iş hakynyň diňe 50%-ini Türkmenistanyň döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilmek göz öňünde tutulýar. Salgyt gullugy edaralarynyň işgärleriniň iş hakynyň galan bölegi, salgyt gullugynyň işgärleriniň geçirýän resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň netijeleri boýunça puşmana tölegler we maliýe jerimeler görnüşinde Türkmenistanyň döwlet býujetine goşmaça hasaplanylan we geçirilen jerimeleriň 50%-iniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Ýokarda agzalyp geçilen salgyt salmagyň ýörelgeleri we kadalary milli salgyt ulgamynyň gurluşynyň esaslarynyň kesgitlenilmegi hem-de onuň usulyýet we guramaçylyk binýadynyň, ahyrky maksatlarynyň we wezipeleriniň tassyklanylmagydyr. Salgyt salmagyň usulyýeti we onuň usulyýet esaslary salgyt mehanizminiň we onuň düzüm bölekleriniň özenini düzýär.

### "Salgyt salmagyň usulyýet esaslarynyň işlenip düzülmegi we onuň ýörelgeleri" atly tema boýunça öz-özüni barlamak üçin soraglar

1. Salgytlaryň ýüze çykmagynyň ilkinji sebäpleri nämeden ybarat?

2. Ykdysady taglymatyň esaslandyryjylary salgytlary nähili görnüşde kesgitläpdirler?

3. Salgyt salmagyň halkara ähmiýetli ylmy nazaryýetini esaslandyran ykdysatçy alymlar kimler?

4. Haýsy döwürden başlap ykdysatçylar salgytlary üznüksiz önümçiligiň aýrylmaz bölegi we geljekde ykdysadyýeti ösdürmegiň esasy şertleriniň biri hökmünde tekrarlapdyrlar?

5. Salgyt salmagyň usulyýetiniň işlenip düzülmegi nämäni aňladýar?

6. Salgyt salmagyň usulyýeti näme?

7. Salgytlaryň asyl manysynyň usulyýet taýdan öwrenilmeginiň esaslaryny haýsy ylmyň kesgitleýän kanunlary düzýär?

8. Salgyt salmagyň usulyýetiniň esaslaryny näme düzýär?

9. Salgyt salmagyň usulyýetiniň düzüm bölekleri haýsylar?

10. Salgytlary kämilleşdirmekde ýetilýän üstünlikler haýsy şertleriň berjaý edilmegi bilen kesgitlenilýär?

11. Salgyt kanunçylygyny kämilleşdirilmegiň tapgyrlarynyň arasyndaky wagt araçägi haýsy şertleriň berjaý ediş derejesi bilen şertlendirilýär?

12. Her bir döwletiň milli salgyt ulgamynyň hereket ediş binýady näme?

13. Halkara salgyt tejribesine haýsy salgyt konsepsiýalary degişli?

14. Salgyt salmagyň usulyýeti salgyt mehanizminiň haýsy düzüm bölekleriniň konsepsiýasynyň özenini düzýär?

15. Aýry-aýry döwletlerde salgytlar nähili görnüşde atlandyrylýar we bu atlar nämäni aňladýar?

16. Durmuş gönükdirmesi bolan bazar ykdysadyýetli döwletleriň salgyt ulgamy nähili häsiýetlendirilýär?

17. Salgytlar ykdysady we pelsepe kategoriýasy hökmünde nähili häsiýetlendirilýär?

18. Salgyt salmagy ykdysady-hukuk kategoriýasy hökmünde nähili häsiýetlendirilýär?

19. Salgyt mehanizmini salgyt salmagyň guramaçylyk-ykdysady we hukuk kategoriýasy hökmünde nähili häsiýetlendirilýär?

20. "Salgyt salmak" ykdysady kategoriýasy haýsy ykdysady kategoriýa degişlilikde hususy kategoriýa bolup durýar?

21. "Salgyt salmak" ykdysady kategoriýasy haýsy gatnaşyklaryň jemi hakynda düşünje berýär?

22. "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalary haýsy ählumumy ykdysady kategoriýa degişli?

23. Jemgyýete zerur bolan maksatlara girdejileriň artykmaç böleginiň gaýtadan paýlanylmagyny haýsy aksioma (hakykat) tekrarlaýar?

24. "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalarynyň üç kriteriýasy (umumy ölçegleri) haýsylar?

25. "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryna degişlilikde hakyky we howaýy başlangyçlaryň arasyndaky gapma-garşylyk haýsy ýol bilen çözülýär?

26. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda ulanylýan salgyt salmagyň adalatlylyk ýörelgesi näme?

27. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda ulanylýan salgyt salmagyň takyklyk ýörelgesi näme?

28. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda ulanylýan salgyt salmagyň amatlylyk ýörelgesi näme?

29. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda ulanylýan salgyt salmagyň tygşytlylyk ýörelgesi näme?

## III BAP. SALGYTLARYŇ BEÝLEKI YKDYSADY KATEGORIÝALAR BILEN ARABAGLANYŞYGY WE OLARYŇ MALIÝE GATNAŞYKLAR ULGAMYNDA TUTÝAN ORNY

### 3.1.14. Maliýe nazaryýetiniň esaslary salgytlaryň düýp mazmunyny we ykdysady zerurlygyny öwrenmegiň usulyýet binýadydyr

Ählumumy ykdysady kategoriýa diýlip hasaplanýan "maliýa" degişlilikde, gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklaryny aňladýan salgytlar, hususy ykdysady kategoriýa bolup hereket edýärler. Şol sebäpli, salgyt häsiýeti bolan gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklary öwrenilende, maliýaniň düýp mazmunyny bilmek zerurdyr. "Maliýe" ählumumy ykdysady kategoriýasy arkaly salgyt gatnaşyklary paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň bir bölegi bolup durýarlar, döwlet bolsa tejribede ulanylýan salgyt görnüşleriniň we salgytlaryň dolandyrylyşynyň usullarynyň kömegi bilen, olary hereket edýän ykdysady ulgamyna ornaşdyrýar.

**Mysal.** Salgytlaryň esasy alamatlary önümçilik gatnaşyklarynyň we öndüriji güýçleriniň ösüş depginlerine we derejesine salgytlaryň iň oňaýly täsirini üpjün edýärler, jemgyýetçilik isleglerini has doly kanagatlandyrmak üçin şertleri döredýärler. Gaýtadan paýlaýyş prosesine gymmadyň haýsy bölegi gatnaşýar? Gaýtadan paýlaýyş prosesiniň ahyrky maksady näme? Gaýtadan paýlaýyş prosesi haýsy şertlerde amala aşyrylýar? Gaýtadan paýlaýyş prosesi kimiň bähbitleri üçin amala aşyrylýar?

**Çözülişi.** Gymmadyň gaýtadan paýlaýyş prosesine gymmadyň täze döredilen gymmady gatnaşýar. Gaýtadan

paýlaýyş prosesiniň ahyrky maksady üznüksiz önümçilik prosesiniň yzygiderligini maddy taýdan üpjün etmekdir. Gaýtadan paýlaýyş prosesi jemgyýetçilik durmuşynyň gaýtalanmak zerurlygy şertlerinde amala aşyrylýar. Gaýtadan paýlaýyş prosesi döwletiň, edara görnüşli we şahsy taraplaryň bähbitlerini aramak üçin amala aşyrylýar.

Maliýe nazarýetiniň esaslary salgytlary kämilleşdirmek maksady bilen, olaryň düýp mazmunyny we ykdysady zerurlygyny öwrenmek üçin usulyýet binýadydyr. Mälim bolşy ýaly, maddy baýlyklar adamlaryň haýsam bolsa bir işi alyp barmaklarynyň netijesinde döredilýär, maliýe hakyndaky ylym bolsa bu maddy baýlyklaryň paýlanylyşyna we gaýtadan paylanylyşyna akyl ýetirmäge mümkinçilik berýär. Maddy baýlyklar bilen geçirilýän alyş-çalyş öndürilen harytlaryň göwrümini deň derejeli pul möçberi bilen üpjün edýär hem-de jemi girdejiniň (gymmadyň ähli jeminiň) takyk ululygynyň emele gelmegi bilen tamamlanýar. Bu ykdysady prosesleriň hemişe täzeden gaýtalanmagy sebäpli, ol gymmadyň paýlanylmagynyň zerurlygyny ýüze çykarýar. Jemgyýetçilik önümçiliginiň üznüksiz gaýtalanmagy pul görnüşinde gymmadyň paýlanylmagyny we gaýtadan paýlanylmagyny şertlendirýär. Durmuşda bolup geçýän wakalara bagly bolmazdan, jemgyýet özüniň ýaşaýyşa bolan ukyplylygyny maddy taýdan üpjün edilmeginde zerurlyk çekýär we jemgyýet näçe kämil bolsa, şonça-da bu islegler has ýokary we dürli-dürli bolýar. Täze gymmadyň döredilmeginiň we paýlanylmagynyň nukdaýnazaryndan olaryň kanuna laýyk gelýändiklerini öwrenmek bilen maliýe hakyndaky ylym meşgullanýar. Nyrhlar bilen birlikde, maliýe gymmadyň emele gelmegini we paýlanylmagyny takyklaýar, bu prosesleriň gurluşynyň ýörelgelerini kesgitleýär. Maliýe hakyndaky ylym tarapyndan gymmadyň kesgitlenilen ýörelgeleriniň üsti "salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryna mahsus bolan ýörelgeler bilen ýetirilýär. Salgyt tejribesinde bu ýörelgeleri esas diýip kabul etmeli, ýöne bu ýörelgeleri oňa gabat gelýän durmuş we syýasy şertler ýüze çykanda ulanmaly.

**Mysal.** Gymmadyň pul görnüşinde paýlanylmagy, jemgyýetçilik durmuşyny dowam etmek zerurlygy bilen şertlendirilýär. Jemgyýetde haýsy prosesleriň bolup geçýändigine bagly bolmazdan, ol durmuşa zerur bolan maddy üpjünçiliginde mätäçlik çekýär we jemgyýet näçe kämil bolsa, şonça-da bu islegler artýar. Gymmadyň paýlanylyşy we gaýtadan paýlanylyşy bilen haýsy ylym meşgullanýar we gymmadyň paýlanylyşyna we gaýtadan paýlanylyşyna haýsy ykdysady kategoriýalar gatnaşýarlar?

**Çözülişi.** Gymmadyň paýlanylyşy we gaýtadan paýlanylyşy bilen maliýe hakyndaky ylym meşgullanýar. Maliýe ähلumumy ykdysady kategoriýa bilen birlikde, gymmadyň paýlanylyşyna we gaýtadan paýlanylyşyna "nyrhlar", "salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalar gatnaşýarlar.

"Maliýe" ähلumumy ykdysady kategoriýasy kategoriýalaryň toparlandyrylyşynyň ähli üç alamatlaryna gabat gelýär, has takygy:

**birinjiden**, "maliýe" ykdysady kategoriýasy her bir ykdysady wakanyň ýa-da prosesleriň düýpli esaslaryny aňladýar. "Maliýe" ykdysady kategoriýasy howaýy däl-de, hakyky we durmuşda pul gaznalary görnüşinde ulanylýar

**ikinjiden**,"maliýe" ykdysady kategoriýasy jemgyýet zerurlygy üçin niýetlenilen alamatlar bilen üpjün edilen, ol özüne mahsus bolan anyk görnüşleriň üsti bilen durmuşda aňly-düşünjeli ulanylýar;

**üçünjiden**, "maliýe" ykdysady kategoriýanyň umumy we hususy alamatlary biri-biri bilen ýakyn aýrylmaz arabaglanyşykda bolup durýarlar, nazaryýet taýdan olar gapma-garşylyklaryň birligini şertlendirýärler. "Maliýe" ähلumumy ykdysady kategoriýasy gymmadyň paýlanylyşynyň guraly bolup hereket edýär we üznüksiz önümçiligi dolandyrmagyň maksatlaryna hyzmat edýär. Ykdysady gatnaşyklar ulgamynda we durmuşda "maliýe" ykdysady kategoriýasynda umumy (gymmady paýlamagyň zerurlygy) hem-de hususy (paýlaýyş prosesleriniň anyk mazmunyny aňladýan görnüşleriniň saýlanyp-seçilmegi) başlangyçlaryň bitewiligi öz beýanyny tapýar.

### 3.2.15. "Maliýe" ählumumy ykdysady kategoriýa bilen "salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryň arabaglanyşygy

"Maliýe" ählumumy ykdysady kategoriýa-bu bitewi hem-de biri-biri bilen bagly hususy ykdysady kategoriýalaryň toplumydyr. Olaryň her biri ykdysady kategoriýalaryň toparlanylyşynyň hakyky ölçeglerine laýyk gelýärler we jemgyýet üçin niýetlenilen özboluşlyklary bilen ülüşdirilendir (üpjün edilen). "Maliýe" ählumumy ykdysady kategoriýanyň mazmunyna akyl ýetirmeklik-bu oňa tabyn kategoriýalaryň özboluşlyklaryny özleşdirmekdir. Ylym babatynda ulanylýan deduksiýa prosesi, umumy ykdysady kategoriýalaryň diňe çuňňur mazmunyny öwrenmäge däl-de, eýsem umumy ykdysady kategoriýanyň çäginde anyk hususy kategoriýalaryň ýüze çykaýjak derejesini kesgitlemäge-de mümkinçilik berýär. Bu bolsa durmuş tejribesinde ählumumy, hem-de hususy ykdysady kategoriýalaryň ulanylyş görnüşlerini usulyýet taýdan dogry we dürs gurnamak üçin ýeterlikli şertleri döredýär. Ykdysady kategoriýalar öwrenilende ulanylýan induksiýa usuly, "maliýe" ykdysady kategoriýasyna degişli hususy ykdysady kategoriýalaryň täze mazmunyna akyl ýetirmäge mümkinçilik berýär. Bu prosesleriň ählisi gymmadyň pul görnüşiniň paýlanylşyny we gaýtadan paýlanylşyny öwrenýän ykdysady ylymlaryň ölçeglerine we düzgünlerine tabyn bolýarlar.

"Maliýe" ählumumy ykdysady kategoriýanyň çäginde, "salgyt salmak" ykdysady kategoriýanyň kömegi arkaly ykdysady gatnaşyklaryň düzümini kesgitlemek maksada laýykdyr. "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalary-bu maliýe häsiýetli ykdysady kategoriýalardyr. Şol sebäpli, özara biri-biri bilen bagly maliýe, şeýle-de gymmadyň paýlanylyşynyň dürli proseslerini şertlendirýän gaýry ykdysady kategoriýalaryň ähli jemini yzygiderli gözden geçirmek örän zerurdyr. Üznüksiz önümçilik prosesini amala aşyrmak üçin, jemgyýetiň umumy gird-

ejisi paýlananda ýüze çykýan maliýe gatnaşyklarynyň jeminiň bitewiligini düzýän paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş kategoriýalarynyň arabaglanyşygy 3-nji şekilde berlendir.

*3-nji şekil*

**Paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş ykdysady kategoriýalarynyň arabaglanyşygy**




3-nji şekiliň mazmunyndan ugur alynsa, onda pul görnüşinde gymmat paýlananda ýüze çykýan ählumumy

ykdysady kategoriýa hökmünde hereket edýän "maliýe" hususy ykdysady kategoriýalara, has takygy merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik maliýa ýa-da döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň, hususy kärhanalaryň maliýesine hem-de dürli guramaçylyk-hukuk görnüşindäki kärhanalaryň maliýesine, şeýle-de ykdysadyýetiň pudaklarynyň maliýesine bölünýär. Bu arabaglanyşyk hojalygy ýöredýän birliklerden salgytlaryň ýygnalmagy we durmuş-ykdysady meýilnamalary býujetden maliýeleşdirilmegi bilen şertlendirilýär. Salgytlar bolsa, býujetiň girdejiler böleginiň emele gelmegine gatnaşýarlar we döwlet çykdajylaryny maliýe serişdeleri bilen üpjün edýärler.

Umuman aýdanyňda, ählumumy ykdysady kategoriýa hökmünde maliýe ulgamlaýyn nukdaýnazardan, başgaça onuň gurluşynyň we hereket edişiniň aýrylmaz bitewüligi, onuň ähli düzüm bölekleriniň daşky gurşaw bilen aýrylmaz bilelikde hereket edýän gurluş görnüşde öwrenilmelidir. Paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş ykdysady kategoriýalarynyň arasyndaky arabaglanyşyk 3-nji şekilde eriş-argaç bolup geçýär. Diýmek, bu arabaglanşyklaryň ählisi önümçilik we alyş-çalyş prosesleri, has takygy, olaryň şertleri we gaýtadan başlanmagy bilen şertlendirilýär.

Täze döredilen gymmat, ilkinji nobatda, üznüksiz önümçiligiň üznüksizligini üpjün etmek üçin paýlanylýar, "maliýe" ählumumy ykdysady kategoriýa bolsa, gymmadyň paýlanylmagynda takyklaýjy orun tutýar. Nyrh we gaýry ykdysady kategoriýalar bilen bilelikde, "maliýe" ykdysady kategoriýasy gymmadyň ilkinji paýlaýyş gatnaşyklarynyň diňe bir bölegini, başgaça aýdanyňda, harytlary, işleri we hyzmatlary gös-göni öndürýän öndürijileriň derejesinde bolup geçýän paýlanyş proseslerini aňladýar. Gymmadyň paýlanylyş ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň pul görnüşinde tutýan ornuny anyklamak maksady bilen, pul serişdeleriniň hakyky hereket edip başlaýan başlangyç nokadyny kesgitlemek maksada laýykdyr. Ol nagt we nagt

däl görnüşinde amala aşyrylýan hasaplaşyk-pul amallary däl-de, üznüksiz önümçiligiň kanunlary bilen şertlendirilen pul serişdeler bilen geçirilýän hereketleri aňladýar.

Öwezini doluş, toplaýyş we sarp ediş gaznalarynyň arasyndaky deňölçeglikler hereket edýän nyrhlar bilen kesgitlenilýär. Haryt-çalşyk we pul serişdeleriniň dolanşygynyň tamamlanylmagy bilen, maliýe gatnaşyklary ýüze çykýar. Nyrhlar haryt-pul gatnaşyklaryna degişli kategoriýadyr. Maliýe düşünjesiniň etimologiýasynyň (dilleri öwrenmegiň bölümi) manysy-bu haýsy bolsa-da bir işiň tamamlanylmagydyr. Maliýe hakyndaky häzirki zaman düşünje-bu geleşikleriň tamamlanmagy, bergileri üzmek boýunça borçnamalaryň möhletleriniň ýetmegi, başgaça, girdejileriň (harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň bahasynyň jemi) alynýan we onuň paýlanylýan pursatydyr. Bu paýlaşykda emele gelýän maliýe gatnaşyklary 3-nji şekilde beýan edilýär. Maliýe gatnaşyklarynyň bu çygry merkezleşdirilmedik maliýe, has takygy, hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýesi diýlip atlandyrylyp bilner. Onuň esasynda ýa-da onuň jümmüşinden gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklary, şol sanda salgyt hukuk gatnaşyklary ýüze çykýar. Bu ikinji derejeli gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň çygrydyr.

### 3.3.16. Merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde emele gelýän maliýe gatnaşyklar ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň tutýan orny

Pul görnüşinde paýlanylýan gymmat gaýtadan paýlananda, diňe salgyt gatnaşyklary emele gelmeýärler. Gymmadyň gaýtadan paýlanylyşyna karz, ätiýaçlandyryş we gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarlarynyň bir bölegi gatnaşýar. Merkezleşdirilen (umumydöwlet) maliýe gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň bir bölegi bolup durýar we umumydöwlet maliýe serişdelerini harçlamakda ýüze çykýar. Salgyt gatnaşyklary özbolușly ulgama birleşýärler. Bu gatnaşyklaryň ähli toplumy bazar ykdysadyýetiniň

kanunlaryna tabyn bolýarlar. Bazar ykdysadyýetiniň kanunlarynyň milli ykdysadyýete ornaşdyrylmagy, jemgyýetiň jemi girdejisiniň paýlanylyşynyň ylmy taýdan esaslandyrylan deňölçegliklerini we salgyt gatnaşyklarynyň çäklerini takyklamaga mümkinçilik berýär.

**Mysal.** Täze gymmat döredilende we ulanylanda ykdysady kanunlar jemgyýetiň ösüşiniň düýpli ugurlaryny şertlendirýär. Bu bolsa ykdysady kanunlaryň döwre baplygyny takyklaýar. Salgyt salmak ulgamy paýlaýyş gatnaşyklarynyň kanuna laýyklygyndan, jemgyýetçilik baýlygyny döretmäge olaryň ýetirýän täsiriniň öwrenilmeginden ugur alnyp gurulýar. Bazar ykdysadyýetiniň haýsy ykdysady kanunlarynyň kadalary salgyt salmak ulgamynyň esaslaryny kesgitleýär?

**Çözülişi.** Bazar gatnaşyklar ulgamy öndürilýän harytlaryň we edilýän hyzmatlaryň hilini gowulandyrmak, düzümini kämilleşdirmek we göwrümini köpeltmek ýoly bilen telekeçiligi ösdürmek we onuň netijelegini ýokarlandyrmak üçin şertleri üpjün edýän hojalygyň alnyp barylyşynyň köpgranly nusgasydyr. Salgyt salmak ulgamynyň esaslaryny bazar ykdysadyýetiniň şu düzgünleri kesgitleýärler:

- hödür we isleg kanunynyň deňagramlygy;
- eýeçiligiň köpdürliligi;
- hojalygy ýöredýän edara görnüşli we şahsy taraplaryň erkinligi we bäsleşigi;
- umumy ykdysady giňişligiň çäginde maliýe serişdeleriniň we işçi güýjiniň erkin hereket etmegi;
- her bir tarapyň işewür tarapyny saýlap seçmekdäki erkinligi we başgalar.

Dürli salgyt görnüşleriniň ulanylyşynyň esasy ugurlaryny tejribede gözden geçirmek üçin, paýlaýyş prosesleriniň we olar bilen bagly bolup durýan meseleleriň hakykada laýyk gelýändigine akyl ýetirmegiň uly ähmiýeti bar. Beýleki ykdysady kategoriýalar ýaly, salgyt gatnaşyklary döw-

let maliýesini, kärhanalaryň, ykdysadyýetiň pudaklarynyň maliýesini mukdar we hil taýdan kesgitleýärler. Diýmek, maliýe gatnaşyklarynyň ähli jemini kiçi ulgamlara bölmeklik, hem nazaryýet üçin hem-de tejribe işi üçin onuň derwaýyslygyny aýan edýär. Degerli ykdysady gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagy bilen, kiçi ulgamlaryň ählisi olaryň çäginde ýüze çykýan özboluşly prosesleri we hadysalary aňlatmak üçin niýetlenendir, başgaça olaryň her biriniň öz jemgyýetçilik niýetlenmesi bar. Bu bolsa amal edilýän tejribe işiniň wajyp hukuk binýadydyr. Maliýe gatnaşyklarynyň her bir kiçi ulgamynda öz dolandyryş mehanizmi emele gelýär, onuň maksatlary we ýerine ýetirjek wezipeleri kesgitlenilýär. Merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde emele gelýän maliýe gatnaşyklar ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň tutýan orny 4-nji şekilde görkezilendir.

Maliýe gatnaşyklarynyň ähli kiçi ulgamlarynyň arasynda bolup geçýän arabaglanyşyklarda dürli ykdysady bähbitler çaknyşýar. Her bir kiçi ulgamynda maliýe gatnaşyklarynyň ykdysady taýdan esaslandyrylan çäkleriniň we hususyýetçileriň dürs emläk hukuklarynyň kesgitlenilmegi, gapma-garşylyklaryň ýitilişmegini pese düşürmäge we ony oýlanşykly dolandyrmaga mümkinçilik berýär. Döwlet maliýe ulgamynda salgytlaryň tutýan orny adaty kesgitlenilen hem bolsa, salgytlar maliýe gatnaşyklar ulgamynda hem döwlet maliýesine, hem-de hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýesine degişlilikde deňagramlygyny saklaýar. Şonuň bilen birlikde, bazar gatnaşyklarynyň ösmegi we ykdysadyýetde hususy eýeçiligiň agramynyň artmagy bilen, salgytlar üznüksiz önümçiligiň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Diýmek, maliýe gatnaşyklary-bu maksatly ugurlarda ulanylýan merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik pul gaznalary döretmek hem-de ulanmak ýoly bilen jemi öndürilen önüm paýlananda we gaýtadan paýlananda emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryň jemidir. "Maliýe" ähliumumy ykdysady kategoriýasy, esasan, pul görnüşinde kesgitlenilen

gymmadyň aýry bölekleriniň gazna zerurlygy bilen bagly gaýtadan paýlaýyş prosesiniň ähli çygryny şertlendirýär. Bu ýerde biz paýlaýyş gatnaşyklarynyň umumy kanunlaryna maliýanyň gabat gelýändigine, has takygy, onuň zerurlygyna, şeýle-de maliýe-hojalyk işiniň gidişinde öndürilmedik zatlary paýlap bolmaýandygyna akyl ýetirýäris. Gymmadyň paýlanylýan bölekleriniň gazna görnetinligi (takyklygy)-bu"maliýe" ykdysady kategoriýanyň abstrakt (howaýy) alamatdyr."Maliýe" ykdysady kategoriýanyň bu tapawutlandyryjy alamaty, oňa"nyrh" we"pul" ykdysady kategoriýalaryndan arany açmaga mümkinçilik berýär.

### 3.4.17. Gymmat pul görnüşinde paýlananda, salgyt gatnaşyklaryndan gaýry emele gelýän maliýe gatnaşyklary

"Maliýe" ählumumy ykdysady kategoriýanyň kesgitlemesi, özüniň düýpli alamatlaryny (paýlaýyş häsiýetini we gazna takyklygyny) tabyn bolup durýan gaýtadan paýlaýyş hususy ykdysady kategoriýalary özüne degişli etmäge mümkinçilik berýär. Hususy ykdysady kategoriýalaryň ählisi hakykydyr, ýöne olar-özboluşlydyr, sebäbi gymmadyň bölekleri ilkinji tertipde paýlananda, olar gaýtadan paýlaýşyň has çäkli çygyrlaryny şertlendirýärler.

Harytlar bilen geçirilýän alyş-çalyş amallary we bazar gatnaşyklarynyň kanunlary häzirki zaman jemgyýetiň durmuşa ukyplylygynyň müşgülligini düzýär. Harytlar bilen geçirilýän amallaryň we bazar ykdysadyýetiniň kanunlarynyň esasynda,"maliýe" ykdysady kategoriýa arkaly täze döredilen gymmady paýlamak boýunça köp sanly gatnaşyklar ýüze çykýar. Gaýtadan paýlaýyşa döwlet hem gatnaşýar. Bu bolsa gymmadyň paýlanylan bölekleriniň ikinji, üçünji we ondan hem köp gezek gaýtadan paýlanylmagyny şertlendirýär. Bu paýlaşyga"maliýe" diýlip atlandyrylýan ilkinji paýlaýyş ählumumy ykdysady kategoriýasyna degişli hususy ykdysady kategoriýalar hem

goşulýarlar. Şeýlelik-de, biri-birine tabyn bolup durýan maliýe gatnaşyklar toplumy döreýär.

*4-nji şekil*

**Merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde emele gelýän maliýe gatnaşyklar ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň tutýan orny**




"Dolanşyk serişdeleri","ulanylyş tölegleri","iş haky" we"peýda" ykdysady kategoriýalary aýry üznüksiz önümçi-

lik proseslerini şertlendirýän birinji derejeli ykdysady kategoriýalardyr. Amal edilýän ykdysady işleriň çäginde olar maliýe görnüşini kabul edýärler. Ykdysady nazaryýet bu ykdysady kategoriýalary "maliýe" ähliumumy ykdysady kategoriýasyna degişli edýär. Paýlaýyş prosesinde maksatly ugrukdyrma we pul görnüşinde gazna niýetlenmesini kabul edýän gymmadyň her bir bölegi maliýe serişdeleriniň jemlenen düzüm bölegidir.

Eger gürrüň ýeke-täk kärhana-döwlet hakynda gidýän bolsa, onda şonuň ýaly paýlaýyş ýeterlik bolardy. Başga söz bilen aýdanyňda, eger-de döwleti ähli islegleri kanagatlandyrýan kärhana görnüşinde kabul etsek, onda ilkinji paýlaýyş prosesi ýeterlikli bolardy we paýlanylan maliýe serişdelerini gaýtadan paýlamakda zerurlyk bolmazdy. Bu ýagdaýda, gymmadyň ilkinji paýlaýyş prosesini şertlendirýän"maliýe" diýilýän ýeke-täk ykdysady kategoriýa ýeterlikli bolardy. Iş ýüzünde alyş-çalyş amallaryny şertlendirýän nyrhlaryň zerurlygy hem aradan aýrylardy."Pul" ykdysady kategoriýasyna hem zerurlyk bolmazdy, sebäbi paýlaýyş prosesini islendik häsiýetli hasaplaşyk birliginde amala aşyryp bolardy. Ýöne bu aýdylan zatlar nazaryýet taýdan gury hyýaldyr.

Maliýe gatnaşyklarynyň maksatly ugrukdyrmasy,"maliýe" we"karz" diýlip atlandyrylýan, biri-birinden birneme çetleşýän iki kategoriýanyň bölünmegine getirýär."Karz" töleglilik, gaýtaryp bermeklik, möhletlilik we maddy üpjünçilik (girew bilen) ýörelgeleriniň esasynda hereket edýän özbaşdak ykdysady kategoriýadyr. Karz serişdeleri gymmadyň paýlanylan bölekleriniň binýadynda emele gelýärler. Hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýesi diňe daşyndan çekilýän karz serişdeleriniň hasabyna däl-de, eýsem olaryň öz serişdeleriniň (ulanylyş tölegleri, peýda we maliýeleşdirmegiň gaýry çeşmeleri) hasabyna üznüksiz önümçiligiň deňölçegliklerini maliýe serişdeleri bilen üpjün edýän maliýe gatnaşyklarynyň jemidir. Mal-

iýe gatnaşyklarynyň bu topary paýdarlar jemgyýetleriniň, hususy we döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň hem-de gaýry guramaçylyk-hukuk görnüşli kärhanalaryň maliýesini düzýärler. Banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň maliýesi hem merkezleşdirilmedik maliýa degişlidirler.

Maliýe gatnaşyklary köpdürliligi bilen tapawutlanýarlar. Maliýe-hojalyk amallary amala aşyrlanda olar dürli görnüşleri kabul edip bilýärler, ýöne maliýe gatnaşyklarynyň görnüşleriniň üýtgemegi, olaryň ilkibaşdaky mazmunyna täsir etmeýär. Maliýe gatnaşyklarynyň hemmesi gymmat pul görnüşinde paýlananda we gaýtadan paýlananda ýüze çykýarlar, olaryň ählisiniň gazna häsiýeti bar. Ondan başga-da maliýe gatnaşyklarynyň görnüşleriniň üýtgemegi köp halatda döwletiň geçirýän ykdysady we maliýe syýasaty bilen takyklanýar. Bu bolsa binýat gatnaşyklaryny däl-de, nadstroýkanyň mazmunyny şertlendirýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde, maliýe gatnaşyklarynyň düzümine maliýe we gaýry pul serişdeleri harçlananda eýeçilik we emläk hukuklary bilen üpjün edilen iki ulgam goşulýar. Umumydöwlet derejesinde maliýe serişdeleri durmuş isleglerini üpjün etmek, ykdysadyýetiň pudaklaryny maliýeleşdirmek, umumymilli kommunikasiýalary gurmak, milli goranyşy we jemgyýete zerur bolup duran gaýry köp sanly islegleri maliýeleşdirmek üçin ulanylýar. Maliýe gatnaşyklarynyň bu jemi merkezleşdirilen maliýany aňladýar, býujet bolsa bärde aýgytlaýjy orun tutýar. Harytlary, işleri we hyzmatlary öndürijileriň derejesinde emele gelýän maliýe gatnaşyklarynyň jemi merkezleşdirilmedik maliýe ýa-da hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýesi diýlip atlandyrylýar. Bazar hojalygy şertlerinde maliýe gatnaşyklaryny bu çäkde saklamak mümkinmi? Oňa ýeketäk jogap bar: ýok. Bu ýerde ilkinji nobatda salgyt salmak ulgamynyň tutýan orny babatynda mesele ýüze çykýar.

Döwlet ýa-da merkezleşdirilen maliýe birnäçe kiçi ulgamlara bölünip aýrylýar, olary bolsa"maliýe" ählu-

mumy ykdysady kategoriýasyna mahsus bolan alamatlar birleşdirýär. Kiçi ulgamlaryň her biri öz wezipelerini ýerine ýetirýärler, olaryň öz maksatlary we bu maksatlara ýetmek üçin öz usullary bar, başgaça jemgyýetçilik zerurlygyny üpjün etmek üçin olar özleriniň özboluşlyklaryna eýe bolýarlar. Döwlet gaznalarynyň we toplumlarynyň, "Türkmendöwletätiýaçlandyryş" döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň, döwlet-täjirçilik banklarynyň özboluşly adatdan daşary çözýän meseleleri we maliýe serişdelerini dolandyrýan mehanizmi bar. Diýmek, döwlet maliýesiniň çygrynyň her bir kiçi ulgamynyň çäkleriniň dürs kesgitlenilmegi, olaryň hereket ediş mehanizmini, dolandyryş ulgamyny usulyýet taýdan aňly-düşünjeli gurnamaga hem-de esaslandyrylan ykdysady syýasatyny geçirmäge mümkinçilik berýär.

Döwlet maliýesiniň ulgamyna adaty býujet, döwlet ätiýaçlandyrmasy, salgytlar, salgyt däl girdejileri (döwlet emlägini ýerleşdirmekden alynýan girdejiler, paçlar), zaýmlar we başgalar goşulýar. Bazar hojalygy şertlerinde maliýe gatnaşyklarynyň her bir kategoriýasynyň emläk hukuklary, maksatlary we ýerine ýetirýän wezipeleri babatyndaky gatnaşyklarynda belli bir derejede özgertmeler bolup geçýär. Bazar şertlerinde salgyt salmak ulgamyndaky gözükdirmeler (ugrukdyrmalar) hem üýtgeýär. Şol sebäpli, ilkinji nobatda, maliýe gatnaşyklarynyň umumy jeminde salgyt salmak ulgamynyň ornuny kesgitlemek örän möhümdir.

### 3.5.18."Salgyt salmak" we"býujet" diýilýän ykdysady kategoriýalaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklary kesgitlemegiň zerurlygy

Salgytlary döwlet maliýesiniň düzüm bölegi diýip nygtamak, jemgyýetiň durmuşynda salgyt salmak ulgamynyň mazmunyna we tutýan ornuna bolan birtaraplaýyn çemeleşmedir. Bu aýdylanlar salgytlaryň diňe fiskal

mazmuny hakynda şaýatlyk edýär. Paýlaýyş ykdysady kategoriýasy hökmünde, salgytlar ilki nobatda jemgyýetiň jemi girdejesiniň ösýän ýa-da pese düşýän şertlerine baglydyr we olary diňe býujet serişdeleriniň ulanylmagy bilen bagly edip bolmaýar. Şol sebäpli,"salgyt salmak" we"býujet" diýilýän ykdysady kategoriýalaryň arasyndaky gatnaşyklary takyklamak möhümdir. Ykdysady kategoriýa hökmünde, salgytlar diňe býujet gatnaşyklar ulgamynda hereket edýär diýip hasaplamak hakykada laýykmy we býujete özbaşdak ykdysady kategoriýa hökmünde garamak mümkinmi?

Býujetiň ýagdaýyny salgytlar we döwlet karzy (bärde karz alyjy bolup döwletiň özi, karz beriji bolup hojalygy ýöredýän birlikler we raýatlar çykyş edýärler) kesgitleýärler, hut şolar üznüksiz önümçiliginiň degişli derejesi (substaniýasy) bolup durýarlar we býujetde jemlenýän döwlet girdejileriniň göwrümi hut şolara baglydyr. Türkmenistanyň býujeti çykdajylaryň girdejilerden artmagy (defisit) bilen düzülýär we ýerine ýetirilýär, ýöne Türkmenistan döwletiň ykdysadyýetiniň durnukly we ýokary depginler bilen ösmegi sebäpli, býujetiň girdejiler çeşmesi hökmünde döwlet karzynyň (zaýymlaryň) girizilmegi maksada laýyk däl we artykmaç diýlip hasap edilýär.

Býujet-bu döwlet gaznasyna pul serişdeleriniň geçirilişine gözegçilik geçirmäge we býujet serişdelerini ulanmaga mümkinçilik berýän döwletiň hasap meýilnamasydyr diýip nygtamak bolýar, onuň serişdeleri býujetiň çykdajylar sanawyna laýyklykda ulanylýar. Şonuň ýaly býujet meýilnamalary her bir hojalygy ýöredýän birliklerde, býujetden daşarky gaznalarda, ätiýaçlandyryş guramalarynda we banklarda bar. Hojalyk hasabyny alyp barýan ykdysady kategoriýa hökmünde, býujet ykdysady durmuşyň astynda däl-de, diňe onuň üstünde hereket edýär, onda çuňňur manymazmun ýa-da üznüksiz önümçiligiň kanunlary esasynda bellenilen hakyky ykdysady kuwwatlyk jemlenmeýär. Gaýtadan paýlaýyş prosesiniň ykdysady kategoriýasy bo-

lup durýan salgytlar býujeti bu many-mazmun bilen üpjün edýärler, sebäbi salgytlar üznüksiz önümçiligiň kanunlary bilen şertlendirilýär, ýagny salgyt girimleriň möçberi önümçilikde we dolanşykda emele gelýän jemgyýetiň jemi girdejisiniň mukdar we hil ölçeglerine bagly bolup durýarlar. Üznüksiz önümçilige býujetiň gytaklaýyn gatnaşygy bar we şol sebäpli ony ykdysady kategoriýa diýip kesgitläp bolmaýar. Býujet-bu maliýe hojalygynyň hasabynyň alnyp barylmagydyr we umumydöwlet serişdeleriniň oýlanşykly harçlanylyşyna gözegçiligiň üpjün edilmegidir.

Maliýeden we salgytlardan tapawutlylykda,"býujet" diýilýän düşünje üznüksiz önümçiligiň kanunlaryndan gelip çykýan zerurlyk bilen şertlendirilmeýär. Býujet jemgyýetçilik isleglериniň kanagatlandyrylyşynyň dolulygyny şertlendirmeýär. Býujet meýilnamasynda hasaba alynýan umumymilli maliýe serişdeleriniň bu deňölçegliklerini önümçilikden gelip çykýan salgytlar we girdejileriň gaýry çeşmeleri üpjün edýärler. Diýmek, býujet bilen bagly ähli çözülmedik meseleler býujetiň girdejiler çeşmeleriniň çözülmedik meseleleri, başgaça salgyt we karz gatnaşyklarynyň ýagdaýy bilen şertlendirilýär, olar bolsa önümçilige we alyş-çalşa bagly bolup durýarlar, bu bolsa olaryň hakyky ykdysady mazmunynyň bardygyna şaýatlyk edýär.

Býujet hasap kategoriýasy- bu hut nadstroýkanyň kategoriýasyrdyr. Ol öz-özünden howaýydyr. Bu bolsa iki şert bilen şertlendirilýär. Birinjiden, salgyt we salgyt däl tölegleriň býujete tölenmän galan bölegi önümçiligiň we haryt dolanyşygynyň derejesiniň pese düşmegi bilen bagly bolup durýar. Bu bolsa üznüksiz önümçilik bilen salgyt salmak ulgamynyň arasyndaky arabaglanyşyklara çuňňur seljermäniň geçirilmegini talap edýär. Ikinjiden, hukuk meýdançasynyň çäginde býujet-salgyt gatnaşyklaryny bitewi ulgam toplumy hökmünde tertipleşdirmek zerurlygy ýüze çykýar. Bu bolsa, bir tarapdan, salgytlaryň diňe aýry-aýry görnüşleriniň arasyndaky deňölçeglikleri bilen däl-de, eýsem ähli salgyt we salgyt däl girdejileriň arasyndaky

deňölçeglikleri, başga tarapdan bolsa, döwlet býujetiniň çykdajylary bilen üpjün edilmelidir. Önümçilik bilen salgyt salmak ulgamynyň arasyndaky arabaglanyşygy kesgitlemek boýunça usulyýet meseleleri çözülmese, kämil salgyt ulgamyny gurmak mümkin däl.

### 3.6.19. Salgytlaryň başga ykdysady kategoriýalar bilen arabaglanyşygyndan alynýan ahyrky netijeler

Salgytlar deň derejede merkezleşdirilen maliýe ulgamyna hem-de hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýe ulgamyna degişlidir. Salgyt salmak ulgamy merkezleşdirilen maliýe bilen hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýesiniň arasynda baglaşdyryjy gural bolup hyzmat edýär. Döwletiň maliýe ulgamynyň ähli düzüm bölekleriniň arabaglaşyklarynyň gurluşyna bolan adaty garaýyşlardan çetleşme, hojalyk-hukuk gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagy, bazar gymmatlyklaryna täze ugur alynmagy bilen şertlendirilýär. Eýeçilik hukugynyň aýdyňlaşdyrylmagy, önüm öndürýän hususy öndürijileriň sanynyň artmagy gymmadyň paýlanylyşyny çylşyrymlaşdyrýar. Bazar şertlerinde döwlet tarapyndan ykdysadyýetde geçirilýän kadalaşdyrma bolsa, ykdysady amatlyklary göz öňünde tutmak bilen takyklanýar. Diýmek, ýokarda aýdylanlardan şu netijeleri çykarmak bolýar.

**Birinji netije.** Salgytlar ykdysadyýeti dolandyrmak üçin gurlan dolandyrylyşyň düzüm bölegi bolup durmaýar. Sebäbi salgyt gatnaşyklar ulgamynyň ykdysady mazmunyny (tebigatyny) ilkinji nobatda ykdysady binýat (bazis) şertlendirýär. Döwletiň kanun çykaryjy guramalary salgyt ulgamynyň hereket etmegi üçin diňe ýeterlikli şertleri döredýär.

**Ikinji netije.** Döwletiň, hojalygy ýöredýän birlikleriň we raýatlaryň islegleriniň ählisini kanagatlandyrmak üçin, olarda bar bolan girdejileriň ýeterlik bolmagyndan ugur alnanda, diňe şonda kämil salgyt ulgamyny gurmak mümkindir. Bu şertler takyklaýjy bolmalydyr, sebäbi salgyt ka-

nunçylygynda tassyklanylan salgyt görnüşleri (salgytlaryň görnüşleri we olaryň ýygnalyşynyň şertleri)"salgyt" we"salgyt salmak" diýen ykdysady kategoriýalaryň düýp mazmunynyň hakyky utgaşdyryjysy bolmalydyr. Şonuň ýaly tertipde tejribe-amaly işde ulanylýan salgyt kategoriýalary üznüksiz önümçiligiň deňölçegliklerini dolandyrmagyň netijeli usullarynyň biri bolmaga ukyplydyrlar.

**Üçünji netije.** Ýurduň ykdysady we durmuş ösüşiniň dürli döwürlerinde döwlet tarapyndan ulanylýan salgyt görnüşlerini takyklamak we olara seljerme geçirmek zerurdyr. Salgyt mehanizmi we anyk salgyt görnüşleri syýasy we ykdysady ösüşiň belli bir derejesine ýeten döwletiň geçirýän ykdysady syýasatynyň özboluşly netijesi bolup durýar.

**Dördünji netije.** Salgyt salmak ulgamy gurnalanda başlangyç dereje diýlip gymmadyň anyk girdejiler görnüşini (onuň düzüm bölekleri) kabul edmekden ybaratdyr. Ösüşiň anyk döwründe we anyk ykdysady şertlerinde gymmat paýlananda emele gelýän girdejileriň has netijeli gaýtadan paýlanylmagyny üpjün edýän salgyt görnüşleri ulanylmalydyr.

Salgyt tejribesi kanun esasynda kabul edilen salgyt görnüşlerini tassyklaýar ýa-da ret edýär. Salgyt gatnaşyklarynyň täze görnüşleriniň işlenip düzülmegi, hereket edýän salgyt mehanizminiň oňaýlylygynyň (pozitiw) ýa-da oňaýsyzlylygynyň (negatiw) takyklanylmagy we şonuň esasynda has kämil salgyt konsepsiýasynyň (Baş ugry) işlenip taýýarlanylmagy, salgyt salmagyň esasy wezipesi bolup durýar. Salgyt hakyndaky ylmyň düzgünlerine esaslanýan salgyt tejribesi"salgyt" we"salgyt salmak" ykdysady kategoriýalar hakyndaky ylmyň düzgünleriniň çuňňurlygynyň we esaslandyrylyşynyň indikatory (gözegçilik guraly) bolup hyzmat edýär. Salgyt gatnaşyklaryny hukuk esaslary bilen üpjün edilmegi, salgyt konsepsiýasynyň işlenip taýýarlanylmagyny aňladýar, onuň esasynda bolsa

uzak möhlete niýetlenilen salgyt salmak hakyndaky kanun kabul edilýär.

### "Salgytlaryň beýleki ykdysady kategoriýalar bilen arabaglanyşygy we olaryň maliýe gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny" atly tema boýunça öz-özüňi barlamak boýunça soraglar

1. "Maliýe" ähliumumy ykdysady kategoriýa degişlilikde, salgytlar haýsy kategoriýa bolup hereket edýärler?

2. Ykdysady giňişlikde paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklary salgyt gatnaşyklarynyň bir bölegimi ýa-da, tersine, salgyt gatnaşyklary paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklarynyň bir bölegi?

3. Salgytlaryň düýp mazmunyny we ykdysady zerurlygyny öwrenmek üçin, onuň usulyýet binýady bolup näme hyzmat edýär?

4. "Maliýe" ykdysady kategoriýa haýsy wakalaryň we prosesleriň esaslaryny aňladýar?"Maliýe" ykdysady kategoriýa howaýymy ýa-da hakyky we durmuşda haýsy görnüşde ulanylýar?

5. "Maliýe" ykdysady kategoriýanyň alamatlaryny sanap geçiň we düşündiriň.

6. "Maliýe" ykdysady kategoriýanyň alamatlary gapma-garşylyklaryň birligimi?

7. "Maliýe" ykdysady kategoriýasy öwrenilende ulanylýan deduksiýa we induksiýa usullaryny häsiýetlendiriň.

8. Täze döredilen gymmat ilki nobatda haýsy maksatlar üçin paýlanylýar?

9. Pul serişdeler bilen geçirilýän hereketler haýsy kanunlar bilen şertlendirilýär?

10. Öwezini doluş, toplaýyş we sarp ediş gaznalarynyň arasyndaky deňölçeglikler nämäniň esasynda kesgitlenilýär?

11. Maliýe gatnaşyklary haçan ýüze çykýar?

12. Nyrhlar ykdysady kategoriýasy haysy gatnaşyklara degişli?

13. Maliýe hakyndaky häzirki zaman düşünje nämeden ybarat?

14. Gymmat pul görnüşinde paýlananda emele gelýän gatnaşyklary sanap geçiň.

15. Salgyt gatnaşyklary maliýe ulgamynyň haýsy çäklerini kesgitleýärler?

16. Maliýanyň tapawutlandyryjy alamaty diýlip haýsy alamat hasaplanýar?

17. Gaýtadan paýlaýyş gatnaşyklaryna döwletiň özi gatnaşýarmy?

18. "Karz" diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýa haýsy ýörelgelere esaslanýar?

19. Karz serişdeleri gymmadyň haýsy bölekleriniň binýadynyň esasynda emele gelýärler?

20. Banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň maliýesi maliýanyň haýsy bölegine degişli?

21. Döwlet maliýesiniň ulgamyna haýsy çygyrlar goşulýar?

22. Döwlet býujetini hasap meýilnamasy diýip hasap edip bolýarmy?

23. Býüjetiň üznüksiz önümçilige nähili gatnaşygy bar, gönimi ýa-da gytaklaýyn?

24. "Býujet" ykdysady kategoriýasynda üznüksiz önümçiligiň kanunlary esasynda kesgitlenilen hakyky ykdysady kuwwatlylyk jemlenýärmi?

25. Býujetiň girdejiler çeşmeleriniň çözülmedik meseleleri haýsy gatnaşyklaryň ýagdaýlary bilen şertlendirilýär?

26. Netijeli salgyt ulgamyny gurnamak üçin haýsy şertleri üpjün etmeli?

# IV BAP. SALGYTLARYŇ ÝERINE ÝETIRÝÄN WEZIPELERI WE OLARYŇ KÖMEGI BILEN ÝETILÝÄN AHYRKY NETIJELER

## 4.1.20. Salgyt salmagyň üsti bilen "salgyt" ykdysady kategoriýasynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň nazaryýet taýdan esaslandyrylmagy

Salgytlaryň hereket etmegi, jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak zerurlygy bilen şertlendirilýär. Salgytlaryň bu ukyby onuň ýerine ýetirýän ýygnaýjy (fiskal) wezipesi bilen takyklanýar. Salgytlaryň fiskal (ýygnaýjy) wezipesi salgyt töleýjileriň serişdelerini býujete ýygnamakdyr. Salgytlaryň ýerine ýetirýän bu wezipesi-salgyt salmagyň esasy wezipesidir. Hut fiskal wezipäniň üsti bilen, salgytlar umumydöwlet we maksatly döwlet meýilnamalaryny amal etmek üçin döwlet býujetiniň girdejiler bölegini emele getirmekde öz zerurlygyny üpjün edýärler.

Salgytlaryň ýygnaýjy (fiskal) wezipesi salgytlaryň düýp manysyny we olaryň zerurlygyny aýan etmek üçin uzak wagtlap ýeterlikli diýlip hasap edilýärdi. Salgyt salmak döwlet tarapyndan amala aşyrylýar we bu proses salgytlaryň görnüşlerine bagly bolup durýar. Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi, erkin haryt dolanyşygynda hojalygy ýöredýän birlikleriň ykdysady özbaşdaklyklaryny almaklary bilen, üznüksiz önümçilik prosesini höweslendirmek ýa-da togtatmak, ilatyň töleg ukyplylygyna täsir etmek üçin islegler ýüze çykýar. Diýmek, jemgyýetde bolup geçýän paýlaýyş proseslerine döwlet tarapyndan geçirilýän kadalaşdyryş işleri, salgytlaryň iki wezipesini, ýagny fiskal

we kadalaşdyryş wezipelerini, olardan ugur alynýan bolsa, onda jemgyýetiň ykdysady durmuşynda salgyt salmagyň ornuny kesgitleýär.

Ykdysady edebiýatda salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipelerine, köp babatda, olaryň salgytlara bolan gatnaşygy görnüşinde seredilýär. Bu düşünje usulyýet taýdan nädogry, sebäbi ykdysady kategoriýa hökmünde salgytlar umumydöwlet maliýe serişdeler gaznasy döredilende, gaýtadan paýlanylýan gymmadyň dogry we dürs paýlanylyşyna göz ýetirmek üçin adamlaryň aňynyň işläp çykarýan nazaryýet netijeleridir. Ykdysady kategoriýa öz-özünden takyk wezipeleri ýerine ýetirmeýär. Ykdysady kategoriýanyň özenine ykdysady kuwwatlylyk, başgaça, jemgyýetçilik zerurlygy, has takygy, üznüksiz önümçilik gatnaşyklarynyň haýsam bolsa-da bir kategoriýasynyň jeminiň aňlatmasy ornaşdyrylan. Ykdysady we maliýe kategoriýasy hökmünde salgytlaryň nazaryýet taýdan mümkinçiliklerini salgyt salmak ulgamy amala aşyrýar, oňa bolsa takyk wezipeler mahsusdyr.

Kanun esasynda kabul edilen salgyt salmak ulgamy, salgyt töleýjileriň girdejileriniň gaýtadan paýlanylmagynyň guralydyr. Diýmek, hereket edýän salgyt salmak ulgamy salgytlara mahsus bolan wezipeleriň ulanylyşynyň netijeligi hakynda, başgaça, salgyt ulgamynyň tutýan orny hakynda habar berýär. Indi bolsa, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň, her ýylda kabul edilýän Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakyndaky kanunlarynyň we gaýry ölçeg-hukuk namalaryň esasynda 5-nji şekilde görkezilen salgytlaryň fiskal wezipesiniň üpjün edýän ugurlaryna seljerme geçireliň.

Salgyt salmagyň fiskal wezipesiniň üsti bilen ýetilýän ahyrky netijeler "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny we salgytlar babatynda gaýry ölçeg-hukuk namalary bilen berkidilen. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 174-nji maddasyna

laýyklykda, peýdadan alynýan salgydyň pul möçberi salgyt binýadyny salgyt möçberine köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Ondan başga, şol madda laýyklykda, salgyt töleýjiler peýdadan alynýan salgydy salgyt ýylynyň her aýynyň 13-ünde we 28-inde hakujy görnüşinde tölemäge borçludyrlar. Şeýle-de salgyt salmak ulgamynyň fiskal wezipesiniň üsti bilen döwlet býujetiniň girdejileriniň we çykdajylarynyň arasynda mümkin bolaýjak deňleme (balans) üpjün edilýär.

*5-nji şekil*

**Salgyt salmak ulgamynyň fiskal wezipesiniň üsti bilen üpjün edilýän esasy ugurlar**



"Türkmenistanyň 2010-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda Türkmenistanyň 2010-njy ýyl üçin Döwlet býujetiniň girdejiler bölegi 48280,7 mln. manat we çykdajylar bölegi 49780,7 mln. manat, şol sanda býujetiň girdejileriniň birinji derejesi boýunça 8129,5 mln. manat we çykdajylar boýunça 9629,5 mln. manat kesgitlenildi."Türkmenistanyň 2010-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakyndaky" Kanunyň 5-nji maddasynda 2010-njy ýylda welaýat býujetleriniň deňeçerligini üpjün etmek üçin, Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetinden Daşoguz welaýatyna 596,5 mln. manat pul serişdelerini bermeli diýlip kesgitlenilýär. Salgyt salmak ulgamynyň fiskal wezipesiniň üsti bilen býujet ulgamynyň düzümleri boýunça salgyt girimleriň jeminiň deň möçberde paýlanylmagy üpjün edilýär. Mysal üçin,"Türkmenistanyň 2010-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakyndaky" Kanunyň 4-nji maddasynda Daşoguz welaýatyna goşulan baha üçin salgytdan we peýdadan alynýan salgytdan 95% möçberinde umumydöwlet salgytlaryndan bölüp bermek göz öňünde tutulýar. Salgyt salmak ulgamynyň fiskal wezipesi raýatlaryň durmuş taýdan üpjün edilmegine we durmuş tölegleriniň derejesiniň sebitler boýunça deňleşdirilmegine hem ýardam edýär, şol sebäpli"Türkmenistanyň 2009-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakyndaky" Kanunyň 7-nji maddasynda zähmet haky, pensiýalar, hemaýat pullary we talyp haklary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň goralan maddalary diýlip tekrarlanýar.

Ýokarda aýdylanlar salgyt salmak ulgamynyň fiskal wezipesiniň üsti bilen döwletiň çäginde we her bir sebitde durmuş infrastrukturasynyň ýokary derejesini üpjün etmekde ýetilýän netijelere-de degişlidir. Galyberse-de, salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän fiskal wezipesiniň üsti bilen ýygnalýan maliýe serişdeleri ylmyň, bilimiň, medeniýetiň, saglygy goraýşyň we dolandyrylyşyň isleglerini kanagatlandyrmak üçin gönükdirilýär. Salgyt salmak ulgamynyň netijeliligi ilkibaşdan"salgyt" we"salgyt

salmak" atly ykdysady kategoriýalaryň mazmuny, olaryň çuňňur kysym häsiýetlerinden gelip çykýar. Bu häsiýetler bolsa ykdysady kategoriýanyň içki kuwwaty diýlip atlandyrylýar. Ykdysady kategoriýanyň kysym häsiýetleriniň bolmagy, bu häsiýetleriň bardygyny aňlatmaýandygyny biz bilýäris. Hojalygyň alnyp barlyşynyň tejribe ulgamynda ykdysady kategoriýanyň içki mümkinçilikleri"salgyt salmak" ykdysady kategoriýanyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň hereket ediş prosesinde ýüze çykýar. Ykdysady prosesleriň hakykatynda, biz"salgyt salmak" ykdysady kategoriýasyny kanunlarda öňünden göz öňünde tutulan maksatlara laýyklykda düşünjeli gurulan ykdysady (maliýe) gatnaşyklar ulgamy hökmünde kabul edýäris. Maksady takyklamak- bu salgyt salmak ulgamynyň hereket ediş mehanizminiň üstüni açmakdyr. Aýry-aýry döwletiň çäginde we anyk döwürde salgyt kanunlarynda kabul edilen salgyt salmak konsepsiýasynda"salgyt salmak" ykdysady kategoriýanyň içki kuwwatynyň amala aşyrylyşynyň dolulygy düýpli tapawutlanyp bilýär, ol ykdysadyýetiň ýagdaýyna we döwletiň geçirýän syýasatyna baglydyr.

### 4.2.21. Salgyt ulgamynyň wezipeleriniň gapma-garşylyk birliginiň şertlendirilişi

"Salgyt salmak" ykdysady kategoriýanyň ykdysady mazmunyndan (üznüksiz önümçiligi ykdysady taýdan höweslendirmek we şol bir pursatda jemgyýetçilik isleglериниň kanagatlandyrylmagyna ýardam bolmak) ugur alynsa, onda salgyt ulgamyna iki sany biri-birine çapraz gelýän wezipe, ýagny fiskal we kadalaşdyryş wezipeleri mahsusdyr. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň biri-birine gapma-garşylygy gymmadyň paýlanylyş ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň tutýan orny bilen şertlendirilýär. Salgyt salmak bolsa, öň belleýşimiz ýaly, ykdysadyýetiň hil we mukdar derejesine (hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýesi) hem-de umumydöwlet isleglerine (döwlet çykda-

jylary) bagly bolup durýar."Salgyt salmak" ykdysady kategoriýanyň ýokarda bellenilip geçilen wezipeleriniň gapma-garşylygyna we şol bir pursatda olaryň biri-biriniň üstüni ýetirýändigine anyk mysalda seredeliň.

**Mysal.** Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri gapma-garşylygyň birligidir. Salgytlar bilen bir wagtda ýüze çykan onuň fiskal wezipesi salgytlaryň kadalaşdyryş wezipesiniň hereket etmegini we kämilleşdirilmegini şertlendirýär. Salgytlaryň fiskal ähmiýetiniň artmagy, olaryň önümçilige has giň we çuňňur täsir etmegine şert döredýär. Şol bir pursatda, ykdysady ösüşiň depginleriniň çaltlandyrylmagyna gönükdirilen salgytlaryň kadalaşdyryş wezipesi, ilatyň takyk toparynyň girdejilerini ýokarlandyrýar we belli bir çäkde salgytlaryň fiskal wezipesi üçin salgyt binýadyny döredýär. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri biri-birine bagly, biri-birini şertlendirýär. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň birligi olaryň arasyndaky gapma-garşylygy aradan aýyrmaýar. Salgytlaryň her bir wezipesi salgyt gatnaşyklarynyň haýsam bolsa-da bir toparyny kesgitleýär, olar bolsa biri-birine gapma-garşylykly hereket edýärler. Salgytlaryň fiskal wezipesinde salgyt töleýjiniň döwlete bolan gatnaşygy, kadalaşdyryş wezipesinde bolsa döwletiň salgyt töleýjä bolan gatnaşygy kesgitlenilýär. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlaryň fiskal we kadalaşdyryş wezipeleriniň bitewligi we gapma-garşylygy nämeden ybarat?

**Çözülişi.** "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 172-nji maddasynda peýdadan alynýan salgydyň möçberi kesgitlenilýär:

- 8 göterim-edara görnüşli taraplar-Türkmenistana dahyllylar (esaslandyryş maýýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) üçin;
- 20 göterim-beýleki edara görnüşli taraplar üçin;

- girdeji salgydyň derejesi 2 göterim möçberde-hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin (öz işini Türkmenistanyň"Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga).

2004-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli hereket eden Türkmenistanyň öňki salgyt kanunçylygy banklary, Türkmenistanyň haryt-çig mal birjasyny, gaýry birja we broker edaralaryny hem-de kiçi kähanalary hasaba almasyz, kärhanalar üçin peýdadan alynýan salgydyň esasy möçberini 25 göterim derejede göz öňünde tutýardy. Türkmenistanyň täze salgyt kanunçylygy peýdadan alynýan salgydyň fiskal ähmiýetini uly derejede pese düşürdi. Peýdadan alynýan salgydyň möçberiniň pese düşürilmeginiň netijesinde kärhananyň peýdasynyň bu bölegi kärhananyň içerki hojalyk islegleriniň kanagatlandyrylmagyna, şol sanda önümçiligiň giňeldilmegine, ony tehniki taýdan abzallaşdyrylmagyna we täze tilsimatlaryň ornaşdyrylmagyna gönükdirilip bilinýär. Salgyt salmagyň kadalaşdyryş wezipesini güýçlendirip, döwlet, şol bir wagtda, onuň fiskal ähmiýetini pese düşürýär. Bu ýerde salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän iki wezipesiniň, ýagny fiskal we kadalaşdyryş wezipeleriniň gapma-garşylygy ýüze çykýar. Ýöne, salgyt salmagyň fiskal wezipesiniň hereket edişini daraldyp, döwlet geljekki döwürde bu salgyt boýunça salgyt binýady giňeltmek üçin ykdysady şertleri döredýär. Salgytlaryň ýerine ýetirýän fiskal we kadalaşdyryş wezipeleri biri-biriniň üstüni ýetirýärler. Diýmek, salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän iki wesipesiniň gapma-garşylygynyň bitewligi ýüze çykýar.

Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän fiskal wezipesi umumy milli islegleri kanagatlandyrýar. Kadalaşdyryş wezipäniň kömegi bilen salgyt salmak ulgamynyň çenden artyk fiskal ähmiýetine deňagramlyk döredilýär, başgaça şahsy we umumydöwlet bähbitleriniň, şeýle-de hojalygy ýöredýän birlikleriň bähbitleriniň deňleşdirmesini (balansyny) üpjün edýän ykdysady gurallar girizilýär. Inwestisiýalaryň yzy-

giderligini üpjün etmek, kärhanalaryň önümçilik işiniň maliýe netijelerini gowulandyrmak we şonuň esasynda pul serişdeleriniň umumymilli gaznasynyň göwrümini artdyrmak, salgyt kadalaşdyrmasynyň ahyrky maksadydyr. Indi bolsa, anyk mysalda salgytlaryň fiskal wezipesiniň salgyt tejribesinde nähili ýüze çykýandygyny, näme üçin kadalaşdyryş wezipäniň salgytlara mahsus bolýandygyny, salgytlaryň tutýan ornuny nähili takyklap bolýandygyny we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hereket edýän salgytlaryň haýsy görnüşleriniň has ýokary ýa-da pes derejede fiskal we kadalaşdyryş ähmiýetiniň bardygyny kesgitläliň.

**Mysal.** Gaýtadan paýlaýyş maliýe gatnaşyklarynyň çägi hökmünde, salgytlar ykdysady gural görnüşinde önümçiligiň ahyrky netijelerine täsir edýärler. Belli bir derejede höweslendiriş alamatlary salgytlaryň fiskal wezipesinde-de bar, sebäbi salgyt usuly bilen toplanýan býujet serişdeleri önümçilik däl çygryny ösdürmek, ylmyň, saglygy goraýşyň, medeniýetiň we gaýry jemgyýetçilik çygyrlarynyň isleglerini kanagatlandyrmak üçin niýetlenilýär. Býujet serişdeleriniň aňly-düşünjeli we maksatly ugurlar boýunça ulanylmagy jemgyýetiň ösüşini höweslendirýär. Ýöne, şonuň ýaly höweslendirme önümçilige gösgöni täsirini ýetirmeýär, ol gytaklaýyn amala aşyrylýar we köp halatda ýyllaryň geçmegi bilen ýüze çykýar. Önümçilikde jemgyýetçilik işiniň ähli çygyrlaryny ösdürmek üçin maliýe serişdeleri döredilýär. Şonuň üçin hem önümçilikbu salgytlar bilen höweslendirilmeginiň ilkinji we naýbaşy binýadydyr. Salgytlaryň fiskal wezipesi salgyt tejribesinde nähili ýüze çykýar? Näme üçin salgytlara kadalaşdyryş wezipe mahsus bolup durýar? Salgytlaryň tutýan ornuny nähili ýüze çykaryp bolýar? Salgytlaryň tutýan orny diňe oňyn (pozitiw) ýa-da diňe oňaýsyz (negatiw) bolup bilýärmi? Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, hereket edýän salgytlaryň haýsy görnüşleriniň has ýokary ýa-da has pes derejede fiskal we kadalaşdyryş ähmiýeti bar?

**Çözülişi.** Häzirki zaman şertlerinde salgytlaryň fiskal wezipesi her bir salgyt boýunça salgyt özenini salgydyň möçberine köpeltmek bilen ýüze çykýar. Salgytlaryň kadalaşdyryş wezipesi gaýtadan paýlaýyş prosesine düýpli täsir edýän gural hökmünde üznüksiz önümçilik prosesi höweslendirip ýa-da togtadyp, pul toplamalarynyň ýygnalyşyny güýçlendirip ýa-da gowşadyp, ilatyň salgytlary töleýiş ukybyny giňeldip ýa-da daraldyp bilýär. Ýygnalýan salgytlaryň möçberine baha bermek, olary ýygnamak boýunça çaklanýan salgyt jemleri anyk döwürde deňeşdirmek ýoly bilen salgyt salmak ulgamynyň tutýan ornuny kesgitläp bolýar. Salgytlaryň tutýan orny hem oňyn (pozitiw) hemde oňaýsyz (negatiw) bolup bilýär. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlaryň has ýokary fiskal ähmiýeti ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyda mahsusdyr. Sebäbi"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 133-nji maddasyna laýyklykda, düşewüntliligi 25 göterimden ýokary salgyt töleýjiler salgydy salgyt özeninden 50 göterim möçberinde töleýärler. Has pes derejeli fiskal ähmiýeti bolan salgyt-bu hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplaryň we salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan hususy telekeçileriň töleýän girdeji salgydydyr. Bu salgydyň möçberi salgyt özenine 2 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Goşulan baha üçin salgydyň we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň iň ýokary kadalaşdyryş ähmiýeti bar. Goşulan baha üçin salgyda degişlilikde 9 ýagdaý boýunça salgyt salynýan amallar salgyt salynmaýan amallar diýlip ykrar edilýär ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 96-njy maddasy) we 9 ýagdaýda salgyt salynýan amallara 0 (nol) möçber ulanylýar ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 105-nji maddasy)."Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 187-189-njy maddalaryna laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça köp sanly salgyt ýeňillikler göz öňünde tutulýar. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň iň pes kadalaşdyryş ähmiýeti bar.

### 4.3.22. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri we"salgyt salmak" ykdysady kategoriýasynyň içki mümkinçilikleriniň kesgitlenilişi

Salgytlaryň ýerine ýetirýän fiskal we kadalaşdyryş wezipeleri, salgyt salmagyň içki kuwwatyny ykdysady binýadynyň hil we mukdar derejesine täsir edişiniň ukyplylygyny howaýy görnüşden hakyky netije berýän görnüşe geçirmäge mümkinçilik berýär. Salgytlaryň ýerine ýetirýän fiskal we kadalaşdyryş wezipeleriniň üsti bilen, bazar ykdysadyýeti şertlerinde salgyt salmak ulgamynyň içki kuwwatynyň salgyt tejribesinde amala aşyrylyşynyň mümkinçilikleri 6-njy şekilde şekillendirilýär.

Ýetilen netijelere analitik taýdan seljermäniň geçirilmegi, her bir döwür üçin olaryň garaşylýan we çaklanylýan netijeler bilen deňeşdirilmegi, salgyt salmak ulgamyna, onuň aýry-aýry salgyt toparlaryna (mysal üçin, göni we gytaklaýyn salgytlar, tebigy ýa-da emläk salgytlary, ýerli ýygymlar we ş. m.), şeýle-de salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipelerine baglylykda her bir salgydyň tutýan ornuna baha bermäge mümkinçilik berýär. 6-njy şekilde şekillendirilen salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň dolulygyny we netijeligini takyklaýan sebäpler doly derejede Türkmenistanyň salgyt ulgamyna hem mahsusdyr.

Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän wezipeleri hakyndaky taglymat häzirki wagta çenli ylmy çekeleşikleriň binýadyny düzýär. Salgyt salmak ulgamynyň hereket edişiniň nazaryýet taýdan paýhaslandyrylmagy, salgyt tejribesi üçin dahyllylygy barmy? Salgyt salmak ulgamy haýsy wezipäni ýerine ýetirende amatsyz, esasy maksat-döwlet gaznasyny pul serişdeleri bilen doldurmak. Salgyt salmagyň ewolýusiýasy bu soraga anyk jogap berýär: ykdysady prosesleriň we hadysalaryň haýsam bolsa-da bir ugruna işleriň we tagallalaryň gönükdirilmeginden köp halatda döwletiň ykdysady ýagdaýy, telekeçiligiň we aýry-aýry raýatlaryň hal - ýagdaýlary baglydyr. Eger-de kanunda, ýagny "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi

6-njy şekil

**"Salgyt salmak" ykdysady kategoriýanyň içki kuwwaty**



Kanunynda, gözöňündetutulansalgytsalmakulgamy "salgyt salmak" ykdysady kategoriýasynyň "içki kuwwatynyň" ulanylmagyna gönükdirilmedik bolsa, onda şonuň ýaly ulgamyň orny ahyrky netijede oňaýsyz netijeleri berýär.

**Mysal.** Işçiler, gullukçylar we gaýry taraplar iş hakyny ýa-da girdeji alanlarynda, ony, esasan, üç zada harçlaýarlar:

a) harytlary we hyzmatlary satyn alýarlar;

b) salgytlary töleýärler;

ç) Iş hakynyň ýa-da girdejiniň galan bölegini süýşürintgiler görnüşinde toplaýarlar.

Jemgyýetçilik önümçiliginiň esasy faktory bolup duran işçi güýjüne salgytlar haýsy ugurlar boýunça täsir edýärler?

**Çözülişi.** Salgytlar iş hakynyň derejesine baglylykda jemgyýetçilik önümçiliginiň esasy faktory bolan işçi güýjüne 3 ugur boýunça täsir edýärler. Birinjiden, salgytlar islegleriň jeminiň derejesine we düzümine täsir edýärler, bazar mehanizminiň üsti bilen önümçilige ýardam bolýarlar ýa-da onuň ösüşine özüniň oňaýsyz täsirini ýetirýärler. Bu bolsa, köplenç, raýatlaryň öz girdejilerini sarp etmegi bilen baglydyr. Diýmek, salgytlaryň möçberleriniň üýtgemegi, ilatyň sarp ediş we umumy töleýjilik ukybyna täsir edýär. Ikinjiden, salgytlaryň möçberi salgytlary öz içine goşýan işçi güýjüniň bahasyny-iş hakyny takyklaýar. Üçünjiden, önümçilige edilýän çykdajylar bilen harytlaryň bahasynyň arasyndaky aragatnaşyk salgytlara bagly bolup durýar. Önümçilik kuwwatlyklary ulanylanda bu aragatnaşyk telekeçiler üçin iň bir möhüm alamatdyr.

Maliýanyň ýerine ýetirýän wezipeleri salgyt salmak ulgamynyň hereket edişiniň binýat esaslaryny düzýärler. Paýlaýyş we gözegçilik wezipeleri maliýanyň umumy ykrar edilen wezipeleridir. Maliýanyň her bir wezipesiniň çäginde salgyt gatnaşyklarynyň özboluşly hereket edýän toparlary emele gelýär. Bu bolsa salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipelerini kesgitlemek üçin ugur alynýan usulýetiň esas-

laryny düzýär. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän wezipeleri-bu ilkinji nobatda jemgyýet üçin salgytlaryň niýetlenmesinde olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň nazaryýet taýdan çaklanmagynyň şertlendirilmegi, başgaça telekeçiligiň ösmegine zyýan ýetirmezden, döwlet girdejilerini doly mukdarda üpjün edilmegidir.

Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň nazaryýet taýdan kesgitlenilmegi, kanunda kabul edilen salgyt ulgamynyň hut şu ugur boýunça amal ediljekdigini aňlatmaýar. Her bir döwletiň kanunynda kabul edilen salgyt salmak ulgamynyň hereket ediş sygymlylygyny diňe salgytlar hakyndaky nazaryýet däl-de, eýsem salgyt tejribesi hem tassyklaýar. Salgytlar hakyndaky nazaryýet salgytlara fiskal, ykdysady, gaýtadan paýlaýyş, gözegçilik, höweslendiriş, kadalaşdyryş wezipeleriniň mahsusdygyny tassyklaýar. Salgytlaryň ýerine ýetirýän bu wezipeleri ýokarda görkezilen doly sanawda we aýratynlykda bilermenler tarapyndan görkezilýär. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň sanawyndan dessine ykdysady wezipesini aradan aýyrmak zerurdyr. Salgyt salmagyň özi öz-özünden ykdysady kategoriýadyr. Salgyt tejribesinde salgytlaryň görnüşleriniň ulanylyşynyň ykdysady (maliýe) çygrynda üsti açylýar, olaryň tutýan orny ykdysadyýetiň ölçegleri bilen takyklanýar. Salgyt salmagyň ahyrky maksady-hojalygy alyp barýan birlikleriň hem-de şahsy taraplaryň bähbitlerine zyýan ýetirmezden döwletiň ýerine ýetirýän durmuş-ykdysady wezipeleriniň üpjün edilmegidir. Diýmek, salgytlary ykdysady wezipe bilen ülüşdirmek-bu onuň içki mazmunyny ýaňadandan gaýtalamakdyr. Bu işde hiç hili zerurlyk we ylmy many ýok.

Ähliumumy ykdysady kategoriýa hökmünde "maliýe" iki wezipäni, ýagny paýlaýyş we gözegçilik wezipeleri ýerine ýetirýär. Diýmek, "maliýe" ähliumumy ykdysady kategoriýa degişli wezipeler hususy ykdysady kategoriýalara hem mahsus bolmaly. Ýöne, salgyt salmak ulgamyna paýlaýyş wezipe mahsus däl, sebäbi salgytlaryň kömegi bilen jemgyýetiň

diňe jemi girdejisiniň paýlanylan bölekleriniň gaýtadan paýlanylyşy amala aşyrylýar. Ykdysady prosesleriň dowamlylygynda salgyt gözegçiliginiň alamatlaryny aýan etmek üçin, salgyt salmak ulgamyny gaýtadan paýlaýyş wezipesi bilen ülüşdirmek maksada laýyk däl. Girdejileri gaýtadan paýlamak, girdejilere salgyt gözegçiliginiň geçirilmegini aňlatmaýar. Biz salgytlaryň bu alamatyny diňe guman edip bilýäris. Her bir ykdysady kategoriýanyň ýerine ýetirýän wezipesini takyklamak-bu onuň jemgyýetçilik zerurlygyny ýa-da içki kuwwatyny dürs aýan etmekdir. Gaýtadan paýlaýyş wezipe salgyt salmak ulgamynyň üznüksiz önümçiligine hil we mukdar taýdan täsir edip biläýjek alamatyny doly takyklap bilmeýär. Salgyt salmak ulgamynyň bu ukybyny doly derejede onuň kadalaşdyryş wezipesi aýan edýär.

### 4.4.23. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesiniň üpjün edýän ugurlary

Gaýtadan paýlaýyş maliýe gatnaşyklarynyň çygry hökmünde, salgytlar (ykdysady taýdan höweslendirmegiň ahyrky netijelerini hasaba almak bilen) kadalaşdyryjy tilsimleri öz içine alýar. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesiniň üpjün edýän ugurlary 7-nji şekilde şekillendirilýär. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesiniň 7-nji şekilde görkezilen üpjün edýän ugurlaryny häsiýetlendireliň we gazanylan netijelere teswirleme geçireliň. Salgyt salmak ulgamynyň kadalaşdyryş wezipesi eksport-import amallarynyň kadalaşdyrylmagyna ýardam edýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar goşmaça tölegi tölemekden boşadylýar, olar şu aşakdakylardyr:

- Türkmenistana ynsanperwer kömek hökmünde, şeýle hem hökümetara ylalaşyklara laýyklykda, daşary ýurtlar tarapyndan muzdsuz berilýän tehniki kömegiň çäklerinde getirilýän harytlar;

*7-nji şekil*

**Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesiniň üsti bilen üpjün edilýän ugurlar**




- eýeçilik hukugy esasynda daşary ýurt edara görnüşli taraplara degişli bolan, berilýän çig maldan (çig nebitden) benzini we dizel ýangyjyny öndürmek (taýýarlamak) boýunça hyzmatlar, eger-de şu önümler soňundan Türkmenistanyň çäklerinden çykarylýan bolsalar ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 122-nji maddasy).

Ondan başga-da, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 105-nji maddasyna laýyklykda, daşary ýurtlara ýerleşdirilýän harytlar, işler we hyzmatlar babatynda salgyt salynýan amallar boýunça 0 (nol) göterim derejedäki salgyt möçberi ulanylýar, mysal üçin:

- tebigy (ugurdaş) gazy, nebiti, pagtany we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri goşmazdan, özüniň

öndüren, şeýle hem satyn alnan harytlar daşary ýurtlara ýerleşdirilende;

- halkara derejesinde ýolagçylary gatnatmak we şahsy hem-de edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar amal edilende;

- daşary ýurtlara iberilýän harytlary ulagly daşamak, ýüklemek, düşürmek, birinden beýlekä ýüklemek boýunça hyzmatlar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr geçirilýän daşary ýurt ýükleri boýunça hyzmatlar;

- paçsyz söwda edilýän dükanda gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlary ýerleşdirmek we başgalar.

Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesiniň üsti bilen eksport-import işleri kadalaşdyrmakda ýetilýän netijeler: **birinjiden**, Türkmenistanda öndürilýän harytlaryň dünýä bazarynda bäsleşik ukyby ýokarlandyrylýar; **ikinjiden**, Türkmenistanyň çäklerine getirilýän harytlar ilatyň köp sanly gatlaklaryna elýeterliligi üpjün edilýär; **üçünjiden**, Türkmenistan döwletiniň töleg deňlemesiniň (balansynyň) deňölçeglikleri kadalaşdyrylýar we ş.m. Salgyt salmak ulgamynyň kadalaşdyryş wezipesiniň ýardam etmegi bilen, isleg bilen hödür kadalaşdyrýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň raýatlary çörek, aş we ýarma önümlerini köp mukdarda sarp edýärler. Şol sebäpli, ilatyň köp mukdarda sarp edýän azyk önümlerine "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 106-njy maddasyna laýyklykda, ýerleşdirmegiň ähli tapgyrlarynda una, çörek we çörek önümlerine, aş önümlerine, ýarma önümlerine, şol sanda tüwä, garyşyk iýmlere, süýt we süýt önümlerine, syrlara, peýnire, doňdurma, margarine, ýumurtga, ösümlik we mal ýagyna, et we guş önümlerine we şol maddada göz öňünde tutulan gaýry azyk önümlerine salgyt salynýan amallar geçirilende goşulan baha üçin salgyt salynmaýar. Salgyt salynýan amallara goşulan baha üçin salgydy ulanman, döwlet şol salgydyň möçberine hödür bilen islegi kadalaşdyrýar, ýagny ilatyň isleg ukybyny artdyrýar.

Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlar dünýä derejesinde iň bir pes möçberli salgytlar diýlip hasaplanýar. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 172-nji maddasyna laýyklykda, hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar girdeji salgydyny 2 göterim möçberinde, şol möçberde girdeji salgydyny salgyt salynmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan hususy telekeçiler-şahsy taraplar hem töleýärler ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 200-nji maddasy)."Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 192-nji maddasyna laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salgyt binýadyny 10 göterime köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Diýmek, salgyt özenine salgytlaryň möçberiniň pes derejede kesgitlenilmegi, ilata süýşürintgileri toplamaga, hususy telekeçilik işini höweslendirmäge, täze iş ýerlerini döretmäge, önümçiligi tehniki we tilsimat taýdan täzelendirmäge, maýa goýumlary maliýeleşdirmäge, pudaklaryň täzeden gurluşyny geçirmäge uly mümkinçilikler döredýär. Şol bir pursatda, raýatlaryň şahsy girdejileri deňleşdirilýär.

Hereket etmäge bolan ymtylmany aňladýan "höwes" diýilýän düşünjäniň manysyndan ugur alyp, şonuň ýaly ymtylmany hem höweslendirmek, hem-de jeza bermek ýoly bilen amal edip boljakdygyny nygtap geçeliň. Salgyt salmak ulgamynda höweslendirmek ýa-da maliýe jerimeler we puşmana tölegler gurallarynyň ulanylmagy kadalaşdyryş hereketlerini aňladýar, sebäbi olaryň her biri salgyt töleýjileriň maliýe-hojalyk işiniň haýsam bolsa-da bir tarapyna döwlet tarapyndan goşulmagyny şertlendirýän hereketleriniň ulanylmagyny talap edýär. Salgytlaryň kadalaşdyrylyşyny amala aşyryp, döwlet ykdysady ulgamynyň işine ählitaraplaýyn ykdysady seljerme we salgyt gözegçiligini geçirýär, salgyt binýatlaryna degişlilikde salgytlaryň kadalaşdyryjy wezipesini suratlandyrýar. Ykdysady kadalaşdyryş işleri, şol sanda salgytlaryň kadalaşdyrylyşy, birnäçe paýhasly

hereketleri göz öňünde tutýar, şonuň ýaly hereketlere bolsa ykdysady seljerme we gözegçilik işleri hem degişlidirler.

**Mysal.** Salgyt salmak ulgamynyň fiskal wezipesiniň kömegi bilen zerur bolan umumymilli islegler kanagatlandyrylýar. Salgytlaryň kadalaşdyryş wezipesiniň üsti bilen artyk fiskal ýüküne garşy ykdysady gurallar, başgaça, hojalygy alyp barýan birlikleriň, şahsy we umumydöwlet ykdysady bähbitleriniň deňlemesini (balansyny) üpjün edýän ýörite mehanizmler döredilýär. Salgyt salmak ulgamynyň kadalaşdyryş wezipesiniň ahyrky maksady näme?

**Çözülişi.** Salgyt salmak ulgamynyň kadalaşdyryş wezipesiniň ahyrky maksady-bu jemgyýetiň jemi girdejisi gaýtadan paýlananda, döwletiň, hojalygy ýöredýän birlikleriň we şahsy taraplaryň ykdysady bähbitleriniň mümkin bolaýjak deňölçeglikleriniň üpjün edilmegi ýa-da üznüksiz önümçiliginiň ölçeglerini hil we mukar taýdan höweslendirilmegi we kadalaşdyrylmagydyr.

Salgytlaryň kadalaşdyryjy wezipesi salgyt tejribesinde iki görnüşde, ýagny ýeňillik bermek we maliýe jerimeler hem-de puşmana tölegleri görnüşinde ýüze çykýar. Maliýe jerimeler we puşmana tölegler salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän gözegçilik wezipesiniň hereket etmegini aňladýar. Salgyt tejribesinde salgyt gözegçiligi özbaşdak kanuny namalary bilen kadalaşdyrylýar. Anyk pursada laýyklykda ulanylýan salgyt ýeňillikleri we maliýe jerimeleri hem-de puşmana tölegleri salgyt kanunçylygynda kesgitlenilýär. Puşmana tölegleriniň we maliýe jerimeleriniň ulanylyşynyň umumy tertibi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 70-nji we 88-94-nji maddalarynda takyklanýar. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 89-njy maddasyna laýyklykda, salgydy tölemek boýunça salgyt töleýjiniň salgyt salynýan özenini azaltmagynyň we beýleki bikanun hereketleriniň netijesinde hasaplanylan salgydyň pul möçberiniň azaldylmagy, salgydyň Türkmenistanyň

döwlet býujetine tölenmedik, salgydyň kemeldilen pul möçberiniň 40 göterim möçberinde salgyt töleýjä maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär. Salgyt töleýji tarapyndan emläge ygtyýar etmek hukugynyň gadagan edilmegi bozulanda, salgyt töleýjä garşy şol emlägiň hakyky bazar bahasynyň 50 göterim möçberinde maliýe jerimesi ulanylýar. Bank edarasy tarapyndan şahsy we edara görnüşli taraplara hasap açylandygy hakynda salgyt gullugy edarasyna habar bermek borçlarynyň ýerine ýetirilmändigi, salgyt töleýjileriň hasaplary boýunça amallary togtatmak boýunça salgyt gullugy edarasynyň çözgüdini bozandygy, şeýle-de salgyt töleýjileriň hasaplaryna serişdeleriň ýazylyşynyň tertibiniň bozulandygy üçin, bank edarasyna şol hasaplara düşen ähli pul serişdeleriniň we hasaplardan hasapdan öçürilen ähli pul serişdeleriniň 10 göterim möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

Şol bir pursatda, salgyt hukuk bozmalarynyň düzümi we salgyt kanunçylygynyň bozmalary üçin görülýän çäreler, şeýle-de salgyt ýeňillikleriniň görnüşleri her bir salgyt boýunça aýratynlykda kesgitlenilýär. Mysal üçin, maýa goýum pensiýa gaznalar, maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary, jemgyýetçilik birleşikleri, dini guramalar, bilim edaralary, oba hojalyk kärhanalary, tokaý we oba hojalyk önümlerini öndürmek we saklamak üçin ulanylýan emläk hem-de olaryň öz öndüren önümleri, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalyklarynyň emläkleri, şeýle-de "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 143-nji maddasynyň 2-nji bölüminde göz öňünde tutulan gaýry emläk emläk üçin salgytdan boşadylýarlar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda salgytlaryň gaýry görnüşleri boýunça-da salgyt ýeňillikleri berilýär.

Eger-de salgyt salmagyň düýpli ýörelgelerinden we "salgyt" hem-de "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalarynyň asyl manysyndan ugur alynsa, onda salgyt

salmak ulgamynyň zerurlygy onuň ähli görnüşlerini gurşap almalydyr. Ýöne, salgytlaryň anyk görnüşleri we olaryň dolandyrylyşynyň şertleri salgyt konsepsiýasy işlenip düzülende esasy maksada, ýagny, salgyt töleýjileriň arasynda fiskal we kadalaşdyryjy ýüküň deň paýlanylmagyna gönükdirilmelidir. Başga söz bilen aýdanyňda, göni we gytaklaýyn salgyt toparlarynyň arasynda bolup biljek deňagramlyk kesgitlenilmelidir.

### 4.5.24. Salgyt salmak ulgamynyň gözegçilik wezipesi

Ykdysady kategoriýa hökmünde hereket edýän salgytlaryň başga wezipesi gözegçilik wezipesinden, ýagny salgyt girimleri hil taýdan häsiýetlendirmäge we maliýe serişdelerine döwletiň bolan islegi bilen olary deňeşdirmäge mümkinçilikleriň ýüze çykmagyndan ybaratdyr. Salgyt salmak ulgamynyň gözegçilik wezipesiniň kömegi bilen salgyt mehanizminiň netijeliligine baha berilýär, maliýe serişdeleriniň akymyna gözegçilik geçirilýär, salgyt ulgamyna üýtgetmeleriň girizilmeginiň zerurlygy ýüze çykarylýar. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän gözegçilik wezipesiniň amala aşyrylmagy, onuň dolulygy we çuňňurlygy belli bir derejede salgyt düzgüniniň berjaý edilmegine bagly bolup durýar. Salgyt düzgüniniň berjaý edilmegi, salgyt töleýjileriň kanunda kesgitlenilen salgytlary doly we öz wagtynda tölemeklerinden ybarat bolup durýar. Salgyt düzgüniniň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt töleýjiler:

- "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda kesgitlenilen salgytlary tölemäge;
- salgytlary hasaplamaga we tölemäge zerur bolan öz girdejileriniň, aýyrmalarynyň (harajatlarynyň, çykdaýjylarynyň) we salgyt salynýan binýatlarynyň hasabyny bellenilen tertipde ýöretmäge;

- salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabynda durýan ýeri boýunça salgyt gullugyna bellenen tertipde salgyt beýannamalaryny we maliýe hasabatyny tabşyrmaga;

- salgyt gullugynyň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek baradaky talaplaryny ýerine ýetirmäge;

- "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 23-nji maddasynda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň gaýry namalarynda göz öňünde tutulan başga borçlary ýerine ýetirmäge borçludyrlar.

Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän gözegçilik wezipesi salgyt gözegçiliginiň kömegi bilen amala aşyrylýar. Salgyt gözegçiligi-maliýe gözegçiliginiň we maliýe mehanizminiň düzüm bölegidir. Salgyt gözegçiligi şeýle-de netijeli salgyt menejmentiniň esasy şertidir. Salgyt gözegçilik hereketleri salgyt salmagyň ähli ulgamyny gurşap alýar we salgytlaryň aýry görnüşleriniň, salgyt toparlarynyň, salgyt töleýjileriň toparlarynyň, döwletiň sebitleriniň çäklerinde geçirilýär. Salgyt gözegçiligi buhgalter hasabynyň we hasabatynyň düzgünlerini, salgyt salmagyň kanuny esaslarynyň berjaý edilişini üpjün edip, ykdysadyýeti keseligine we dikligine kesip geçýär.

Salgyt gözegçiligine bolan esasy talaplaryň biri, salgyt salmagyň gadymdan mälim bolup durýan ýörelgesinden, ýagny gözegçiligiň geçirilmeginden alynýan girdejiler gözegçiligi geçirmek üçin edilýän harajatlardan has ýokary bolmak ýörelgesinden gelip çykýar. Salgyt salmagyň hil we mukdar ölçegleri kärhanalaryň maliýe-hojalyk işiniň netijeliligine, emlägiň gymmadynyň bahalanmasyna, pul serişdeleriniň ýerleşdirilmegine baglydyr. Diýmek, salgyt borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi, esasy we dolanşyk serişdeleriniň, işçi güýjüniň, ýerasty we ýerüsti baýlyklarynyň bahalanmasynyň ululygy bilen şertlendirilýär. Şol ululyga baglylykda ulanylyş tölegleriniň,

dolanşyk aktiwleriniň, iş hakynyň, peýdanyň jemi hasaplanýar. Bu bolsa salgyt, auditor we gaýry gyzyklanma bildirýän gulluklaryň gözegçilik hereketleriniň giň çägini kesgitleýär. Salgyt gözegçiliginiň nazaryýeti we tejribesi salgyt gözegçiliginiň ýedi sany çygryny tapawutlandyrýar, şu çygyrlaryň çäginde bolsa salgyt gözegçiliginiň geçirilişiniň özboluşly ölçegleri we düzgünleri ulanylýar, olar şu aşakdakylardyr:

1. Harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň ýerleşdirilmegi.
2. Dolanşyk çygry we nyrhlaryň emele geliş ulgamy.
3. Töleg-hasaplaşyk düzgüni.
4. Emlägiň ulanylmagy.
5. Esasy serişdelere we maddy däl aktiwlere ulanyş tölegleriň hasaplanylmagy. Arzan bahaly we çalt könelýän zatlaryň we dolanyşyk serişdeleriniň ýagdaýy.
6. Zähmet hakynyň hasaplanylyşy.
7. Peýdanyň we ýerleşdirmekden daşarky maliýe netijeleriniň takyklanylmagy.

Ýokarda agzalyp geçilen her bir çygryň çäginde salgyt gözegçiligini amala aşyrmak boýunça dürli usulyýet we ölçeg resminamalary ulanylýar. Bu çygyrlara salgyt gözegçiligini kärhanalaryň içindäki gözegçilik gulluklarynyň işgärleri, döwlet gözegçiligini amala aşyrýan edaralaryň (Türkmenistanyň maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy hem-de olaryň ýerlerdäki edaraly we başgalar) köp sanly işgärleri geçirýärler. Salgyt salmaga degişli salgyt töleýjileri we salgyt salynýan binýatlary hasaba almak, salgyt töleýjilere we gaýry taraplara sorag geçirmek, hasabyň we hasabatyň maglumatlaryny barlamak, salgyt salynýan binýatlaryň ýerleşýän desgalaryna we çäklerine derňew işlerini we salgyt gözegçiliginiň başga görnüşlerini salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli işgärleri geçirýärler.

### 4.6.25. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň üsti bilen salgytlaryň tutýan ornunyň takyklanylmagy

Salgyt salmak ulgamynyň hereket edişiniň netijeliligi, salgyt tejribesinde salgytlaryň tutýan orny bilen kesgitlenilýär. Salgyt salmak ulgamynyň tutýan orny hem oňyn (pozitiw), hem-de oňaýsyz bolup bilýär. Ýokarda aýdylanlar, ylaýta-da, salgytlaryň aýry görnüşlerine degişlilikde ýüze çykýar. Haçan-da salgyt salmak ulgamynyň mümkinçilikleri salgyt tejribesinde iň ýokary derejede amala aşyrylýan we salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň arasynda deňagramlyk üpjün edilýän bolsa, onda salgytlaryň tutýan orny oňyn bolup bilýär. Salgyt tejribesinde bu aýdylanlar salgytlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň iň zerur derejesiniň üpjün edilmeginde, has takygy, salgyt töleýjileriň bähbitlerini kemsitmeýän býujet girdejileriniň emele gelmeginde mälim bolýar. Salgytlaryň tutýan ornuna we ähmiýetine baha bermek, salgytlar babatynda geçirilýän ylmy-amaly gözleg işleriniň iň bir wajyp tapgyry bolup durýar. Salgyt salmak ulgamynyň tutýan orny ykdysadyýetiň köp sanly çygyrlarynda öz beýanyny tapýar (5-nji we 7-nji şekillere seret). Bu şekiller salgyt gatnaşyklarynyň dürli-dürliligi we köpmanylylygy hakynda pikir ýöretmäge esas döredýär, şonuň üçin hem maliýe-hojalyk işiniň çygryna salgyt salmak ulgamynyň oňyn täsir etmegi, çylşyrymly we şol bir wagtda çapraz gelýän meseleleriň biridir. Meseläniň çözülmeginiň çylşyrymlylygy we şol bir pursatda onuň çapraz gelmekligi, salgyt tölegleri döwlet üçin iň ýokary derejede ýygnamakdan, salgyt töleýjileri üçin bolsa salgytlary iň pes derejede tölemekden ybaratdyr. Salgyt salmak ulgamyny kämilleşdirmek üçin bu örän möhüm meseläniň çözülmegi, köp sanly sebäplere baglydyr. Salgyt salmak ulgamy ykdysadyýetiň we syýasatyň toplumlaýyn täsir etmeginiň netijesinde emele gelýär. Salgyt salmak ulgamy

ykdysady durmuşyň hakykatynda jemgyýetiň ykdysady we syýasy taýdan kämilliginiň derejesini suratlandyrýar.

Salgyt salnanda döwlet bilen salgyt töleýjileriň bähbitleri çaknyşýar. Döwlet we salgyt töleýjiler salgytlaryň tutýan ornuna dürli garaýyş bilen baha berýärler. Diýmek, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplar üçin, salgyt salmak ulgamynyň tutýan orny deň derejede oňaýly bolup bilmeýär. Býujet girdejilerini emele getirmekde salgytlaryň tutýan ornuna baha bermek üçin, bir tarapdan, býujete tölenýän salgytlaryň jeminiň takyk alamatlar boýunça toparlanýan birnäçe salgytlaryň jeminiň we galyberse-de aýry-aýry salgytlaryň jeminiň, başga tarapdan bolsa, býujetiň girdejileriniň umumy ululygynyň arasyndaky gatnaşyklar anyklanýar. Haýsam bolsa-da bir salgyt toparynyň ýa-da salgytlaryň aýry bir görnüşiniň tutýan has uly paý bölegi olaryň býujet girdejilerini emele getirmekde has uly orun tutýandygy hakynda şaýatlyk edýär. Seljerme dinamikada (ösüşiň barşynda) we deňeşdirilýän bahalarda geçirilýär, bu bolsa salgyt syýasatynyň durnuklaşdyrylmagynda salgyt salmak ulgamynyň ähmiýetini takyklaýar we durmuş meselelerini çözmekde onuň tutýan ornuny aýan edýär.

Kärhanalaryň we raýatlaryň girdejilerinden alynýan salgytlaryň paý bölegi hakyndaky maglumatlar, salgyt salmak ulgamynyň fiskal ähmiýetiniň üstüni ýetirýär. Salgyt salmak ulgamynyň fiskal ähmiýetini býujete tölenýän maliýe jerimeleriniň jemi, salgyt gullugy edaralaryny saklamak üçin döwletiň edýän çykdajylarynyň jemi hakyndaky maglumatlar, şeýle-de býujetde tassyklanylan salgydyň umumy jeminiň we býujetiň ýerine ýetirilendigi hakyndaky hasabatynda olaryň arasyndaky tapawut hem häsiýetlendirýär. Şeýle-de salgyt-býujet girdejileriniň we býujete tölenýän durmuş tölegleriniň (meýilnamalaşdyrylan we hakyky tölenýän) möçberine seljerme geçirmek zerurdyr. Býujet girdejiler bilen býujet çykdajylarynyň arasyndaky gatnaşyk diňe býujet gatnaşyklarynyň ýagdaýyny häsiýetlendirmän,

eýsem salgyt salmak ulgamynyň tutýan ornuna baha bermäge-de mümkinçilik berýär. Maliýe-býujet ulgamynda salgyt salmagyň tutýan ornuna salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi boýunça usulyýet görkezmeleriniň mazmunyna köp sanly we ýygy-ýygydan girizilýän ugrukdyrmalar (esasan hem, eger-de şonuň ýaly ugrukdyrmalar indiki býujet döwrüne býujet hakyndaky kanun kabul edilen soň girizilýän bolsa) öz oňaýsyz täsirini ýetirýärler.

Diýmek, salgyt salmak ulgamynyň netijeliliginiň jedelsiz şerti, has takygy, onuň tutýan oňyn ornunyň häsiýetlendiriji alamaty bolup, "salgyt" diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýanyň içki mümkinçilikleriniň doly berjaý edilmegidir. Ýokarda aýdylanlar jemgyýete zerur bolan pul serişdeleriniň bir bölegini döwlet häkimiýetiniň ygtyýarynda jemläp, salgyt salmak ulgamy üznüksiz önümçilige gatnaşýan gatnaşyjylaryň bähbitlerini kemsitmeli däldigini aňladýar. Salgyt tejribesinde bu aýdylanlara salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň kömegi bilen ýetilýär.

### 4.7.26. Salgyt salmak ulgamynyň wezipeleriniň kömegi bilen ýetilýän ahyrky netijeler

Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň üsti bilen ýetilýän ahyrky netijeler şu aşakdakylardyr:

**birinjiden**,salgyt salmak ulgamynyň netijeliliginiň jedelsiz şerti, başgaça, her bir ýurtda onuň tutýan pozitiw ornuna şaýatlyk edýän alamaty-bu salgyt salmak ulgamy gurlanda şu esasy talabyň ("salgyt" diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýanyň içki mümkinçiliklerini salgyt tejrbesine ornaşdyrylýan salgytlar amal etmelidirler), has takygy, onuň howaýy (subýektiw) we hakyky (obýektiw) başlangyçlarynyň arasynda mümkin bolaýjak deňagramlylygyň üpjün edilmegidir. Bu bolsa, jemgyýetçilik zerurlygy üçin pul serişdeleriniň bir bölegini döwlet häkimiýetiniň ygtyýarynda jemleýän salgyt salmak

ulgamynyň telekeçiligiň alnyp barlyşynyň üznüksizligine päsgel bermeli däldigini aňladýar. Salgyt tejribesinde bu deňlige salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň üsti bilen ýetilýär;

**ikinjiden**, salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri biri-biri bilen pugta arabaglanşykdadyr. Salgyt salmak ulgamynyň netijeliligi onuň ýerine ýetirýän wezipeleriniň deňagramlyk derejesi bilen takyklanýar (gaýry şertler deň gelende). Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň arasyndaky deňagramlylygy üpjün etmek üçin kämil salgyt konsepsiýasy işlenip düzülende, täze usullaryň gözlenip tapylmagy üznüksiz amala aşyrylmalydyr. Ahyrky netijede, saýlanyp alynan konsepsiýanyň esasynda täze salgyt salmak ulgamy gurulýar ýa-da öňki hereket edýän salgyt salmak ulgamy täzelenýär. Kämilleşdirilen salgyt ulgamy tassyklanylýar we salgyt tejribesinde onuň ulanylmagy hökmanydyr. Salgyt salmak ulgamy ylmy-amaly taýdan kämilleşdirilende, onuň mazmunyna bildirilýän düýpli talaplaryň berjaý edilmegi mizemez bolup galmalydyr;

**üçünjiden**, salgyt salmagyň kämil ulgamynyň hereket etmegi, ilkinji nobatda salgyt konsepsiýasy işlenip düzülende we salgyt tejribesinde ulanyljak salgyt mehanizmi hukuk taýdan üpjün edilende, bu ulgamyň özenine girizilen ýörelgelere baglydyr. Her bir döwletiň salgyt kanunçylygynda kabul edilen salgyt salmak ulgamy, hökmany halatda ykdysadyýetiň we ýurtda geçirilýän syýasatyň ýagdaýyny şertlendirýär. Diýmek, salgyt tejrbesinde salgyt salmak ulgamynyň hereket etmegi, oňa mahsus bolan ykdysady tebigatyna laýyk gelýän, başgaça "salgyt" diýlip atlandyrylýan ykdysady kategoriýanyň içgin mümkinçilikleri bilen şertlendirilen wezipelerine her bir pursatda gabat gelmeýär. Bu mümkinçilikleri salgyt tejribesinde doly möçberde amala aşyrmak-durmuş özgertmelerine gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň salgyt salmak ulgamynyň esasy maksadydyr.

### "Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri we olaryň kömegi bilen ýetilýän ahyrky netijeler" atly tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Jemgyýetçilik islegleriniň üstüni ýapmak ukyby salgytlaryň haýsy wezipesiniň kömegi bilen takyklanýar?

2. Salgyt salynmagy salgytlaryň görnüşlerine baglymy?

3. Ykdysady we maliýe kategoriýasy hökmünde hereket edýän salgytlaryň nazaryýet taýdan mümkinçiliklerini haýsy hususy ykdysady kategoriýa amala aşyrýar?

4. Kanun esasynda kabul edilen salgyt ulgamy näme?

5. Salgytlaryň fiskal wezipesiniň üsti bilen haýsy ugurlar üpjün edilýär?

6. "Salgyt salmak" ykdysady kategoriýanyň içki kuwwatynyň amala aşyrylyşynyň dolulygy, ilkinji nobatda, haýsy şertlere bagly?

7. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň gapma-garşylygy nämeden ybarat?

8. Salgyt salmak ulgamynyň fiskal we kadalaşdyryş wezipeleriniň gapma-garşylygynyň bitewligine Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda teswirleme geçiriň.

9. Salgytlaryň ýerine ýetirýän fiskal wezipesinde höweslendiriş alamatlary barmy?

10. Salgytlara ykdysady wezipe mahsusmy?

11. Salgytlara paýlaýyş wezipe mahsusmy?

12. Salgytlaryň gözegçilik alamatyny ykdysady prosesleriň dowamlylygynda aýan etmek üçin, salgyt salmak ulgamyny paýlaýyş wezipesi bilen ülüşdirmek maksada laýykmy?

13. Gaýtadan paýlaýyş wezipe salgyt salmak ulgamynyň üznüksiz önümçiligine hil we mukdar taýdan täsir edip biljek alamatyny doly takyklap bilýärmi?

14. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesiniň üsti bilen üpjün edilýän ugur-

lary sanap geçiň we bu ugurlara Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň esasynda giňişleýin teswirleme geçiriň.

15. Salgyt düzgüni diýip nämä düşünýärsiňiz?

16. Salgyt düzgüniniň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt töleýji haýsy borçlary ýerine ýetirmeli?

17. Salgyt gözegçiliginiň nazaryýeti we salgyt tejribesi salgyt gözegçiliginiň näçe çygryny tapawutlandyrýar?

18. Haýsy ýagdaýlarda salgytlaryň tutýan orny oňyn bolup bilýär?

19. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplar üçin salgyt salmak ulgamynyň tutýan orny deň derejede oňyn bolup bilýärmi?

20. Býujet girdejilerini emele getirmekde salgytlaryň tutýan ornuna baha bermek üçin haýsy gatnaşyklar anyklanylmaly?

21. Salgyt salmak ulgamynyň fiskal ähmiýetini haýsy maglumatlar häsiýetlendirýär?

22. Salgyt salmak ulgamynyň netijeliliginiň jedelsiz şerti ýa-da tutýan oňyn ornunynyň häsiýetlendiriji alamaty näme?

23. Salgyt salmak ulgamynyň tutýan oňyn (pozitiw) ornuna şaýatlyk edýän alamat haýsy talaba laýyk gelmeli?

# V BAP. SALGYT SALMAK ULGAMYNYŇ GURLUŞYNY WE DÜZÜMINI KESGITLEÝÄN ÝÖRELGELER

## 5.1.27. Halkara salgyt tejribesinde salgyt ulgamy gurlanda ulanylýan ýörelgeleriň kiçi ulgamy

Her bir döwletiň milli salgyt salmak ulgamynyň hereket edişiniň esaslaryny, ýurduň ykdysady binýadyna we onuň jemgyýetçilik-syýasy dolandyrylyşyna baglylykda takyklamaly. Şonuň bilen birlikde, bazar ykdysadyýetine laýyk gelýän salgyt salmak ulgamy gurnalanda, onuň gurluşynyň ýörelgeleri hem möhüm orun tutýar. Indi bolsa, bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman ösüş şertlerine we Türkmenistanyň alyp barýan ykdysady syýasatyna laýyklykda, Türkmenistanyň salgyt ulgamyna kesgitleme bereliň. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde ýygnalýan salgytlaryň, paçlaryň we ýygymlaryň jemi, şeýle-de salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukuklaryny we jogapkärçiligini takyklaýan ölçegleriň we kadalaryň jemi salgyt ulgamy diýlip kesgitlenilýär. Doly manyda Türkmenistanyň salgyt ulgamy "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynda şu görnüşde beýan edilýär: "Şu bitewi Kanun Türkmenistanyň Döwlet býujetine alynýan salgytlaryň ulgamyny, salgyt salmagyň umumy ýörelgelerini, salgytlary tölemek boýunça borçlaryň ýüze çykmagynyň (üýtgemeginiň, bes edilmeginiň) esaslaryny we ýerine ýetirmegiň tertibini, salgyt töleýjileriň, salgyt gullugy edaralarynyň hukuklaryny we borçlaryny, salgyt gözegçiliginiň görnüşlerini

we usullaryny, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçiligi, salgyt gullugy edaralarynyň çözgütlerinden we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat etmek hukugyny belleýär."

**Mysal.** Her bir döwletiň milli salgyt ulgamynyň gurluşynyň esaslary döwletiň ykdysady binýadyna we jemgyýetçilik-syýasy dolandyrylyşyna laýyklykda gurulýar. Şonuň bilen birlikde, bazar ykdysadyýetine laýyk gelýän salgyt ulgamyny döretmekde onuň gurluşynyň ýörelgeleri hem wajyp orun tutýarlar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynda Türkmenistanyň salgyt ulgamyna berilýän kesgitlemesi bu kanunyň haýsy maddalary bilen esaslandyrylýar?

**Çözülişi.** Türkmenistanyň döwlet býujetine alynýan salgytlaryň ulgamyny 6 sany döwlet salgydy, ýagny goşulan baha üçin salgyt, goşmaça töleg, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, emläk üçin salgyt, edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy we 5 sany ýygymlar (mahabatlandyrma üçin ýygym, şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym, awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym, awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym, itleriň eýelerinden ýygnalýan ýygym) düzýärler. Salgyt salmagyň umumy ýörelgeleriniň biri, ýagny adalatlylyk ýörelgesi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 2-nji bölüminde şu görnüşde beýan edilýär: "Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň ähliumumylygyny we deňligini kesgitlemäge esaslanýar". Salgyt salmagyň galan umumy ýörelgeleri, ýagny takyklyk, amatlylyk we tygşytlylyk ýörelgeleri şu okuw kitabynyň 2-nji babynyň 5-nji we 6-njy soraglarynda giňişleýin beýan edilýär we "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň köpsanly maddalarynda eriş-argaç bolup geçýär.

Salgyt tölemek borçlarynyň ýüze çykmagynyň (üýtgemeginiň, bes edilmeginiň) esaslary we ýerine ýetirmegiň tertibi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 43-53-nji maddalarynda, salgyt töleýjileriň, salgyt gullugy edaralarynyň hukuklary we borçlary 22-23-nji we 74-75-nji maddalarynda, salgyt gözegçiliginiň görnüşleri we usullary 80-84-nji maddalarynda, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçilik 88-94-nji maddalarynda we salgyt gullugy edaralarynyň çözgütlerinden we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat etmek hukugy şol Kanunyň 85-87-nji maddalarynda göz öňünde tutulýar. Aýdylanlar şu okuw kitabynyň indiki baplarynda giňişleýin beýan edilýär.

Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň häzirki zaman bazar ykdysadyýetiniň ösüş şertlerini we unitar döwlet hökmünde onuň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen, ýurduň salgyt ulgamynyň gurluşynyň ýörelgeleriniň işlenip düzülmeginiň aýratyn wajyp ähmiýeti bar. Türkmenistanda hereket edýän bazar mehanizminiň özboluşlylygy we içki uly girimli ykdysady meseleleriň çözülmegi, salgyt salmagyň gurluşynyň we onuň düzümleriniň aýratynlyklaryny takyklaýar. Ýöne, salgyt girimleriniň çygryny giňeltmek üçin islendik esaslandyrmalar öňe sürülýän hem bolsa, olar ykdysady kanunlaryň talaplaryny ret edip bilmeýärler.

Her bir ykdysady kanun ykdysady gatnaşyklaryň hereket edişiniň düýpli ýörelgelerini takyklaýar, diýmek ol, umuman, döwletiň we jemgyýetiň häzirki isleglerine ýaramly bolup bilmeýär. Ykdysady kanunlar gymmat döredilende we ulanylanda jemgyýetiň ösüşiniň düýpli ugurlaryny şertlendirýär. Bu bolsa esasy ykdysady kanunlaryň hakyky häsiýetini takyklaýar. Salgyt salmak ulgamy paýlaýyş gatnaşyklarynyň kanuna laýyk gelýändiklerini hasaba almak bilen, jemgyýetçilik gymmatlyklaryny döredýän proseslerine olaryň täsir edişinden ugur alnyp gurulýar. Salgyt salmagyň özenini ykdysady kanunlar ulgamy, ýagny harajatlaryň we çykdajylaryň köpelmegi, bazaryň deňagramlygy, erkin bäsleşik we başgalar düzýär-

ler. Ykdysady kanunlaryň çäginde salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipelerine, býujetiň girdejileri emele gelende salgytlaryň tutýan ornuna we üznüksiz önümçiliginiň hil we mukdar derejesine salgytlaryň täsir edişine seljerme geçirmegiň wajyp ähmiýeti bar. Bu bolsa ilatyň durmuş ýagdaýyna salgytlaryň täsir edişini aýan etmäge we önümçilige, harytlaryň çalşygyna we olaryň şahsy sarp edilşine salgytlaryň we birmeňzeş salgyt kategoriýalarynyň (göni salgytlar, gytaklaýyn salgytlar, ýerli ýygymlar we ş.m.) kadalaşdyryjy täsir edişine baha bermäge mümkinçilik berýär.

Salgyt salmak hakyndaky bilim salgyt ulgamynyň hereket edişiniň guramaçylyk-hukuk ýörelgelerini takyklaýar, aýry-aýry salgyt töleglериň hasaplanylyşynyň usulyýetini düzýär. Ýöne, şol bir pursatda adamzat jemgyýetiniň ösüş derejesi häzirlikçe ýokary maksatlardan daş düşýär. Her bir döwlet hojalygy özüniň umumymilli kanunlaryna laýyklykda alyp barýar, olar bolsa biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar. Ykdysady taýdan ösen döwletler üçin bu ýörelgeler umumy ýörelgelere laýyk gelýär. Bazar ykdysadyýetiniň kanunlaryny doly möçberde ulanmaýan döwletler üçin, salgyt ulgamynyň gurluşynyň umumy ýörelgelerini berjaý etmekde kynçylyklar ýüze çykýar.

**Mysal.** Milli salgyt ulgamy takyk ýörelgelere laýyklykda gurulýar. Ýörelgeleriň käbirleri döwre we çäklere bagly bolmazdan salgyt gatnaşyklarynyň özenini takyklaýarlar. Başga ýörelgeler her bir aýry-aýry döwletlerde we anyk taryhy şertlerde salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynyň we hereket edişiniň şertlerini kesgitleýärler. Şol sebäpli, salgyt salmak ulgamynyň ýörelgeleriniň ähli toplumy iki kiçi ulgama bölünýär. Dünýä tejribesine laýyklykda salgyt salmak üçin ulanylýan ýörelgeleriň kiçi ulgamlarynyň haýsylaryny bilýärsiňiz?

**Çözülişi.** Dünýä tejribesine laýyklykda, salgyt salmak ulgamynyň ýörelgeleriniň ähli toplumy aşakda getiriljek şu kiçi ulgamlara bölünýärler:

**1. Umumymilli ýörelgeler.** Bu ýörelgeler salgyt salmak ulgamyny birkemsiz suratlandyrýar. Eger-de salgyt ulgamy bu ýörelgeleriň esasynda gurulýan bolsa, onda ony kämil ulgam diýip hasaplamak bolýar;

**2. Guramaçylyk-ykdysady (hukuk) ýa-da içki milli ýörelgeler.** Bu ýörlegeleriň esasynda salgyt konsepsiýalary işlenip düzülýär we döwlet gurluşynyň görnüşine, onuň ykdysady binýadynyň mümkinçiliklerine, ösüşiň durmuş şertlerine degişlilikde salgyt mehanizminiň hereket edişine şertler döredilýär.

### 5.2.28. Salgyt salmak ulgamynyň ählumumy (düýpli) we guramaçylyk-ykdysady (hukuk) ýörelgeleriniň seljermesi

Milli salgyt ulgamynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi, ony okuw kitabynyň 5-nji babynyň 1-nji soragynda beýan edilen ýörelgeleriniň talaplarynyň berjaý edilişine has ýakynlaşdyrýar. Şol bir wagtda, her bir milli salgyt salmak ulgamynyň öz aýratynlyklary bar. Salgytlar babatynda geçirilýän ylmy gözlegleriň takyklaýan salgyt salmak ulgamynyň ýörelgelerini ikä bölmek bolýar. Bu ýörelgelere geçiriljek seljermäni nobatdaky mysalda beýan edeliň.

**Mysal.** Häzirki döwürde salgytlar babatynda dünýä ylmynyň ýeten netijelerine laýyklykda, salgyt salmagyň ýörelgelerini ikä bölmek bolýar. **Birinji ýörelge** - salgyt salmagyň ählumumy ýa-da düýpli ýörelgeleri, olar dünýä bileleşigine girýän döwletlerde dürli görnüşde (formada) ulanylýar. **Ikinji ýörelge** -bu döwletleriň jemgyýetçilik-syýasy we durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň anyk şertlerinde salgyt ulgamynyň gurluşynyň hereket ediş (funksional) ýa-da ykdysady guramaçylyk-hukuk ýörelgeleridir. Ýokarda agzalyp geçilen talaplar salgyt salmagyň içki milli ýörelgeleriniň kiçi ulgamyna degişlidirler, bu ýörelgeleriň esasynda döwlet takyk döwre anyk salgyt ulgamy hakyndaky kanuny kabul edýär.

Salgyt salmagyň ýörelgeleriniň bu kiçi ulgamlary haýsydyr bir döwletde ony doly möçberde, ikinji bir döwl-

etde bölekleýin ulanylyp bolýandygyny, başga bir döwletde bolsa salgyt töleýji bilen döwletiň arasyndaky salgyt hukuk gatnaşyklar ulgamynda bu ýörelgeleriň düýbünden ulanyp bolmaýandygyny kesgitleýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna we gaýry salgyt namalaryna laýyklykda, salgyt salmagyň ykdysady guramaçylyk-hukuk ýörelgeleriniň 8-nji şekilde görkezilen kiçi ulgamynyň haýsy şertlerini Türkmenistanyň salgyt ulgamynda ulanyp bolýar, haýsylaryny ulanyp boljak we haýsylaryny ulanyp bolmaýar?

*8-nji şekil*

**Salgyt salmagyň ykdysady guramaçylyk-hukuk ýörelgesiniň ulanylşynyň şertleri**



**Çözülişi.** "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny XV Halk Maslahatynda kabul edilip, 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryndan güýje girizildi we XVI Halk Maslahatynda bu Kanunyň üsti ýetirilip, üýtgeşmeler 2005-nji ýylyň 1-nji noýabryndan güýje girizildi. Geçen wagtyň dowamynda "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna ujypsyz üýtgeşmeler girizildi. Mysal üçin, 119-njy madda ("Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegiň möçberi), 217-nji madda ("Awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygym salynýan binýat we ýygymy hasaplamagyň özeni"), 218-nji madda ("Awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygymyň möçberi), 219-njy madda ("Awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygymy hasaplamak we tölemek") we käbir başga maddalara. Eger-de "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny öz içine 222-nji maddany alýandygyny göz öňünde tutsaň, onda girizilen üýtgeşmeler hakykatdan hem ujypsyz diýip nygtamak bolýar. Bu bolsa Türkmenistanda hereket edýän salgyt kanunçylylygynyň durnukly häsiýete eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär. Şeýle-de, Türkmenistanyň salgyt Kanunçylygy salgyt kanunlarynyň gaýdymlaýyn güýjunuň bardygyny tekrarlaýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 4-nji bölüminde "Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň salgytlary ýatyrýan, salgyt möçberini azaldýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny gowulaşdyrýan, salgyt hukuk bozmalary üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän namalarynyň, eger-de şu namalarda göni göz öňünde tutulan bolsa, gaýdymlaýyn güýji bar" diýlip bellenilýär. Şu aýdylanlar, salgyt töleýjilere aýry-aýry salgytlar boýunça täze salgyt ýeňilliklerini bermek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlarynda we Kararlarynda öz beýanyny tapýar.

Girdejileriň gaýtadan paýlanylmagyna diňe bir salgyt görnüşleriniň (formalarynyň) goşulmagyny we şol bir girdejiden salgytlary diňe bir gezek alynmagyny Türkmenistan-

da häzirki wagtda hereket edýän salgyt kanunçylygy doly möçberde göz öňünde tutmaýar. Mysal üçin, kärhanalaryň peýdasy girdejiniň gaýtadan paýlanylmagynyň çeşmesi bolup durýar. Şol bir wagtda, kärhananyň peýdasy peýdadan alynýan salgydyň, emläk üçin salgydyň we salgyt däl usuly bilen ýygnalýan Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdüriş gaznasyna tölenýän serişdeleriniň we Aşgabat şäherini ösdüriş gaznasyna tölenýän serişdeleriniň töleg çeşmesidir. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy edara görnüşli we şahsy taraplaryň şol bir girdejisinden salgytlaryň iki we ondan hem köp gezek tutup alynmagyny göz öňünde tutýar. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 100-nji maddasynda goşulan baha üçin salgydyň özenine " goşmaça töleg tölenmeli harytlaryň bahasyna goşmaça tölegleriň pul möçberi goşulýar" diýlip beýan edilýär.

Salgyt salmagyň bitaraplylygy we aç-açanlygy edara görnüşli we şahsy taraplara salgyt salmagyň ähliumumylylygyny we deňligini aňladýar. Bu aýdylanlar "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 2-nji bölüminde şeýle beýan edilýär: "Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň ähliumumylygyny we deňligini ykrar etmäge esaslanýar". Galyberse-de, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalary we kadalary salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň her birine elýeterlidir. Salgytlar hakyndaky kanuny namalar we olara girizilýän üýtgeşmeler metbugatda we neşirýatda giňişleýin çap edilýär.

Salgyt salmagyň ykdysady guramaçylyk-hukuk ýörelgesiniň ýene-de bir şerti-bu salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ähli gatnaşyjylar üçin salgyt ýüküniň deňagramlygyny üpjün etmek we salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň arasynda deň derejelilige ýetmäge ymtylmakdyr. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ähli gatnaşyjylaryň arasynda

salgyt ýükiniň deňagramlygyny belli derejede üpjün edýär. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 171-nji maddasynyň 6-njy bölüminde hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin salgyt özeni umumy girdejiniň jeminden aýyrmalaryň möçberine azaldylman hasaplanýar, galan edara görnüşli taraplar üçin şol maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt özeni salgyt döwründe alnan we göz öňünde tutulan ýeňillikleriň möçberine azaldylan salgyt salynmaga degişli peýda bolup durýar. Galyberse-de, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgydyň bir möçberini (15%), emläk üçin salgydyň bir möçberini (1%) we şahsy adamlardan alynýan salgydyň bir möçberini (10%) almaklygy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy kesgitleýär. Şeýle-de, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň (fiskal, kadalaşdyryş) arasynda deň derejelilige ýetmäge şertleri göz öňünde tutýar. Ýygnalýan salgytlaryň hasabyna döwletiň durmuş-ykdysady meýilnamalarynda bellenilen çykdajylaryň we harajatlaryň üsti ýapylýar we şol bir pursatda, aýry-aýry pudaklar, çäkler üçin amal edilýän işleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça salgyt töleýjileriň belli bir toparlaryna degişlilikde salgytlar babatynda höweslendiriş gurallary ulanylýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň diskretligini (salgytlaryň böleklere bölüp tölenmegini) üpjün edýär. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemegiň möhletlerini üýtgetmek "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 54-57-nji maddalarynda göz öňünde tutulýar. Salgyt önümçiliginiň netijeliligini öňünden hasaplap çykarmak, göz öňünde tutmak we salgytlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň (salgyt tehnikasy) çeýeligi, salgyt salmagyň ykdysady-guramaçylyk ýörelgesiniň naýbaşy şertleriniň biridir. Bu toplumlaýyn işleri Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň degişli müdirlikleri

we bölümleri we olaryň ýerlerdäki edaralary giňişleýin möçberde amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplaryň ykdysady bähbitlerini üpjün edýär. Şol babatda salgyt töleýjilere salgyt ýeňillikleri, tölenmeli salgytlaryň pes pul möçberleri kesgitlenilýär. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 105-nji maddasynda goşulan baha üçin salgyt boýunça 0 (nol) möçberde ulanylýan salgyt salynýan amallar, 106-njy maddasynda goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar boýunça ýeňillikler, 170-nji maddasynda peýdadan alynýan salgyt boýunça ýeňillikler bellenilýär. Salgyt gullugy edaralarynyň işinde jeza çäreleriniň geçirilmegini aradan aýyrmaklyk salgyt kanunçylygynyň kämilleşdirilmegini aňladýar. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleri "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 88-94-nji maddalarynda kesgitlenilýär. Ýöne, gaýry döwletleriň salgyt kanunçylyklary bilen deňeşdireniňde, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan maliýe jeza çäreleri ujypsyz we edara görnüşli we şahsy taraplaryň maliýe-hojalyk işine öz uly täsirini ýetirmeýär. Bu bolsa salgyt salmagyň ykdysady guramaçylyk-hukuk ýörelgesiniň şu şertiniň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda belli derejede berjaý edilýändigine şaýatlyk edýär. Galyberse-de, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösmegi bilen, salgyt salmagyň köp ugurly görnüşine geçmäge, ýagny şol bir girdejä salgydyň diňe bir görnüşine salgyt salmak şertleriniň we mümkinçilikleriniň ýüze çykmagyna doly umyt bar.

Mysalda görkezilen ykdysady guramaçylyk-ýörelgäniň esasynda gurlan we hereket edýän salgyt ulgamy ykdysadyýetiň kuwwatly guraly hökmünde ulanylyp bilner. Bu aýdylanlary durmuşa gönükdirilen ykdysadyýeti bolan ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsiniň tejribesi tassyklaýar. Şol döwletleriň salgyt ulgamlary köp ugurlary

gurşap alýar we olaryň şu aşakdaky maksatly gönükdirmesi bar:

- täze iş ýerlerini döretmek üçin kärhanalaryň we şahsy taraplaryň süýşirintgilerini inwestirlemäge şert döretmek;
- ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri, täze tehnologiýalary we düýpli ylmy höweslendirmek ýoly bilen öndürilýän önümleriň bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmek;
- proteksionizm (milli kärhanalaryň ykdysady bähbitlerini goramak) syýasatyny geçirmek, pul serişdeleriniň pudakdan-pudaga, çäkden-çäge geçirilmegine ýardam bolmak;
- pul serişdeleriniň we süýşirintgileriň toplanylmagyny höweslendirmek, şahsy sarp etmek üçin pul serişdeleriniň harçlanýan möçberini çäklendirmek;
- ilatyň ähli gatlaklarynyň durmuş isleglerini üpjün etmek.

**Mysal.** Salgyt salmagyň dünýä tejribesinde salgyt salmagyň dürli guramaçylyk-hukuk ýörelgeleri ulanylýar. Salgyt salmagyň guramaçylyk-hukuk ýörelgeleriniň bir nusgasy 9-njy şekilde görkezilýär. 9-njy şekilde getirilen salgyt salmagyň guramaçylyk-hukuk ýörelgeleriniň şertlerini Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň gurluşyna girizmek mümkinmi?

**Çözülişi.** Türkmenistanyň salgyt ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynyň esaslaryny we şertlerini salgytlaryň bitewlik ýörelgesi düzýär. Ykdysadyýetiň häzirki zaman ösüş şertlerine we Türkmenistanyň unitar döwlet gurluşyna laýyklykda, salgyt ulgamynyň gurluşynda merkezleşdirmezlik ýörelgäni ulanmak mümkin däl. Diýmek, Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň gurluşynyň diňe özüne mahsus bolan nusgasy bar. Şol sebäpli, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy ýokary çäkli salgytlary göz öňünde tutmaýar, bu bolsa häkimiýetiň dürli derejesinde hukuklaryň we borçlaryň paýlanylmagynyň

*9-njy şekil*

**Dünýä tejribesine laýyklykda salgyt gatnaşyklarynyň hereket edýän ulgamynyň gurluşynyň düýpli esaslary**




hökmany däldigini takyklaýar. Salgyt kanunçylygynda konfiskasion usullaryň ulanylmagy hem göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 58-59-njy maddalary salgydy tölemek boýun-

ça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça çäreleri kesgitleýär. Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň gurluşynyň nusgasy salgytlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibini takyklaýar. Ýerlerde salgyt hukuk gatnaşyklary çäklendirilen, ýerli býujetler boýunça salgytlar merkezi häkimiýet tarapyndan kesgitlenilýän şertleriň esasynda paýlanylýar.

### 5.3.29. Milli salgyt ulgamyň durnuklylygyny we kämilligini häsiýetlendirýän alamatlar

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň bitewlilik ýörelgesini tassyklady. Bu kanun salgyt prosesini hukuk taýdan üpjün edýän ulgamda möhüm orun tutýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda salgyt ulgamynyň hereket edişiniň umumy mehanizmi, onuň ýörelgeleri we düzümi kesgitlenilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we ol "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 2-nji maddasynyň 1-nji bölüminde "Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan namalar şu bitewi kanunyň esasynda kabul edilýär we onuň düzgünlerine çapraz gelip bilmez" diýlip bellenilýär.

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny kabul edilmänkä, Türkmenistanda salgyt salmagyň gurluşynyň ýörelgeleri salgyt tejribesinde doly derejede ulanylmaýardy, käbir halatda bolsa salgyt kanunçylygynyň düzgünleri gödek bozulýardy. Salgydy bir gezek almak, salgyt möçberleriniň (stawkalarynyň) çeýelik, salgytlaryň ýygnalyşynyň deňdartgynlylyk ýörelgeleri berjaý edilmeýärdi. Aýry-aýry salgyt töleýjileri üçin salgyt ýeňilliklerini bermek we jeza çärelerini ulanmak ulgamyny kesgitlemekde saýlama çemeleşmelere ýol berilýärdi. Indi bolsa, anyk mysalda Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň durnuklylygyny we kämilligini tassyklaýan alamatlary takyklalyň.

**Mysal.** Salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň (göni salgytlaryň köplük, gytaklaýyn salgytlaryň azlyk etmegi we tersine) agdyklyk etmegine baglylykda milli salgyt ulgamynyň aýratynlyklary takyklanýar. Ulmy we tejribe taýdan esaslandyrylmagy we jemgyýetçilik durmuşyna salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň girizilmegi, olaryň ýygnalşynyň we dürli derejedäki býujetleriň girdejiler bölegine geçirilişiniň şertleriniň takyklanylmagy, salgyt kanunçylygynyň düzgünleri bozulanda salgyt jogapkärçiliginiň girizilmegi-bularyň ählisi salgyt ulgamynyň kämilligini aňladýar. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda salgytlaryň haýsy görnüşleri: göni salgytlarmy ýa-da gytaklaýyn salgytlar agdyklyk edýär? Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň durnuklylygyny we kämilligini haýsy alamatlar häsiýetlendirýär?

**Çözülişi.** Türkmenistanyň salgyt ulgamyna 6 sany döwlet salgytlary we 5 sany ýerli ýygymlar goşulýar. Alty sany döwlet salgytlaryndan ikisi gytaklaýyn salgytlar (goşulan baha üçin salgyt we goşmaça töleg) we dördüsi göni salgytlar (ýerasty baylyklardan peýdalanmak üçin salgyt, emläk üçin salgyt, peýdadan alynýan salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy), ýerli ýygymlaryň ählisi göni salgytlara degişli edilýär. Türkmenistanyň döwlet býujetiniň girdejiler böleginde göni we gytaklaýyn salgytlar deň derejedäki agram tutýarlar.

Tükmenistanyň salgyt ulgamynyň durnuklylygyny we kämilligini şu alamatlar häsiýetlendirýär:

**birinjiden**, salgyt ulgamynda salgytlaryň uzak wagtyň dowamynda hereket etmegi. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda kabul edilen 6 sany döwlet salgytlary we 5 sany ýerli ýygymlar häzirki wagta çenli hereket edýärler;

**ikinjiden**, salgytlaryň ýygnalyşynyň şertleriniň üýtgewsizligi. Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan salgytlaryň we ýygymlaryň aýry-aýry görnüşleriniň

hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibine 2004-nji ýylyň 1-nji noýabrdan soň käbir üýtgeşmeler girizilen hem bolsa, salgytlaryň ýygnalyşynyň aglaba şertleri üýtgewsiz galýar;

**üçünjiden**, özüniň girdejiler binýady hökmünde býujet ulgamynyň düzüm böleklerinde aýry-aýry salgytlaryň we ýygymlaryň berkidilmegi. Mysal üçin, 6 sany döwlet salgytlary Türkmenistanyň Merkezi býujetinde, 5 sany ýygym bolsa ýerli býujetleriniň ygtyýarlygynda berkidilen.

Indi bolsa, halkara salgyt tejribesine ýene-de bir gezek salgylanaly. Daşary döwletleriň salgyt ulgamlarynyň köpüsinde merkezi we çäk häkimiýetleriň ygtyýarlyklary kanun taýdan takyklanýar we olaryň salgyt arabaglaşyklarynyň ulgamy kesgitlenilýär. Aýdanlarymyzy mysal arkaly beýan edeliň.

**Mysal.** ABŞ-da federal salgytlary özbaşdak aýrybaşga ulgamy düzýär, ştatlaryň we munisipalitetleriň hem salgyt ulgamlary özbaşdakdyr, ýöne, şol bir pursatda, salgytlaryň kadalaşdyryş mehanizmi hem hereket edýär. Ýaponiýanyň salgyt ulgamy has merkezleşdirilen diýlip hasap edilýär. ABŞ-da salgytlaryň kadalaşdyrylyşy nähili görnüşde amala aşyrylýar? Ýaponiýanyň salgyt kadalaşdyryş mehanizminiň nähili görnüşi bar? Unitar döwlet hökmünde gurulan Türkmenistan döwletinde salgytlaryň kadalaşdyrmasy nähili görnüşde amal edilýär?

**Çözülişi.** ABŞ-da hereket edýän salgytlar aýrybaşgalanan ulgamy düzýärler, ştatlaryň we munisipalitetleriň salgyt ulgamlary hem özbaşdakdyr. Şol bir wagtda salgytlaryň kadalaşdyrma mehanizmi hem hereket edýär. Bu ýagdaýda federal salgytlaryň bir bölegi ştatlaryň býujetleriniň hasabyna ýazylýar, eger-de bu ştatlaryň býujetleri goşmaça girdejilerde mätäçlik çekýän bolsalar. Ýerli býujetleriň girdejileri hem kadalaşdyrylýar. Ýaponiýanyň salgyt ulgamy has merkezleşdirilen ulgam diýlip hasaplanýar, ýöne hut bu döwletde-de merkezi salgytlaryň hasabyna ösüşiň umumy-

milli meýilnamalarynyň çäginde öňünden işlenilip düzülen düzgünnamalaryň esasynda edara ediş (adminstratiw) birlikleri maliýeleşdirilýär. Köp ýyllaryň dowamynda durnukly salgyt ulgamy bolan döwletleriň köpüsinde çäkara salgyt gatnaşyklary döwletiň gurluşyna baglylykda hereket edýärler. Mysal üçin, unitar döwletlerde salgyt ulgamlary merkezleşdirilen, federal döwletlerde salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri häkimiýetiň her bir düzüm böleklerine berkidilen, konfederasiýalarda döwletiň gurluş birlikleriniň özbaşdak salgyt ulgamy bar.

Türkmenistanyň salgyt ulgamy merkezleşdirilen. Merkezi tarapdan kesgitlenilen döwlet salgytlary Türkmenistanyň Merkezi býujetiniň girdejileriniň hasabyna ýazylýar, etraplaryň we şäherleriň çäklerinde ýygnalýan ýerli ýygymlar ýerli býujetleriň girdejiler bölegini düzýärler. Ýöne, şol bir wagtda, döwlet tarapyndan salgytlaryň kadalaşdyrmasy geçirilýär. Mysal üçin, "Türkmenistanyň 2010-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasynda goşulan baha üçin salgytdan Aşgabat şäheri boýunça 12%-ini, Ahal welaýaty boýunça 95%-ini, Daşoguz welaýaty boýunça 95%-ini, Balkan welaýaty boýunça 30%-ini we Mary welaýaty boýunça 95%-ini çäk býujetlere bölüp bermekligi göz öňünde tutulýar. Şol Kanunyň 4-nji maddasyna laýyklykda, döwlet tarapyndan geçirilýän salgyt kadalaşdyrmasyna peýdadan alynýan salgyt we ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt hem degişlidirler. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy ýerli ýygymlaryň kadalaşdyrmasyny göz öňünde tutmaýar.

Türkmenistanyň gurluşyndan ugur alynsa, onda salgyt unitarlygy häkimiýetiň we dolandyrylyşyň derejeleriniň arasynda býujet-salgyt ygtyýarlyklarynyň çäklendiriş hukuk ulgamynyň döredilmegini göz öňünde tutmaýar. Salgyt unitarlygy ol eýýäm ilkibaşda gurnalanda ýa-da soňraky kämilleşdirilende takyklaýjy gural hökmünde salgyt ulgamynynyň bitewlilik ýörelgesiniň saklanyp ga-

lynmagyny şertlendirýär. Salgyt salmagyň bitewlilik ýörelgesi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň başlangyç nokady hökmünde yglan edildi. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynda ulanylýan milli çemeleşmeleri daşary döwletlerde giňden ornaşdyrylan talaplar bilen bir nusga getirilen salgyt salmagyň strategiýasyny takyklady. Ýokarda aýdanlarymyzyň çözgüdini anyk mysal arkaly beýan edeliň.

**Mysal.** Halkara salgyt tejribesine laýyklykda, salgyt salmagyň milli ulgamy belli bir nusga getirilen bolsa-da, jemgyýetiň ösüşiniň ykdysady we syýasy özboluşlyklary onuň mazmunynda öz beýanyny tapýar. Milli salgyt ulgamynyň özboluşlylygy salgyt mehanizmini şertlendirýär. Salgyt mehanizmi gurlanda üç sany esasy mesele çözülýär:

1. Salgytlary kimden almaly? Salgytlary has ýokary derejede edara görnüşli taraplardanmy ýa-da şahsy taraplardan almaly? Salgytlary edara görnüşli we şahsy taraplardan deň möçberde almalymy?

2. Salgyt salmagyň esaslary, başgaça salgyt borçnamalarynyň emele gelmeginiň özeni bolup durýan önümçiligiň we şahsy girdejileriň binýat görkezijileri nähili bolmaly?

3. Binýat görkezijilerinden näçe almaly (salgydyň möçberi).

Bu soraglar dürli döwletlerde dürli usullar bilen çözülýär. Ýöne bu ýagdaý salgyt salmagyň adaty kadalaryna laýyklykda onuň düýpli esaslaryna çapraz gelmeýär. Her bir döwletde salgyt ulgamy gurnalanda, şu çemeleşmeler ulanylýar:

1. Önümçiligiň netijelerine salgyt salmak;

2. Renta esasynda emele gelýän girdejilere salgyt salmak;

3. Söwda dolanşygyna salgyt salmak;

4. Kapitala, gozgalmaýan emläge salgyt salmak;

5. Sarp edilýän önümlere salgyt salmak.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalary we kadalary ýokarda agzalyp geçilen, çemeleşmeleriň haýsylaryndan ugur alýar?

**Çözülişi.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, önümçiligiň netijelerine, ýagny kärhanalaryň maliýe netijelerine peýdadan alynýan salgyt salynýar. Renta esasynda emele gelýän salgytlara Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt degişlidir. Söwda dolanyşygyna salgyt salmak Türkmenistanyň salgyt ulgamynda ulanylmaýar. Halkara salgyt tejribesinde söwda dolanyşygyna salgyt salmak ABŞ-da giňden ornaşdyrylan. Onuň möçberi salgyt binýadynyň (haryt dolanşygyndan) 5%-ini düzýär. Edara görnüşli we şahsy taraplaryň kapitalyna salgyt salmagy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy ret edýär. Gozgalmaýan emläge salgyt salmak "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 138-146-njy maddalaryna laýyklykda edara görnüşli taraplara degişlilikde ulanylýar. Şahsy taraplaryň gozgalmaýan emlägine salgyt salmagy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy göz öňünde tutmaýar. Türkmenistanda sarp edilýän önümlere salgyt salynmaýar. Ýöne halkara salgyt tejribesinde sarp edilýän harytlara salgyt salmak tejribesi giňden ulanylýar. Onuň ady fiskal monopoliýa salgytlarydyr. Fiskal monopoliýa salgytlary-bu döwlet eýeçiligindäki önümçilik we söwda kärhanalarynyň öndürýän we ýerleşdirýän, ilatyň köpçülikleýin isleglerini kanagatlandyrýan harytlara salynýan ikinji derejeli gytaklaýyn salgytlardyr. Harytlaryň takyk görnüşleriniň öndürlişini we ýerleşdirilişini öz üstüne alyp (monopolizasiýalaşdyryp), döwlet öz içine fiskal monopoliýa salgydy goşýan harytlary has ýokary bahadan satýar. Salgydyň bu görnüşi regaliýadan, başga söz bilen aýdanyňda, döwletiň haýsy bolsa-da bir işe aýratyn, adatdan daşary hukugynyň bolmagyndan gelip çykýar. Bu salgydyň

esasy maksady-býujete goşmaça serişdeleri ýygnamak bolup, üstüsine-de önümçilik serişdeleriniň eýesi hökmünde döwlet telekeçilik işinden alynýan girdejiden has ýokarlandyrylan salgydy ýygnaýar. Fransiýada fiskal monopoliýa salgydy temmäkä, spirte, piwä, otlyçöpe, Italiýada-temmäkä, duza, otlyçöpe, Ýaponiýada-duza, temmäkä, spirte salynýar.

### 5.4.30. Salgyt ulgamy gurnalanda salgytlaryň görnüşleriniň, olary dolandyrmagyň usullarynyň saýlanyp seçilmeginiň möhümliligi

Salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň agdyklyk etmegine baglylykda milli salgyt ulgamynyň aýratynlyklary takyklanýar. Ylmy taýdan esaslandyrylmagy we jemgyýetçilik durmuşyna salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň ornaşdyrylmagy, olaryň ýygnalyşynyň, dürli derejedäki býujetleriň hasabynda hasaba alnylyşynyň, salgyt kanunçylygynyň kadalary bozulanda salgyt jogapkärçiliginiň çäreler toplumynyň kesgitlenilişiniň şertleriniň takyklanylmagy-bularyň ählisi milli salgyt ulgamlarynyň kämilligini häsiýetlendirýär. Diýmek, maliýe, býujet we salgyt babatynda kanunlar işlenip düzülende, düýpli (ykdysady) ýörelgeler bilen bilelikde, salgyt ulgamynyň gurluşynyň guramaçylyk-hukuk ýörelgeleriniň saýlanyp-seçilmeginiň hem wajyp ähmiýeti bar. Mälim bolşy ýaly, milli salgyt ulgamy jemgyýetiň jemgyýetçilik-syýasy gurluşyna, döwletiň görnüşine, onuň çözýän meselelerine, kabul edilen maksatlaryna we döwletiň geçirýän ykdysady syýasatyna laýyklykda gurulýar. Milli salgyt ulgamy gurnalanda, salgytlaryň görnüşleriniň, olary dolandyrmakda ulanylýan usullaryň, başgaça aýdanyňda anyk salgyt mehanizminiň saýlanyp seçilmegi örän möhümdir. Hut salgyt görnüşleriniň saýlanyp-seçilmeginden, "salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalarynyň içki mümkinçilikleriniň amala aşyrylmagy başlanýar.

Salgytlaryň hereket edişiniň nazaryýet taýdan zerurlygy, olaryň salgyt tejribesinde ulanyp bolaýjak ähli görnüşlerinde ýaýbaňlanýar. Tejribede bu arabaglanyşyk salgytlaryň içki mümkinçiliklerini beýan edýän salgyt görnüşlerini (formalaryny) ulanmak üçin ähli zerur bolan şertler bolan ýagdaýynda berjaý edilip bilinýär. Kämil salgyt salmak ulgamynda üznüksiz önümçiligine gatnaşýan gatnaşyjylarda pul toplamalary toplamaga päsgel berýän salgyt görnüşleriniň biri hem bolmaly däldir. Başga ýagdaýda, salgytlar diňe "salgyt" diýlip atlandyrylar, hakykatda bolsa olar hojalyk dolanyşygyndan maliýe serişdeleriniň mejbur edilip alynmagynyň görnüşine öwrülýär.

Salgyt ulgamy pes netije berýän salgyt görnüşlerini, başgaça aýdanyňda, salgyt girimleriniň ululygyndan olary ýygnamak üçin ep-esli geçýän harajatlary talap edýän salgytlary we ýygymlary öz içine almaly däldir. Şonuň ýaly salgytlar salgytlaryň alynylyşyny bulaşdyrýar we çylşyrymlaşdyrýar, salgyt gullugy edaralarynyň hünärmenleriniň ünsüni bölüp, salgytlaryň hasabyny alyp barýan elektron ulgamynda bökdençlikleri döredip, salgyt gözegçiliginiň işini kynlaşdyrýar.

Hojalyk ulgamynyň ösüş derejesi salgyt salmagyň çeşmeleriniň we salgytlaryň möçberiniň saýlanyp seçilmegine bagly bolup durýar. Bu bolsa kämil salgyt ulgamyny döretmekde hemişe esasy meseleleriň biri bolup durýar. Her bir salgyt üçin kesgitlenilýän salgyt rejimine (tertibine) salgyt salmak ulgamy berk talap bildirýär: egerde ykdysady kategoriýa hökmünde hereket edýän salgytlara höweslendiriji alamat mahsus bolmasa. salgytlaryň hiç bir görnüşini salgyt tejribesine ornaşdyrmaly däl. Hereket edýän salgytlaryň ykdysady binýada gabat gelmegi, salgyt salmak ulgamynyň we ykdysadyýetiň umumy ýagdaýynyň arasynda ýüze çykýan sebäplik-netijelilik baglanyşygy bilen takyklanýar. Salgyt salmak ulgamy indikatiwdyr, sebäbi onuň kemçilikleri hökmany ýagdaýda ykdysady

binýadynyň ýaramazlaşmagyna getirýär we tersine, hojalygyň alnyp barylşynyň binýat esaslarynyň berkemegi salgyt salmak ulgamyndaky bökdençlikleri ýüze çykarýar, onuň kämilleşdirilmegini talap edýär. Şol sebäpli, salgyt ulgamyna goşulýan salgytlaryň düzüminiň kämil bolmagynyň uly ähmiýeti bar.

### 5.5.31. Salgytlaryň, paçlaryň we ýygymlaryň arasyndaky ykdysady çäklendirmeleriň kriteriýalary (hakyky ölçegleri)

Salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri, başgaça aýdanyňda salgyt ulgamynyň düzümi we gurluşy kanun arkaly tassyklanylanda, "salgyt", "paç", "ýygym", "bahalar" diýlip atlandyrylýan düşünjelere bir manyly baha berilmeginiň wajyp ähmiýeti bar. Bu düşünjeleri diňe nazaryýet taýdan tapawutlandyrmak ýeterlikli däl. Olaryň arasyndaky tapawut tejribede ýüze çykýar we salgyt rejiminiň hereket edişiniň netijeliligine, salgyt ýükiniň keseligine we dikligine paýlanylyşyna öz uly täsirini ýetirýär. Galyberse-de, salgyt görnüşleriniň düzümi salgyt hukuk gatnaşyklarynyň gurluşynyň şertlerini takyklaýar we ol milli salgyt ulgamynyň ykdysady taýdan has ösen döwletleriň salgyt ulgamlaryna laýyk gelýändigine şaýatlyk edýär. Şeýle-de bu tapawutlandyrmalar bitewi salgyt ulgamynyň çäginde hukuk doktrinalary (taglymatlary) durmuşa ornaşdyrmak üçin hem möhümdir. Bu düşünjeleri tapawutlandyrmak zerurdyr, sebäbi olara degişlilikde dürli-dürli hukuk rejimleri ulanylýar.

**Mysal**. Salgyt mehanizminde hereket edýän salgytlar jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak üçin salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt töleýjilerden alynýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir. Salgyt salmagyň halkara tejribesine laýyklykda, salgytlaryň öz kriteriýalary (hakyky ölçegleri) bar. Olar şu aşakdakylar:

- deň derejesiz, muzdsuz esasda alynmagy;

- döwlet býujetiniň çykdajylaryna degişlilikde özbaşdaklygy;

- döwletiň kanunlary, permanlary we kararlary esasynda tassyklanylýar;

- önümçilige degişlilikde ykdysady höweslendiriş guraly bolup durýarlar;

- edara görnüşli we şahsy taraplaryň giň toplumynyň gurşalyp alynmagyny üpjün edýärler;

- aýry çäklere berkidilmeginden doly mahrum bolýarlar;

- anyk çykdajylara degişli bolmazdan ulanylýarlar;

- yzyna gaýtaryp bermesiz häsiýeti bar, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda tölenýär, döwletiň doly eýeçiligine geçýär.

Türkmenistanyň salgyt we gaýry kanunçylygynda halkara salgyt tejribesine mahsus bolan salgyt salmagyň ýokarda agzalyp geçilýän kriteriýalary ulanylýarmy?

**Çözülişi.** Deň derejesiz, muzdsuz esasda salgytlaryň alynmagy, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 7-nji maddasynyň 1-nji bölüminde salgytlaryň kesgitlemesinde beýan edilýär. Salgytlar döwlet býujetiniň çykdajylaryna özbaşdakdyr we anyk çykdajylara bagly bolmazdan ulanylýar. Her ýylda kanun hökmünde indiki ýyla kabul edilýän Türkmenistanyň Döwlet býujeti hakyndaky Kanun aýdylanlara şaýatlyk edýär. Salgytlar Türkmenistanyň kanunlary, permanlary we kararlary esasynda tassyklanylýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny Türkmenistanyň XV Halk Maslahatynda kabul edildi we XVI Halk Maslahatynda oňa üýtgetmeler girizildi. Salgyt kanunçylygyna girizilýän aýry-aýry üýtgetmeler Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlarynyň we Kararlarynyň esasynda girizilýär we Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanylýar. Salgytlar önümçilige degişlilikde höweslendiriş gural bolup durýar. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň

bitewi Kanunynyň 106-njy maddasyna laýyklykda, oba hojalyk kärhanalary tarapyndan özleriniň öndürýän oba hojalyk önümlerini (pagtadan we ýag önümlerinden başga), gaýtadan işlenip alnan önümlerini ýerleşdirmek boýunça salgyt salynýan amallar geçirilende, goşulan baha üçin salgyt tölenmeýär. Oba hojalyk kärhanalary peýdadan alynýan salgytdan boşadylmagyny "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 170-nji maddasynyň 1-nji bölümi göz öňünde tutýar. Salgytlar boýunça salgyt ýeňillikleriniň berilmegi we salgytlaryň pes möçberleriniň (stawkalarynyň) ulanylmagy, salgytlaryň önümçilige degişlilikde ykdysady gural hökmünde hereket edýändigini takyklaýar. Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan 6 (alty) sany döwlet salgytlary Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýärler we şol sebäpli olar döwletimiziň çäklerine berkedilmeýärler. Salgytlar öz ykdysady mazmuny boýunça yzyna gaýtaryp bermesiz häsiýete eýe bolýarlar, olar hereket edýän kanunçylyga laýyklykda hasaplanýar we tölenýär hem-de döwletiň doly eýeçiligine geçýär. Salgytlar edara görnüşli we şahsy taraplaryň giň toplumyny gurşap alýarlar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 182-nji we 183-nji maddalary ýokarda aýdylanlary tassyklaýar. Şu kanunyň 183-nji maddasynda bellenilýär:

Salgyt töleýji tarapyndan alnan şu aşakdaky girdejiler salgyt salynmaga degişlidirler:

1) Türkmenistana dahylly şahsy adamlar üçin-Türkmenistanyň çäklerindäki we onuň daşyndaky çeşmelerden;

2) Türkmenistana dahylsyz şahsy adamlar üçin - Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden.

Diýmek, Türkmenistanda ulanylýan salgyt salmagyň kriteriýalary halkara salgyt tejribesinde ulanylýan salgyt salmagyň kriteriýalaryna köp ýagdaýlarda gabat gelýär.

**Paç-arz edijiniň bähbitlerini aramak maksady bilen we gaýry hukuk mejbur ediji guramalar tarapyndan amal edilýän hereketler üçin degişli möçberde ýygnalýan hökmany tölegdir.** Pajyň kriteriýalary 10-njy şekilde beýan edilen.

*10-njy şekil*

**Pajy häsiýetlendirýän kriteriýalar**




**Ýygym-bu ýerli dolandyryş guramalary tarapyndan salgyt kanunçylygynyň çäginde kesgitlenilýän we degişli çäkleri (etrap, şäher) ösdürmek meýilnamalaryny maliýeleşdirmek üçin ýerli býujetlere tölenýän tölegler dir.** Ýygymyň ykdysady kriteriýalary 11-nji şekilde şekillendirilýär.

*11-nji şekil*

**Ýygymlaryň ykdysady kriteriýalary**




Funksional (hereket ediş) alamatlary boýunça ýygymlar salgytlara degişli edilýär. Paçlar funksional alamatlary boýunça salgytlara degişli edilmeýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 2-nji maddasynyň 3-nji bölüminde şeýle aýdylýar: "...bu bitewi Kanun gümrük tölegleri almakda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmeýär". Şol bir wagtda, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 7-nji maddasynyň 3-nji bölüminde "Paçlar we ýygymlar salgytlaryň aýratyn görnüşi hökmünde ykrar edilýär we olarda salgydyň käbir alamatlary bolman biler" diýlip nygtalýar.

Her bir salgyt boýunça salgytlaryň elementleriniň çäginde salgyt kanunlarynda we ölçeg resminamalarynda (gözükdirmelerde) birmeňzeş atly maddalar kabul edilýär. Paçlar we ýygymlar üçin bu sanaw çäklendirilen. Paçlar

we ýygymlar babatynda kanunlarda adaty olaryň möçberi (stawkasy), käbir halatda bolsa ýygymyň töleýjileri we salgyt salynýan binýat tassyklanýar.

### "Salgyt salmak ulgamynyň gurluşyny we düzümini kesgitleýän ýörelgeler" atly tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Her bir döwletiň milli salgyt salmak ulgamynyň hereket edişiniň esaslaryny nähili takyklamaly?

2. Salgyt ulgamynyň kesgitlemesi öz doly manysynda "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň haýsy maddasynda berilýär?

3. Dünýä tejribesine laýyklykda salgyt salmak üçin ulanylýan ýörelgeleriň kiçi ulgamlarynyň haysylaryny bilýärsiňiz?

4. Halkara salgyt tejribesinde salgyt salmagyň ykdysady guramaçylyk-hukuk ýörelgesiniň ulanylyşynyň şertlerini sanap beriň.

5. Girdejileriň gaýtadan paýlanylmagyna diňe bir salgyt görnüşleriniň goşulmagyny we şol bir girdejiden salgytlary diňe bir gezek alynmagyny Türkmenistanda häzirki wagtda hereket edýän salgyt kanunçylygy doly möçberde göž öňünde tutýarmy?

6. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynyň esaslaryny we şertlerini haýsy ýörelge düzýär?

7. Ykdysadyýetiň häzirki zaman ösüş şertlerine we Türkmenistanyň unitar döwlet gurluşyna laýyklykda, salgyt ulgamynyň gurluşynda merkezleşdirmezlik ýörelgäni ulanyp bolyarmy?

8. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy ýokary çäkli salgytlary göz öňünde tutýarmy? Salgytlar babatynda häkimiýetiň dürli derejesinde hukuklaryň we borçlaryň paýlanylmagy hökmanymy?

9. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda konfiskasion usullaryň ulanylmagy göz öňünde tutulýarmy?

10. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy haýsy esasy Kanuna esaslanýar we haýsy Kanundan we namalardan ybarat?

11. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda göni salgytlar agdyklyk edýärmi ýa-da gytaklaýyn salgytlar?

12. Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň durnuklylygyny we kämilligini haýsy alamatlar häsiýetlendirýär?

13. ABŞ-da salgytlaryň kadalaşdyrylyşy nähili görnüşde amala aşyrylýar?

14. Ýaponiýanyň salgyt kadalşdyryş mehanizminiň nähili görnüşi bar?

15. Unitar döwlet hökmünde gurlan Türkmenistanda salgytlaryň kadalaşdyrmasy nähili görnüşde amala aşyrylýar?

16. Salgyt unitarlygy häkimiýetiň we dolandyryş ulgamynyň derejeleriniň arasynda býujet-salgyt ygtyýarlyklarynyň çäklendiriş hukuk binýadyny göz öňünde tutýarmy?

17. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda önümçiligiň netijeliligine salgyt salynýarmy?

18. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda renta esasynda emele gelýän salgytlar barmy?

19. Söwda dolanyşygyna salgyt salmagy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy göz öňünde tutýarmy?

20. Edara görnüşli we şahsy taraplaryň gozgalmaýan emlägine Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynýarmy?

21. Türkmenistanda sarp edilýän önümlere salgyt salynýarmy?

22. Fiskal monopoliýa salgytlary näme?

23. Fiskal monopoliýa salgytlary nämeden gelip çykýar we bu salgydyň esasy maksady näme?

24. Milli salgyt ulgamynyň kämilligini haýsy alamatlar häsiýetlendirýär?

25. Salgyt salmak ulgamynyň indikatiw häsiýeti nämäni aňladýar?

26. Halkara salgyt tejribesine laýyklykda salgytlaryň kriteriýalaryny sanap geçiň?

27. Paç näme, ýygym näme?

28. Pajyň kriteriýalaryny sanap geçiň.

29. Ýygymyň kriteriýalaryny sanap geçiň.

30. Funksional (hereket ediş) alamatlary boýunça ýygymlar salgytlara degişlimi?

31. Funksional alamatlary boýunça paç salgytlara degişlimi?

## VI BAP. SALGYDYŇ ALAMATLARY WE SALGYT SALNANDA ULANYLÝAN ESASY DÜŞÜNJELER WE ADALGALAR

### 6.1.32. Salgyt töleýjiler, ygtyýarly edaralar, salgyt ýumuşçysy, kanuny wekil, salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili

Salgyt salnanda ulanylýan esasy düşünjeler we adalgalar salgytlaryň esasy düzüm bölekleriniň kesgitlenilmegine esaslanýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 7-nji maddasynda şeýle aýdylýar: "Salgyt aşakdaky alamatlaryň bolmagy bilen kesgitlenilýär:

- salgyt töleýjileriň topary;
- salgyt salynýan binýat;
- salgyt özeni;
- salgyt möçberi (möçberleri);
- salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri we tertibi"

Salgytlaryň düzüm böleklerine ýokardaky aýdylanlardan başga-da, salgyt döwri hem-de salgyt ýeňillikleri degişlidirler.

**Salgyt töleýji. Salgyt töleýji-bu salgyt töleýjiniň özi we salgyt töleýjiniň üsti bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gaýry taraplar, şeýle-de ygtyýarly edaralardyr.** "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 12-nji maddasynyň 1-nji bölüminde salgyt töleýjiler şeýle kesgitlenilýär: "...göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykanda kesgitli salgyt tölemek borçlary üstüne ýüklenen şahsy we edara görnüşli taraplar salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýär". Türkmenistanyň çäginde öz işini amala aşyrýan şerekete gatnaşyjylar, salgyt tölemek boýunça bor-

çlary şerekete gatnaşýan gatnaşyjylaryň haýsam bolsa-da biriniň üstüne ýükläp bilýärler. Şerekete gatnaşýan taraplar salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmekde özleriniň goşan paýlary möçberinde jogapkärçiligi öz üstüne alýarlar. Şol bir tarap bir ýa-da birnäçe salgytlaryň töleýjisi bolup bilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt töleýjileriň borçlaryny we hukuklaryny kesgitleýär. Salgyt töleýjileriň hukuklary 12-nji şekilde şekillendirilýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt töleýjiniň şu aşakdaky borçlary bar:

- "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda we salgyt kanunçylygynyň gaýry namalarynda bellenen salgytlary we tölegleri tölemäge;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda degişli borçlar göz öňünde tutulan bolsa, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda bellenen tertipde salgyt gullugynda hasapda durmaga;
- "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, salgytlary hasaplamak we tölemek üçin zerur bolan öz girdejileriniň, aýyrmalarynyň (harajatlarynyň, çykdajylarynyň) we salgyt salynýan binýatlarynyň hasabyny bellenen tertipde ýöretmäge;
- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, salgyt töleýji bolup durýan salgytlar boýunça hasapda durýan salgyt gullugyna bellenen tertipde salgyt beýannamalaryny we maliýe hasabatyny tabşyrmaga;
- salgyt barlaglary geçirilende Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki ýagdaýlarda salgytlary hasaplamak we tölemek üçin resminamalary (maglumatlary) salgyt gullugyna hem-de olaryň wezipeli adamlaryna we gullugçylaryna bermäge;
- salgyt gullugynyň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmalaryny düzetmek baradaky talaplaryny ýerine ýetirmäge;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, buhgalterlik we salgyt hasaby ýöredilýän resminamalaryň goralyp saklanylmagyny üpjün etmäge;

*12-nji şekil*

## Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt töleýjileriň hukuklary

1. Salgyt töleýjileriň hukuklary

2. Salgyt gullugyndan we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralardan Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny ulanmak meseleri boýunça düşündiriş almaga
3. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna ygtyýarly edaralarda öz bähbitlerine özüniň kanuny ýa-da ygtyýarly wekilleriniň üsti bilen wekilçilik etmäge
4. Degişli esas bolanda, salgyt ýeňillikleriinden peýdalanmaga ýa-da olary peýdalanmakdan ýüz öwürmäge
5. Salgyt boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada salgyt gullugyndan maglumat almaga
6. Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgytlary we beýleki tölegleri tölemek boýunça möhleti yza süýşürmeklige ýa-da möhletlere bölmeklige ygtyýar almaga
7. Özünde geçirilen salgyt barlaglarynyň we ýerinde seretmekligiň netijeleri boýunça ykrarhatlary bilen tanyşmaga we olar boýunça düşündiriş bermäge
8. Salgytlary hasaplamak we tölemek boýunça salgyt gullugyna we olaryň wezipeli adamlaryna düşündiriş bermäge
9. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň, bu edaralaryň we wezipeli adamlarynyň bikanun çözgütleri, hereketleri we hereketsizligi netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy bellenen tertipde talap etmäge
10. Salgyt gullugyny ýazmaça habarly edip, beýleki taraplaryň salgyt boýunça bergileriniň hasabyna salgyt tölemäge
11. Artyk tölenen (tutulyp alnan) salgytlaryň möçberini öz wagtynda başga salgytlar boýunça tölegiň hasabyna geçirmäge ýa-da yzyna almaga
12. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipeli adamlaryndan, olaryň salgyt töleýji babatynda hereketlerine (hereketsizliklerine) Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilmegini talap etmäge
13. Salgyt we gümrük gulluklarynyň salgyt tölemek babatyndaky talaplaryndan, şeýle hem beýleki çözgütlerinden, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden we hereketsizliklerinden bellenen tertipde şikaýat etmäge
14. Salgyt syryny berjaý etmegi talap etmäge
15. Salgyt salynýan binýatlary hasaba almakda, salgydy hasaplamakda we tölemekde goýberilen ýalňyşlyklary özbaşdak düzetmäge
16. Salgyt kanunçylygynyň beýleki namalarynda bellenen beýleki hukuklary

- salgyt ýeňillikleriniň ulanylýandygy ýa-da salgyt tölemekden boşadylýandygy barada mälim etmäge we hasaba alnan ýeri boýunça salgyt gullugyna (bellenen halatda bolsa salgyt ýumuşçysyna) şonuň ýaly ýeňilliklere we boşatmalara bolan hukugy tassyklaýan resminamalary bermäge;

- "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalarynda göz öňünde tutulan gaýry borçlary berjaý etmäge.

Salgyt töleýjiler-edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýokarda bellenilen borçlaryndan başga-da salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna 13-nji şekildäki habarlary we maglumatlary ýazmaça görnüşde habar etmäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlaryň we ýygymlaryň töleýjileri 1-nji tablisada beýan edilýär.

*1-nji tablisa*

**Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlaryň we ýygymlaryň töleýjileri we töleýjiler bolup durmaýanlar**

| № | Salgydyň ady | Salgydyň töleýjileri bolup durýanlar | Salgydyň töleýjileri bolup durmaýanlar |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| 1. | Goşulan baha üçin salgyt | 1.Edara görnüşli taraplar<br><br>2.Şahsy taraplar-hususy telekeçiler | 1.Türkmenistanyň Merkezi banky<br>2.Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar. Şonuň ýaly taraplar nebit işlerine degişli bolmadyk salgyt salynýan amallary geçiren halatynda, olar salgyt töleýji bolup durýarlar.<br>3.Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar (öz işini Türkmenistanyň "Uglewodor |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| | | | od serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga)<br>4.Ýeňillikli salgyt salmak ulgamy degişli bolan işi boýunça hususy telekeçiler |
| 2. | Goşmaça tölegler | 1.Edara görnüşli we şahsy taraplar şu aşakdaky amala aşyrýan salgyt salynýan amallary boýunça;<br>- özüniň öndüren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryny ýerleşdirende;<br>- goşmaça töleg salynýan harytlary öndürmekden başga, özüniň sarp etmegi üçin öndürilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar peýdalanylanda;<br>- goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez tölegininiň alynmagy, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar;<br>- buýrujynyň çigmalyndan (materialyndan) goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) boýunça hyzmatlar amal edilende | 1.Býujet guramalary<br>2.Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar. Şu taraplar tarapyndan nebit işlerine degişli däl salgyt salynýan amallar geçirilende, olar tarapyndan Türkmenistanyň gümrük çäklerine nebit işleri üçin niýetlenilmedik goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende, olar goşmaça tölegiň töleýjileri bolup durýarlar |
| 3. | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | Türkmenistanyň çäklerinde gazyp alynýan peýdaly zatlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri almak üçin ýerasty (ýerüsti) suwlary çykarýan we peýdalanýan edara görnüşli we şahsy taraplar | "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan edara görnüşli we şahsy taraplar. Şu taraplar tarapyndan "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyk geçirilýän nebit işlerine degişli bolmadyk iş amala aşyrylan halatynda, olar salgydyň töleýjileri bolup durýarlar |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 4. | Emläk üçin salgyt | 1.Eýeçilik hukugy esasynda emlägi bar bolan edara görnüşli taraplar<br><br>2.Emläk balansyna berlen döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplar<br><br>3.Emläk lizinge ýa-da konsessiýa berlende, lizinge alyjy ýa-da konsessioner<br><br>4. Emläk kärendä (kireýne) berlende kärendä beriji (döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplardan başga). Döwlet we ýerli häkimiýetiniň emlägi kärendä berlende balansda saklaýjy salgyt töleýji bolup durýar.<br><br>5. Bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba kabul edilmedik gurluşyk desgasy ulanylan mahaly, şu salgyt salynýan binýat babatda salgydy tölemek boýunça borç buýrujynyň üstüne ýüklenýär. Potratçy bu halatda şeýle desga boýunça salgydy tölemekden boşadylýar. | 1.Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky"Kanunyna laýyklykda potratçy we kömekçi potratçy. Şu taraplar tarapyndan nebit işleri üçin ulanylýan emläk babatynda şol işlere degişli bolmadyk salgyt salynýan amallar geçirlen halatynda olar salgyt töleýjiler bolup durýarlar.<br><br>2.Býujet guramalary<br><br>3.Türkmenistanyň Milli gymmatlyklar muzeýi<br><br>4.Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar (öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga)<br><br>5.Döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we öz-özüni dolandyryş edaralary |
| 5. | Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt | 1.Türkmenistana dahyllyedara görnüşli taraplar<br><br>2.Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalaryň üsti bilen iş alyp barýan ýa-da Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistana dahylsyzlaredara görnüşli taraplar | Turkmenistanyň Merkezi banky |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 6. | Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy | 1.Türkmenistanyň çäklerindäki we onuň daşyndaky çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistana dahylly şahsy adamlar<br>2.Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistana dahylsyz şahsy adamlar | |
| 7. | Mahabatlandyrma üçin ýygym | 1.Edara görnüşli taraplar<br>2.Şahsy taraplar | Öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar |
| 8. | Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym | 1.Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen baglaşylan, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly, zähmet ylalaşygy (şertnama) we raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleýän Türkmenistana dahylly şahsy taraplar<br>2.Edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen zähmet gatnaşyklary bilen bagly bolmadyk we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça işleri ýerine ýetirmekden (hyzmatlary etmekden), şol sanda hünär hyzmatlary etmekden girdeji alýan, ylmy, edebiýat we sungat eserlerini döredendigi, ýerine ýetirendigi ýa-da | 1.Öz işlerini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar<br>2.Türkmenistanyň Merkezi banky |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| | | başga hili peýdala-nandygy üçin awtorlyk hakyny ýa-da hak alýan, açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtorlaryna berilýän haky alýan ylmy, döredijilik işi amala aşyrmakdan, beýleki zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden hak alýan şahsy taraplar, şeýle hem özbaşdak oba hojalyk önümlerini öndürmekligi amala aşyrýan adamlar.Taraplaryň görkezilen toparyna daşary ýurtlardan gelip hakyna tutma işden girdeji alýan şahsy taraplar hem goşulýar<br>3.Şahsy taraplar-hususy telekeçiler<br>4.Edara görnüşli taraplar, şol sanda Türkmenistanyň çäklerinde öz işini hemişe-lik wekilhananyň üstünden amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar | |
| 9. | Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym | Tölegli awtoduralga hökmünde peýdalanýan ýer bölekleri berkidilen şahsy taraplar–hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar | |
| 10. | Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym | Awtomobilleri ýerlemegi amala aşyrýan edara görnüşli we şahsy taraplar | 1.Öz işlerini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar<br>2.Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 11. | Itleriň eýelerinden alynýan ýygym | Şäherde ýaşaýan it eýeleri-şahsy taraplar | |

*13-nji şekil*

**Salgyt töleýjileriň-edara görnüşli taraplaryň we hususy telekeçileriň özleriniň esasy borçlaryndan başga salgyt gullugyna ýazmaça görnüşde maglumatlary we habarlary bermek boýunça borçlary**




"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 12-nji maddasynyň 3-nji bölüminde "Salgyt töleýji salgyt ýumuşçysynyň, kanuny ýa-da ygtyýar berlen wekiliň üsti bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyp biler" diýlip

bellenýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar 14-nji şekilde görkezilen.

***14-nji şekil***

**Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralar**




Şekilde görkezilen ygtyýarly edaralar salgyt hukuk gatnaşyklarynda özleriniň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenilen ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hereket edýärler.

**Salgyt ýumuşçysy** salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgydy hasaplamak, tutup almak we ony salgyt töleýjiniň ýerine Türkmenistanyň döwlet býujetine geçirmek boýunça borçlar ýüklenýän taraplar. Salgyt ýumuşçysynyň degişli borçlary bar. Bu borçlar 15-nji şekilde şekillendirilýär. Salgyt ýumuşçylary hukuk we borçlar babatynda salgyt töleýjilere deňleşdirilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgyt töleýjiniň-şahsy tarapyň adyndan işi alyp barmaga ygtyýarlyk berlen tarap salgyt töleýjiniň **kanuny wekili** diýlip hasap edilýär. Edara görnüşli tarapyň esaslandyryjy resminamalarynyň ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda onuň bähbidine wekilçilik edýän tarap salgyt töleýjiniň **kanuny wekili** (salgyt ýumuşçysy) diýlip

ykrar edilýär. Salgyt töleýji-edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt hukuk gatnaşyklaryndaky hereketi bu edara görnüşli tarapyň hereketi hökmünde kabul edilýär. **Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili** - bu salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt gullugy, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki gatnaşyjylar bilen gatnaşyklarda onuň bähbitletini aramaga hukuk berlen tarapdyr. Salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili öz ygtyýarlyklaryny tabşyryk ylalaşyklary ýa-da ynanç haty esasynda we özüne berlen hukuklaryň çäklerinde ýerine ýetiryär. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipleri işgärleri, kazylar, sülçüler, anyklaýjylar we prokurorlar salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili bolup bilmeýärler.

***15-nji şekil***

**Salgyt ýumuşçysynyň borçlary**



### 6.2.33. Salgyt salynýan binýat

**Salgyt salynýan binýat** salgyt töleýjiniň salgydy tölemek boýunça borjuny şertlendirýän hukuk hereketleriniň netijesinde ýüze çykýar. Salgyt töleýji bilen salgyt binýady ýakyn arabaglanşykda bolýar. Bu arabaglanyşygyň häsiýetine laýyklykda, salgytlary iki topara bölmek bolýar. Salgytlaryň birinji topary, dahyllylyk (rezidentlik) ýörelgesi esasynda hereket edýän salgytlar, salgytlaryň ikinji toparyny çäk ýörelgesi boýunça gurnalýan salgytlar düzýärler.

Salgytlaryň bu iki toparynyň arasyndaky tapawut şundan ybarat: dahyllylyk salgytlarynda salgyt töleýji salgyt salynýan binýady, çäk salgytlarynda bolsa salgyt binýady salgyt töleýjini kesgitleýär.

Dahyllylyk ýörelgä laýyklykda, döwlet öz salgyt hukuk tabynlygyny şol döwletde hemişelik ýeri bar bolan taraplaryň alýan girdejilerine, şol sanda şol döwletiň çäginiň daşyndaky çeşmelerden alynýan girdejileriň ählisine degişli edýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda, bu salgytlara edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt we şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy degişlidirler. Bu ýörelge edara görnüşli we şahsy taraplar üçin dürli görnüşde teswirlenýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 14-nji maddasyna laýyklykda, şahsy tarap Türkmenistanyň dahyllysy diýlip ykrar edilýär, eger-de Türkmenistanyň çäginde onuň bolýan döwri salgyt ýylynyň dowamynda 183 ýa-da ondanam köp gün bolsa. Eger-de: a) edara görnüşli tarap Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen (esaslandyrylan); b) onuň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçylary, direksiýa, müdiriýeti ýa-da şulara meňzeş edaralary) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän bolsa, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 17-nji maddasyna laýyklykda edara görnüşli tarap Türkmenistanyň dahyllysy diýlip ykrar edilýär,

Her bir döwletde edara görnüşli taraplar dahylly diýlip dürli ölçeglerden ugur alnyp kesgitlenilýär. Mysal üçin, edara görnüşli tarap Türkmenistanyň içinde dahylly diýlip ykrar edilýär, eger-de ol onuň çäginde salgyt belligine alnan bolsa. Italiýada "işewürlik maksady" ölçegi ulanylýar. Bu ýagdaýda edara görnüşli tarap döwletiň içinde dahylly diýlip ykrar edilýär, eger-de onuň amallarynyň esasy göwrümi şu ýurdyň çäginde amal edilýän bolsa. Portugaliýada "kompaniýanyň gündelik işiniň dolandyrylýan ýeri" diýlip atlandyrylýan ölçeg ulanylýar. Kärhana ýurdyň içinde dahylly diýlip ykrar edilýär, haçan-da kärhananyň gündelik işini dolandyrýan edaralar şol döwletiň çäginde ýerleşýän bolsalar.

Dahyllylyk ýörelgesi esasynda salgyt salynmagy ykdysady taýdan ösen döwletler üçin has amatlydyr. Çünki olaryň raýatlary ýurduň çäginiň daşynda amal edýän işlerinden we kapitallarynyň ýerleşdirilmeginden ep-esli girdeji alýarlar. Ykdysadyýetinde daşary ýurt maýa goýumlary has uly orun tutýan döwletler üçin, tersine, salgyt salmagy çäk ýörelgesi esasynda gurnamak has bähbitlidir. Bu ýagdaýda girdeji alyjynyň milli ýa-da hukuk derejesine bagly bolmazdan, diňe şol döwletiň çäginde alynýan girdejiler salgyt salynmaga degişlidir, şol döwletiň raýatlary tarapyndan gaýry ýurtlarda alýan girdejileri bolsa, bu döwletde salgyt salmakdan boşadylýar. Türkmenistanda girdejilere salgyt salnanda, bu ýörelgeleriň birikmesi ulanylýar. Ýöne, käbir salgytlar (goşulan baha üçin salgyt, edara görnüşli tarapyň peýdasyndan alynýan salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt) salgyt salmagyň diňe çäk ýörelgesinden ugur alnyp ýygnalýar. Salgyt salmagyň dahyllylyk ýörelgesi esasynda emläk üçin salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy hasaplanýar we ýygnalýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinde geçirilýän salgyt salynýan amallar **goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat** diýlip hasap edilýär. Goşulan baha üçin salgyt salynýan amallar **16**-njy şekilde beýan edilýär.

*16-njy şekil*

**Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar**




Şu aşakdakylar goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallara degişli däl:

1. Amallaryň numizmatika maksady ýok bolsa, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tabşyrygy boýunça edara görnüşli tarapyň taýýarlan pulunyň ýerleşdirilmegi bilen baglanyşykly bolmadyk, puly saklamak, inkassasiýa etmek boýunça hyzmat bolup durmaýan halatlarynda, kanuny töleg serişdesi bolup durýan daşary ýurt pullarynyň, pullaryň, banknotlaryň dolanyşygy;

2. Gymmat bahaly kagyzlaryň dolanşygy (kärhananyň işine paýly gatnaşmak hukugyny aýrybaşgalamak), olar boýunça dellalçylyk we araçyllyk hyzmatlary muňa girmeýär; kredit (suda) bermek we şolar boýunça göterimleri almak;

3. Şu aşakdakylary muzdsuz bermek:

- edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda onuň hukuk miraşdüşerine (hukuk mirasdüşerilerine) şol edara görnüşli

tarapyň esasy serişdelerini, maddy däl aktiwlerini we (ýa-da) beýleki emläklerini;

- döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça ýaşaýyş, önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalara we binalara eýeçilik hukugy;

- telekeçi däl edara görnüşli taraplara we döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryna harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende);

- haýyr-yhsan guramalary tarapyndan harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende);

- ynsanperwerlik we (ýa-da) haýyr-yhsan kömegi hökmünde harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende).

4. Emläk aýrybaşgalananda:

- döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýa-da ýeriň, medeni gymmatlyklaryň bolmalysy ýaly peýdalanylmaýandygy sebäpli, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça alynmaga degişli ýer böleginde ýerleşen emläkler;

- miras alynýan emläge bolan eýeçilik hukugy döwletiň haýryna mejbury alnanda, döwletiň haýryna geçirilende ýa-da birine berlende, şeýle hem eýesiz galan emläk ýa-da hazynalar döwlet tarapyndan kabul edilende.

5. Daşary ýurt döwletleri ýa-da halkara guramalary ýa-da şahsy adamlar tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwer, maliýe we tehniki kömegiň we kreditleriň (karzlaryň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek. Görkezilenler şu taraplara degişlidirler:

- daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň ýa-da şahsy adamlaryň harytlary (işleri, hyzmatlary) şunuň

ýaly ýerleşdirilmegi amala aşyrmaga ygtyýarly eden adamlaryna;

- şeýle kömegi we kreditleri (karzlary) alyjylar hökmünde bellenilen adamlara;

-tölegi görkezilen serişdeleriň hasabyna geçirilýän, ýokarda görkezilen ygtyýarly edilen taraplar bilen we şeýle kömegi hem-de kreditleri (karzlary) alýanlar bilen şertnama boýunça önümi iberijiler (işleri ýerine ýetirijiler, hyzmatlary amal edijiler) bolan taraplara.

6. Telekeçi däl edara görnüşli taraplar we döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralalary tarapyndan, peýda almak maksady bolmazdan harytlaryň ýerleşdirilmegi, işleriň ýerine ýetirilmegi we hyzmatlaryň amal edilmegi.

7. Görkezilen işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary amal etmegiň) hökmanlygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen halatlarynda, işiň belli bir ugrunda olaryň üstüne ýüklenilen aýratyn wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň işleri ýerine ýetirmegi (hyzmatlary amal etmegi). Görkezilenler hususan-da döwlet ýangyna garşy göreş gullugynyň hyzmatlaryny, gümrük hyzmatlaryny, harytlary (işleri, hyzmatlary) güwälendirmek boýunça hyzmatlary, beýleki şular ýaly işleri we hyzmatlary özünde jemleýär.

8. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmek baradaky ylalaşykdan gelip çykýan talaplara hukugy ilki başdan bermek ýa-da görkezilen talaplaryň kanun esasynda başga tarapa geçmegi.

9. Emlägiň gaýry edara görnüşli taraplaryň we şereketleriň esaslyk maýalaryna gatançlar hökmünde berilmegi.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda ýerleşdirilýän ýa-da ýerleşdirmäge niýetlenen emläk, elektrik we ýylylyk energiýasy, gaz we suw haryt diýlip ykrar edilýär. Indi bolsa anyk mysalda ýokarda aýdylanlary özleşdireliň.

**Mysal.** "Köpetdag" hojalyk jemgyýeti senenama ýylynyň sentýabr aýynda 2-nji tablisadaky amallary amala aşyrypdyr. "Köpetdag" hojalyk jemgyýeti boýunça senenama ýylynyň sentýabr aýy üçin amala aşyrylan salgyt salynýan amallar boýunça goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

*2-nji tablisa*

**"Köpetdag" hojalyk jemgyýetiniň senenama ýylynyň sentýabr aýynda amala aşyran hojalyk amallary**

| № | Amala aşyrylan hojalyk amallarynyň görnüşleri | Amala aşyrylan hojalyk amallarynyň möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Geleşikler esasynda alnan girdejiler | 424810 |
| 2. | Gaýry edaralara emläk hukugynyň geçiril-meginden alnan girdejiler | 70237 |
| 3. | Emlägi kärendesine bermekden alnan kärende tölegleri | 62233 |
| 4. | Emlägi ylalaşyk esasynda (konsessiýa) ulanmagyň netijesinde alnan girdejiler | 41643 |
| 5. | Esasy amallara degişlilikde kömekçi häsiýete eýe bolýan işleriň ýerine ýetirilmeginden alnan girdejiler | 71707 |
| 6. | Gaýry kärhanalar we guramalar bilen geçirilen alyş-çalyş amallary | 156402 |
| 7. | Öndürilen önümiň bir bölegi muzdsuz berlipdir | 25820 |
| 8. | Ätiýaçlandyryş guramasyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş jemler alnypdyr | 89807 |
| 9. | Satyn alnan enjamlary gurnamak we oturtmak bilen bagly işleriň ýerine ýetirilmeginden alnan girdejiler | 173004 |
| 10. | Lizing boýunça hyzmatlaryň amala aşyrylmagyndan alnan girdejiler | 117683 |
| 11. | Öz işgärleri üçin hyzmatlaryň amala aşyrylmagyndan alnan girdejiler | 22382 |

**Çözülişi.** Salgyt salynýan binýat: 424810 manat+70237 manat+62233manat+41643manat +71707manat +156402 manat + 25280 manat + 89807 manat + 117683 manat +22382 manat= 1082724 manat.

Salgyt salynýan amallar we Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar **goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýat** bolup durýar. Goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýat 17-nji şekilde şekillendirilýär. Eger-de goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýa-da olary öndürmek (taýýarlamak, guýmak) üçin hyzmatlar Türkmenistanyň çäklerinde öndürilen bolsa, onda 17-nji şekilde sanalyp geçilýän amallar goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýat diýlip ykrar edilýär.

***17-nji şekil***

**Goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan amallar**




Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary mejbury edip almagyň, elden almagyň netijesinde aýrybaşgalamak boýunça amallar, şeýle-de şonuň ýaly harytlaryň Türkmenistanyň çäklerine getirilmegi goşmaça tölegi

salmagyň salgyt binýady bolup durmaýar. Indi bolsa şertli mysalda goşmaça töleg tölenmäge degişli önüm öndürýän kärhana boýunça goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýady takyklalyň.

**Mysal.** Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynda ýerleşýän çakyr zawody senenama ýylynyň iýun aýynda düzüminde 20 % we şoňa çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry 1020 dekolitr (dl) möçberinde we düzüminde 20%-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyry 780 dekolitr möçberinde öndüripdir we ýerleşdiripdir. Düzüminde 20% we şoňa çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrynyň 1 dl-nyň bahasy 83 manat we düzüminde 20%-den 30 göterime çenli alkogoly bolan tebigy üzüm çakyrynyň 1dl-nyň bahasy 125 manat. Ondan başga, senenama ýylynyň iýun aýynda Garabekewül çakyr zawody 68 tonna üzüm loderesini öndüripdir, onuň bir tonnasynyň bahasy 275 manat. Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynda ýerleşýän çakyr zawodynyň senenama ýylynyň iýun aýy üçin öndüren we ýerleşdiren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlarynyň (önümiň) salgyt salynýan binýadyny takyklamaly.

**Çözülişi. Salgyt salynýan binýat:** (1020dl x 83 manat)+(780 dl x125manat)=182700,4 manat.

Salgyt töleýji tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrylýan amallar **ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýatlar** bolup durýarlar. Salgyt salynýan amallaryň geçirilen ýeri diýlip peýdaly magdanlaryň gazylyp alynýan ýeri hasap edilýär. Ýerasty baylyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar:

- salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanyň ýerleşdirilmegi;

- salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanlary özüniň sarp etmegi üçin peýdalanylmagy, şol sanda gaýtadan işlenilmegi;

- gazylyp alynýan peýdaly magdanlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň günäkär taraplar tarapyndan öweziniň dolunmagy;

- ätiýaçlandyrma öwezini dolmalaryň alynmagy.

Mejbury edip almagyň, elden almagyň netijesinde gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň kesekiniň haýryna alynmagy ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt salynýan binýat diýlip hasap edilmeýär.

**Mysal.** "Oznur" dasary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy hasabat ýylynyň IV çärýegi üçin 7338564 manat möçberinde gazylyp alnan peýdaly magdanlary ýerleşdiripdir. Ondan başga, "Oznur" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy hasabat döwründe özüniň sarp etmegi üçin 1486228 manatlyk peýdaly magdanlary ulanypdyr, şol sanda 483723 manatlyk peýdaly magdanlary gaýtadan işläpdir. Hasabat döwründe zaýalanan peýdaly magdanlaryň öwezi günäkär taraplar tarapyndan 401240 manat möçberinde doldurylypdyr we ätiýaçlandyryş guramasyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegler 560000 manat pul möçberinde alnypdyr. Şeýle-de, hasabat döwründe "Oznur" daşary ýurt kompaniýasynyň golçur kärhanasyndan döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan peýdaly magdanlar 1278000 manat möçberinde mejbury alnypdyr. "Oznur" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy boýunça hasabat ýylynyň IV çärýegi üçin salgyt salynýan binýady takyklamaly.

**Çözülişi. Salgyt salynýan binýat:** 7338564 manat+ + 1486228 manat + 401240 manat+ +560000 manat = =9786032 manat.

**Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat** 18-nji şekilde görkezilýär.

*18-nji şekil*

**Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat**




Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar üçin Türkmenistanyň çäklerinde, şeýle-de onuň çäkleriniň daşynda ýerleşýän emläk emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat bolup durýar. Aşakdakylar salgyt salynýan binýatlara degişli däl:

- ýer; desgalary döretmek bilen baglanyşykly bolmadyk, ýerleri gowulandyrmak boýunça düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna geçirilýän harajatlar;

- döwlet ätiýaçlygy üçin saklanýan emläk, şeýle-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen goralyp saklanýan emläk (konserwasiýa)

**Mysal.** Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän "Hoş Sabyr" hojalyk jemgyýetiniň emlägi hasabat ýylynda 3-nji tablisa görkeziljek görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

"Hoş Sabyr" hojalyk jemgyýeti boýunça hasabat ýylynda emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýady takyklamaly.

*3-nji tablisa*

**Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarap hökmünde hereket edýän "Hoş Sabyr" hojalyk jemgyýetiniň hasabat ýylynda emläginiň görnüşleri we olaryň bahasy**

| № | Emläginiň görnüşleriniň bahasy | Hasabat döwründe emläginiň bahasynyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Önümçilik maksatlary üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 2625474 |
| 2. | Önümçilik däl maksatlar üçin ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 937901 |
| 3. | Önümçilik maksatlar üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 1425647 |
| 4. | Önümçilik däl maksatlar üçin ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy | 322521 |

**Çözülişi. Salgyt salynýan binýat:** 2625474 manat+1425647manat=4051121 manat.

Hasabat döwründe salgyt töleýjiniň alnan peýdasy, şeýle-de girdejileriň aýry-aýry görnüşleri **edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan binýat** bolup durýar. Edara görnüşli taraplaryň peýdasy aýyrmalaryň pul möçberinde azaldylan ähli girdejisiniň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Türkmenistanyň dahyllylaryna Türkmenistanyň çäklerinde we onuň daşynda alýan peýdasyna (girdejisine) salgyt salynýar. Türkmenistanyň dahylsyzlaryna Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalarynyň üsti bilen alnyp barylýan işlerden we Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden alýan peýdasyna (girdejisine) salgyt salynýar.

Salgyt töleýji tarapyndan alnan şu aşakdaky girdejiler **şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň salgyt salynýan binýady** bolup durýar:

- Türkmenistana dahylsyz şahsy adamlar üçin-Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmeler;

- Türkmenistana dahylly şahsy adamlar üçin-olaryň çeşmelerine bagly bolmazdan.

Töleýji tarapyndan özbaşdak ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we mahabatlandyrma gulluklarynyň üstünden ýaýradylýan täjirçilik häsiýetli bolan mahabatlandyrma **mahabatlandyrma üçin ýygymyň ýygym salynýan binýady** bolup durýar. Mahabatlandyrma üçin ýygymy salmagyň binýady bolup durmaýanlar 19-njy şekilde görkezilen.

**Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça salgyt salynýan binýat** - bu töleýjä bölünip berlen we tölegli awtoduralga üçin niýetlenilen ýer bölegi. Ýer bölegi awtoduralga hökmünde doly ýa-da bölekleýin paýlanylyp ugran pursatyndan başlap, ýygym salynýan binýat bolup durýar.

***19-njy şekil***

**Mahabatlandyrma üçin ýygym salmagyň binýady bolup durmaýanlar**



**Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym** boýunça ýerleşdirilen awtomobilleriň (awtobuslaryň, pnewmatik usulda ýöreýän ýük we ýeňil awtomobilleriniň) bahasy ýygymyň binýady bolup durýar. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym boýunça ýygym salynýan binýada goşulmaýar:

- Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbasynyň Raýat bitewi Kanunyna laýyklykda, mirasdüşerler diýlip ykrar edilýän adamlara mirasdarlyk boýunça awtomobilleriň berilmegi;

- edara görnüşli taraplar tarapyndan özüniň hukuk mirasdüşerine (hukuk mirasdüşerlerine) awtomobilleriň berilmegi;

- döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň ýerine ýetiriji häkimiýet we öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgüdi bilen awtomobilleriň berilmegi ;

- ene-atasyna, ýanýoldaşyna, doganlaryna, aýal doganlaryna, ogullaryna, gyzlaryna, agtyklaryna, şeýle-de ýanýoldaşynyň ene-atasyna, doganlaryna, aýal doganlaryna we çagalaryna awtomobilleriň sowgat berilmegi;

- býujetdaky edaralar tarapyndan awtomobilleriň ýerleşdirilmegi;

- awtomobil-awtokranlaryň, göçme laborotoriýalaryň, "tiz kömek" maşynlarynyň we ş.m. binýadyndaky ýöriteleşdirilen tehnikanyň ýerleşdirilmegi;

- daşary döwletleri we halkara guramalary tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwerlik, maliýe we tehniki kömegiň we kreditleriň (karzlaryň) taslamalarynyň we meýilnamalarynyň çäklerinde alynýan awtomobilleriň ýerleşdirilmegi;

- peýda almak maksady göz öňünde tutmasyz, döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýet we öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan awtomobilleriň ýerleşdirilmegi.

Iň az iş hakynyň bellenen möçberi itleriň **eýelerinden alynýan ýygymyň ýygym** binýady hökmünde kesgitlenilýär.

### 6.3.34. Salgyt özeni

**Salgyt salynýan özen-bu salgyt salynýan zatlaryň mukdar taýdan ölçenilmegidir.** Salgyt özeni "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 35-nji maddasynyň 1-nji bölüminde şeýle kesgitlenilýär: "Salgyt özeni her bir salgyt salynýan binýat boýunça degişli hasabat (salgyt) döwri üçin anyklanýar we onuň gymmadyny, fiziki ýa-da başga bir häsiýetlerini özünde jemläp biler". Salgyt salynýan binýady we salgyt özenini anyklamagyň tertibi salgydyň her bir görnüşi boýunça salgyt kanunçylygy arkaly bellenilýär. Salgyt özeni 20-nji şekilde görkeziljek ýagdaýlarda düzedilmäge degişlidir. 20-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda düzediş girizmek salgyt özeniniň ýüze çykarylan ýagdaýlary hasaba alynman anyklanan salgyt döwrüniň salgyt özenine degişlidir. Anyk döwri kesgitlemek mümkin bolmadyk ýagdaýynda, şeýle ýagdaýyň ýüze çykarylan salgyt döwrüniň salgyt özeni düzedilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde geleşikler hakyky däl diýlip ykrar edilende, salgyt özeni geleşigiň beýleki tarapyna gaýtaryp berilýän serişdeleriň möçberinde azaldylýar. Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň netijesinde bikanun alnan girdejiniň (jemi girdeji ýa-da peýda) pul möçberi ýüze çykarylan we Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda maliýe jerimeleri görnüşinde alnan halatlarynda, olardan hasaplanan we tölenen salgyt möçberlerine görä azaldylar. Barlag geçirilmezden öň şonuň ýaly girdejä salgyt salynmadyk bolsa, ondan salgytlary hasaplamak geçirilmeýär. Diňe degişli resminamalar arkaly tassyklanan esaslar bolan halatynda, salgyt özenine düzediş girizilýär. Salgyt özeni Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberinde azaldylan ýa-da bu gönükdirilen serişdeleriň möçberi salgytdan boşadylýan ýa-da goşulan baha üçin salgydyň nol möçberleri ulanylýan harytlara (işlere, hyzmatlara) degişli bolan halatlarynda, onda manatda üstüniň dolunmagy alnan mahaly salgyt özenine düzediş girizilýär.

*20-nji şekil*

**Salgyt özenine düzedişleriň girizilýän ýagdaýlary**




Kesgitlenilen döwlet bahalaryny (nyrhlaryny) ulanmak bilen amala aşyrylýan amallardan başga, salgyt salynýan amallar geçirilende, harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan (nyrhyndan) ugur alnyp kesgitlenilýän, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine almaýan baha **goşulan baha üçin salgydyň salgyt özeni bolup durýar.** Kesgitlenilen döwlet bahalaryny (nyrhlaryny) ulanmak bilen salgyt salynýan amallar geçirilende, harydyň

(işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan (nyrhyndan) ugur alnyp kesgitlenýän, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine alýan baha **goşulan baha üçin salgydyň salgyt özeni** diýlip hasap edilýär. Goşmaça töleg tölenmeli harytlaryň bahasyna goşmaça tölegleriň pul möçberi goşulýar.

Harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň hasabyna günäkär tarapdan alnan pul möçberi, şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň pul möçberi goşulan baha üçin salgydyň özenine goşulýar. Bu aýdylanlar diňe salgyt binýady diýlip ykrar edilen we salgytdan boşadylmaýan harytlar babatynda ulanylýar. Harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň daşary ýurt pulundaky bahalary, şeýle-de salgyt özenine goşulýan daşary ýurt pulundaky serişdeler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň salgyt salynýan amallarynyň geçirilen senesindäki resmi hümmeti boýunça hasaplanýar.

**Mysal.** "Kent" hojalyk jemgyýeti senenama ýylynyň sentýabr aýynda öz müşderilerine 336600 manat pul möçberinde önüm ýerleşdiripdir. Önümiň birliginiň bahasy 2780 manat. Öz önümçiliginde sarp etmek üçin, "Kent" hojalyk jemgyýeti öz öndüren önüminiň 12 birligini ulanypdyr (peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara bu harajatlar goşulmaýar). Ondan başga-da "Kent" hojalyk jemgyýeti özüniň sarp etmegi üçin gurluşyk işlerini ýerine ýetiripdir. "Kent" hojalyk jemgyýetiniň gurluşyk işlerini ýerine ýetirmek üçin amal eden hakyky harajatlarynyň möçberi 207610 manat. "Kent" hojalyk jemgyýeti boýunça sentýabr aýynda goşulan baha üçin salgydyň salgyt salynýan özenini takyklamaly.

**Çözülişi. Salgyt salynýan özen:** 336600 manat+ (2780 manat ×12) + 207610 manat = 577570 manat

Salgyt salynýan amallar geçirilende salgyt töleýjiniň islendik tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan

harydynyň goşmaça tölegi öz içine alýan bahasyndan (goşulan baha üçin salgydy goşmazdan) ugur alnyp kesgitlenilýän baha **goşmaça tölegiň salgyt özeni** bolup durýar. Salgyt salynýan amallar geçirilende, goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň öweziniň günäkar taraplardan alnan pul möçberleri, şeýle-de şonuň ýaly harytlar üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar goşmaça tölegleriň salgyt özenine goşulýar.

Buýrujy tarapyndan berilýän çig maldan (materiallardan) öndürilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerleşdirilende (berlende), goşmaça töleg boýunça salgyt özeni haryt öndürijiniň goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen harytlar berlen pursadynda özüniň öndüren şonuň ýaly harytlaryna goşmaça tölegi hasaba alyp ulanýan iň ýokary satuw bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Goşmaça töleg tölenmäge degişli öndürilen harytlar muzdsuz berlende, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şeýle harytlaryň adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende ulanýan bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Geleşigiň taraplary tarapyndan goşmaça töleg tölenmäge degişli çalşylýan harytlaryň bahasy kesgitlenilmedik halatynda, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şonuň ýaly goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar ýerleşdirilende ulanylýan adaty bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär. Çalşyk deň derejede bolmadyk ýagdaýynda, çalşylýan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň bahasyna goşmaça bahanyň islendik möçberi salgyt salynýan dolanyşyga goşulýar.

Özüniň sarp etmegi üçin öndürilen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar peýdalanylanda, olar boýunça degişli harajatlar peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulýan bolsalar-da, salgyt özeni şolar ýaly harytlaryň salgyt töleýji tarapyn-

dan adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Harytlaryň tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk ýetmezçiligi bolan halatynda, bu harytlaryň ogurlanandygyny ýa-da zaýalanandygyny tassyklaýan resminamalar bolmadyk ýagdaýynda, goşmaça töleg boýunça salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şeýle harytlaryň adaty, hak almak bilen ýerleşdirilende ulanylýan bahalaryndan ugur alnyp hasaplanýar.

Ýeňillikli baha bellenen goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary ýerleşdirmek boýunça salgyt binýady şonuň ýaly ýeňillikleri hasaba almak bilen bellenýär. Bu ýagdaýlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt berilýän harytlara we edilýän hyzmatlara hem degişlidir. Alyjy tarapyndan goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň yzyna gaýtarylmaga degişli gaplaryň bahasy goşmaça tölegiň salgyt salynýan özenine goşulmaýar. Türkmenistanyň gümrük çägine haryt getirilende, tölenmäge degişli gümrük paçlary we ýygymlary hasaba almak bilen goşmaça tölegiň pul möçberini öz içine almaýan harydyň gümrük bahasy goşmaça töleg boýunça salgyt özeni bolup durýar.

Salgyt salynýan amallaryň bahasy, salgyt özenini artdyrýan pul serişdeleriniň möçberi, harytlaryň daşary ýurt pulundaky gümrük bahasy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti boýunça şu aşakdakylara degişlilikde manatda hasaplanýar:

- salgyt salynýan amallaryň geçirilen senesindäki hümmet boýunça;
- Türkmenistanyň gümrük çägine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar getirilende goşmaça tölegiň tölenen senesindäki hümmet boýunça.

Salgyt salynýan amallar geçirilende we Turkmenistanyň gümrük çägine harytlar getirilende salgyt özeni goşmaça töleg tölenmäge degişli aýry-aýry harytlar üçin haryt görnüşinde-de kesgitlenilip bilinýär. Hasaplanylan salgyt

özeni Türkmenistanyň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna gönükdirilen pul serişdeleriniň möçberinde azaldylýar.

**Mysal.** Aşgabadyň çakyr zawodynyň senenama ýylynyň iýul aýynda goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň bahasy 6107843 manat. Aşgabadyň çakyr zawody senenama ýylynyň iýul aýynda önümçilik galyndysy bolan üzüm löderesini 2 tonna möçberinde we düzüminde alkogoly 20 göterime we şoňa çenli bolan çakyr önümlerini "Leglek" hususy kärhanasyna 180 dekolitr möçberinde muzdsuz beripdir. Üzüm löderesiniň 1 tonnasynyň bahasy 27,8 manat, düzüminde alkogoly 20 göterime we şoňa çenli bolan çakyr önümleriniň birliginiň bahasy 80,6 manat. Senenama ýylynyň iýul aýynda Aşgabadyň çakyr zawody "Kairos" hojalyk jemgyýeti bilen harytlaryň alyş-çalşygyny geçirmek boýunça geleşik ylalaşygyny baglaşypdyr we ylalaşygyň şertlerine laýyklykda Aşgabadyň çakyr zawody "Kairos" hojalyk jemgyýetine düzüminde alkogoly 30 göterimden ýokary bolan çakyr önümleri bilen üpjün etjekdigini borçlanýar. "Kairos" hojalyk jemgyýeti öz gezeginde Aşgabadyň çakyr zawodynyň çykarýan önümleriniň daşky bezegini (etiketkalar bilen) üpjün etjekdigini borçlanýar. Ýöne, geleşik ylalaşygynyň şertlerinde göz öňünde tutulan alyş-çalyş geçirilýän harytlaryň bahasy kesgitlenilmändir. Aşgabadyň çakyr zawody ylalaşygyň şertlerine laýyklykda hasabat döwründe "Kairos" hojalyk jemgyýetine 240 dekolitr çakyr önümlerini ýükläp iberipdir, onuň birliginiň bahasy 146,2 manat. Aşgabadyň çakyr zawody boýunça senenama ýylynyň iýul aýy üçin goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça goşmaça tölegiň salgyt salynýan özenini takyklamaly.

**Çözülişi. Salgyt salynýan özen:** 6107843 *manat*+(180 *dl* × 80,6 manat)+(240 *dl* × 146,2 manat)=6157439 manat.

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasaplamak üçin salgyt özeni:**

- uglewodorod serişdeleri (çig nebit, tebigy we ugurdaş gaz) boýunça – öz içine goşulan baha üçin salgydy almaýan we salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bar bolan uglewodorod serişdeleriniň bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýän baha;

- beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar üçin-olaryň ýerleşdirilmeginden alnan peýda.

Salgyt salynýan amallar geçirilende gazylyp alynýan peýdaly magdanlar ogurlananda ýa--da zaýalananda ýetirilen zyýanyň günäkär taraplar tarapyndan öweziniň dolunmagynyň, şeýle-de ätiýaçlandyrma öwezini dolmalaryň pul möçberi ýerasty bayyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt salynýan özenine goşulýar. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlar muzdsuz berlende, salgyt salynýan özeni salgyt töleýjiniň olary adaty, hak almak bilen ýerleşdirýän bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Geleşikleriň taraplary tarapyndan çalşylýan gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň bahasy kesgitlenilmedik halatynda, salgyt özeni salgyt töleýjiniň olary adaty hak almak bilen ýerleşdirýän bahasyndan ugur alnyp hasaplanýar. Deň derejede bolmadyk çalşykda çalşylýan harytlaryň bahasynyň üstüne goşulan islendik pul möçberi salgyt salynýan özenine goşulýar.

Gazylyp alynýan peýdaly magdanlary özüniň sarp etmegi üçin peýdalananda we olar boýunça degişli harajatlar peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilýän aýyrmalara goşulýan halatynda, salgyt özeni salgyt töleýji tarapyndan şonuň ýaly harytlar adaty, hak almak bilen ýerleşdirilen bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň tebigy ýitgilerden artyk ýetmezçiligi ýüze çykarlanda, bu harytlaryň ogurlanadygyny ýa-da zaýalanandygyny tassyklaýan resminamalaryň bolmadyk ýagdaýynda, salgyt özeni salgyt töleýjiniň olary adaty, hak almak bilen ýerleşdirilýän bahasyndan ugur alnyp hasaplanýar.

Ýeňillikli baha bellenen gazylyp alynýan peýdaly magdanlary ýerleşdirmek boýunça salgyt salynýan özeni, şeýle ýeňillikleri hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Bu aýdylanlar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda ilata mugt berilýän harytlara we amal edilýän hyzmatlara-da degişlidir. Peýdaly magdanlaryň birnäçe görnüşi gazylyp alnan halatynda, salgyt özeni olaryň her bir görnüşi boýunça kesgitlenilýär.

Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň daşary ýurt pulundaky bahasy, olaryň ýerleşdirilen pursadynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyn hümmeti boýunça manatda hasaplanýar. Degişli salgyt döwründe gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň her bir görnüşi boýunça salgyt salynýan özeni, degişli salgyt döwründe geçirilen ähli salgyt salynýan amallaryň salgyt özenleriniň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Hasaplanýan salgyt özeni Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlygyna geçirilýän serişdeleriň pul möçberine laýyk azaldylýar.

**Mysal.** "Türkmengaz" döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik kärhanasynyň işi hasabat ýylynyň IV çärýeginde 4-nji tablisadaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Ondan basgada, "Türkmengaz" döwlet konserniň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik kärhanasy 1828 tonna çig nebiti "Burç Türkmen" kompaniýasynyň golçur kärhanasynyň amal eden hyzmatlary bilen alyş-çalyş geçiripdir. Geleşigiň şertlerine laýyklykda, çig nebitiň we amal edilen hyzmatlaryň bahasy ABŞ-nyň 381,3 dollary. "Türkmegaz" döwlet konserniniň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik kärhanasy boýunça senenama ýylynyň IV çärýegi üçin ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan özenini takyklamaly.

*4-nji tablisa*

**"Türkmengaz" döwlet konserniň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde ýerleşýän önümçilik kärhanasynyň hasabat ýylynyň IV çärýeginde amala aşyran işlerini häsiýetlendirýän görkezijiler**

| № | Öndürilen we ýerleşdirilen önümleriň ady | Öndürilen we ýerlesdirilen önümleriň bahasy, manat | Önümi öndürmekden we ýerleşdirmekden alnan peýda, müň manat |
|---|---|---|---|
| 1. | Öndürilen we ýerleşdirilen nebit | 9108429 | |
| 2. | Öndürilen we ýerleşdirilen tebigy gaz | 14532845 | |
| 3. | Öndürilen we ýerleşdirilen ugurdaş gaz | 1400621 | |
| 4. | Öndürilen we ýerleşdirilen sulfat önümleri | | 875318 |
| 5. | Öndürilen ýod önümleri muzdsuz berlipdir | | 124882 |

**Çözülişi. Salgyt salynýan özen (çig nebit):**
9108429 *manat* +(1828 t × 381,3$ × 2,85 *manat*) = =11094926 *manat*.

**Salgyt salynýan özen (gaz we ugurdaş gaz):** 1453845 *manat* +1400621 *manat*= 15933466 *manat*.

**Salgyt salynýan özen: (beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar boýunça):**
875318 *manat* + 124882 *manat*= 1 000200 *manat*.

**Emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeni:**

- esasy serişdeler boýunça-olaryň ortaça ýyllyk galyndy bahasy;

- maddy dolanyşyk serişdeleri boýunça -olaryň ortaça ýyllyk bahasy.

Maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy buhgalter hasabynyň maglumatlary we salgyt salynýan

binýatlar baradaky gaýry resminamalar arkaly tassyklanylan maglumatlaryň esasynda hasaplanýar. Ulanyş taýdan könelişip möhleti geçen ýa-da özüniň başdaky hilini bölekleýin ýitiren harytlaryň we beýleki maddy gymmatlyklaryň bahasy olary ýerleşdirip bolaýjak bahalardan ugur alnyp kesgitlenilýär. Emläge gaýtadan nyrh kesilende, salgyt özenini hasaplamak maksady bilen, emlägiň bahasy gaýtadan kesilen nyrhy hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Salgyt özeni kesgitlemek maksady bilen, esasy serişdeleriň we maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy olar satyn alnan mahaly tölenilen goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan kesgitlenilýär. Salgyt özeni (emläk üçin salgyt boýunça berilýän ýeňillikleri göz öňünde tutýan emläklerden gaýry) salgyt salynýan binýadyň her biri boýunça aýratynlykda, her bir degişli hasabat döwri üçin salgyt salynýan binýatlaryň ortaça bahasy hökmünde hasaplanýar. Birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly üçin salgyt özenine degişlilikde hasabat döwrüniň her aýynyň birine we hasabat döwründen soňky gelýän aýynyň birine salgyt salynýan binýatlaryň bahalaryny (galyndy bahalaryny) goşmak bilen alynýan jeminiň dörtden biri, ýediden biri, ondan biri we on üçden biri hökmünde kesgitlenilýär.

**Mysal.** "Petroserwis" daşary ýurt hususy kärhanasynyň emlägi hasabat döwründe (I çärýek) 5-nji tablisadaky sanlar bilen häsiýetlendirilýär. "Petroserwis" daşary ýurt hususy kärhanasy boýunça emläk üçin salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. Esasy serişdeler boýunça salgyt özeni:**
(3884530 *manat*+3774326 *manat*+4656920 *manat* + +4430050 *manat*):4 = 186457 *manat*.

**Maddy dolanyşyk serişdeleri boýunça salgyt özeni:**
(870364 *manat*+920070 *manat*+860032 *manat*+892734 *manat*):4= 885800 *manat*.

**Emläk üçin salgyt boýunça salgyt özeni:**
4186457 *manat*+885800 *manat*=5072257 *manat*.

*5-nji tablisa*

**"Petroserwis" daşary ýurt hususy kärhanasynyň emlägini hasabat döwründe (I çärýek) häsiýetlendirýän görkezijiler**

| № | Emlägiň gymmadynyň hasaba alnan senesi | Esasy serişdeleriň galyndy bahasy, manat | Maddy dolanyşyk serişdeleriniň bahasy, manat |
|---|---|---|---|
| 1. | Hasabat döwrüniň ýanwar aýynyň 1-i | 3884530 | 870364 |
| 2. | Hasabat döwrüniň fewral aýynyň 1-i | 3774326 | 920070 |
| 3. | Hasabat döwrüniň mart aýynyň 1-i | 4656920 | 860032 |
| 4. | Aprel aýynyň 1-i | 4430050 | 892734 |

**Peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt özeni-bu salgyt (hasabat) döwründe alnan we peýdadan alynýan salgyt boýunça göz öňünde tutulan ýeňillikleriň möçberinde azaldylan salgyt salynmaga degişli peýda.** Peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt özeni her bir hasabat döwrüniň jemleri boýunça, salgyt döwrüniň başyndan artýan jemler bilen kesgitlenilýär. Salgyt töleýji salgyt (hasabat) döwründe zyýan çeken bolsa, onda şu salgyt (hasabat) döwründe salgyt özeni nola deň diýlip hasaplanýar.

Girdejileriň dürli möçberleri boýunça salgyt salynýan aýry-aýry görnüşleri boýunça salgyt özeni aýratynlykda hasaba alynýar. Edara görnüşli taraplaryň işine paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan diwidentler we beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler boýunça salgyt özeni, aýyrmalaryň jemini azaltmazdan Türkmenistanyň çeşmelerinden alnan şonuň ýaly serişdeleriň hasaplanylyp ýazylan pul möçberi bolup durýar. Oýun işinden alynýan girdejiler boýunça girdeji salgydy şu iş üçin peýdalanylýan jaýlaryň meýdanyna ýa-da oturylýan orunlarynyň sanyna, oýun awtomatlarynyň (oýun stollarynyň) sanyna baglylykda hasaplanýan kesgit-

li ulylyk görnüşde bellenilýär. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin (öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) salgyt özeni umumy girdejiniň jeminden aýyrmalaryň möçberine azaltmazdan hasaplanýar. Ýokarda görkezilen girdejilere şu girdejiler goşulmaýar:

- oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan edara görnüşli taraplaryň senagat taýdan işlenilen önümlerinden başga, şeýle önümleri ýerleşdirmekden alnan girdejiler;

- maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursadyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşli taraplaryň öz öndüren towuk etini we ony gaýtadan işlemekden alnan önümi ýerleşdirmekden alnan girdejiler;

- protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alnan girdejiler.

**Mysal.** Türkmenistana dahylly "Gök ýaýla" hojalyk jemgyýetiniň maliýe-hojalyk işi hasabat döwründe 6-njy tablisadaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

***6-njy tablisa***

**Türkmenistana dahylly "Gök ýaýla" hojalyk jemgyýetiniň hasabat döwründe maliýe-hojalyk işiniň görkezijileri**

| № | Görkezijiler | Pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| 1. | Önümi ýerleşdirmekden alnan girdejiler | 1689334 |
| 2. | Gurluşyk-gurnama işleri amala aşyrmakdan alnan girdejiler | 4640700 |
| 3. | Hyzmatlary amal etmekden alnan girdejiler | 1157800 |
| 4. | Karzlar görnüşinde alnan serişdeler | 1300000 |
| 5. | Girew ýa-da borçnamalary üpjün etmek üçin tölegiň ujundan geçirme görnüşinde alnan emläk | 184240 |

*6-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 6. | Harytlar ýerleşdirilende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylan pul möçberi | 942060 |
| 7. | Paýçy bolup gatnaşmakdan alnan diwidentler we gaýry girdejiler | 148218 |
| 8. | Harytlary öndürmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylar | 5070355 |
| 9. | Muzdsuz alnan harytlaryň bahasy | 314502 |
| 10. | Ýaşaýyş jaý-jemgyýetçilik hojalygyny saklamak bilen baglanyşykly ýitgiler | 191422 |
| 11. | Ylmy-barlag işleri geçirmek üçin amal edilen çykdajylar | 105000 |

Salgyt salmak maksady bilen, "Gök ýaýla" hojalyk jemgyýeti boýunça hasabat ýyly üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt özenini takyklamaly.

**Çözülişi. Salgyt özeni:**
(1689334 *manat*+4640700 *manat*+1157800 *manat*)-(942060 *manat*+148218 *manat* +5070355 *manat* +105000 *manat*)=1222201 *manat*.

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özeni kesgitlenilende** salgyt töleýjiniň hasabat (salgyt) döwründäki pul we haryt görnüşinde, şol sanda haryt (iş, hyzmat), şeýle-de maddy peýda ýa-da durmuş eşretleri görnüşinde alan girdejileri göz öňünde tutulýar. Harytlary (işleri, hyzmatlary), beýleki emlägi ýeňillikli bahalar (tarifler) boýunça almaga, pes göterim boýunça karz almaga we salgyt töleýji tarapyndan alynýan, pul görnüşinde kesgitlenip biljek beýleki peýdalara maddy peýda diýilýär. Salgyt (hasabat) döwründe göz öňünde tutulan salgyt aýyrmalarynyň pul möçberi salgyt salynmaga degişli girdejileriň pul möçberinden köp bolsa, şu hasabat (salgyt) döwründäki salgyt özeni nola deň diýlip

hasaplanýar. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özenini kesgitlemegiň aýratynlyklary we salgyt özenine goşulmaýan girdejiler "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 186-187-nji maddalarynda göz öňünde tutulýar.

Mahabatlandyrma maglumatlaryny taýýarlamak we ýaýratmak bilen gönüden-göni baglanyşykly harajatlaryň jemi **mahabatlandyrma üçin ýygymy hasaplamagyň özeni bolup durýar.** Mahabatlandyrma üçin edilýän harajatlaryň düzümi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 202-nji maddasynda beýan edilýär.

**Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň özeni:**

- husussy telekeçiler bolup durýan şahsy taraplar üçin-goşulan baha üçin salgydyň hasaplanyp ýazylan möçberine azaldylan harytlary ýerleşdirmekden alnan jemi girdeji;

- oba hojalyk kärhanalary üçin-peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberi;

- beýleki edara görnüşli taraplar üçin-peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberi.

Ýer böleginiň umumy meýdany **awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy hasaplamagyň özeni bolup durýar. Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň bellenen möçberi itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň özeni diýlip hasaplanýar.**

### 6.4.35. Salgyt möçberi we salgyt (hasabat) döwri

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 37-nji maddasynda salgydyň möçberi (stawkasy) şu görnüşde kesgitlenilýär: "Salgydyň möçberi salgyt özeniniň birliginden göterim we (ýa-da) kesgitlenilen ululyk görnüşinde alynýan salgydyň möçberini aňladýar". Salgyt tejribesinde ulanylýan salgyt möçberleri dürli-dürlüdir. Salgyt möçber-

leri salgydyň görnüşine we geçirilýän salgyt syýasatynyň maksatlaryna baglydyr. Ýokarlandyryş (progressiw), yza gaýdyş (regressiw) we gaýry şoňa meňzeş salgyt möçberleri tapawutlandyrylýar. Girdejilere, döwletiň daşyna çykarylýan harytlara (eksport) we içine getirilýän harytlara (import) salgyt salynanda adwalor möçberleri ulanylýar. Salgytlary hasaplamagyň tehnikasyna baglylykda ortaça hasap, ortaça ölçerişdiriş, ortalaşdyrylan möçberler tapawutlandyrylýar. Käbir salgyt usulyýetleri salgytlary hasaplamagyň basgançakly, üýtgeýän, progressiw we ş.m. ýörite şkalalarynyň ulanmagyna esaslanýar. Bu salgyt möçberleri ulanylanda, olar salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt salynýan birlikleriň üýtgemegi bilen baglanylyşdyrylýar. Ondan başga, salgydyň möçberleri absolýut ululugy, göterim we haýsam bolsa-da bir ululyga bölünji (mysal üçin, minimal iş hakyna) görnüşlerinde bolup bilýärler.

Ykdysady mazmuny boýunça marginal, hakyky we ykdysady salgyt möçberleri tapawutlandyrylýar. Salgytlar hakyndaky ölçeg namalarynda gös-göni kesgitlenilýän salgyt möçberi **marginal salgyt möçberi** diýlip atlandyrylýar. **Salgydyň hakyky möçberi** tölenen salgydyň salgyt özenine bolan gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär. **Salgydyň ykdysady möçberi** tölenen salgydyň alnan peýdanyň ähli möçberine gatnasygy görnüşinde takyklanýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna we salgytlar boýunça beýleki ölçeg namalaryna laýyklykda, salgyt salmagyň proporsional möçberleri, mysal üçin goşulan baha üçin salgyt, peýdadan alynýan salgyt boýunça ulanylýar. Goşmaça töleglere degişlilikde salgyt salmagyň adwolor möçberiniň ulanylmagy göz öňünde tutulýar. "Salgytlar hakyndaky" Türkmenistanyň bitewi Kanuny kabul edilmänkä, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgyda degişlilikde progressiw (jemi girdejiniň pul möçberine baglylykda 8-den 12 göterime çenli) salgyt möçberi ulanylýardy (2004-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli). Salgyt salmagyň regressiw,

ortaça hasap, ortaça ölçerişdiriş, ortalaşdyrylan, basgançakly, üýtgeýän salgyt möçberleriniň ulanylmagyny Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy ykrar etmeýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgydyň möçberi aşakda görkeziljek möçberde kesgitenilýär:

- "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 105-nji maddasynda görkezilen salgyt salynýan amallar babatynda 0 (nol) göterim derejesinde;
- beýleki salgyt salynýan amallar babatynda 15 göterim derejesinde.

Döwletiň kesgitlän bahalary boýunça harytlar ýeleşdirilende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amal edilende, degişli möçberiň şu salgyt möçberine göterim gatnaşygy hökmünde kesgitlenýän 100-e artdyrylan möçber ulanylýar.

Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegiň möçberi 7-nji tablisada beýan edilýär.

*7-nji tablisa*

**Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegiň möçberi**

| Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň atlary | Goşmaça tölegleriň möçberleri |
|---|---|
| 1 | 2 |
| **Türkmenistanda öndürilýän harytlar boýunça** | |
| Piwo | Bahasynyň 10% |
| Tebigy üzüm çakyry, güýçli spirtli içgiler, likýoralar we düzüminde alkogol bolan gaýry alkogolly içgiler (üzüm loderesinden başga), şeýle-de düzüminde alkogol bolan çakyr serişdeleri:<br>20 göterime çenli<br>20-den 30 göterime çenli<br>30 göterimden ýokary | <br><br><br><br><br>Bahasynyň 15 %-i<br>Bahasynyň 30 %-i<br>Bahasynyň 40 %-i |
| Benzin | Bahasynyň 40 %-i |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Dizel ýangyjy | Bahasynyň 40 % -i |
| **Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça** | |
| Piwo | Gümrük bahasynyň 50% -I, emma 1 *litri* üçin azyndan 4 *manat* |
| Düzüminde aşakdaky möçberde alkogoly bolan üzüm çakyrlary we alkogolly içgiler: | |
| 20 göterime çenli | Gümrük bahasynyň 100% -i, emma 1 *litri* üçin azyndan 20 *manat* |
| 20 göterimden ýokary | Gümrük bahasynyň 100% -i, emma 1 *litri* üçin azyndan 30 *manat* |
| Spirtli içgiler taýýarlananda ulanylýan spirt (saglygy goraýyş maksady bilen getirilýänlerinden, şeýle-de döwlet kärhanalary, alyjylar birleşmelerinden beýlekileri ) | 1 *litri* üçin ABŞ-nyň 4 *dollary* |
| Temmäki önümleri | Gümrük bahasynyň 30 % -i, emma 1 gutusy üçin azyndan ABŞ-nyň 0,5 dollary |
| Beýleki senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyryjylary | 1 *kg* üçin ABŞ-nyň 10 dollary |
| Ýeňil awtoulaglar (tiz kömek awtoulaglaryndan we maýyplar üçin ýörite enjamlaşdyrylan ulaglardan başga) | Hereketlendirijiniň iş göwrüminiň 1 kub sm-i üçin ABŞ-nyň 0,3 dollary |

**Mysal.** Şahsy tarap-hususy telekeçi D. Gaýypdurdyýew senenama ýylynyň fewral aýynda Türkmenistanyň gümrük serhedine 21400 guty "Mond" we 13200 guty "Senator" temmäki önümlerini getiripdir. "Mond" temmäki önümleriniň gümrük bahasynyň pul möçberi ABŞ-nyň 27820 dollaryna, "Senator" temmäki önümleriniň gümrük bahasynyň pul möçberi ABŞ-nyň 14520 dollaryna

deň. "Mond" temmäki önümleri üçin ABŞ-nyň 10700 dollary pul möçberinde, "Senator" temmäki önümleri üçin ABŞ-nyň 3960 dollary pul möçberinde gümrük paçlary we ýygymlary tölenilipdir. Şahsy tarap-hususy telekeçi D.Gaýypdurdyýewiň Türkmenistanyň gümrük serhedine getiren goşmaça töleg tölenmäge degişli "Mond" we "Senator" temmäki önümleriniň her biri boýunça aýratynlykda we umumy jemde tölän goşmaça töleginiň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi. "Mond" temmäki önümleriniň her bir gutysy boýunça salgyt salynýan özen:** (27820$+10700$) : 21400 guty=1,8 $. "Mond" temmäki önümleriniň her bir gutusy boýunça hasaplanylan goşmaça tölegiň pul möçberi: 1,8$ × 30% : 100%= 0,54 $.

**Getirilen "Mond" temmäki önümleriniň ähli göwrümi boýunça hasaplanylan goşmaça tölegiň pul möçberi:** 21400 *guty* × 0,54$=11556 $ ýa-da 21400 *guty* × 0,54$ × 2,85 *manat*= 32935 *manat*.

**"Senator" temmäki önümleriniň her bir gutusy boýunça salgyt salynýan özen:** (14520$+3960$):13200 *guty*=1,4$.

**"Senator" temmäki önümleriniň her bir gutusy boýunça hasaplanylan goşmaça tölegiň pul möçberi:** 1,4$ × 30% : 100%= 0,42 $, ýöne her bir guty boýunça tölenmeli goşmaça tölegiň pul möçberi ABŞ-nyň 0,5 dollaryndan az bolmaly däl. Şol sebäpli Türkmenistanyň gümrük serhedine getirilen "Senator" temmäki önümleriniň ähli göwrümi boýunça hasaplanylan goşmaça tölegiň pul möçberi: 13200 *guty* × 0,5$ = 6600$ ýa-da 13200 *guty* × 0,5 × 2,85 *manat*=18810 *manat*.

Şahsy tarap-hususy telekeçi D.Gaýypdurdyýewiň Türkmenistanyň gümrük serhedine getirin "Mond" we "Senator" temmäki önümleri boýunça hasaplanylan goşmaça tölegiň pul möçberi: 11556 $ + 6600$= 18156$ ýa-da 32935 *manat* + 18810 *manat* =51745 *manat*.

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberleri aşakdaky ölçeglerde bellenilýär:**

1.Uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:

- tebigy we ugurdaş gaz üçin-22%
- çig nebit üçin-10%

2. Düşewüntliligiň derejesine baglylykda beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň möçberi 8-nji tablisada görkezilen.

***8-nji tablisa***

**Düşewüntliligiň derejesine baglylykda beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň möçberleri**

| № | Düşewüntlilik, göterimlerde | Salgydyň möçberleri, % |
|---|---|---|
| 1. | 15-e çenli | 0 |
| 2. | 15-den ýokary, 17-ä çenli | 30 |
| 3. | 17-den 19-a çenli | 32 |
| 4. | 19-dan 21-e çenli | 35 |
| 5. | 21-den 23-e çenli | 40 |
| 6. | 23-den 25-e çenli | 45 |
| 7. | 25-den ýokary | 50 |

Salgyt salynýan amallar boýunça (uglewodorod serişdelerinden gaýry amallar) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň bellenen möçberleri ýataklaryň tejribe-senagat taýdan ulanylýan döwründe 50 göterime azyldylýar (3 ýyl möhletden köp bolmazlyk şerti bilen).

**Mysal.** Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberini hasaplamak üçin, Hazar şäheriniň himiýa zawodynyň 9-njy tablisada görkezilen maliýe-hojalyk işiniň görkezijilerini ulanalyň.

Önüm öndürmek üçin amal edilen harajatlaryň düzümine goşulan baha üçin salgydy goşmak bilen Hazar şäheriniň himiýa zawodynyň her bir hasabat döwür üçin ýerasty baýlyklaryndan peýdalanmak üçin tölemeli salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi. Önümi ýerleşdirmekden alnan peýda:**

I çärýek: (5310278 *manat* - 4460978 *manat*)= 849300 *manat*

II çärýek: (4874380 *manat* - 4202272 *manat*)=672108 *manat*

III çärýek: (6735624 *manat*- 5565284 *manat*)=1170340 *manat*

IV çärýek: (6448542 *manat* - 5308267 *manat*)=1140275 *manat*

**Düşewüntlilik:**

I çärýek: $\frac{849300}{4460978} \cdot 100\% = 19{,}0\%$

II çärýek: $\frac{672108}{4202272} \cdot 100\% = 16{,}0\%$

III çärýek: $\frac{1170340}{5565284} \cdot 100\% = 21{,}0\%$

IV çärýek: $\frac{1140275}{5308267} \cdot 100\% = 21{,}5\%$

**Hazar şäheriniň himiýa zawodynyň maliýe-hojalyk işiniň görkezijileri**

| № | Salgyt (hasabat) döwri | Önümi öndürmekden we ýerleşdirmekden alnan girdeji, manat | Önümi öndürmek üçin amal edilen harajatlaryň umumy pul möçberi, manat | Önümi ýerleşledirmekden alnan peýda, manat | Düşewüntlilik, % | Ýerasty balyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi, manat |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | I çärýek | 5310 278 | 4460 978 | 849300 | 19,0 | 271776 |
| 2. | II çärýek | 4874 380 | 4202 272 | 672108 | 16,0 | 201632 |
| 3. | III çärýek | 6735 624 | 5565 284 | 1170340 | 21,0 | 409619 |
| 4. | IV çärýek | 6448 542 | 5308 267 | 1140275 | 21,5 | 456110 |

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň pul möçberi:**

I çärýek: 849300 *manat* × 32%:100% =271776 *manat*

II çärýek: 672108 *manat* × 30%:100% = 201632 manat

III çärýek: 1170340 *manat* × 35%:100% = 409619 *manat*

IV çärýek: 1140275 *manat* × 40%:100%=456110 *manat*

**Emläk üçin salgydyň möçberi salgyt döwrüniň salgyt özeniniň 1 göterimi möçberinde bellenilýär.** Emläk üçin salgydyň hasaplaşyk möçberi degişli hasabat döwri üçin aşakdaky möçberlerde kesgitlenilýär:

- birinji çärýek üçin salgyt özeniniň 0,25 göterimi;
- birinji ýarym ýyl üçin salgyt özeniniň 0,5 göterimi;

- 9 aý üçin salgyt özeniniň 0,75 göterimi;
- her ýyl üçin salgyt özeniniň 1 göterimi.

**Mysal.** 10-njy tablisada aýry edara görnüşli taraplaryň önümçiliginde ulanylýan esasy serişdeleriň we olaryň aýry-aýry görnüşleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy we maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy hakynda maglumatlar berilýär. 10-njy tablisadaky sanlara esaslanyp, sanalyp geçiljek edara görnüşli taraplar boýunça hasabat ýylynda emläk üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

*10-njy tablisa*

**Aşgabat şäherinde ýerleşýän aýry edara görnüşli taraplaryň sanawy we hasabat ýylynda emläk üçin salgydy hasaplamak üçin olaryň emlägi hakynda maglumatlar**

| № | Edara görnüşli taraplaryň ady we olaryň emläginiň bahasy | Emlägiň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | **Aşgabadyň önümçilik-kommunal tresti** | |
| 1.1. | Önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy, şol sanda: | 14109 847 |
| | ýaşaýyş-jemagat hojalygynda ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 11560 702 |
| 1.2. | Önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleri-niň ortaça ýyllyk bahasy | 2482 629 |
| 2. | **Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrap häkimliginiň bagçylyk hojalygy** | |
| 2.1. | Önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy, şol sanda: | 19408 687 |
| | diňe daşky gurşawy goramak, ýangyn howpsyzlygy we raýat goranyşy ugurlarda ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 16472581 |
| 2.2. | Önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişde-leriniň ortaça ýyllyk bahasy | 3740008 |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 3. | **Aşgabadyň ýöriteleşdirilen ylmy-rejeleýiş önümçilik ussahanasy** | |
| 3.1. | Önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy, şol sanda: | 7047815 |
| | ylym, bilim, maýyplary dikeltmek ugurlarynda ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy | 5689576 |
| 3.2. | Önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk seriş-deleriniň ortaça ýyllyk bahasy. | 5804107 |

**Çözülişi.**

**Aşgabadyň önümçilik kommunal tresti boýunça hasabat ýylynda hasaplanylan emläk üçin salgydyň pul möçberi:**

[(14109847 *manat* - 11560702 *manat*) + 2482629 *manat*] ×1%:100% = 50318 *manat*

**Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrap häkimliginiň bagçylyk hojalygy boýunça hasabat ýylynda hasaplanylan emläk üçin salgydyň pul möçberi:**

$$\frac{(19408684\ manat - 3740008\ manat) \times 1\%}{100\%} = 66761\ manat.$$

**Aşgabadyň ýöriteleşdirilen ylmy-rejeleýiş önümçilik ussahanasy boýunça hasabat ýylynda hasaplanylan emläk üçin salgydyň pul möçberi:**

$$\frac{((7047815\ manat - 5689576\ manat) + 5804107) \times 1\%}{100\%} =$$

$$= 71624\ manat.$$

Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň möçberi şu derejede bellenýär:

- 8 göterim - edara görnüşli taraplar -Türkmenistanyň dahyllylary üçin (esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga)

- 20 göterim- beýleki edara görnüşli taraplar üçin.

Diwidentler we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgydyň möçberi 15 göterim ölçegde bellenýär. Humarly oýun işinden alynýan girdejiler boýunça salgyt şu möçberlerde bellenýär:

- her bir oýun awtomaty üçin-günde 30 manat;

- her bir oýun stoly üçin-günde 370 manat ýa-da ol bu iş üçin peýdalanýan jaýyň her bir kwadrat metri üçin-günde 3 manat ýa-da tölegleri kabul edýän her bir kassa üçin-günde 38 manat.

Humarly oýun işiniň bu görnüşi amala aşyrylanda dürli salgyt möçberleri ulanylýan bolsa, onda salgydyň has ýokary pul möçberine getirýän salgyt möçberi kabul edilýär.

Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin girdeji salgydyň derejesi 2 göterim möçberde kesgitlenýär (öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanuna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga)

**Mysal.** Aşgabatdaky "Aragatnaşykgurnama" döwlet önümçilik birleşigininiň (onuň esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli) maliýe-hojalyk işi hasabat döwründe 11-nji tablisadaky görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň pul möçberini takyklamaly.

*11-nji tablisa*

**Aşgabatdaky "Aragatnaşykgurnama" döwlet önümçilik birleşiginiň hasabat döwründe maliýe-hojalyk işiniň görkezijileri**

| № | Görkezijiler | Pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Hyzmatlary amal etmekden alnan girdejiler | 8665170 |
| 2. | Ýerleşdirmekden daşarky amallardan alnan girdejiler | 263414 |
| 3. | Hyzmatlar amal edilende goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi | 1339288 |
| 4. | Hyzmatlary amal etmek bilen baglanyşykly çykdajylar | 5740820 |
| 5. | Ýerleşdirmekden daşarky çykdajylar | 315933 |
| 6. | Kärhana tarapyndan döredilen gaznalaryň we ätiýaçlyklaryň hasabyna öwezi dolunýan çykdajylar | 190001 |
| 7. | Telekeçilik we peýda almak üçin gönükdirilen beýleki iş bilen baglanyşykly bolmadyk çykdajylar | 104417 |
| 8. | Muzdsuz berlen emlägiň bahasy | 126704 |

**Çözülişi:** Aşgabadyň "Aragatnaşykgurnama"döwlet önümçilik birleşiginiň hasabat döwründe tölän peýdadan alynýan salgydynyň pul möçberi:

[(8665170 *manat* + 263414 *manat*) - (1339288 *manat* + 5740820 *manat* +315933 *manat*)] × 20% :100% = 306509 *manat*.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň salgyt möçberi 10 göterim derejede bellenýär.

**Mysal.** "Gözleg" hususy kärhanasynda işleýän B. Seýitjanow hasabat döwrüniň maý aýynda 800 manat, D. Rejepowa 700 manat, M. Saparow 820 manat, R.Myratgulyýew 740 manat iş hakyny alypdyrlar. Salgyt ýeňilliklerini bermek babatynda B.Seýitjanow weteranlar derejesine degişli, D.Rejepowa 1-nji topara degişli maýyp, M.Saparow "Edermenlik" medaly bilen sylaglanan. "Gözleg" hususy

kärhanasynyň ýokarda agzalyp geçen işgärleriniň we gullukçylarynyň hasabat döwrüniň maý aýynda tölän şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 187-nji maddasyna laýyklykda B.Seýitjanow we D.Rejepowa şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy tölemekden doly möçberde, M.Saparow 50 göterim möçberde boşadylýarlar. M.Saparowyň hasabat döwrüniň maý aýynda tölemeli şahsy adamlardan alynýan salgydyň pul möçberi 41 *manat* (820 *manat* × 10% : 100%) × 50% : 100%. R.Myratgulyýewyň hasabat döwrüniň maý aýynda tölän şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň pul möçberi 69 *manat* [(740 *manat* -50 *manat*) ×10% : 100%].

Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberi şu derejelerde kesgitlenilýär:

- Aşgabat şäheri üçin- mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 5 göterimi;
- welaýat merkezleri bolup durýan şäherler üçin- mahabatlandyrma üçin harajatlaryň 4 göterimi;

beýleki ilatly ýerler üçin- mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 3 göterimi

Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym şu aşakdakylar babatynda bellenýär:

- hususy telekeçiler bolup durýan şahsy taraplar üçin- goşulan baha üçin salgydyň hasaplanyp ýazylan möçberine azaldylan, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alnan jemi girdejiniň 0,3 göterimi, emma aýda 2 manatdan az bolmazdan;
- beýleki şahsy taraplar üçin - aýda 2 manat;
- oba hojalyk kärhanalary üçin- peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen pul möçberiniň 0,5 göterimi;

- beýleki edara görnüşli taraplar üçin- peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberiniň 1 göterimi.

Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň pul möçberi awtoduralganyň meýdanynyň bir kwadrat metri üçin şu möçberde kesgitlenilýär:

- Aşgabat şäheri üçin - 1,5 manat;
- welaýat merkezleri bolup durýan şäherler we Türkmenbaşy, Abadan şäherleri üçin - 1,2 manat derejede;
- beýleki ilatly ýerler üçin - 0,9 manat derejede.

Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda bellenýän iň pes iş hakynyň şu aşakdaky möçberlerinde kesgitlenilýär:

- ýük awtomobilleri üçin - 8 esse;
- awtobuslar üçin - 5 esse;
- ýeňil awtomobilleri üçin - 6 esse.

**Mysal.** Şahsy tarap-hususy telekeçi Aýmyrat Durdymämmedow Türkmenistanyň çäginde ýerleşdirmek üçin 5 sany "Kamaz" ýük awtomobilini, 4 sany "Toýota" awtobusyny we 7 sany "Toýota Kamri" ýeňil awtomobilleri getiripdir. "Kamaz" ýük awtomobilleriniň birini şahsy tarap-hususy telekeçi Aýmyrat Durdymämmedow öz süýtdeş dogany Gurtmyrat Durdymämmedowa, awtobuslaryň birini aýal doganynyň ogly Sähet Pürliýewe we ýeňil awtomobilleriň birini ýanýoldaşynyň atasyna sowgat beripdir. Şahsy tarap-hususy telekeçi Aýmyrat Durdymämmedow tarapyndan tölenen awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin tölenen ýygymyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi:**Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň pul möçberi: (50 *manat* × 4×8) + (50 *manat* × 4 ×5)+(50 *manat* × 6 × 6)= 4400 *manat*.

Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda bellenen möçberiniň 0,4 derejesinde kesgitli ululyk görnüşde kesgitlenilýär.

**Salgyt döwri-bu salgyt özeniniň we tölemäge degişli salgydyň möçberiniň hasaplanýan wagt aralygy döwridir.** Salgyt döwri salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri babatynda bellenýär. Salgyt döwri bir ýa-da birnäçe hasabat döwründen ybarat bolup bilýär.

Ýanwar aýynyň 1-inden sentýabr aýynyň 30-y aralygy döwürde döredilen edara görnüşli tarap üçin salgytlara degişli ilkinji salgyt döwri diýlip, onuň döredilen gününden şol ýylyň ahyryna çenli wagt, oktýabr aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 31-i aralygynda döredilen edara görnüşli tarap üçin bolsa, şeýle salgytlar üçin ilkinji salgyt ýyly onuň döredilen ýylyndan soňky senenama ýylynyň ahyryna çenli wagt hasaplanýar. Senenama ýylynyň ahyryna çenli işi ýatyrylan edara görnüşli tarap üçin iň soňky salgyt döwri şol ýylyň başyndan onuň işi ýatyrylan gününe çenli wagtdan ybaratdyr. Edara görnüşli tarap işi ýatyrylan ýylynyň öň ýanyndaky ýylyň oktýabr aýynyň 1-inden soň döredilen bolsa, onda şeýle salgytlar üçin salgyt döwri diýlip döredilen gününden işi ýatyrylan gününe çenli wagt hasaplanýar. Edara görnüşli tarap döredilende ýa-da ýatyrylanda salgyt döwri senenama aýy ýa-da çärýegi hökmünde bellenenler üçin, salgytlar babatynda birinji (soňky) salgyt döwri salgyt töleýji hökmünde hasaba alnan ýerindäki salgyt gullugy bilen ylalaşyp kesgitlenilýär.

Ýokarda aýdylanlar şu aşakdakylar babatynda ulanylýar:

- Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplaryň şahamçalary, wekilhanalary ýa-da hemişelik wekilhanalary babatynda;
- hususy telekeçiler-şahsy taraplar babatynda;
- edara görnüşli taraplar goşulan ýa-da bölünen ýagdaýynda.

Eger-de salgyt salmagyň binýady bolup durýan emläk senenama ýylynyň dowamynda satyn alnan, satylan (aýrybaşgalanan ýa-da ýok edilen) bolsa, onda şu emläk babatynda salgyt boýunça salgyt döwri diýlip şol senenama

ýylynda şol emlägiň salgyt töleýjiniň eýeçiliginde hakyky bolan döwrüniň wagty bilen kesgitlenilýär.

**Mysal.** Etrap salgyt gullugy edarasynda salgyt hasabynda duran "Ýurt" hojalyk jemgyýeti geçen hasabat ýylynyň iýul aýynyň 18-inde, "Lift-Hyzmat" hususy kärhanasy geçen hasabat ýylynyň oktýabr aýynyň 15-inde döredilipdir. "Nowruz" hususy kärhanasynyň işi senenama ýylynyň iýun aýynyň 1-nde ýatyrylypdyr. Hasabat ýylynyň noýabr aýynyň 16-synda döredilen "Bossan" hususy kärhanasynyň işi hasabat ýylyndan soňky gelýän ýylyň maý aýynyň 1-nde ýatyrylypdyr.

1. "Ýurt" hojalyk jemgyýeti, "Lift-Hyzmat" hususy kärhanasy üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça ilkinji salgyt döwrüni
2. "Nowruz" hususy kärhanasy üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça soňky salgyt döwrüni.
3. "Bossan" hususy kärhanasy üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt döwrüni takyklamaly.

**Çözülişi.** 1. "Ýurt" hojalyk jemgyýeti üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça ilkinji salgyt döwri diýlip senenama ýylynyň iýul aýynyň 18-inden şol ýylyň dekabr aýynyň 31-i aralygy hasaplanýar. "Lift-Hyzmat" hususy kärhanasy üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça ilkinji salgyt döwri diýlip hasabat ýylynyň oktýabr aýynyň 15-inden döredilen ýylyndan soňky gelýän senenama ýylynyň ahyryna çenli wagt hasaplanýar.

2. "Nowruz" hususy kärhanasy üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça soňky salgyt döwri diýlip senenama ýylynyň ýanwar aýynyň 1-inden iýun aýynyň 1-ine çenli döwür hasaplanýar.

3. "Bossan" hususy kärhanasy üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt döwri diýlip noýabr aýynyň 16-yndan hasabat ýylyndan soňky gelýän ýylyň maý aýynyň 1-ine çenli wagt hasaplanýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda aýry-aýry salgytlar üçin salgyt we hasabat döwürleri 12-nji tablisada beýan edilýär.

*12-nji tablisa*

**Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda aýry-aýry salgytlar boýunça salgyt we hasabat döwürleri.**

| № | Salgydyň, ýygymyň ady | Salgyt (hasabat döwri) |
|---|---|---|
| 1. | Goşulan baha üçin salgyt | 1. Edara görnüşli taraplar we iň bolmanda bir edara görnüşli tarap şereketiň düzümine girýän taraplar üçin senenama aýyna deň.<br>2. Hususy telekeçiler we oňa edara görnüşli tarap girmeýän şereketlere girýän taraplar üçin- salgyt döwri senenama ýylyna deň. Hasabat döwri-ýanwar aýynyň 1-inden iýun aýynyň 30-una çenli we iýul aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 31-ine çenli |
| 2. | Goşmaça tölegler | Salgyt we hasabat döwürleri senenama aýyna deň |
| 3. | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | Salgyt we hasabat döwürleri senenama çärýegine deň |
| 4. | Emläk üçin salgyt | Salgyt döwri-salgyt ýylyna deň. Hasabat döwri-birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly |
| 5. | Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt | Salgyt döwri-salgyt ýylyna deň. Hasabat döwri-birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly |
| 6. | Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy | Salgyt döwri-salgyt ýyly. Hasabat döwri-birinji ýarym ýyl, salgyt ýyly |
| 7. | Mahabatlandyrma üçin ýygym | Salgyt we hasabat döwürleri senenama çärýegine deň. |
| 8. | Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym | Salgyt we hasabat döwürleri senenama çärýegine deň. |

### 6.5.36. Salgyt ýeňillikleri

Salgyt salnanda ulanylýan salgyt ýeňillikler ulgamy salgyt gatnaşyklaryny gurnamakda möhüm ähmiýete eýe bolýar. Salgyt ýeňillikleri-bu hereket edýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda edara görnüşli we şahsy taraplarynyň salgyt salmakdan doly ýa-da bölekleýin boşadylmagydyr. Salgyt ýeňillikleri salgytlaryň ykdysady-durmuş mazmunyny, salgyt syýasatynyň amal edilişiniň esasy ugurlaryny şertlendirýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulýan salgyt ýeňillikler ulgamy önümçiligi ösdürmäge, onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga we ilatyň durmuş taýdan goralmagyna gönükdirilýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy käbir salgyt salynýan amallary salgyt salynýan dolanşyga goşmazlygy, salgydyň nol möçberiniň ulanylmagyny, aýry-aýry girdejileri salgyt salmakdan boşadylmagyny, salgyt aýyrmalary görnüşindäki ýeňillikleri göz öňünde tutýar. Salgyt ýeňilliklerini bermegiň dürli-dürli esaslary bar: salgyt töleýjiniň maddy-emläk ýagdaýy, döwletiň öňünde aýry-aýry raýatlaryň ýerine ýetiren hyzmatlary, ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklaryny ösdürmegiň hökmanlygy, şeýle-de ylmy-tehniki progresi höweslendirmegiň zerurlygy. Salgyt ýeňillikleri kesgitlenilende girdejileriň möçberleri we çeşmeleri, eýeçiligiň görnüşleri, töleýjileriň toparlary hasaba alynýar.

Halkara salgyt tejribesine salgylansak, onda ykdysady taýdan ösen döwletlerde degişli salgytlary töleýän töleýjileriň ählisi üçin salgyt ýeňillikleriniň umumy ulgamy we salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlaryna niýetlenilen salgyt ýeňillikler ulgamy ulanylýar. Daşary döwletleriň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň iň pes derejesini, salgyt eglişikleri, salgyt töleýjileriň käbir çykdajylarynyň jemini salgyt salynýan umumy girdejiden aýrylmagyny, käbir girdejileriň salgyt salynýan umumy girdejileriň jeminde azaldylmagyny göz öňünde tutýar. Ykdysady taý-

dan ösen döwletlerde ilatyň girdejilerinden alynýan salgyt boýunça berilýän ýeňillikler salgyt töleýjilere jemi girdejini lukmançylyk hyzmatlaryna edilýän çykdajylara, şahsy bergiler boýunça tölenýän göterimlere, ýerli salgytlara we ýygymlara, şeýle-de başga birnäçe harajatlara azaltmaga hukuk berýär. Maşgalalara berilýän salgyt eglişikleri (çagalara, eklençdäki adamlara) maşgalanyň düzümine bagly bolup durýar.

Telekeçileriň girdejilerine, korporasiýalaryň alýan peýdasyna salgyt salnanda, mirasa eýe bolmaga hukuklar ýüze çykanda salgyt töleýjiler degişli derejede salgyt ýeňilliklerini alýarlar. Girdejä salynýan salgytlaryň we käbir başga göni salgytlaryň möçberleri (stawkalary) çylşyrymly progressiýa esasynda kesgitlenilýär. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde, alynýan girdejileri salgyt töleýjiniň maşgalasynyň agzalarynyň arasynda paýlamaga rugsat berilýär. Bu bolsa salgyt salmagyň progressiw görnüşinde salgyt töleýjiler üçin örän amatly. Salgyt salnanda edara görnüşli taraplar has uly ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ulanylýan salgyt ýeňillikleriniň görnüşleri özleriniň özboluşlylygy, ýagny korporasiýalaryň peýdasyna salynýan salgydyň möçberini azaltmak, önümçilige gös-göni degişli bolmadyk çykdajylary peýdadan alynýan salgytdan boşatmak (mahabatlandyrma üçin amal edilen artyk çykdajylar, wekilçilik çykdajylary, artyk çekilen zyýanlar we almaga umytsyz bergiler), salgyt kanunlarynda göz öňünde tutulan eglişikler (inwestisiýalar boýunça, ýerasty baýlyklaryň mukdarynyň azaldylmagy, dürli görnüşde döredilýän gaznalar), öň tölenen salgytlary gaýtaryp bermek (salgyt amnistisiýasy), salgyt karzy (tölenmeli salgydyň umumy pul möçberinden kesgitlenilen salgyt aýyrmalary), salgytlaryň tölenýän möhletlerini yza süýşürmek, korporasiýalaryň tölemeli peýdadan alynýan salgydynyň bir bölegini inwestisiýa sylaglary görnüşinde ulanmak we ş.m. bilen tapawutlanýarlar

Salgytlar boýunça berilýän salgyt ýeňillikler re-jimi (tertibi) ykdysadyýetiň pudak gurluşyna hem tä-sir edýär. Salgyt ýeňillikleri tehniki progresiniň ösmegi bilen bagly bolan ykdysadyýetiň iň wajyp pudaklarynyň ýaýbaňlanmagyny ýa-da haýal ösýän pudaklarynyň teh-niki taýdan enjamlaşdyrylyşyny höweslendirmäge ýardam bolýarlar. Ýaponiýada radioelektronika we himiýa sena-gaty pudaklaryna degişli kompaniýalar döredilen pursa-tyndan başlap, dört ýyl möhlet bilen peýdadan alynýan salgytdan boşadylýarlar. Germaniýada täze döredilen fir-malar birinji ýyl korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgydyň 25 göterimini, ikinji ýyl 50 göterimini we üçünji ýyldan başlap salgydy doly möçberde töleýärler. ABŞ-da we Angliýada ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň (gämi gurluşygy senagaty, dokma senagaty, demir ýol transporty) tölemeli salgytlarynyň möhletleri ep-esli yza süýşürilýär. Ýurduň günortasyny senagatlaşdyrýan Italiýanyň hökümeti bu sebitde 10 ýyllyk möhleti bilen senagat korporasiýalaryny peýdadadan alynýan salgydy tölemekden 50 göterim möçberde boşadýar, alýan peýdasynyň bir bölegini inwestiýa işine gönükdirýän kompaniýalar kommunal salgydynyň 30 göterimini töleýärler. Kompaniýalara salgyt ýeňilliklerini berip, hökümet olary döwletiň ykdysady meýilnamalaryny amala aşyrmaga ugrukdyrýar.

Ösüp barýan döwletleriň salgyt kanunçylyklarynda ulanylýan salgyt ýeňillikleri-bu hususyýetçileriň kapitalynyň köpelmegini, ykdysadyýetiň häzirki zaman pudaklarynyň ösmegini (ilki nobatda senagatyň) höweslendirýän ykdysady gurallarynyň biridir. Döwlet tarapyndan ykdysadyýetde geçirilýän kadalaşdyryş çäreleri bilen birlikde, kärhanalaryň salgyt tölemekden doly ýa-da bölekleýin boşadylmagy, hususy telekeçiligi dolanyşyk çygyryndan maddy önümçiliginiň pudaklaryna tarap ugruny üýtgetmäge we ykdysadyýetiň gurluşynda progressiw üýtgetmeleriň bolup geçmegine ýardam bolýar. Salgyt

ýeňillikleriniň üsti bilen döwlet täze döredilýän pudaklara goşmaça maliýe serişdeleriniň inwestirlenilmegini, täze tilsimatlaryň (tehnologiýalaryň) ulanylmagyny, artyk zähmetiň ulanylmagyny talap edýän önümçiligiň ösdürilmegini, amortizasiýanyň çaltlandyrylmagyny, şeýlede maýa goýumlarynyň köpelmegini höweslendirýär.

Agyr senagatda hereket edýän korporasiýalar has köp salgyt ýeňilliklerinden we eglişiklerden peýdalanýarlar. Ykdysadyýetiniň senagatlaşdyrmasyny amala aşyrýan döwletler (Hindistan, Päkistan, Meksika, Günorta Koreýa, Türkiýa, Fillipinler, Şri Lanka) metallurgiýa, maşyn gurluşygynda, himiýa senagatynda täze döredilen kärhanalary, olaryň daşary döwletlerden getirýän enjamlaryny gümrük paçlary tölemekden doly ýa-da bölekleýin boşadýarlar. Getirilen enjamlar ulanyp başlanandan soň, bu kärhanalar iki ýyldan on ýyla çenli möhlet bilen göni salgytlaryň esasy görnüşlerini we käbir gytaklaýyn salgytlary tölemekden boşadylýarlar. Başga ösüp barýan döwletlerde, esasan hem nebiti eksport etmeýän döwletlerde, salgyt ýeňillikleri walýuta girdejilerini üpjün edýän kärhanalara we pudaklara berilýär. Mysal üçin, Kolumbiýada, Türkiýada, Günorta Koreýada senagat harytlary daşary döwletlere satylanda, öňünden tölenen salgytlar yzyna gaýtaryp berilýär. Öndürýän önümlerini daşary döwletlere ýerleşdirýän kärhanalar daşary döwletlerden enjamlary we çig maly satyn alanlarynda, olar gümrük paçlary tölemek boýunça salgyt eglişiklerinden peýdalanyp bilýärler. Käbir döwletlerde daşary ýurt kompaniýalaryna täze kärhanalary gurmak, soňra bolsa olary ulanmak üçin enjamlary, kömekçi materiallary we çig maly getirmek boýunça salgyt ýeňillikleri berilýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy edara görnüşli we şahsy taraplara berilýän salgyt ýeňillikleriniň giň toplumyny göz öňünde tutýar. Salgyt ýeňillikleri babatynda "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň

8-nji maddasynda şeýle aýdylýar: "Hususy häsiýete eýe bolan ýeňillikleri bermek gadagan edilýär. Salgyt töleýji hukuk esaslary ýüze çykan pursadyndan we olaryň güýjüniň bütin döwrüniň içinde salgyt boýunça ýeňilliklerden peýdalanmaga hukuklydyr".

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt töleýjiniň salgyt boýunça ýeňillikleri ulanmazlyga, şeýle-de degişli salgyt we gümrük edaralaryna ýazmaça arza beren ýagdaýynda, olary ulanmakdan ýüz öwürmäge hukugy bardyr. Şol bir pursatda, salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ulanmadyk ýokarda görkezilen ýeňillikleri geçen salgyt döwürlerinden geljekki salgyt döwürlerine geçirilmäge, geljekki tölegleriň hasabyna soňundan hasaplaşyk geçirmäge ýa-da býujetden öwezi dolunmaga degişli däldir. Salgyt töleýji degişli salgyt ýa-da gümrük edaralaryna ýazmaça arza berende, salgytlar boýunça ýeňilliklerden täzeden peýdalanmaga haky bardyr, ýöne bu onuň ýeňilliklerden peýdalanmakdan boýun gaçyran ýylyndan soňky senenama ýylyndan ir bolmaly däldir.

**Mysal.** "Erşan" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy 2007-nji ýylyň ýanwar aýynyň 2-inde etrap döwlet salgyt gullugyna ýazan hatynda, ony peýdadan alynýan salgyt boýunça bar bolan ýeňilliklerden 2007-2008-nji ýyllar üçin boşadylmagyny haýyş edip ýüz tutupdyr. Kanun boýunça berilýän ýeňillikleriň möçberi 2007-nji ýylda 482 000 manat, 2008-nji ýylda 384 600 manat. Salgytlar boýunça emele gelen bergileriň üstüni ýapmak maksady bilen, "Erşan" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy 2008-nji ýylyň noýabr aýynyň 29-yndaky 87 belgili hat bilen 2007-nji we 2008-nji ýyllarda ulanylmadyk ýeňillikleriň hasaba alynmagyny we bergileriň üstüniň ýapylmagyny haýyş edip etrap salgyt gullugy edarasyna ýüz tutupdyr. Kärhananyň haýsy döwrinden başlap, salgytlar boýunça ýeňilliklerden täzeden peýdalanmaga hukugy bar? Geçen salgyt döwrinden täze salgyt döwrüne salgyt ýeňillikleriniň geçirilmegi müm-

kinmi? Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgytlar boýunça indiki tölenjek tölegleriň jemi öňki döwürlerde berlen ýeňillikleriň hasabyna ýapylyp ýa-da býujetden öwezi doldurlyp bilinýärmi?

**Çözülişi.** "Ersan" daşary ýurt kompaniyasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy salgytlar boýunça berilýän ýeňilliklerden täzeden peýdalanmaga 2009-njy ýyldan başlap hukugy bar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 8-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, geçen salgyt döwründen täze salgyt döwrüne salgyt ýeňillikleriniň geçirilmegi degişli däl we salgytlar boýunça indiki tölenjek tölegleriň jemi öňki döwürlerde berlen ýeňillikleriň hasabyna ýapylyp ýa-da býujetden öwezi doldurylyp bilinmeýär.

Aýry-aýry salgytlar babatynda aýdylanda, onda şu aşakdaky sanalyp geçiljek salgyt salynýan amallar geçirlende, goşulan baha üçin salgyt tölenmeýär.

- umumy ulanylýan şäher ýolagçylar ulagynyň hyzmatlary (taksilerden başgasy), şeýle-de şäher etegindäki gatnawlarda derýa, demir ýol ýa-da awtomobil ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar;
- ätiýaçlyk şaýlarynyň we bölekleriniň bahalaryny goşmak bilen, olaryň ulanylmaly möhleti kepillendirilen döwründe kepillendirme abatlamasy boýunça hyzmatlar we işler;
- derman serişdelerini, medikamentleri, zyýansyzlandyryjy serişdeleri, saglygy goraýyş maksatly önümleri, saglygy goraýyş enjamlary, protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite serişdelerini ýerleşdirmek;
- weterinar we sanitariýa-epidemologiýa hyzmatlary;
- näsaglara, maýyplara we garrylara seretmek boýunça hyzmatlar;
- lukmançylyk hyzmatlary, ýasamadiş oturtmak (şunda bejeriş häsiýetli däl kosmetologiýa hyzmatlary goşulan baha üçin salgytdan boşadylmaýar);

- bilim ulgamyndaky hyzmatlar;

- jaýlaýyş däp-dessurlar we olar bilen baglanyşykly hyzmatlar, şeýle-de guburüsti ýadygärlikleri taýýarlamak boýunça, jaýlanylan ýerleriň durkuny täzelemek boýunça işler;

- däpleriň we dessurlaryň geçirilmegini goşmak bilen, dini guramalaryň hyzmatlary, şeýle-de dini däplere degişli we dini maksatly zatlary ýerleşdirmek;

- körler we kerler jemgyýetiniň okuw-önümçilik kärhanalarynyň we maýyplaryň beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň öndüren harytlaryny ýerleşdirmek;

- ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan amal edilýän ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş hyzmatlary;

- oba hojalyk kärhanalary tarapyndan özleri tarapyndan öndürilýän pagtadan we ýag önümlerinden başga, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlenip alnan önümleri ýerleşdirmek;

- pile we ýüpek gurçuklarynyň tohumlary hem-de olary ösdürip ýerleşdirmekdäki hyzmatlary;

- uny, çöregi we çörek önümlerini, aş önümlerini, ýarma önümlerini, şol sanda tüwini, garyşyk iýmleri, süýdi we süýt önümlerini, peýnirleri, syrlary, doňdurmany, margarini, ýumurtgany, ösümlik we mal ýagyny, eti, guşy we et önümlerini, şol sanda olaryň konserwlerini, şöhlat önümleriniň hemme görnüşlerini, balyk we balyk önümlerini (has tagamly görnüşlerinden başga), süýji-köke önümlerini, çaýy, şekeri, çagalar iýmitini, duzy, gök önümlerini, miweleri we bakja önümlerini, şerbeti, jemi, baly ýerleşdirmek;

- ýerleri hususy eýeçilige bermek boýunça ýer gurluşyk işleri;

- ilata edilýän ýaşaýyş jaý-jemagat we ulanyş hyzmatlary, şol sanda jaý tölegini we "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 106-njy maddasynda göz öňünde tutulan goşulan baha üçin salgyt boýunça berilýän başga salgyt ýeňillikleri.

**Mysal.** "Lukman" hojalyk jemgyýeti senenama ýylynyň mart aýynda 13-nji tablisada görkezilýän amallary amala aşyrypdyr.

***13-nji tablisa***

**"Lukman" hojalyk jemgyýeti tarapyndan senenama ýylynyň mart aýynda amala aşyrylan amallar**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Harytlary ýerleşdirmekden alnan girdejiler | 434873 |
| 2. | Hyzmatlary amal etmekden alnan girdejiler | 127885 |
| 3. | Öz hajatlary üçin gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirmek üçin harajatlar | 86108 |
| 4. | Derman serişdelerini, medikamentleri, zyýansyzlandy-ryjy serişdeleri, saglygy goraýyş maksatly önümleri we maýyplar üçin ýörite ulag serişdeleriniň ýerleş-dirilmegi | 205100 |
| 5. | Weterinar we sanitariýa-epidimologiýa hyzmatlary | 47087 |
| 6. | Näsaglara, maýyplara we garrylara seretmek boýunça hyzmatlar, maýyplary dikeltmek boýunça hyzmatlar | 23405 |

1. "Lukman" hojalyk jemgyýetiniň senenama ýylynyň mart aýynda amala aşyran amallarynyň pul möçberini;

2. "Lukman" hojalyk jemgyýetiniň senenama ýylynyň mart aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi:

434873 *manat* + 127885 *manat* + 86108 *manat* + 205100 *manat* + 47087 *manat* + 23405 *manat* = 924458 *manat*.

Amala aşyrylan salgyt salynýan amallaryň pul möçberi:
434873 *manat* + 127885 *manat* + 86108 *manat* = 648866 *manat*.

Goşulan baha üçin salgyt boýunça ýokarda bellenip geçilen salgyt ýeňilliklerinden başga, aýry-aýry amallar boýunça bu salgydyň 0 (nol) möçberi ulanylýar. Nol möçber ulanylýan salgyt salynýan amallar şu aşakdakylar:

- tebigy (ugurdaş) gazy, nebiti, pagtany we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri goşmazdan, özüniň öndüren, şeýle-de satyn alnan harytlar daşary ýurtlara ýerleşdirilende;

- halkara derejesinde ýolagçylary gatnatmak, şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar amal edilende;

- daşary ýurtlara iberilýän harytlary ulagly daşamak, ýüklemek, düşürmek, birinden beýlekä ýüklemek boýunça hyzmatlar, şeýle-de Türkmenistanyň çäklerinden daşary ýurt ýüklerini üstaşyr geçirmek boýunça hyzmatlar;

- halkara ýüklerini daşamak we ýolagçylary gatnatmak ücin ulanylýan daşary ýurt deňiz hem-de howa gämilerini ýangyçdan doldurmak hem-de olara hyzmat etmek bilen baglanyşykly hyzmatlar, şol sanda aeronawigasiýa we uçuş-gonuş hyzmatlary, şeýle-de şonuň ýaly ýükleri

daşamakda, ýolagçylary gatnatmakda ekipajyň we ýolagçylaryň sarp etmegi üçin göz öňünde tutulan harytlary ýerleşdirmek;

- paçsyz söwda edýän dükanda gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlary ýerleşdirmek;

- daşary ýurt diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalarynyň halkara guramalarynyň resmi taýdan ulanmaklary üçin ýerleşdirilýän harytlar, ýerine ýetirilýän işler, amal edilýän hyzmatlar;

- Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasynyň hasabyndan tölegi tölenýän harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek;

- "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, potratçylar we kömekçi potratçylar

bolup durýan taraplara olaryň nebit işlerini ýerine ýetirmek maksatlary üçin harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek;

- özüniň öndüren oba hojalyk önümlerini ýerleşdirmek.

**Mysal.** "Armturmarket" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň senenama ýylynyň aprel aýynda amala aşyran amallary 14-nji tablisada görkezilen.

***14-nji tablisa***

**"Armturmarket" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň senenama ýylynyň aprel aýynda amala aşyran amallary**

| № | Amala aşyrylan amallaryň görnüşleri | Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Türkmenistanyň çäginde harytlaryň ýerleşdirilmegi | 5 321 174 |
| 2. | Türkmenistanyň çäginde hyzmatlaryň amal edilmegi | 768 506 |
| 3. | Paçsyz söwda edýän dükanda gümrük düzgüninde ýerleşdirilen harytlaryň ýerleşdirilmegi | 627 104 |
| 4. | Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk gaznasynyň hasabyndan tölegi tölenýän harytlaryň ýerleşdirilmegi | 389 703 |

1) "Armturmarket" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanalasynyň senenama ýylynyň aprel aýynda amala aşyran amallarynyň pul möçberini;

2) "Armturmarket" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň senenama ýylynyň aprel aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallarynyň pul möçberini;

3) "Armturmarket" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň senenama ýylynyň aprel aýynda amala aşyran salgyt salynýan amallar boýunça hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Amala aşyrylan amallaryň pul möçberi: 5321174 *manat* + 768506 *manat* + 627104 *manat* +
+ 389 703 *manat* = 7106487 *manat*.

Amala aşyrylan salgyt salynýan amallaryň pul möçberi:

5321174 *manat*+768506 *manat*=6089680 *manat*.

Salgyt salynýan amallar boýunça hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi:

[(5321174 *manat* + 768506 *manat*) × 15% : 100% +
(627104 *manat*+389703 *manat*)×0% : 100%] =
= 913452 *manat*.

Goşulan baha üçin salgyt boýunça käbir salgyt salynýan amallar salgyt salynýan dolanşyga goşulmaýar. Olar şu aşakdakylar:

a) adamlaryň numizmatika maksady ýok bolsa, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tabşyrygy boýunça edara görnüşli tarapyň taýýarlan puluny ýerleşdirilmegi bilen baglanyşykly bolmadyk, puly saklamak, inkassasiýa etmek boýunça hyzmat bolup durmaýan halatlarynda, kanuny töleg serişdesi bolup durýan daşary ýurt pullarynyň, pullaryň, banknotalaryň dolanşygy;

b) gymmat bahaly kagyzlaryň dolanyşygy (kärhana paýly gatnaşmak hukugyny aýrybaşgalamak), olar boýunça dellalçylyk we araçyllyk hyzmatlary girmeýär; kredit (ssuda) bermek we şolar boýunça göterimleri almak;

ç) aşakdakylary muzdsuz bermek:

- edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda onuň hukuk mirasdüşerine (hukuk mirasdüşerlerine) şol edara görnüşli tarapyň esasy serişdelerini, maddy däl aktiwlerini we beýleki emläklerini;

- döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça ýaşaýyş, önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalara we binalara eýeçilik etmek hukuklaryny;

- telekeçi däl edara görnüşli taraplara we döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryna harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende);

- haýyr-yhsan guramalary tarapyndan harytlar muzdsuz berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende);

- ynsanperwerlik we (ýa-da) haýyr-yhsan kömegi hökmünde harytlar berlende (işler muzdsuz ýerine ýetirilende we hyzmatlar amal edilende);

d) emläk aýrybaşgalananda:

- döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin ýa-da ýeriň, medeni gymmatlyklaryň bolmalysy ýaly peýdalanylmaýandygy sebäpli, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hem-de ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň çözgütleri boýunça alynmaga degişli ýer böleginde ýerleşen emläkler;

- miras alynýan emläge bolan eýeçilik hukugy döwletiň haýryna mejbury alnanda, döwletiň haýryna geçirilende ýa-da başga birine berlende, şeýle-de eýesiz galan emläk ýa-da hazynalar döwlet tarapyndan kabul edilende;

e) daşary ýurt döwletleri ýa-da halkara guramalary ýa-da şahsy adamlar tarapyndan Türkmenistana berilýän ynsanperwer, maliýe we tehniki kömeginiň we kreditleriň (karzlaryň) maksatnamalarynyň hem-de taslamalarynyň çäklerinde harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek. Aýdylanlar şu taraplara degişlidirler:

- daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň ýa-da şahsy adamlaryň harytlary (işleri, hyzmatlary) şonuň

ýaly ýerleşdirmegi amala aşyrmaga ygtyýarly eden adamlaryna;

- şeýle kömegi we kreditleri (karzlary) alyjylar hökmünde bellenilen adamlara;

- tölegi görkezilen serişdeleriň hasabyna geçirilýän, ýokarda görkezilen ygtyýarly edilen taraplar bilen we şeýle kömegi hem-de kreditleri (karzlary) alýanlar bilen şertnama boýunça önümi iberjiler (işleri ýerine ýetirijiler, hyzmatlary amal edijiler) bolan taraplara;

ä) telekeçi däl edara görnüşli taraplar we döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan, peýda almak maksady bolmazdan harytlaryň ýerleşdirilmegi, işleriň ýerine ýetirilmegi we hyzmatlaryň amal edilmegi;

f) görkezilen işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary amal etmegiň) hökmanlygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen halatlarynda, işiň belli bir ugrunda olaryň üstüne ýüklenilen aýratyn wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyn işleri ýerine ýetirmegi (hyzmatlary amal etmegi);

g) harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmek baradaky ylalaşykdan gelip çykýan taraplara hukugy ilkibaşdan bermek ýa-da görkezilen talaplaryň kanun esasynda başga tarapa geçmegi.

**Mysal.** "Ranet" hojalyk jemgyýeti senenama ýylynyň fewral aýynda 15-nji tablisadaky hojalyk amallary ýerine ýetiripdir. Senenama ýylynyň fewral aýynda "Ranet" hojalyk jemgyýeti üýtgedilip gurulýar we ol özüniň hukuk mirasdüşerleri bolup durýan "Bilim Depe" hojalyk jemgyýetine muzdsuz bermek şerti bilen 315714 manat pul serişdelerini, maddy däl aktiwlerini we gaýry emläklerini geçirýär. "Ranet" hojalyk jemgyýetiniň senenama ýylynyň fewral aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýadyny takyklamaly.

*15-nji tablisa*

**"Ranet" hojalyk jemgyýetiniň senenama ýylynyň fewral aýynda ýerine ýetiren hojalyk amallary**

| № | Amala aşyrylan hojalyk amallarynyň görnüşleri | Amala aşyrylan hojalyk amallaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Hyzmatlary ýerine ýetirmekden alnan girdejiler | 603 152 |
| 2. | Ätiýaçlandyryş guramalaryndan alnan ätiýaçlandyryş öwezini doluş jemleri | 101 000 |
| 3. | Telekeçi däl edara görnüşli taraplar üçin amal edilen hyzmatlar | 88 8777 |

**Çözülişi. Salgyt salynýan binýat:**

603152 *manat*+101000 *manat*=704152 *manat*.

Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän we goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar goşmaça tölegi tölemekden 21-nji şekildäki ýagdaýlarda boşadylýarlar.

Ondan başga-da, eýeçilik hukugy esasynda daşary ýurtly edara görnüşli taraplara degişli bolan, berilýän çig maldan (nebitden) benzini we dizel ýangyjyny öndürmek (taýýarlamak) boýunça amal edilýän hyzmatlar goşmaça töleg tölemekden boşadylýarlar (şu önümleri soňundan Türkmenistanyň çäklerinden çykarmak şerti bilen). Býujetdäki guramalar we "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplar goşmaça tölegiň töleýjileleri däldir.

**Mysal.** 16-njy tablisada Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary getirýän edara görnüşli taraplaryň, halkara guramalarynyň we şahsy taraplaryň atlary we olaryň bu harytlary haýsy maksatlar üçin getirýändikleri sanalyp geçilýär. 16-njy tablisada sanalyp geçilen edara görnüşli taraplaryň, halkara guramalarynyň we şahsy taraplaryň arasynda goşmaça töleg tölenmäge degişli getirilen harytlar boýunça haýsylarynyň goşmaça töleg tölemäge degişlidigini we haýsylarynyň goşmaça töleg tölemäge degişi däldigini takyklamaly.

*16-njy tablisa*

**Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary getirýän edara görnüşli taraplaryň, halkara guramalaryň we şahsy taraplaryň atlary we bu harytlary Türkmenistanyň çägine getirilmegiň maksatlary**

| № | Edara görnüşli taraplaryň, halkara guramalaryň we şahsy taraplaryň atlary | Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlaryň Türkmenistana getirilmeginiň maksatlary |
|---|---|---|
| 1. | "Nurhan" hususy kärhanasy | Spirtli içgileri taýýarlamak üçin getirilen spirt |
| 2. | Fransiýa döwletiniň halkara ynsanperwer guramasy | Ynsanperwer kömegi hökmünde getirilen harytlar |
| 3. | Germaniýa döwleti bilen Türkmenistanyň arasynda baglaşylan hökümetara ylalaşyga laýyklykda Germaniýa döwletiniň"Simens" kompaniýasy | Muzdsuz berilýän tehniki kömekleriň çäginde getirilen harytlar |
| 4. | "Döwletgeldi" hususy kärhanasy | Düzüminde alkogoly bolan getirilen üzüm çakyrlary we alkogolly içgiler |
| 5. | Şahsy tarap-hususy telekeçi S.Baýnazarow | Getirlen temmäki önümleri |
| 6. | Ukraina döwletiniň Aşgabatda ýerleşýän diplomatik wekilhanasy | Resmi taýdan ulanylmaklary üçin diplomatik wekilhananyň işgärleriniň, olaryň maşgala agzalarynyň hem-de edara ediş-tehniki işgärleriniň şahsy ulanmaklary üçin getirilen harytlar |
| 7. | "Gyzyl haç we gyzyl ýarym aý" halkara guramasy | Resmi taýdan ulanmaklary üçin getirilen harytlar |
| 8. | Şahsy tarap T.Muhammetmyradow | Özüniň sarp etmegi üçin getiren 5 litr alkogolly içgileri we piwo, 10 guty çilim |
| 9. | "Daýanç" hojalyk jemgyýeti | Getirilen senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyryjylary |
| 10. | Şahsy tarap-hususy telekeçi B. Gadamow. | Getiren "Jip Grand Çerokki" awtoulag serişdesi |

*21-nji şekil*

**Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça goşmaça töleg tölemekden boşadylýan ýagdaýlar**




**Çözülişi.** Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça goşmaça töleg tölemäge degişli edara görnüşli we şahsy taraplar: "Nurhan" hususy kärhanasy, "Döwletgeldi" hususy kärhanasy, şahsy tarap-hususy telekeçi S.Baýnazarow, "Daýanç" hojalyk jemgyýeti, şahsy tarap-hususy telekeçi B.Gadamow. Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça goşmaça töleg tölemäge degişli bolmadyk halkara guramalary we şahsy taraplar: Fransiýa döwletiniň halkara ynsanperwer guramasy, Germaniýa döwletiniň "Simens" kompaniýasy, Ukraina döwletiniň diplomatik wekilhanasy, "Gyzyl haç we gyzyl ýarym aý" halkara guramasy, şahsy tarap T.Muhammetmyradow.

"Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, potrotçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan edara görnüşli we şahsy taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy tölemekden boşadylýarlar. Mejbury almagyň, elden almagyň netijesinde gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň kesekiniň haýryna alynmagy, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt binýadyna goşulmaýar.

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 143-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, emläk üçin salgydy tölemekden boşadylýan edara görnüşli taraplar 22-nji şekilde beýan edilýär.

Şu aşakdakylara emläk üçin salgyt salynmaýar:

- gaz geçirjiler (esasy gazgeçirjilerden başga), demir ýollaryň esasy ugurlary, demir ýollaryň giriş ýollary, umumy ulanylýan awtomobil ýollary, aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlar, suw-suwlulandyryş we suw geçiriji desgalar, köprüler we olary ulanmak üçin niýetlenilen injenerçilik we beýleki desgalar;
- tokaý we oba hojalyk önümlerini öndürmek we saklamak üçin peýdalanýan emläk, şeýle-de olaryň öz öndüren önümleri;
- ýaşaýyş jaý-jemagat hojalyklarynyň emläkleri;
- diňe ylym, bilim, maýyplary dikeltmek, daşky gurşawy goramak, ýangyn howpsyzlygy we raýat goranyşy babatda ulanylýan emläkler;
- umumy ulanylýan şäher ýolagçylar awtoulagy (taksiden başga)
- sport toplumlary, stadionlar we beýleki sport binalary we desgalary, şeýle-de olarda peýdalanýan sport enjamlary we inwentarlary;
- asma ýollar, şeýle-de olary ulanmak üçin niýetlenilen beýleki enjamlar;

*22-nji şekil*

**Emläk üçin salgydy tölemekden boşadylýan edara görnüşli taraplar**




- çagalar dynç alyş merkezleriniň binalary we desgalary, şeýle-de çagalaryň dynç almak maksatlary üçin ulanylýan beýleki emläk, şol sanda attraksionlar, oýun oýnalýan abzallar we başgalar.

- milli syýahatçylyk zonalarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze desgalary we olaryň infrastrukturasyny gurmak ýa-da gurlup tamamlanmadyk gurluşygy gutarmak bilen baglanyşykly gurluşyk we gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirmek üçin ulanylýan emläk;

-milli syýahatçylyk zonalarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze desgalaryň emläkleri we olaryň infrastrukruralary – şolaryň ulanylmaga berlen pursatyndan başlap, ilkinji 15 ýylyň dowamynda.

**Mysal.** "Türkmenawtomatika" müdirliginiň hasabat döwründe (ýyl) balansynda bar bolan önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 16 840 665 manat, şol sanda gaz geçirijilere degişli 11 443 402 manat. Önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 23581520 manat. "Türkmenenergogurnamak" ýöriteleşdirilen Dolandyryş edarasynyň hasabat ýylynda balansynda bar bolan önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 16 714 523 manat, şol sanda aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlara degişli 11 653 487 manat we önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 3 688 647 manat. Aşgabat şäheriniň "Şähersuw" müdirliginiň hasabat ýylynda balansynda bar bolan önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy 24 675 407 manat, şol sanda suwsuwlulandyryş we suw geçiriji desgalar, köprüler we olary ulanmak üçin niýetlenilen injenerçilik we gaýry desgalara degişli 17 372 831 manat, şeýle-de önümçilikde ulanylýan maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy 6 314 757 manat. Ýokarda agzalyp geçilen edara görnüşli taraplar boýunça emläk üçin salgyt boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri hasaba almak bilen, hasabat ýylynda emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan özenini we emläk üçin salgydyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi. "Türkmengazawtomatika" müdirligi boýunça hasabat döwründe emläk üçin salgyt boýunça hasaplanylan salgyt özeni:** (16840665 *manat*-11443402 *manat*)+ +23581520 *manat*=28 978 783 *manat*.

Emläk üçin salgydyň hasaplanylan pul möçberi:

28 978 793 *manat* × 1% : 100%= 289 788 *manat*.

"Türkmenenergogurnama" ýöriteleşdirilen Dolandyryş edarasy boýunça hasabat döwründe emläk üçin salgyt boýunça hasaplanylan salgyt özeni: (16714523 *manat* − −11653487 *manat*)+3688647 *manat*=8749683 *manat*.

**Emläk üçin salgydyň hasaplanylan pul möçberi:**
8 749 683 *manat* × 1% : 100% = 87497 *manat*.

**Aşgabat şäheriniň "Şähersuw" müdirligi boýunça hasabat döwründe emläk üçin salgyt boýunça hasaplanylan salgyt özeni:** (24675407 *manat*-17372831 *manat*)+6314757 *manat* =13617333 *manat*.

**Emläk üçin salgydyň hasalanylan pul möçberi:** 13617333 *manat*×1 %:100%=136173 *manat*.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt ýeňilliklleri göz öňünde tutýar. Peýdadan alynýan salgyt boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri 23-nji şekilde şekillendirilýär. 23-nji şekilde görkezilen peýdadan alynýan salgyt boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary ýerleşdirmekden alynýan peýda, diwidentler we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejilere, humarly oýun işinden alynýan girdejilere degişli däl. Ondan başga-da, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy edara görnüşli taraplaryň alýan girdejileriniň aýry-aýry görnüşlerini peýdadan alynýan salgytdan boşadýar. Bu girdejiler şu aşakdakylar:

- bilim babatyndaky işden alynýan peýda;

-milli syýahatçylyk zonalarynyň subýektleri tarapyndan şol zonalaryň çäginde syýahatçylary kabul etmek, olary ýerleşdirmek, jemgyýetçilik iýmiti, hususy durmuş taýdan we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň berilmegi, dürli oýunlary (humarly täjirçilikden başga) guramak boýunça hyzmatlardan alynýan peýdanyň pul möçberi (degişli desgalaryň ulanylmaga berlen pursatyndan başlap, ilkinji 15 ýylyň dowamynda);

-oba hojalyk önümlerini öndürýän edara görnüşli tarapyň şol önümleri ýerleşdirmekden alýan peýdasy (şol önümler senagat taýdan gaýtadan işlenilen bolmadyk ýagdaýynda);

*23-nji şekil*

**Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri**




-maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursadyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşli taraplaryň öz öndüren towuk etini we ony gaýtadan işlemekden alnan önümi ýerleşdirmekden alýan peýdasy;

-protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alynýan peýda.

**Mysal.** 100% -i daşary ýurt inwestisiýasy bolan "Akbar" hojalyk jemgyýeti hasabat döwründe önümi öndürmekden we ýerleşdirmekden 2921730 manat, şol sanda bilim babatynda işleri amala aşyrmakdan 179851 manat, oba hojalyk önümleri öndürmek we ýerleşdirmekden 402374 manat

(şol sanda oba hojalyk önümlerini senagat taýdan gaýtadan işlenilen önümleri ýerleşdirmekden 182665 manat) we protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden 306815 manat möçberde peýda alypdyr. Peýda salynýan salgyt boýunça berilýän ýeňillikleri hasaba almak bilen, "Akbar" hojalyk jemgyýeti boýunça hasabat ýyly üçin salgyt salynýan peýdanyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Salgyt salynýan peýdanyň pul möçberi: 2921730 *manat*-179851 *manat*-(402374 *manat*-182665 *manat*)-306815 *manat*=2215355 *manat* x8%:100%=177068 *manat*.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça berilýän salgyt ýeňillikleri şahsy adamlaryň alýan girdejileriniň salgyt salmakdan doly boşadylmagyny göz öňünde tutýar. Mysal üçin, şu sanalyp geçiljek adamlaryň girdejileri salgyt salynmaga degişli däl:

- Türkmenistanyň Gahrymanlary;
- "Weteranlaryň hukuk derejesi, olaryň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda weteranlar derejesine degişli edilen adamlar;
- söweş hereketleri netijesinde maýyp bolanlar;
- çagalykdan maýyplar, 1-nji we 2-nji topar maýyplar;
- "Edermenlik" medaly bilen sylaglanan adamlar ücin hasaplanan salgydyň möçberi olaryň alýan ähli girdejileri boýunça 50 göterim azaldylýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt özenine goşulmaýan girdejileri hem göz öňünde tutýar, bu girdejiler "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 187-nji maddasynda beýan edilýär. Ondan başga-da, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt binýady kesgitlenilende, salgyt töleýjiniň salgyt döwrüniň her aýynda 24-nji şekilde görkezilen salgyt aýyrmalaryna hukugy bar.

*24-nji şekil*

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt binýady kesgitlenilende ulanylýan salgyt aýyrmalary**

Salgyt binýady kesgitlenilende ulanylýan salgyt aýyrmalary
1

Islendik şahsy tarap-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde
2

Adatdan daşary hadysalaryň (heläkçilikler, betbagtçylyklar we beýleki tebigy hadysalar) netijesinde, şeýle-de bu hadysalaryň öňüni almaga gatnaşmagyň netijesinde maýyp bolan şahsy tarap-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň dört essesi möçberinde
4

Çagalykdan maýyplardan, 1-nji we 2-nji topar maýyplardan, adatdan daşary hadysalaryň (heläkçilikler, betbagtçylyklar we beýleki hadysalar) netijesinde, şeýle-de bu hadysalaryň öňüni almaga gatnaşmagyň netijesinde maýyp bolan şahsy taraplardan başga maýyplar–Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň iki essesi möçberinde
3

Garamagynda eklenip bilmeýän adamlary saklaýan şahsy tarap-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde her bir eklenip bilmeýän adam üçin
5

Türkmenistany goran mahaly, şeýle-de Beýik Watançylyk urşunda, beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerinde ýa-da harby gullukda, içeri işler we milli howpsuzlyk edaralarynda gulluk döwründe ýaralanan, şeňselän ýa-da maýyp bolup aradan çykan ýa-da söweş hereketleri bilen baglanyşykly kesseläp aradan çykan harby gullukçylaryň ene-atasy we adamsy (aýaly) üçin-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň üç essesi möçberinde
6

**Mysal.** Söweş hereketleri bilen baglanyşykly kesell-äp aradan çykan harby gullukçynyň ýanýoldaşy Dinara Rozyýewa hasabat döwründe 6494 manat möçberinde girdeji alypdyr (salgyt döwri bir ýyl). Dinara Rozyýewa göreji boýunça maýyp we onuň eklenjinde bäş adam bar. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça berilýän salgyt ýeňilliklerini hasaba almak bilen, Dinara Rozyýewanyň hasabat döwründe tölemeli girdeji salgydynyň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Şahsy tarap Dinara Rozyýewanyň hasabat döwründe tölemeli şahsy adamlaryň alýan girdeji salgydynyň pul möçberi:

(6494 *manat*-(50 *manat* × 5 adam × 12 aý) × 10 %: :100%=349 *manat*.

### 6.6.37. Salgytlaryň tölenýän möhletleri

Salgyt töleýji tarapyndan degişli derejedäki býujetiň girdejiler böleginiň salgydy tölemäge borçlanýan senesi ýa-da döwri salgytlaryň tölenilýän möhleti diýlip düşünilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri boýunça salgytlary tölemegiň 10 günlük, aýlyk, çärýek, ýarym ýyllyk möhletlerini göz öňünde tutýar. Salgydy tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň möhletleri "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny we salgyt kanunçylygynyň beýleki namalary tarapyndan salgydyň her bir görnüşi babatynda bellenilýär. Öň bellenilen salgyt üýtgedilende, goşmaça hasaplanylan salgydyň möçberi salgyt töleýji tarapyndan salgyt habarnamasy alnan gününden soň bäş günüň dowamynda tölenýär.

Salgyt beýannamalaryna laýyklykda hasaplanan goşulan baha üçin salgyt hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman Türkmenistanyň döwlet byujetine degişli salgyt töleýji tarapyndan tölenilýär. Salgyt töleýjiler hasabat döwrüniň dowamynda deslapky (hakujy)

tölegler görnüşinde-de goşulan baha üçin salgydy töleýärler. Deslapky tölegiň tölenýän möhletleri we möçberi:

- hasabat aýynyň 13 güni möhleti boýunçageçen hasabat döwrüniň soňky möhletiniň deslapky tölegi görnüşinde;

- hasabat aýynyň 23 güni we hasabat aýyndan soňky aýyň 3 güni möhleti boýunçageçen hasabat döwri üçin hasaplanyp ýazylan goşulan baha üçin salgydyň möçberiniň üçden bir böleginden ybarat möçberde tölenilýär.

Hususy telekeçiler we şereketiň düzümine girýän taraplar (eger-de onuň düzümine edara görnüşli taraplar goşulmaýan bolsa) ýanwar aýynyň 1-inden iýun aýynyň 30-yna çenli aralykdaky döwür üçin şol ýylyň sentýabr aýynyň 1-inden gijä galman goşulan baha üçin salgydy Türkmenistanyň döwlet býujetine töleýärler we iýul aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 31-ine çenli aralykdaky hasabat döwri üçin indiki ýylyň mart aýynyň 1-inden gijä galman bu tölegleri amala aşyrýarlar. Salgyt gullugy tarapyndan iberilýän salgyt habarnamasynyň esasynda goşulan baha üçin salgyt ýanwar aýynyň 1-inden iýul aýynyň 30-yna çenli aralykdaky hasabat döwri üçin-şol ýylyň awgust aýynyň 1-inden gijä galman we iýul aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 31-ine çenli hasabat döwri üçin-indiki ýylyň fewral aýynyň 1-ine çenli tölenýär.

**Mysal.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt beýannamasyny salgyt gullugy edarasyna tabşyrylmagyny we bu beýannama boýunça hasaplanyp çykarylan salgydyň pul möçberiniň tölenilmegini göz öňünde tutýar. "Akdag" hojalyk jemgyýetiniň senenama ýylynyň awgust aýy üçin goşulan baha üçin salgyt boýunça etrap döwlet salgyt gullugyna tabşyran salgyt beýannamasynda salgydyň pul möçberi 66 243 manat we sentýabr aýy üçin 72 516 manat möçberinde görkezipdir. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda we "Akdag" hojalyk jemgyýetiniň mysalynda, goşulan baha

üçin salgyt boýunça deslapky tölegleriň möçberini we tölenýän möhletlerini takyklamaly.

**Çözülişi.** Senenama ýylynyň sentýabr aýynyň 23-i we oktýabr aýynyň 3-i we 13-i güni möhleti boýunça 22081 manat (66 243:3). Senenama ýylynyň oktýabr aýynyň 23-i we noýabr aýynyň 3-i güni möhleti boýunça 24172 manat (72 516:3).

Salgyt salynýan amallar geçirilende, goşmaça töleg salgyt töleýjiler tarapyndan hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman tölenýär. "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, potratçy ýa-da kömekçi potratçy bolup durýan edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň gümrük çäklerine getiren goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary nebit işlerini amala aşyrmak üçin peýdalanmaýan halatlarynda, goşmaça tölegi ýokarda bellenen möhletde töleýärler. Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça hasaplanan goşmaça tölegler bu harytlar gümrük taýdan resmileşdirilen pursadynda ýa-da ondan öň tölenýär.

Salgyt töleýjiler ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy hasabat döwründen soňky aýyň 25-inden gijä galman töleýärler. Salgyt töleýjiler hasabat döwrüniň dowamynda uglewodorod serişdeleri bilen salgyt salynýan amallary geçirenlerinde, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy deslapky görnüşde töleýärler. Deslapky töleg görnüşinde tölenmäge degişli ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberi geçen döwri üçin hasaplanan ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberiniň üçden bir bölegini düzýär. Deslapky töleg görnüşinde ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt töleýjiler tarapyndan her aýyň 25-ine çenli tölenilýär. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy tölemegiň başga möhletleri

hem bellenip bilinýär, ýöne bu möhlet ýokarda görkezilen möhletden otuz günden köp bolmaly däl.

Salgyt töleýjiler tarapyndan emläk üçin salgyt hasabat döwründen soňky aýyň 25-inden gijä galman tölenýär. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry görnüşleri üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan emläk üçin salgydy tölemegiň başga möhletleri hem bellenip bilinýär, ýöne bu möhlet ýokarda görkezilen möhletden 30 günden köp bolmaly däl.

Edara görnüşli taraplar peýdadan alynýan salgydy şu möhletlerde töleýärler:

- deslapky töleg görnüşinde – salgyt ýylynyň her aýynyň 13-ünde we 28-inde;

- birinji çärýegiň, birinji ýarym ýylyň, dokuz aýyň we salgyt ýylynyň jemi boýunça – görkezilen döwürlerde peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt beýannamasynyň berilmeli gününden soňky bäş günüň dowamynda.

Oýun işinden alynýan girdeji salgydy hasabat döwründen soňky aýyň 25-inden gijä galman tölenýär. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar (öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) girdeji salgydy birinji çärýegiň, birinji ýarym ýylyň, dokuz aýyň we salgyt ýylynyň jemleri boýunça şu görkezilen döwürler üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasyny tabşyrmak üçin bellenen günden başlap, bäş gün möhletde töleýärler. Salgyt ýumuşçylary hökmünde çykyş edýän taraplar peýdadan alynýan salgydy tutup almak üçin bellenen günden başlap, bäş gün (daşary ýurtlarda geçirilýän töleglerde bolsa, on bäş gün) möhletde peýdadan alynýan salgydyň tutulyp alnan pul möçberlerini töleýärler. Öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin, peýdadan alynýan salgydy tölemek boýunça möhletler ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenilýär.

**Mysal.** "Interreýd" hojalyk jemgyýeti ýanwar aýynyň 13-ine we 28-ine peýdadan alynýan salgyt boýunça deslapky tölegleri her bir möhlet boýunça 224 manat möçberde töläpdir. Hasabat döwrüniň (I çärýegi üçin) fewral we mart aýlarynyň 13-üne we 28-ine deslapky tölegler her bir möhlet boýunça 260 manat möçberinde tölenilipdir. Geçen hasabat döwri üçin (I çärýek) deslapky hasaplanylan peýdadan alnan salgydyň pul möçberi 3240 manat Hasabat döwrüniň aprel, maý we iýun aýlarynyň kesgitlenilen möhletleri boýunça deslapky tölegleriň möçberlerini takyklamaly.

**Çözülişi. Hasabat döwrüniň aprel aýynyň 13-ündäki we 28-indäki möhletleri boýunça deslapky tölegleriň pul möçberi 260 manat.**

Hasabat döwrüniň maý we iýun aýlarynyň 13-ündäki we 28-indäki möhletleri boýunça deslapky tölegleriň pul möçberi: [3240manat-(224x2t260x4)]:6=292 manat.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy babatynda salgyt ýumuşçylary şahsy adamlaryň girdejilerinden hasaplanylyp çykarylan we tutulyp alnan pul möçberlerini bank edarasyndan nagt pul serişdelerini alan gününden gijä galman döwlet býujetine geçirmäge borçludyrlar. Galan ýagdaýlarda salgyt ýumuşçylary hasaplanyp çykarylan we tutulyp alnan salgydyň pul möçberlerini salgyt töleýjiniň girdejini hakyky alan gününden soňky gelýän gününden gijä galman geçirýärler. Bu tölegler salgyt töleýji girdejini önüm görnüşinde alanda hem tölenýär. Salgyt beýannamasynyň esasynda hasaplanan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy möçberi hasabat döwründen soňky ikinji aýyň 10-dan gijä galman, daşary ýurt raýatlary tarapyndan bolsa, geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň aprel aýynyň 15-inden gijä galman tölenýär.

Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan hususy telekeçiler bellenen patent tölegi telekeçilik işini amala aşyrmagy niýet edýän döwri başlanmanka töleýärler. Bu döwür üç aýdan az bolmaly däldir. Salgyt beýannamasy

esasynda hasaplanan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli goşmaça patent tölegi salgyt töleýji tarapyndan hasabat döwründen soňky ikinji aýyň 25-inden gijä galman tölenmeli.

Ýerli ýygymlar babatynda aýdanyňda, onda mahabatlandyrma üçin ýygym we awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym salgyt töleýji tarapyndan hasabat döwründen soňky aýyň 25-inden gijä galman tölenýär. Şahsy taraplar- hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar, şol sanda Türkmenistanyň çäklerinde öz işini hemişelik wekilhanasynyň üstünden amala aşyrýan daşary ýurt edara görnüşli taraplar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy ýygym boýunça hasabat döwri üçin beýannamany tabşyrmak boýunça bellenilen günden başlap bäş gün möhletde töleýärler. Hususy telekeçiler ýygymy geçen hasabat döwründen soňky gelýän ikinji aýyň 25-inden gijä galman geçirýärler. Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar, şeýle-de Türkmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan daşary ýurt edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen baglanyşykly, zähmet ylalaşygy (şertnama) we raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleýän Türkmenistana dahylly şahsy taraplardan şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy salgyt ýumuşçylary tutup alýarlar we şahsy taraplardan alynýan girdeji salgydyny tölemek üçin bellenen möhletlerde töleýärler. Edara görnüşli taraplar hususy telekeçiler bilen zähmet gatnaşyklary bilen bagly bolmadyk we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça işleri ýerine ýetirmekden (hyzmatlary amal etmekden), şol sanda hünär hyzmatlary amal etmekden girdeji alýan, ylmy, edebiýat we sungat eserlerini döredendigi, ýerine ýetirendigi ýa-da başga hili peýdalanandygy üçin awtor hakyny ýa-da hak

alýan, açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtorlaryna berilýän haky alýan, ylmy döredijilik işi amala aşyrmakdan, beýleki zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden hak alýan Türkmenistana dahylly şahsy taraplar, şeýle-de özbaşdak oba hojalyk önümlerini öndürmekligi amala aşyrýan adamlar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy özbaşdak hasaplaýarlar we şahsy taraplardan alynýan girdeji salgydyny tölemek üçin bellenen möhletlerde ýerli býujetlere töleýärler.

Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygym awtomobilleri ýerleşdirmek boýunça geleşik resmileşdirilýän pursatyna çenli tölenýär. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymy ýerli ýerine ýetiriji häklimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan kesgitlenilen möhletlerde itleri bolan raýatlar töleýärler.

### 6.7.38. Salgyt habarnamasy we salgyt beýannamasy

**Salgyt habarnamasy-bu salgyt gullugynyň (gümrük gullygynyň) salgyt töleýjä bildirýän ýazmaça talabydyr.** Salgyt habarnamasy salgyt töleýjä 25-nji şekilde görkezilen ýagdaýlarda iberilýär. 25-nji şekilde görkezilen ýagdaýlar ýüze çykandan soň, salgyt habarnamasy bäş günden gijä galman salgyt töleýjä iberilýär ýa-da gowşurylýar. Salgyt habarnamasy edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysyna (onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekiline) ýa-da şahsy tarapa (onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekiline) gol çekdirilip elin ýa-da onuň alnandygyny we senesini tassyklaýan başga bir görnüşde gowşurylýar. Görkezilen taraplar salgyt habarnamasyny almakdan ýüz öwren ýagdaýynda, şol habarnama tabşyryk haty bilen poçta arkaly iberilýär. Tabşyryk haty bilen iberilenden alty gün geçenden soň, salgyt habarnamasy alnan diýlip hasap edilýär.

Salgyt habarnamasy salgyt töleýjä iberilenden ýa-da gowşurylandan soň, salgyt gullugyna salgyt habarnamasyn-

da görkezilen salgydyň möçberiniň üýtgedilmegine getirýän ýagdaýlar ýa-da subutnamalar aýan bolanda, salgyt habarnamasy üýgedilmäge degişlidir. Salgyt habarnamasynyň görnüşi Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan tassyklanýar. Salgyt habarnamasyna salgyt gullugynyň ygtyýarly wezipeli adamy tarapyndan gol çekilýär we salgyt gullugynyň möhri basylýar.

***25-nji şekil***

**Salgyt töleýjä salgyt habarnamasynyň iberilýän ýagdaýlary**




**Salgyt beýannamasy-salgyt töleýji tarapyndan berilýän we salgydy hasaplamak we tölemek üçin zerur bolan salgyt hasabatynyň bir görnüşidir.** Salgyt beýannamasynyň

görnüşi, ony tabşyrmagyň we doldurmagyň tertibi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan işlenip taýýarlanýar we tassyklanýar. Salgyt beýannamasy her bir salgyt töleýji tarapyndan tölenmäge degişli her bir salgyt boýunça tabşyrylýar. Salgyt beýannamasy salgyt töleýjiniň hasapda duran ýeri boýunça salgyt gullugyna tabşyrylýar we oňa salgyt töleýji tarapyndan, degişli ýagdaýlarda bolsa, onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekili tarapyndan gol çekilýär.

Salgyt beýannamasy salgyt töleýjiniň hut özi tarapyndan, şeýle-de poçta ýollamalary görnüşinde berlip bilinýär. Salgyt gullugynyň salgyt beýannamasyny kabul etmezlige haky ýokdur we salgyt töleýjiniň haýyşy boýunça salgyt beýannamasynyň göçürilen nusgasynda onuň kabul edilen we gowşurylan senesini bellik etmäge borçludyr. Salgyt beýannamasy poçta arkaly iberilende, iberilen ýerindäki poçtanyň basan möhürçesiniň senesi onuň gowşurylan senesi diýlip hasap edilýär. Salgyt gullugy bilen ylalaşyp, salgty beýannamasy elektron resminama görnüşinde ýa-da başga bir göterijide hem berlip bilinýär. Salgyt töleýjiniň salgyt habarnamasyny özbaşdak doldurmaga, salgydyň möçberini hasaplamaga ýa-da bu borjy üçünji bir adama tabşyrmaga ýagdaýynyň ýoklygy sebäpli salgyt töleýjiden onuň ýazmaça görnüşini alyp bolmajak ýagdaýynda, salgyt beýannamasy salgyt gullugynyň işgäri tarapyndan salgyt töleýjiniň aýdanlarynyň esasynda doldurylýar.

Salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylan salgyt beýannamasynda maglumatlaryň görkezilmändigi ýa-da doly görkezilmändigi sebäpli şonuň ýaly ýalňyşlyklar ýüze çykarylanda, salgyt töleýji salgyt beýannamasyna zerur bolan goşmaçalary we üýtgemeleri girizmäge we salgyt gullugyna gowşurmaga borçludyr. Salgydyň tölenmeli möhleti tamamlanmazdan öň goşmaçalar we üýtgetmeler girizilen salgyt beýannamasy salgyt gullugyna tabşyrylanda, salgyt

beýannama bellenen möhletde tabşyryldy diýlip hasap edilýär. Salgydyň tölenmeli möhleti geçenden soň, ýöne salgyt töleýji resminamalaýyn salgyt barlagynyň bellenilendigi hakynda habarly edilen pursatyna çenli goşmaçalar we üýtgemeler girizilen salgyt beýannamasyny salgyt gullugyna tabşyran ýagdaýynda, ol salgyt kanunçylygynda görkezilen jogapkärçillikden boşadylýar. Puşmana tölegi umumy bellenilen tertipde hasaplanýar.

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 111,128,137 we 145-nji maddalaryna laýyklykda, goşulan baha üçin salgyt, goşmaça töleg, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, emläk üçin salgyt, mahabatlandyrma üçin ýygym, awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym babatynda geçen hasabat döwri üçin düzülen salgyt beýannamasy hasabat döwründen soňky aýyň 20-sinden gijä galman salgyt gullugyna tabşyrylýar. Goşulan baha üçin salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, emläk üçin salgyt boýunça salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan salgyt beýannamasyny tabşyrmak üçin başga bir möhletler hem bellenip bilinýär, ýöne bu bellenilen möhletler ýokarda görkezilen möhletlerden otuz günden köp bolmaly däl. Bilelikdäki işler amala aşyrylanda, goşulan baha üçin salgydy we goşmaça tölegi hasaplamak üstüne ýüklenen şerekete gatnaşyjy tutuş bilelikdäki işi boýunça goşulan baha üçin salgyt we goşmaça töleg boýunça salgyt beýannamasyny salgyt hasabynda duran ýerindäki salgyt gullugyna kesgitlenilen möhletlerde tabşyrmaga borçludyr. Salgyt beýannamasyna şu aşakdaky maglumatlar goşulýar:

- şerekete gatnaşyjylaryň ählisiniň sanawy, olaryň hususy salgyt belgileri, ýerleşýän ýa-da ýaşaýan ýerleri;
- salgydy şerekete gatnaşyjylaryň biriniň ýa-da her biriniň öz paýyny tölejekdigi hakyndaky çözgüdiň nusgasy.

Salgyt gullugy salgyt beýannamasy tabşyrylandan soňky bäş günüň dowamynda beýleki şerekete gatnaşyjylaryň salgyt hasabynda durýan ýerlerdäki salgyt gulluklaryna:

- goşulan baha üçin salgydyň we goşmaça tölegiň şerekete gatnaşyjylaryň biri tarapyndan tölenýändigini habar bermek üçin;

- şerekete beýleki gatnaşyjylar tarapyndan goşulan baha üçin salgydyň we goşmaça tölegiň özlerine degişli paýlarynyň doly we öz wagtynda tölenilişine gözegçilik çärelerini bellemek üçin degişli görkezmeleri iberýär.

Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin salgyt beýannamasy maliýe hasabatyny tabşyrmak üçin göz öňünde tutulan möhletlerde tabşyrylýar. Oýun işinden alynýan girdejiler üçin salgyt beýannamasy hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 20-isine çenli möhletde salgyt hasabynda duran ýerindäki salgyt gullugyna tabşyrylýar. Salgyt ýumuşçylary girdeji tölenen aýyndan soňky aýyň 20-isine çenli möhletde özüniň salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna diwident we paýçy bolup gatnaşmakdan alnan beýleki serişdeler görnüşindäki girdeji salgydyny töleýän edara görnüşli taraplar, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenen girdeji salgydynyň pul möçberleri barada maglumatlary tabşyrmaga borçludyrlar. Býujet edaralary tarapyndan salgyt salynýan binýat bolmadyk hasabat (salgyt) döwürleri üçin salgyt beýanamasy tabşyrylmaýar. Öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt beýannamasynyň tabşyrylýan möhletleri ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda kesgitlenilýär.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy babatynda, 26-njy şekilde görkezilen salgyt töleýjiler tarapyndan (daşary ýurt raýatlardan başga) salgyt beýannamasy hasabat döwründen soňky gelýän aýyň 25-inden gijä galman salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna goýlan ýerindäki salgyt

gullugyna tabşyrylýar. Daşary ýurt raýatlar salgyt beýannamasyny geçen salgyt ýylyndan soňky gelýän aprel aýynyň 1-ine çenli tabşyrýarlar. Salgyt beýannamasyny tabşyrmak borjy üstüne ýüklenmedik şahsy taraplar, salgyt döwrüniň tamamlanmagy bilen tutuş salgyt döwri üçin salgydyň pul möçberlerini gaýtadan hasaplamak üçin, girdeji salgydy baradaky beýannamany öz ýaşaýan ýerindäki salgyt gullugyna tabşyrmaga borçludyrlar. Salgyt ýylyň dowamynda daşary ýurtly şahsy tarap alýan girdejisine salgyt salynmaga degişli işini togtadanda we Türkmenistanyň çäklerinden daşary çykyp gidende, ol Türkmenistanyň çäginde bolan wagtynda häzirki hasabat (salgyt) döwründe hakykatdan hem alan girdejileri baradaky salgyt beýannamasyny Türkmenistanyň çäginden daşary çykyp gitmeginden bir aý öňünden tabşyrmalydyr. Salgyt töleýjiler salgyt beýannamlarynda hasabat (salgyt) döwründe özleriniň alan girdejilerini, girdejileriň çeşmelerini, salgyt aýyrmalaryny, salgyt ýumuşçylary tarapyndan tutulyp alnan salgydyň möçberlerini, hasabat (salgyt) döwrüniň dowamynda hakujy hökmünde tölenen tölegleriniň hakyky möçberini, hasabat (salgyt) döwri boýunça tölenmäge (goşmaça tölenmäge) ýada yzyna gaýtaryp berilmäge degişli salgydyň pul möçberini görkezýärler. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan hususy telekeçiler salgyt beýannamany hasabat döwründen soňky aýyň 15-inden gijä galman, salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna duran ýerindäki salgyt gullugyna tabşyrýarlar.

Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň töleýjileri beýannamany geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň ýanwar aýynyň 20-inden gijä galman salgyt gullugyna tabşyrýarlar. Salgyt ýumuşçylary geçen salgyt ýylyndan soňky ýylyň ýanwar aýynyň 20-sine çenli özüniň salgyt hasabynda duran ýerindäki salgyt gullugyna hasaplanan, tutulyp alnan we Türkmenistanyň Döwlet

býujetine geçirilen şäherleri, şäherçeleri we oba ýerlerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň möçberi hakyndaky maglumatlary tabşyrýarlar.

*26-njy şekil*

**Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça salgyt beýannamany salgyt gullugyna tabşyrmaga borçly salgyt töleýjiler**




## 6.8.39. Halkara salgyt tejribesinde ulanylýan başga düşünjeler we adalgalar

Halkara salgyt tejribesinde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk salgyt adalgalary we düşünjeleri hem ulanylýar.

**Salgyt kadastry- bu ykdysady taýdan ösen döwletlerde göni salgytlary (ýer, jaý, hünärmentçilik salgytlary) hasaplamak üçin, salgyt salynýan binýatlaryň (ýeriň, jaýyň, hünärmentçiligiň) bahasy we ortaça girdejililigi hakynda maglumatlary öz içine alýan resminamadyr.** Mysal üçin, ýer kadastry düzülende, döwletiň dürli etraplaryndaky bir meňzeş ýer ülüşleri özleriniň hili, ulanylyşy we ýerleşýän ýeri boýunça toparlandyrylýar. Her bir toparyň meýdan birligine birnäçe ýylyň dowamynda hasaplanyp çykarylan girdejililik kesgitlenilýär we ol galan ýer ülüşleriň haýsy bolsa-da birine deňleşdirilýär hem-de meýdanyň birliginden ugur alnyp, olar üçin salgydyň möçberi (stawkasy) takyklanýar.

Ýer kadastry degişli guramalar tarapyndan özbaşdak ýa-da ýer eýeleriniň gatnaşmagynda düzülýär. Ýer kadastrlary parselýar (fransuz) we hakyky (awstriýa) ýer kadastrlaryna bölünýärler. Parselýar kadastry ýer ülşüniň (sürlen ýeriň, çemenligiň, tokaýlygyň) her bir aýrybaşgalanan böleginiň (parselýar) girdejililigini, hakyky kadastr bolsa ýer eýesiniň bütin meýdanynyň jemi girdejililigini takyklaýar. Kadastry düzmek işleri uzak wagt döwri öz içine alýar. Mysal üçin, XIX asyrda Fransiýada ýer kadastry düzmek işlerini geçirmek üçin 43 ýyl gerek boldy, 1807-nji ýyldan 1850-nji ýyla çenli ýer kadastryny düzmek üçin 160 mln frank harçlanyldy. Kadastr düzmek işleri tamamlanandan soň, onuň maglumatlary köneldi, sebäbi ýeri işläp bejermegiň täze usullarynyň ornaşdyrylmagy, mineral dökünleriň iň oňatlarynyň ulanylmagy ýeriň girdejililigini ýokarlandyrdy. Şol sebäpli, kadastrda kesgitlenilen bahalar bilen ýer ülüşleriniň girdejililigi çapraz gelýärdi ýa-da tersine, ownuk ýer ülüşleriniň girdejililigi köp halatlarda birnäçe sebäpler boýunça pese düşdi, olar boýunça kesgitlenilýän salgydyň möçberi bolsa ýokarlandyrylýardy. Şonuň üçin hem, ýer kadastry esasynda hasaplanýan salgytlar çeýe-

sizdir, oňa regressiw häsiýet mahsusdyr we ol iri emläkli hojalyklara bähbitlidir.

**Salgyt sertifikatlary - bu ykdysady taýdan ösen döwletlerde maliýe ministrligi ýa-da başga degişli döwlet guramalary tarapyndan kärhanalaryň ýa-da korporasiýalaryň belli bir möhlete doly ýa-da bölekleýin salgyt tölemekden boşadylýandyklaryny tassyklaýan resmi şahadatnamadyr.**

**Salgyt tarifleri- bu harytlaryň ýa-da amal edilýän hyzmatlaryň dürli görnüşlerine bellenýän möcberleriniň ulgamlaşdyrylan san ýazgysydyr. Gümrük tarifleri salgyt tarifleriniň bir görnüşi hökmünde mysal getirmek bolýar.**

Salgyt gaçybatalgalary diýlip, köplenç, kiçiräk adalarda ýa-da kenar ýakalarynda ýerleşýän döwletlere we çäklere aýdylýar. Olaryň salgyt gaçybatalgalary diýlip atlandyrylmagy, daşary ýurt kapitalyna köp sanly salgyt ýeňilliklerini bermek bilen özlerine tarap şol kapitallary çekmek syýasatyny geçirýändikleri bilen baglydyr. Bu maksat bilen, olar daşary döwletleriň raýatlaryny, kompaniýalaryny, banklaryny salgytlary tölemekden doly boşatmak düzgünini girizýärler ýa-da olaryň alýan girdejileri boýunça has uly möçberli salgyt ýeňilliklerini (ykdysady taýdan ösen döwletler bilen deňeşdireniňde) berýärler. Bu döwletleriň we çäkleriň birinji toparyna Bogam we Bermut adalary, Nauru, ikinji toparyna Niderland, Antil we Kaýman adalary, Sýangan (Goukong), Men adalary degişlidir. Salgyt gaçybatalgalar diýlip atlandyrylýan döwletleriň we çäkleriň gaýry döwletler bilen salgyt ylalaşyklarynyň ýoklugy, olara we olaryň çäklerinde öz kapitalyny ýerleşdirdirýän daşary ýurt kompaniýalaryna has uly amatlyklardan peýdalanmaga şert döredýär. Bu bolsa daşary ýurt maýa goýumdalaryny özleriniň dahyllylyk edýän döwletleriniň salgyt guramalaryna öz kapitallary we girdejileri boýunça maglumat bermekden boşadýar we öz döwletinde salgyt tölemekden boýun gaçyrmaga mümkinçilik berýär.

Salgyt gaçybatalga adalgasy, köp halatda käbir girdejilere salynýan salgytlaryň pes möçberi hereket edýän döwletlere degişlilikde hem ulanylýar (içki salgyt kanunçylygynyň aýratynlyklaryna ýa-da başga döwletler bilen baglaşylan salgyt ylalaşyklarynyň şertlerine laýyklykda). Muňa mysal hökmünde holding kompaniýalaryň alýan girdejileri boýunça Niderlandiýa, Şweýsariýa we Lihtenşteýn döwletlerini, banklar boýunça Lýuksemburg döwletini getirseň bolýar.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde salgyt salmagyň derejesiniň ýokarlanmagy we biznesiň transmilli görnüşleriniň, esasanam, banklaryň ösmegi, salgyt gaçybatalgalarynyň emele gelmegine esas boldy. Korporasiýalar girdejilerini we kapitallaryny özleriniň dahylly bolan döwletleriniň salgyt guramalaryndan gizlinlikde daşary döwletlere geçirmäge mejbur bolýarlar. Ykdysady taýdan ösen döwletler özleriniň salgyt guramalarynyň üsti bilen bu ýüze çykan ýagdaýlar bilen göreşjek bolýarlar. Ýöne, bu tagallalar göze görnüp duran netijeleri bermeýärler we beribem bilmez, sebäbi olaryň geçirýän ykdysady syýasatynyň özeni-daşary döwletlere kapitalyň eksport edilmegine amatly şertleriň döredilmegidir.

Salgyt gaçybatalgalarynda hereket edýän salgyt ýeňillikler ulgamynyň täsirini gowşatmak maksady bilen, ykdysady taýdan ösen döwletler birnäçe çäreleri amala aşyrýarlar. Geçirilýän ykdysady çäreleriň arasynda milli salgyt tabynlygyny döwletiň çäginiň daşyna ýaýbaňlandyrylýandygyny, daşary ýurt kapitalyna giň hukuklaryň berilýändigini, şeýle-de salgyt däl häsiýetli çäreleriň birnäçesiniň ornaşdyrylýandygyny belläp geçmek zerurdyr. Mysal üçin, ABŞ-da bu maksatlary amala aşyrmak üçin salgytlar boýunça kesgitlenilen möçberleriň ýokary göterimini pese düşürmek syýasaty ulanylýar, bu bolsa daşary döwletlerden, şol sanda salgyt gaçybatalgalary diýlip atlandyrylýan döwletlerden çekilýän kapitalyň çeşmeleriniň akymyny güýçlendirýär.

**Salgyt immuniteti (aýratyn salgyt hukugyny almak) ýa-da salgyt dahylsyzlygy** gul eýeçiligi döwründe dörän we uruşlaryň arasynda erkin raýatlara aýratyn salgyt hukuk ýeňillikleriniň berilmegini aňladýardy. Häzirki döwürde halkara hukugy we döwletara ylalaşyklary diplomatik we konsulçylyk wekilhanalaryna we olara deňeşdirilen edaralara, şeýle-de olaryň gullukçylaryna we işgärlerine salgyt immunitetinden peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Döwletleriň köpüsi ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň esasynda öz döwletiniň raýatlary bolmadyk diplomatik we konsulçylyk wekilhanalarynyň gullukçylaryna we olaryň maşgala agzalaryna salgyt immunitetinden peýdalanmaga şert döredýär. Salgyt immunitetiniň hereket ediş çygry umumydöwlet we göni salgytlary gurşap alýar. Ýöne, ýokarda agzalyp geçilen taraplar öz ýaşaýan döwletinde özlerine degişli hereketsiz ýatan emläk we şol döwletde olaryň girdejileriniň emele gelýän çeşmeleri boýunça salgyt salmakdan boşadylmaýarlar. Salgyt immuniteti milli kanunçylygynyň esasynda berlip bilinýär. Mysal üçin, Angliýada şa maşgalasynyň agzalary, Britaniýa muzeýi, haýyr-sahawat we käbir başga guramalar salgyt immunitetinden peýdalanyp bilýärler.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy aýry-aýry raýatlar üçin salgyt ummunitetinden peýdalanmaga mümkinçilik berýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 106-njy maddasynyň 3-nji böleginde şeýle diýilýär: "Diplomatik we olara deňeşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň diplomatik ýa-da edara ediş-tehniki işgärleriniň, şol sanda olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalarynyň, şahsy peýdalanmak üçin niýetlenen harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary amal etmek goşulan baha üçin salgydy goşmak bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenýän tertipde görkezilen çykdajylary tassyklaýan haryt (kassa) çekleri bolan mahalynda, salgydyň pul möçberi

maliýe edaralary tarapyndan gaýtaryp berilýär". Diýmek, agzalyp geçilen şahsy taraplar goşulan baha üçin salgyt babatynda salgyt immunitetinden peýdalanyp bilýärler. Ondan başga-da, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryndan, konsullyk edaralaryndan we halkara döwletara (hökümetara) guramalaryndan, daşary ýurt raýatlarynyň, şeýle-de Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan Tükmenistanyň raýatlarynyň alýan girdejilerine şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salynmaga degişli däl. Şonuň ýaly-da wekilhanalaryň (edaralaryň we guramalaryň) işgärleriniň öý hyzmatkärleri (eger-de olar Türkmenistanyň raýatlary däl bolsalar ýa-da Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan bolsalar) hökmünde alýan iş haklary şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salmakdan boşadylýarlar.

**Salgyt garmonizasiýasy (salgytlaryň utgaşdyrylmagy)** halkara sebit toparlaryna (birleşiklere) goşulýan döwletleriň salgytlaryň bir görnüşe getirilmegini, bu döwletleriň salgyt ulgamlarynyň we geçirýän salgyt syýasatlarynyň kadalaşdyrylmagyny gurşap alýar. Bitewi gümrük syýasatyny geçirmek maksady bilen, birnäçe döwletler XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başynda gümrük birleşikleri (soýuzlary) döretdiler. Bu işleri amala aşyrmak üçin salgyt garmonizasiýasynda zerurlyk ýüze çykdy.

Häzirki zaman sebit toparlary gümrük birleşiklerinden düýpli tapawutlanýarlar. Integrirlenilen birleşiklere goşulýan döwletler ikitaraplaýyn paçsyz söwdanyň alnyp barylmagyny, üçünji döwletlere garşy gümrük syýasatynyň geçirilmegini, topara girýän ýurt-agzalarynyň içinde olaryň salgyt ulgamlarynyň bir görnüşe getirilmegini ylalaşýarlar. Döredilende (1981ý.) öz içine 10 Günbatar Ýewropa döwletlerini (Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Belgiýa, Niderlandy, Lýuksemburg, Welikobritaniýa, Irlandiýa, Daniýa, Gresiýa), häzirki wagtda bolsa 27 döwleti birleşdirýän Ýe-

wropa Ykdysady Birleşigi ("Umumy bazar") iň uly toparyň biri bolup durýar. Bileleşigiň içindäki böwetler aýrylyp, onuň agzalary başga döwletler bilen söwda edenleride bitewi daşarky salgyt tariflere geçdiler. Bitişik gümrük birleşikleriniň döredilmegi, bu topara gatnaşmaýan döwletler üçin gümrük böwetleriniň güýçlendirilmegini we şol bir wagtda oňa gatnaşýan döwletleriň korporasiýalarynyň bazarlarynyň ýaýbaňlandyrylmagyny aňladýar.

Ýewropa Ykdysady Birleşegine goşulýan döwletlerde gümrük paçlarynyň ýatyrylmagy bilen birlikde, her bir döwletiň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlarynyň garmonizasiýasyny, salgyt salmagyň derejesiniň kadalaşdyrylmagyny geçirmek hökmanydyr. Ilki nobatda gytaklaýyn salgytlar, soňra bolsa göni salgytlar garmonizasiýalaşdyryldy. Şol sebäpli, bileleşige goşulýan döwletlerde öndürilýän we ýerleşdirilýän harytlaryň dürli derejesinde tölenýän goşulan baha üçin salgyt girizildi, ýöne salgyt diňe goşulan baha salynýardy. Daşyna (eksporta) çykarylýan harytlaryň öndürilişini höweslendirmek üçin, bu harytlar goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşadyldy. Bileleşige goşulýan her bir döwletiň hökümeti goşulan baha üçin salgydyň möçberini kadalaşdyryp, harytlaryň sarp edilişine täsir edýär, diýmek bu salgydyň kömegi bilen önümçiligiň derejesi hem kadalaşdyrylýar. Goşulan baha üçin salgyt bazary ele almak maksady bilen bäsleşigiň guraly hökmünde hem ulanylýar. Ýöne, goşulan baha üçin salgydy entek doly bir görnüşe we kybaba getirip bolmaýar. Ýewropa Ykdysady Bileleşigine goşulýan döwletleriň her birinde bu salgydyň möçberleri (stawkalary) dürli ulylykda kesgitlenilýär.

Goşmaça töleg (aksiz) tölenmäge degişli öndürilýän önümleriň bäşisi (temmäki önümleri, güýçli spirtli içgiler, piwo, çakyr we benzin) boýunça salgydyň garmonizasiýasynyň geçirilmegi hem göz öňünde tutulýar. Ýöne, her bir döwletde olary hasaplamagyň tertibinde uly tapawutlyklaryň

bolmagy we býujetiň girdejiler böleginde olaryň dürli orun tutýandygy sebäpli, goşmaça tölegleri häzirki wagtda çenli bir nusga getirip bolmady. Korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgydy we adamlaryň şahsy girdejilerine salynýan salgydy bir nusga boýunça hasaplamak we salgydyň möçberini (stawkalaryny) kybaplaşdyrmak boýunça-da işler geçirilýär. Korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgydy bir bitewi möçberde kesgitlemek üçin, Bileleşigiň çäginde kapitalyň erkin hereket etmegi we günorta Ýewropada kapital bazarynyň döredilmegi göz öňünde tutulýar. Korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgydy bir görnüşe getirmek boýunça işler eýýäm başlanyldy. Salgyt salmagyň umumy tertibi boýunça ylalaşyga gelindi we immitasion ulgamy düzüldi. Immitasion ulgamynyň döredilmeginiň esasy maksady-iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmakdyr. Bu ulgam eýýäm Belgiýada, Welikobritaniýada, Daniýada, Irlandiýada, Italiýada we Fransiýada hereket edýär.

**Salgyt indeksasiýasy - bu raýatlaryň zähmet hakyna we başga girdejilerine resmi taýdan kesgitlenilýän indeksine laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň käbir alamatlarynyň (salgyt salynmaýan iň pes iş hakynyň möçberi, maşgala ýagdaýy boýunça eglişikler, salgyt ýeňillikleri) awtomatik suratda üýtgedilmegidir.** Inflýasiýa şertlerinde ilatyň nominal girdejileri artýar. Salgyt indeksasiýasy bolsa salgyt ýeňillikleriniň kesgitlenilen ulylygynda salgyt töleýjileri salgytlaryň has ýokary progressiw möçberlerini tölemekden boşadýar. Salgytlaryň indeksasiýasy Daniýada, Niderlandiýada, Kanadada we başga döwletlerde geçirilýär. Kanadada geçirilýän salgyt indeksasiýasy bölek satuw bahalaryň ösüş indeksine, Niderlandiýada-durmuşyň gymmadynyň ösüş indeksine, Daniýada-döwletiň içindäki ortaça bir sagat zähmet hakynyň ösüş indeksine esaslanýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt indeksasiýasynyň geçirilmegini göz öňünde tutmaýar.

**Salgyt aýyrmalary aýry-aýry salgyt binýatlary salgyt salmakdan boşadýar. Salgyt aýyrmalar hemişelik esasda hem-de çäklendirilen möhletlere berlip bilinýär we salgyt töleýjileriň ählisine ýa-da olaryň belli bir toparyna degişlilikde ulanylýar.** Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt babatynda salgyt aýyrmalar "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 154-nji we şahsy adamlardan alynýan giredeji salgydyna degişlilikde şol Kanunyň 188-nji maddalarynda göz öňünde tutulýar.

Salgyt indirimleri salgyt salynýan peýdanyň azaldylmagyna gönükdirilýär. Peýdadan alynýan salgyda degişlilikde salgyt indirimleri edara görnüşli taraplaryň girdejileri bilen däl-de, olaryň amal edýän çykdajylary bilen baglydyr. Başgaça aýdylanda salgyt töleýjiniň salgyt salynýan peýdany döwlet tarapyndan höweslendirilýän maksatlary üçin amal edýän çykdajylarynyň jemine azaltmaga hukugy bardyr. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 155-nji maddasynyň 5-nji bölüminde göz öňünde tutulan ýerleri rekultiwasiýa etmek we beýleki tebigaty goraýyş çäreleri üçin çykdajylary, önüm öndürilende we daşalanda bolup durýan tehnologik ýitgileri salgyt indirimleri hökmünde kabul etmek bolýar.

**Halkara salgyt gatnaşyklary salgyt tabynlygynyň çäklerini özara kadalaşdyrmak üçin döwletleriň arasynda gurulýan gatnaşyklardyr.** Bu kadalaşdyrma, köplenç salgyt töleýjileriň daşary döwletlerden alýan girdejilerini öz içine alýan girdejileriniň umumy jeminiň esasynda hasaplanýan girdejä salynýan salgytlar tölenende ulanylýar (salgyt salmagyň dahyllylyk ýörelgesi). Salgyt salmagyň dahyllylyk ýörelgesi köp halatda başga döwletleriň salgyt tabynlygyna gutulgysyz düşmegine getirýär. Häzirki döwür şertlerinde halkara salgyt gatnaşyklarynyň möhüm ähmiýeti bar. Daşary döwletlere harytlary çykarmak bilen birlikde,

kapitaly ýurduň daşyna çykarmagyň we hyzmatlary amal edilmegiň ähmiýeti has ýokarlandy. Döwlet tarapyndan geçirilýän ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň islegleri bilen şertlendirilen salgyt ýüküniň artmagy, halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ösüşine özüniň möhüm täsirini ýetirýär. Ykdysady taýdan ösen döwletler daşary ýurtlarda tölenen salgytlaryň jemine dürli salgyt aýyrmalary ulanýarlar.

**Halkara salgyt ylalaşyklary** dürli döwletleriň arasynda salgyt salmak meselelerini kadalaşdyrýar. Halkara salgyt ylalaşyklarynyň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşleri bar. Köptaraplaýyn salgyt ylalaşyklara söwda we tarifler hakyndaky Baş ylalaşygy (STBY), Benilýuks ýurtlaryň Ylalaşygy, And paktyna goşulýan döwletleriň salgyt konwensiýasy, Ýewropa Ykdysady Bileleşiginiň Mejlisiniň salgyt soraglary boýunça kararlary degişlidirler. Halkara salgyt ylalaşyklary öz mazmuny boýunça ikitaraplaýyn özara salgyt ýeňilliklerini bermek ylalaşyklara (gümrük konwensiýalary, STBY, Lomeýa konwensiýalarynyň salgyt babatyndaky maddalar we başgalar), halkara ikitaraplaýyn salgyt salynmagy aradan aýyrmak ylalaşyklara, salgytlar boýunça administratiw we hukuk kömeklerini bermek hakyndaky ylalaşyklara (Nordli konwensiýasy, ABŞ-nyň Kanada, Welikobritaniýa we Germaniýa döwletler bilen ylalaşyklary) bölünýärler. Häzirki döwürde halkara salgyt ylalaşyklaryň sany müňden geçýär.

Halkara salgyt ylalaşyklary, köplenç kapitala we girdejilere salynýan salgytlaryň ähli görnüşlerini öz içine alýar. Bu ylalaşyklaryň iki gezek salgyt salynmagynyň we salgyt tölemekden boýun gaçyrylmagynyň öňüni almak maksady bar. Halkara salgyt ylalaşyklary, köplenç dört bölümden ybaratdyr. Birinji bölümde salgytlaryň ähli görnüşleri we ylalaşyk bilen gurşalyp alynýan taraplar sanalyp geçilýär. Ikinji bölümde girdejileriň aýry-aýry görnüşlerine salgyt salmagyň kesgitlenilen anyk düzgünleriniň teswirlemesi berilýär (telekeçilikden alynýan peýda, diwidentler, göterim-

ler, roýalti, zähmet haky we ş.m.). Ylalaşyga gatnaşyjylaryň ikisine-de degişlilikde iki gezek salgyt salynmagy aradan aýyrmak düzgünini göz öňünde tutýan maddalar halkara salgyt ylalaşyklarynyň üçünji bölüminiň özenini düzýär. Halkara salgyt ylalaşyklarynyň dördünji bölümine ylalaşygy ýerine ýetirmegiň anyk düzgünlerini takyklaýan maddalar goşulýar. Halkara salgyt ylalaşyklarynda bu ylalaşyklaryň hereket edýän möhletlerini we olaryň bes edilmegini kesgitleýän maddalar hem bar.

### "Salgytlaryň alamatlary we salgyt salnanda ulanylýan esasy düşünjeler we adalgalar" atly tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgytlaryň alamatlaryny sanap geçiň.
2. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda salgyt töleýjä nähili kesgitleme berilýär?
3. Şerekete gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasynda salgyt tölemek borjy kimiň üstüne ýüklenip bilinýär?
4. Şerekete gatnaşýan taraplar salgyt tölemek boýunça borçlary haýsy möçberde ýerine ýetirýärler?
5. Türkmenistanyň çäklerinden daşarky bank edaralarynda we aýry-aýry hasaplaryň açylandygy ýa-da ýapylandygy, şol sanda Türkmenistana dahylsyzlar üçin Türkmenistanda peýda (girdeji) almaga gönükdirilen diňe telekeçilik we gaýry işi amala aşyrmak üçin peýdalanýan hasaplar barada salgyt töleýji salgyt gullugyna näçe günüň dowamynda bu maglumatlary bermäge borçly?
6. Beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy hökmünde gatnaşýandygy hakyndaky maglumatlary salgyt töleýji salgyt gullugyna näçe günüň dowamynda bermeli? Habary nähili görnüşde bermeli?
7. Beýleki edara görnüşli taraplaryň işine paýçy hökmünde gatnaşýandygy hakynda Türkmenistana dahylsyz

taraplar salgyt gullugyna haýsy ýagdaýda habar bermäge borçly?

8. Türkmenistana dahylly we dahylsyz taraplar Türkmenistanyň çäginde döredilen aýrybaşgalanan düzüm bölekleri barada salgyt gullugyna bu habary näçe günüň dowamynda ýetirmeli?

9. Öz işini bes edýändigi, ýatyrýandygy ýa-da üýtgedip gurýandygy, gurbunyň ýokdugy (batandygy) hakynda salgyt töleýji salgyt gullugy edarasyna näçe günüň dowamynda habar bermäge borçly?

10. Hususy telekeçiniň ýerleşýän ýeriniň, iş dolandyrýan ýeriniň we ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi hakyndaky habary salgyt töleýji salgyt gullugyna näçe günde habar bermäge borçly?

11. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralary sanap geçiň.

12. Salgyt ýumuşçysy kim? "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda salgyt ýumuşçysyna kesgitleme beriň. Salgyt ýumuşçylary hukuk we borçlar babatynda salgyt töleýjilere deňeşdirilýärmi?

13. Salgyt töleýji-şahsy tarapyň we salgyt töleýji-edara görnüşli taraplaryň kanuny wekili kim?

14. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili kim?

15. Salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili öz ygtyýarlyklaryny haýsy resminamalaryň esasynda ýerine ýetirýär?

16. Salgyt salynýan binýat haçan ýüze çykýar?

17. Dahyllylyk esasynda hereket edýän we çäk ýörelgesi esasynda gurnalýan salgytlaryň arasyndaky tapawut nämeden ybarat?

18. Haýsy ýagdaýda şahsy tarap Türkmenistanyň dahyllysy diýlip ykrar edilýär?

19. Haýsy ýagdaýda edara görnüşli tarap Türkmenistanyň dahyllysy diýlip ykrar edilýär?

20. Italiýada, Portugaliýada salgyt salmak babatda edara görnüsli tarap döwlete dahylly diýlip haýsy ölçeglerden ugur alnyp kesgitlenilýär?

21. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýat näme?

22. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallary sanap geçiň.

23. Goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýat näme?

24. Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça salgyt salynýan amallary sanap geçiň.

25. Haýsy ýagdaýda salgyt salynýan amallar goşmaça töleg boýunça salgyt salynýan binýada degişli edilmeýär?

26. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt salynýan binýady näme?

27. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallaryň geçirilen ýeri diýlip nämä düşünilýär?

28. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallary sanap geçiň.

29. Haýsy ýagdaýlarda salgyt salynýan amallar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýada degişli edilmeýär?

30. Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýatlary sanap geçiň.

31. Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar üçin Türkmenistanyň çäkleriniň daşynda ýerleşýän emläk emläk üçin salgyt boýunça salgyt binýadyna goşulýarmy?

32. Emläk üçin salgyt boýunça salgyt salynýan binýada goşulmaýan emläkleri sanap geçiň

33. Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan binýat näme?

34. Edara görnüşli tarapyň peýdasy nähili kesgitlenilýär?
35. Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplaryň haýsy alan peýdasyna salgyt salynýar?
36. Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplaryň haýsy alan peýdasyna salgyt salynýar?
37. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň salgyt salynýan binýadyny sanap geçiň.
38. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň ýygym binýatlaryny sanap geçiň.
39. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym boýunça ýygym binýady näme?
40. Awtomobilleriň ýerlenmegi üçin ýygym boýunça ýygym binýady näme?
41. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň ýygym binýady näme?
42. Salgytlar boýunça salgyt özeni diýilip nämä düşünýärsiňiz? "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda salgyt özeni diýlip atlandyrylýan düşünjä kesgitleme beriň.
43. Haýsy ýagdaýlarda salgyt özenine düzedişler girizilýär?
44. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde geleşikler hakyky däl diýip ykrar edilende, salgyt özenine haýsy möçberde düzediş girizilýär?
45. Goşulan baha üçin salgydyň özeni näme?
46. Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özenine goşmaça töleg tölenmeli harytlaryň bahasyna goşmaça tölegleriň pul möçberi goşulýarmy?
47. Goşmaça töleg boýunça salgyt özeni näme?
48. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt özeni nämeden ybarat?
49. Emläk üçin salgydyň salgyt binýadyny sanap geçiň.
50. Emläk üçin salgyt hasaplananda maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy nähili kesgitlenilýär?

51. Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan alynýan salgyt boýunça salgyt özeni nähili kesgitlenilýär?

52. Peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt töleýji salgyt döwründe zyýan çeken bolsa, onda salgyt özeni näme deň diýip hasaplanýar?

53. Mahabatlandyrma üçin ýygymy hasaplamagyň özeni näme?

54. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň özenini sanap geçiň.

55. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda salgyt möçberi nähili görnüşde kesgitlenilýär?

56. Halkara salgyt tejribesinde ulanylan salgyt möçberleriniň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?

57. Salgytlaryň adwolor möçberleri haysy ýagdaýlarda ulanylýar?

58. Salgytlary hasaplamagyň tehnikasy boýunça salgytlaryň möçberleri nähili tapawutlandyrylýar?

59. Marginal salgyt möçberi, salgydyň hakyky möçberi, salgydyň ykdysady möçberi näme?

60. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt salmagyň haýsy salgyt möçberleri ulanylýar?

61. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny kabul edilmänkä, salgyt salmagyň regressiw möçberi ulanylýardymy?

62.Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt salnanda salgyt möçberleriniň haýsy görnüşleri ulanylmaýar?

63.Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, goşulan baha üçin salgydyň möçberi näçe?

64. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyndan ugur alyp, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberlerini sanap geçiň.

65. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda emläk üçin salgydyň möçberi näçe?

66. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydyň möçberlerini sanap geçiň.

67. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň möçberi näçe?

68. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberi näçe?

69. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň möçberi näçe?

70. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi näçe?

71. Awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň möçberi näçe?

72. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi näçe?

73.Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt döwrüne kesgitleme beriň.

74. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgytlaryň we ýygymlaryň her bir görnüşi boýunça salgyt we hasabat döwürleri sanap geçiň.

75.Salgyt salmagyň nazaryýetinden ugur alyp, salgyt ýeňillikllerine kesgitleme beriň.

76. Salgyt ýeňilliklerini bermegiň esaslaryny sanaň.

77. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt ýeňilliklerini bermegiň haýsy görnüslerini göz öňünde tutýar?

78. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde salgyt töleýjiler babatynda salgyt ýeňillikleriniň haýsy görnüşleri ulanylýar?

79. Ösüp barýan ýurtlaryň salgyt ulgamynda ulanylýan salgyt ýeňillikler ulgamyny häsiýetlendiriň.

80. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 8-nji maddasynda salgyt ýeňilliklerini bermek barada näme aýdylýar?

81. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt töleýjiniň berilýän salgyt ýeňilliklerini ulanmakdan ýüz öwürmäge hukugy barmy?

82. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt töleýjiniň salgytlar boýunça ulanmadyk salgyt ýeňilliklerini geçen salgyt döwürlerinden geljekki salgyt döwürlerine geçirmäge, geljekki tölegleriň hasabyna soňundan hasaplaşyk geçirmäge ýa-da býujetden öweziniň dolunmagyna hukugy barmy?

83. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgytlaryň tölenýän möhletlerine kesgitleme beriň.

84. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri boýunça salgytlary tölemegiň haýsy möhletlerini göz öňünde tutýar?

85. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, öň bellenilen salgyt üýtgedilende, goşmaça hasaplanan salgydyň möçberi salgyt töleýji tarapyndan näçe günüň dowamynda tölenýär?

86. Goşulan baha üçin salgyt boýunça deslapky tölegleriň tölenýän möhletlerini sanap geçiň.

87. Goşulan baha ücin salgyt boýunça düzülen salgyt beýannamasy esasynda hasaplanyp çykarylan salgyt haýsy möhletde tölenýär?

88. Salgyt töleýjiler goşmaça tölegi haýsy möhletde töleýärler?

89. Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça hasaplanan goşmaça tölegi salgyt töleýjiler haýsy möhletler boýunça töleýärler?

90. Salgyt töleýjiler ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydy haýsy möhlet boýunça töleýärler? Bu salgyt boýunça deslapky tölegler haçan tölenýär?

91. Salgyt töleýjiler emläk üçin salgydy haýsy möhletlerde töleýärler?

92. Edara görnüşli taraplar peýdadan alynýan salgydy haýsy möhletlerde töleýärler?

93. Oýun işinden alynýan girdeji salgydyny salgyt töleýjiler haýsy möhlet boýunça töleýärler?

94. Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar girdeji salgydyny haýsy möhletlerde töleýärler?

95. Salgyt ýumuşçylary hökmünde çykyş edýän taraplar peýdadan alynýan salgydy haýsy möhlet boýunça töleýärler?

96. Öz işini "Uglewodorod serişdeleri" hakynda Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar peýdadan alynýan salgydy haýsy resminamalarda görkezilen möhletlere laýyklykda töleýärler?

97. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salgyt ýumuşçysy tarapyndan haýsy möhletde tölenýär?

98. Salgyt beýannamasynyň esasynda hasaplanan Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmäge degişli salgydyň umumy möçberi haýsy möhletde tölenýär?

99. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan hususy telekeçiler bellenen patent tölegini haçan töleýärler?

100. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan hususy telekeçiler salgyt beýannamasy esasynda hasaplanan, Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenmäge degişli goşmaça patent tölegini haýsy möhletde töleýärler?

101. Ýerli ýygymlaryň tölenýän möhletlerini sanaň.

102. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt habarnamasynyň kesgitlemesini beýan ediň.

103. Salgyt habarnamasy salgyt töleýjä haýsy ýagdaýlarda iberilýär?

104. Salgyt habarnamasy kime we haýsy görnüşde gowşurylýar?

105. Haýsy ýagdaýlarda salgyt habarnamasy poçta arkaly iberilýär? Tabşyryk haty bilen iberilenden soň, salgyt habarnamasy näçe günden soň alyndy diýlip hasap edilýär?

106. Haýsy ýagdaýlarda salgyt habarnamasy üýtgedilmäge degişli?

107. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt beýannamasynyň kesgitlmesini aýdyň.

108. Salgyt beýannamasynyň görnüşi, ony bermegiň we doldurmagyň tertibi salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan haýsy ygtyýarly edaralar tarapyndan taýýarlanýar we tassyklanýar?

109. Salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugyna haýsy ýol bilen tabşyrylýar?

110. Salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylýan salgyt beýannamasyny salgyt gullugynyň kabul etmezlige haky barmy?

111. Salgyt beýannamasy salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugyna haýsy görnüşde tabşyrylmaly?

112. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlar boýunça salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugyna salgyt habarnamasynyň tabşyrmaly möhletlerini sanaň.

113. Salgyt töleýjiler tarapyndan salgyt gullugyna tabşyrylan salgyt beýannamalarynda haýsy görkezijiler görkezilýär?

114. Salgyt kadastry näme?

115. Salgyt sertifikatlary näme?

116. Salgyt tarifleri näme?

117. Salgyt gaçybatalgalaryny häsiýetlendiriň.

118. Salgyt immunitetini giňişleýin düşündiriň.

119. Salgyt garmonizasiýasyna giňişleýin teswirleme geçiriň.

120. Halkara salgyt gatnaşyklaryny we halkara salgyt ylalaşyklaryny häsiýetlendiriň.

# VII BAP. SALGYTLARYŇ TOPARLANDYRYLYŞY

## 7.1.40. Salgytlaryň toparlandyrylyşy hakynda umumy düşünje

Bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman şertlerinde dürli durmuş-ykdysady gurluşly döwletleriň salgyt ulgamy salgytlaryň dürli görnüşlerini öz içine alýar. Şol sebäpli, salgytlaryň toparlandyrylyşyny dürli alamatlar düzýärler. Salgytlaryň toparlandyrylyşy salgytlaryň ýygnalyşynyň usullaryny, salgytlar boýunça ulanylýan möçberleriniň häsiýetlerini we berilýän ýeňillikleri şertlendirýän toparlaryny aňladýar. Göni we gytaklaýyn salgytlar salgytlaryň esasy toparlaryny düzýärler. Salgytlaryň bu toparlary salgyt salmagyň binýatlaryna hem-de salgyt töleýji bilen döwletiň arasynda ýüze çykýan salgyt hukuk gatnaşyklaryna bagly bolup durýarlar. Göni salgytlar gös-göni girdejä ýa-da emläge kesgitlenilýär (salgyt salmagyň göni görnüşi). Harytlaryň bahasyna ýa-da amal edilýän hyzmatlaryň tarifleriniň üstüne goşulýan salgytlar gytaklaýyn salgytlara degişlidirler. Harytlar we hyzmatlar ýerleşdirenden soň, olaryň eýesi salgydyň pul möçberini döwletiň haýyrna geçirýär (salgyt salmagyň gytaklaýyn görnüşi). Bu halatda töleýji (sarp ediji) bilen döwletiň arasynda bolup geçýän hukuk gatnaşyklary salgyt salynýan binýadyň üsti bilen şertlendirilýär.

**Mysal.** Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan salgytlaryň we ýygymlaryň ähli düzümi biri-biri bilen ýakyn arabaglanyşykda hereket edýän 2 kiçi ulgama, ýagny göni we gytaklaýyn salgytlara bölünýärler. Türkmenistanyň

salgyt kanunçylygyna laýyklykda, edara görnüşli we şahsy taraplar göni we gytaklaýyn salgytlaryň haýsy görnüşlerini töleýärler we haýsy alamatlar boýunça bu salgytlar ol ýa-da bu kiçi ulgama goşulýar.

**Çözülişi.** Türkmenistanyň salgyt ulgamyna 6 sany döwlet salgydy we 5 sany ýerli ýygymlar goşulýar. Alty sany döwlet salgydynyň ikisi gytaklaýyn salgytlara (goşulan baha üçin salgyt we goşmaça töleg) we dördüsi göni salgytlara (ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, emläk üçin salgyt, edara görnüsli tarapyň peýdasyndan alynýan salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy) degişlidirler. Göni salgytlar edara görnüşli we şahsy taraplaryň maliýe-hojalyk işiniň netijeleri, emlákleriniň bahasynyň ýokarlanmagy bilen gös-göni baglydyr. Şol sebäpli, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 171-nji maddasyna laýyklykda, hasabat (salgyt) döwründe salgyt töleýjiniň alan peýdasy, şeýle-de girdejileriň aýry-aýry görnüşleri peýda salynýan salgyt boýunça salgyt salynýan özen bolup durýar. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt özeni uglewodorod serişdeleri (çig nebit, tebigy we ugurdaş gaz) we beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlardyr ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 131-nji maddasy). Esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk galyndy bahasy we maddy dolanyşyk serişdeleriniň ortaça ýyllyk bahasy ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 140-njy maddasy) emläk üçin salgydyň salgyt özeni bolup durýar. Şahsy adamlaryň hasabat (salgyt) döwründäki pul we haryt görnüşinde, şol sanda haryt (iş hyzmat), şeýle-de maddy peýda ýa-da durmuş eşretleri görnüşinde alan ähli girdejileri şahsy adamlardan alynýan girdejiniň salgyt özenini düzýär ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 185-nji maddasy). Diýmek, ýokarda agzalyp geçilen salgytlar boýunça salgyt möçberleri (stawklary) gös-göni peýda, girdejä ýa-da emlägiň bahasyna kesgitlenilýär. Bu bolsa göni salgytlaryň esasy alamatlaryny häsiýetlendirýär.

Harydyň bahasynyň üstüne goşulýan töleg görnüşinde ýa-da goşmaça tölegiň, dolanyşygyň ýa-da harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň satuw bahasynyň göwrümine baglylykda kesgitlenilýän salgytlar gytaklaýyn salgytlar diýlip atlandyrylýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 100-nji maddasyna laýyklykda , goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt özeni şeýle kesgitlenilýär: "salgyt salynýan amallar geçirilende, harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan (nyrhyndan) ugur alnyp kesgitlenýän, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine almaýan baha salgyt özeni bolup durýar. Kesgitlenilen döwlet bahalaryny (nyrhlaryny) ulanmak bilen salgyt salynýan amallar geçirilende harydyň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyndan (nyrhyndan) ugur alnyp kesgitlenilýän, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini alýan baha salgyt özeni bolup durýar". Diýmek, goşulan baha üçin salgyt boýunça ulanylýan 15 % möçber salgyt özenine kesgitlenilýär we ahyrky netijede bu pul möçberi sarp ediji töleýär. Ondan başga-da, goşmaça töleg tölenmeli harytlaryň bahasyna goşmaça tölegleriň pul möçberi goşulýar. Salgyt salynýan amallar geçirilende salgyt töleýjiniň islendik tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan harydynyň goşmaça tölegi öz içine alýan bahasyndan (goşulan baha üçin salgydy goşmazdan) ugur alnyp kesgitlenýän baha goşmaça tölegiň salgyt özeni bolup durýar ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 117-nji maddasy). Ýokarda aýdylanlardan ugur alynsa, onda goşmaça töleg harydyň bahasyna goşulýar we salgydyň pul möçberini harydy satyn alyjy töleýär.

Häzirki döwürde göni we gytaklaýyn salgytlary çäklendirmek örän kyn. Mysal üçin, Türkmenistanyň salgyt ulgamyna peýdadan alynýan salgyt goşulýar. Peýdadan alynýan salgyt göni salgytlara degişli, sebäbi ol gös-göni

edara görnüşli taraplaryň peýdasyna ýa-da olaryň alýan girdejilerine salynýar. Şol bir pursatda, bu salgyt täze döredilen gymmadyň böleginden ýygnalýar. Diýmek, peýdadan alynýan salgyt öndürilýän önümiň bahasyna goşulýar, bu bolsa eýýäm gytaklaýyn salgytlaryň alamaty. Bu ýerde dellilli sowal ýüze çykýar. Peýdadan alynýan salgyt göni salgytlara degişlimi ýa-da gytaklaýyn? Bu sowala jogap bermek üçin, salgytlaryň toparlandyrylyşynyň toparlanyş alamatyna, has takygy salgydyň salgyt salynýan binýadyna salgylanmaly. Peýdadan alynýan salgyt edara görnüşli taraplaryň alýan peýdasyna ýa-da girdejisine salynýar, ýagny bu salgydy sarp ediji däl-de, edara görnüşli tarapyň özi töleýär (ýerleşdirilen harydyň, işiň ýa-da hyzmatyň bahasynyň bir böleginden).

Bazar ykdysady şertlerinde döwletiň durmuş babatynda ýerine ýetirýän wezipeleriniň artmagy bilen, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň ähmiýeti hem ýokarlanýar. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler özüniň ykdysady mazmuny boýunça maksatly töleglere degişli, sebäbi olaryň takyk ugrukdyrmasy bar. Göni we gytaklaýyn salgytlar bilen deňeşdireniňde, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň pul möçberi has ýokary depginler bilen artýar. Bu bolsa iki sebäp bilen, ýagny birinjiden, durmuş babatynda döwletiň geçirýän işleriniň giňelmegi, ikinjiden, edara görnüşli taraplaryň girdejileriniň artmagy bilen şertlendirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji awgust aýyndaky 8945 belgili "Döwlet durmuş ätiýaçlandyryş ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" kabul eden Kararyna laýyklykda, edara görnüşli taraplar-Türkmenistana dahyllylar, öz işini Türkmenistanda şahamçalaryň üsti bilen amala aşyrýan edara görnüşli taraplar-Türkmenistana dahylsyzlar hem-de hususy telekeçiler döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin serişdeleri 20 göterim möçberde töleýärler. Oba hojalyk önümçiligine enjamlaýyn hyzmat etmek

baradaky paýdarlar jemgyýetleriniň "Türkmenobahyzmat" assosiasiýasy, "Türkmenhaly" döwlet paýdarlar korporasiýasy we olaryň tabynlygyndaky kärhanalar hem-de guramalar döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin serişdeleri 10 göterim we aklawjylar kollegiýasy 7 göterim möçberde töleýärler.

Diýmek, göni we gytaklaýyn salgytlar, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler edara görnüşli we şahsy taraplaryň alýan girdejilerinden döwlet býujetine tölenýän tölegleriň üç sany esasy ugruny düzýärler.

### 7.2.41. Göni salgytlar

Taryhy jähtden seredeniňde, göni salgytlar salgyt salmagyň iň irki görnüşidir. Göni salgytlar döwlet tarapyndan salgyt töleýjileriň alýan girdejilerinden ýa-da emläginiň bahasyndan gös-göni ýygnalýan salgytlardyr. Adamzat jemgyýetiniň salgyt salmak tejribesinde ilkibaşda ýer salgydy, jan başyna we jaý üçin salynýan salgytlar, soňra bolsa gymmat bahaly kagyzlara salynýan salgyt girizildi. Ýer üçin salgyt gul eýeçiligi jemgyýetçilik-ykdysady formasiýasyna mahsusdy, jaý, hünärmençilik üçin salgyt feodalizm jemgyýetçilik-ykdysady gatnaşyklar ulgamynda, gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallara salynýan salgyt kapitalizm döwründe ýüze çykdy. Ýöne, XX asyryň başyna çenli kapitalistik ýurtlaryň döwlet býujetinde göni salgytlar uly orun tutmaýardylar, sebäbi döwlet býujetiniň girdejileriniň esasy bölegi ilatyň köpçülikleýin ulanýan harytlaryna salynýan gytaklaýyn salgytlaryň hasabyna doldurylýardy.

Göni salgytlar XX asyryň başyndan has möhüm orun tutup başladylar. Döwlet býujetiniň girdejiler böleginde göni salgytlaryň has uly orun tutmagy, girdejä salynýan salgydyň we peýdadan alynýan salgydyň has köp möçberde ýygnalmagy bilen şertlendirilýärdi. Salgyt töleýjileriň girdejileri (iş haky, peýdasy, alýan göterimleri) we emläkleriniň

(ýeriň, jaýyň, gymmat bahaly kagyzlaryň we ş.m.) bahasy göni salgytlaryň salgyt salynýan binýady bolup durýardy. Salgyt töleýjiler göni salgytlaryň pul möçberini gös-göni döwlet býujetiniň hasabyna geçirýärdiler. Gytaklaýyn salgytlar bilen deňeşdireniňde, salgyt salmagyň göni görnüşi has kämildi, sebäbi ol salgyt töleýjiniň girdejililigini, onuň maşgala ýagdaýyny göz öňunde tutýardy. Galyberse-de, salgyt salmagyň göni görnüşinde salgyt töleýji özüniň töleýän salgydynyň takyk pul möçberini öňünden bilýärdi.

Göni salgytlar hakyky (real) we şahsy salgytlara bölünýärler. Hakyky (real) salgytlar salgyt töleýjiniň girdejililigini göz öňünde tutman, ortaça girdejililigi kesgitleýän kadastryň esasynda salgyt töleýjiniň emläginiň (ýeriň, jaýyň) aýry-aýry görnüşleriniň bahasyndan ugur alnyp hasaplanýardy. Salgyt salmagyň binýadyna baglylykda, hakyky salgytlara şu salgytlar degişlidirler: ýer üçin salgyt, jay üçin salgyt, hünärmentçilik üçin salgyt, gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallara salynýan salgyt. Hakyky salgytlaryň özenine daşky alamatlar täsir edýärler, sebäbi bu salgytlar emlägiň ortaça girdejililigini takyklaýan kadastryň esasynda hasaplanýardy. Öz ykdysady mazmuny boýunça bu salgytlara yza gaýdyş (regressiw) häsiýet mahsusdyr. Hakyky salgytlaryň möçberleri (stawkalary), köplenç deňölçeglilik görnüşinde kesgitlenilýär. Germaniýada hünärmentçilik salgydy iki görnüşde hereket edýär: hüňärmentçilikden alynýan girdejä salynýan salgyt (möçberi 5%) we kapitala salynýan salgyt. Önümçilikde ulanylýan emlägiň bahasy onuň salgyt salynýan binýady bolup durýar (möçberi 0,2%). Bu salgyt boýunça salgyt salynmaýan iň az möçber we dürli salgyt eglişikleri göz öňünde tutulýar.

Şahsy salgytlar girdejiniň çeşmesinden salgyt beýannamasy esasynda edara görnüşli we şahsy taraplaryň girdejilerinden ýa-da emläginden ýygnalýan salgytlardyr. Şahsy salgytlar salnanda salgydyň binýady (girdeji, em-

läk) aýry-aýry salgyt töleýji üçin hususy görnüşde hasaba alynýar, salgyt töleýjiniň maliýe ýagdaýy (maşgalanyň düzümi, bergidarlygy we ş.m.) göz öňünde tutulýar. Salgyt salmagyň binýadyna baglylykda, şahsy salgytlar girdejiden alynýan salgyt, pul kapitalyndan alynan girdeji salgydy, korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgyt, nebiti gazyp almakdan alynýan girdejä salynýan salgyt, mirasdüşerleriň girdejisinden alynýan salgyt, emläk üçin salgyt, jan başyna salynýan salgyt görnüşleri boýunça tapawutlandyrylýar.

Häzirki döwürde girdejiden alynýan salgyt daşary döwletleriň salgyt ulgamynda möhüm orun tutýar. Girdejiden alynýan salgyt ilkinji gezek wagtlaýynça çäre hökmünde 1798-nji ýylda Angliýada girizildi, soňra 1842-nji ýyldan başlap, bu salgyt iňlis salgyt ulgamyna düýpli ornaşdyryldy. Başga döwletleriň çäklerinde bu salgyt XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başlarynda girizildi. Köp döwletleriň salgyt ulgamyna girdejiden alynýan salgydyň ornaşdyrylmagy: a) işçi synpynyň talaplarynyň güýçlenmegi; b) ösüp barýan senagat pudaklarynyň bähbitleri; ç) býujet ýetmezçiligi bilen düşündirilýärdi.

Şahsy taraplaryň (işçileriň, gullukçylaryň, daýhanlaryň) girdejileri girdejiden alynýan salgydyň binýadydyr. Dürli döwletleriň salgyt ulgamlaryna taryhy jähtde seljerme geçirilende, girdejiden alynýan salgydyň gurluşynyň Angliýada girizilen we häzirki döwre çenli hereket edýän şedulýar we ilkinji gezek Gündogar Prusiýada ornaşdyrylan global görnüşleri mälimdir. Girdejiniň çeşmesine (iş haky, diwident, renta we ş.m.) baglylykda girdejiden alynýan salgydyň şedulýar görnüşi alynýan girdejileriň böleklere bölünmegini göz öňünde tutýar. Her şedula salgydyň aýry möçberi ulanylýar. Iňlis kanunçylarynyň hasap etmegi boýunça, şedulalar boýunça girdejä bölekleýin salgyt salynmagy "girdejiniň çeşmesiniň yzyndan ýetilmegini" we bu salgydy tölemekden boýun gaçyrmaklygynyň öňüniň alynmagyny maksat edinýär. Ýöne, salgyt tejribesinde salgyt

salmagyň bu görnüşi az netije berýär. Girdejiden alynýan salgydyň gurluşynyň global görnüşinde salgyt girdejiniň alynýan çeşmesine bagly bolmazdan, salgyt töleýjiniň jemi girdejisinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Salgyt salmagyň bu görnüşiniň gurluşy has ýönekeýräk, şonuň üçin hem bu gornüş ykdysady taydan ösen döwletleriň köpüsinde ulanylýar.

Girdejiden alynýan salgyt salgyt töleýjiniň arassa gir_ dejisine hasaplanýar, başgaça aýdanyňda salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt boýunça berilýän ýeňillikleriň jemine azaldylýan sap girdejä salynýar. Salgyt aýyrmalaryň düzümine salgyt salynmaýan iň az möçber, salgyt töleýjiniň öz hünäri boýunça amal edýän çykdajylary, döwlet durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna tölenýän serişdeler we käbir beýleki salgyt ýeňillikleri goşulýar. Salgyt ýeňillikleriniň sanawy her bir ýurtda dürli-dürlüdir we olar milli aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýär. Salgyt salynmaýan iň az möçber ykdysady taýdan ösen döwletlerde köp ugurly (uniwersal) salgyt ýeňilligi diýlip hasap edilýär. Salgyt salynmaýan iň az möçberden başga-da, salgyt töleýji öz sap girdejisini kesgitlenilen salgyt eglişiklere azaltmaga hukugy bardyr. ABŞ-da, Germaniýada, Ýaponiýada, Fransiýada salgyt eglişikleri köp sanly. Italiýada salgyt eglişikleri ýok, ýöne bu döwletiň salgyt ulgamynda salgyt eglişikleri salgyt karzy görnüşinde hereket edýärler.

ABŞ-nyň salgyt kanunçylygy boýunça salgyt töleýjiler özüniň sap girdejisinden lukmançylyk hyzmatlary üçin amal edilýän çykdajylary, (onuň pul möçberi sap girdejiniň 5 göterimden köp bolmaly däl), döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna tölenen serişdeleri, heläkçilik bilen baglanyşykly hadysalaryň netijesinde çekilen zyýanlary, çagalara we maýyplara berilýän salgyt ýeňilliklerini, şahsy bergiler boýunça tölenýän göterimleri, ýerli salgytlar we başga salgyt eglişiklerini aýyrýarlar. Jemi girdejiden aýrylýan salgyt aýyrmalaryň pul möçberi maşgalasyz raýatlar üçin

2300 dollardan, maşgalaly raýatlar üçin 3400 dollardan geçmeli däl.

Işçileriň we gullukçylaryň girdejisinden alynýan salgyt girdejileriň çeşmesinden, ýagny nominal iş hakyndan ýygnalýar, başgaça aýdanyňda olaryň işleýän ýeriniň buhgalteriýasy tarapyndan saklanýar. Şol sebäpli bu salgytdan boýun gaçyrmak mümkinçiligi ýok. Maliýe ýyly tamamlanan soň, işçiler we gullukçylar salgyt guramalaryna arzalaryny tabşyrýarlar. Bu arzada olar özlerine berilmeli salgyt ýeňillikleriniň we salgyt eglişikleriniň jemini görkezýärler. Tabşyrylan arzanyň esasynda täzeden hasaplaşyk geçirilýär, artyk tölenen salgytlar gaýtaryp berilýär ýa-da indiki tölenjek tölegleriň hasabyna ýazylýar.

Girdejiden alynýan salgydyň möçberi (stawkasy) ýokarlandyryş (progressiw) we çylşyrymly progressiýa esasynda kesgitlenilýär. Soňky ýyllarda girdejiden alynýan salgydyň iň ýokary derejeli möçberleriniň sany ep-esli azaldy. Salgyt salmagyň deň ölçegli möçberlerini ulanmak ymtylmalar has güýçlendi. ABŞ-da girdejiden alynýan salgydyň möçberleri 11 bilen 50 göterim, Angliýada 5 bilen 65 göterim, Italiýada 27 bilen 65 göterim, Ýaponiýada 10 bilen 70 göterim aralygynda üýtgäp durýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň töleýjileri diýlip, Türkmenistana dahylly we dahylsyz şahsy taraplar kesgitlenilýär. Türkmenistana dahylly taraplar şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy Türkmenistanyň çäklerindäki we onuň daşyndaky çeşmelerden, Türkmenistana dahylsyz şahsy adamlar Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden alynýan girdejilerini, salgyt özenini, salgyt özenine goşulmaýan girdejileri, jemi girdejiden aýyrmalary göz öňünde tutýar. Mysal üçin, salgyt özenine şu girdejiler goşulmaýar:

- şahsy tarapdan miras we peşgeş bermek tertibinde pul we haryt görnüsindäki girdejiler;

- salgyt döwründe Türkmenistanda bellenen iň az iş hakynyň on essesinden ýokary bolmadyk, edara görnüşli taraplardan alynýan sowgatlaryň bahasy;

- aliment görnüşinde alnan serişdeler;

- edara görnüşli taraplaryň raýatlara edýän maddy kömekleriniň pul möçberi;

- raýatlaryň bank goýumlary, depozit güwanamalary boýunça göterimler;

- grantlar görnüşinde alnan serişdeler;

- karz serişdeleriniň islendik möçberi we "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 187-nji maddasynda göz öňünde tutulan salgyt özenine goşulmaýan başga girdejiler;

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy kesgitlenilende, jemi girdejiden şu aýyrmalar aýrylýar:

- islendik şahsy tarap-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde;

- adatdan daşary hadysalaryň netijesinde, şeýle-de bu hadysalaryň öňüni almaklyga gatnaşmagyň netijesinde maýyp bolan şahsy tarap-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň dört essesi möçberinde;

- çagalykdan maýyplar, 1-nji we 2-nji topara degişli maýyplardan başga maýyplar-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň iki essesi möçberinde;

- garamagynda eklenip bilmeýän adamlary saklaýan şahsy tarap-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde (her bir eklenip bilmeýän adam üçin).

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy telekeçilik işi, hünär hyzmatlary bilen baglanyşykly salgyt we beýleki aýyrmalary kesgitleýär. Salgyt töleýjileriň aşakdaky toparlarynyň telekeçilik işi, hünär hyzmatlary bilen baglanyşykly salgyt aýyrymalary almaga hukugy bar:

1. Hususy telekeçiler-girdeji almak bilen baglanyşykly, olar tarapyndan harçlanan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde.

2. Raýat-hukuk häsiýetli şertnamalary boýunça ýerine ýetirilen işlerden, amal edilen hyzmatlardan girdeji alýan salgyt töleyjiler-şu işleri ýerine ýetirmek bilen göniden-göni baglanyşykly, olar tarapyndan hakyky harçlanan we resminamalar bilen delillendirilen çykdajylaryň möçberinde.

3. Awtorlyk hakyny ýa-da ylym, edebiýat we sungat eserlerini döredendigi, ýerine ýetirendigi ýa-da başga bir görnüşde ulanandygy üçin hak alýan salgyt töleyjiler-şu işleri ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly, olar tarapyndan hakyky hatçlanan we resminamalar bilen dellillendirilen çykdajylaryň möçberinde.

Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň möçberi 10 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Salgyt salmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan hususy telekeçiler üçin girdeji salgydynyň bellenen ululygy (patent tölegi) telekeçilik işleriniň her bir görnüşi boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär. Goşmaça patent tölegiň möçberi umumy girdejiniň 2 göterimini düzýär.

Korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgyt edara görnüşli taraplaryň girdejisinden alynýan göni salgydyň ýene-de bir görnüşi bolup durýar. Korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgyt salgyt beýannamasy esasynda tölenýär. Umuman aýdanyňda, ykdysady taýdan ösen döwletlerde korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgyt bir nusga boýunça gurnalan. Korporasiýalaryň peýdasyna hem merkezi hökümet hem-de ýerli häkimiýet salgyt salýar (korporasion salgyt). Peýdadan alynýan salgydyň möçberi (stawkasy), köplenç deň ölçegli ýa-da progressiw däl görnüşde kesgitlenilýär. Peýdadan alynýan salgyt salgyt ýeňilliklerine azaldylan jemi peýda salynýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistana dahylly-edara görnüşli we Türkmenistanyň

çäklerinde hemişelik wekilhanalarynyň üsti bilen iş alyp barýan ýa-da Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistana dahylsyz-edara görnüşli taraplar peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler bolup durýarlar. Aýyrmalaryň pul möçberine azaldylan salgyt töleýjiniň ähli girdejisiniň jemi peýdadan alynýan salgydyň salgyt binýady hökmünde kabul edilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça jemi girdejisini, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerleşdirmekden alynýan jemi girdejisini, bank edaralarynyň jemi girdejisini, ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň jemi girdejisini kesgitlemegiň aýratynlyklaryny, salgyt salynýan peýdany kesgitlemek üçin kabul edilýän aýyrmalary, salgyt ýeňillikler ulgamyny, salgyt özenini, salgyt möçberlerini, salgydy tölemegiň möhletlerini göz öňünde tutýar. Peýdadan alynýan salgydyň möçberi Türkmenistana dahylly-edara görnüşli taraplar üçin (esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) 8 göterim, beýleki edara görnüşli taraplar üçin 20 göterim we hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin (öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) girdeji salgydyň derejesi 2 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Diwidentler we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgydyň möçberi 15 göterim möçberinde bellenilýär. Ondan başga-da, humarly oýun işinden alynýan girdejiler boýunça şu möçberler bellenilýär: her bir oýun awtomaty üçin-günde 30 manat, her bir oýun stoly üçin-günde 370 manat, her bir oturylýan ýer üçin-günde 7 manat ýa-da bu iş üçin peýdalanylýan jaýyň her bir kwadrat metri üçin-günde 3 manat ýa-da tölegleri kabul edýän her bir kassa üçin-günde 38 manat.

Nebiti gazyp almakdan we ýerleşdirmekden alynýan girdejä salynýan salgyt käbir ykdysady taýdan ösen döwletleriň (Angliýa, Norwegiýa we ş.m.) we nebiti gazyp alýan ösüp barýan döwletleriň (Kuweýt, Nigeriýa we ş.m.) salgyt ulgamlaryna girizildi. Nebit kompaniýalarynyň peýdasy salgyt salmagyň binýady bolup durýar. Salgydyň möçberleri deň ölçegde kesgitlenilýär. Norwegiýada salgydyň möçberi (stawkasy) 25 göterim, Angliýada 45 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Daşary ýurt kompaniýalaryny amerikanyň gymmat bahaly kagyzlaryny satyn almaga höweslendirmek üçin, ABŞ-da bu salgyt düýpden ýatyryldy. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinde gazyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri almak üçin ýerasty (ýerüsti) baýlyklary çykarýan we peýdalanýan edara görnüsli we şahsy taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň töleýjileridir. "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan edara görnüşli we şahsy taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt töleýjiler diýlip hasap edilmeýärler. Uglewodorod serişdeleri (çig nebit, tebigy we ugurdaş gaz) boýunça öz içine goşulan baha üçin salgydy almaýan, salgyt töleýjiniň islendik beýleki tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan uglewodorod serişdeleriniň bahasyndan ugur alnyp kesgitlenýän baha, beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar boýunça olaryň ýerleşdirilmeginden alynýan peýda, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň salgyt özeni bolup durýar. Salgydyň möçberleri:

1) Uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň mňçberi:

tebigy we ugurdaş gaz üçin 22 %, çig nebit üçin 10 %

2) Düşewüntliligiň derejesine baglylykda, beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça salgydyň möçberi 30 göterimden 50 göterime çenli diýip kesgitlenilýär.

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt ýeňilligi hem göz öňünde tutulýar. Salgyt salynýan amallar boýunça (uglewodorod serişdelerinden beýleki amallar) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň bellenen möçberleri ýataklaryň tejribe-senagat taýdan ulanylýan döwründe (üç ýyl möhletden köp bolmaly däl) 50 göterim pese düşürilýär.

Daşary ýurt döwletlerinde emläk ýerleşdirilende, bu emläk bilen alyş-çalyş amallary geçirilende, başgaça aýdanyňda, emläk bir eýeden başga birine geçirilende (ýer, jaý, gymmat bahaly kagyzlar), edara görnüşli we şahsy taraplar kapitalyň ösen böleginden salgyt töleýärler. Daşary döwletleriň salgyt ulgamlaryna bu salgydy girizmegiň esasy maksady- emlägiň eýesiniň emlägi ýerleşdirmekden alýan peýdasynyň möçberini çäklendirmekdir. Emlägiň bazar bahasy bilen onuň satyn alnyş bahasynyň aratapawudy kapitalyň ösen böleginden alynýan salgydyň binýady bolup durýar. Salgydyň möçberleri (stawkalary), köplenç deň ölçegli we haýsy döwletiň salgyt ulgamynda ulanylýandygyna baglylykda 10 göterimden 30 göterime çenli üýtgeýär. Häzirki döwürde käbir döwletlerde bu salgydyň möçberleri üýtgedildi. Mysal üçin, ABŞ-da bu salgydyň möçberi 28 göterimden 20 göterime çenli peseldildi.

Daşary döwletleriň köpüsinde paýnamalar boýunça alynýan diwidendlerden, hususy kompaniýalaryň obligasiýalary we banklara goýulýan goýumlar boýunça alynýan utuşlardan we käbir başga girdejilerden pul kapitalyndan alynýan girdejilere salynýan salgyt ýygnalýar. Salgydyň möçberi deň ölçegli, aýry-aýry ýurtlarda salgydyň möçberi 20 göterimden 40 göterime çenli üýtgeýär. Girdejileriň çeşmesinden salgyt tutulyp alynýan pul serişdeleriniň eýesi salgyt töleýji diýlip ykrar edilýär. Başgaça aýdanyňda salgyt olara girdeji tölenende saklanylýar, soňra bolsa salgydyň jemi býujete geçirilýär. Salgyt salmagyň özboluşly görnüşi hökmünde bu salgyt Awstriýada, Kanadada, Fransiýada

hereket edýär, ýöne ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde pul kapitalyndan alynýan girdejilere girdejä salynýan salgyt salynýar.

Emläk bir eýeden başga eýä önüm ýa-da peşgeş görnüşinde geçirilende, şahsy we edara görnüşli taraplaryň emläginiň bahasyndan miras we peşgeş alýan taraplardan salgyt tutulyp alynýar.Her bir döwletde bu salgydyň gurluşynyň öz aýratynlyklary bar. Mysal üçin, Angliýada, ABŞ-da miras we peşgeş alan taraplara salynýan salgyt bir görnüşde, Fransiýada iki görnüşde (biri miras, başgasy peşgeş alan taraplara salynýan salgyt görnüşlerinde) hereket edýär. Alnan mirasyň we peşgeşleriň umumy bahasyndan (ABŞ-da, Angliýada) ýa-da emläk alanlaryň her bir paýynyň bahasyndan salgyt progressiw ýa-da deň ölçegler boýunça ýygnalýar. ABŞ-da miras we peşgeş alynmagyndan ýygnalýan salgydyň möçberleri 18 göterimden 50 göterime çenli kesgitlenilýär. Angliýada 40 göterim möçberinde bir möçber ulanylýar, Fransiýada we Germaniýada salgydyň möçberi garyndaşlyk derejesine bagly bolup durýar.

Miras we peşgeş göni garyndaşlyk arkadan (ene-atalaryndan çagalaryna) alnanda, bu salgyt boýunça has pes derejedäki salgyt möçberleri kesgjitlenilýär. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde emläk üçin salgyt gozgalýan we gozgalmaýan emläkden (senagat we söwda edaralaryndan, ýerden, jaýlardan, gymmat bahaly kagyzlardan) hasaplanýar we ýygnalýar. Edara görnüşli we şahsy taraplar emläk üçin salgydyň töleýjileri bolup durýarlar. Salgydyň möçberleri deň ölçegli we, köplenç pes möçberde kesgitlenilýär. Germaniýada emläk üçin salgydyň möçberi şahsy taraplar üçin emlägiň jemi gymmadyndan 0,5 göterim, edara görnüşli taraplar üçin 0,6 göterim möçberde takyklanýar. Häzirki zaman şertlerinde emläk üçin salgyt şahsy salgytlaryň düzüminde hereket edýän salgytlaryň biridir we başga göni salgytlardan tapawutlylykda bu salgyt boýunça salgyt salynmaýan iň pes dereje we salgyt ýeňillikleri göz öňünde

tutulýar. Emläk üçin salgyt salgyt beýannamasynda görkezilýän maglumatlaryň esasynda takyklanýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, emlägi bar bolan edara görnüşli taraplar emläk üçin salgydyň töleýjileri diýlip hasap edilýär. Önümçilik maksatly esasy serişdeler, şeýle-de önümçilik işinde peýdalanylýan maddy dolanyşyk serişdeleri emläk üçin salgydyň salgyt salynýan binýady bolup durýar. Emläk üçin salgyt boýunça salgyt eglişikleri hem göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, ýer, desgalary döretmek bilen baglanyşygy bolmadyk ýerleri gowulandyrmak boýunça düýpli maýa goýumlaryň hasabyna geçirilýän harajatlar, döwlet ätiýaçlygy emlägi, şeýle-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen goralyp saklanýan (konserwasiýa) emläk salgyt salynýan binýatlara goşulmaýar. Emläk üçin salgydyň möçberi salgyt döwrüniň salgyt özeniniň 1 göterimi möçberinde kesgitlenilýär. Maýa goýum pensiýa gaznalary, maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleri, dini guramalar, bilim edaralary, oba hojalyk kärhanalary, lukmançylyk edaralary we kärhanalar emläk üçin salgydy tölemekden doly boşadylýarlar.

Angliýanyň, Germaniýanyň, Fransiýanyň salgyt ulgamlarynda ýer salgydy hereket edýär. Germaniýada ýer salgydy oba we tokaý hojalyklarynyň kärhanalaryndan, kompaniýalara we hususy kärhanalara degişli ýer ülşünden, şeýle-de şol ülüşlerde ýerlesýän jaylardan ýygnalýar. Salgydyň möçberi (stawkasy) iki bölekden, ýagny gozgap bolmaýan emlägiň aýry-aýry görnüşleri üçin merkezleşdirilen tertipde kesgitlenilýän esasy salgytdan we ýerli býujetleriň girdejiler böleginiň ýetmezçiligine baglylykda obşinanyň peýdasyna gönükdirilýän goşmaça salgytdan ybarat. Salgydyň möçberi 0,31 göterimden 0,6 göterime çenli üýtgeýär. Ýer salgydy deslapky töleg görnüşinde her bir çärýekde tölenýär.

Ykdysady taýdan ösüp barýan ýurtlarda kärhanalaryň alýan peýdasy göni salgytlaryň çeşmesi bolup durýar.

Hususyýetçilere salgyt salnanda, salgyt salmagyň progressiw görnüsleri ulanylýar. Ýer salgydy, emläk üçin salgyt (jaýlara, mala, suwa, miweli agaçlara we ş.m. emläge salynýar), jan basyna salynýan salgyt natural hojalygy köplük edýän döwletleriň salgyt ulgamlarynda hereket edýän göni salgytlaryň esasy görnüşidir. Käbir islam döwletlerinde göni salgytlar şerigatyň ölçeglerine esaslanýar.

Türkmenistanyň salgyt ulgamyna 5 sany ýerli ýygym goşulýar, olar özleriniň alamatlary boýunça göni salgytlara degişlidirler. Mysal ücin, mahabatlandyrma maglumatlaryny taýýarlamak we ýaýratmak bilen baglanyşykly harajatlaryň jemi mahabatlandyrma üçin ýygymyň özeni diýlip hasaplanylýar. Hususy telekeçiler bolup durýan şahsy taraplar üçin goşulan baha üçin salgydyň hasaplanyp ýazylan möçberine azaldylan, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlesdirmekden alan girdejisi, oba hojalyk kärhanalary peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberi şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymyň özeni bolup durýar. Awtoduralga üçin niýetlenilen ýer ülşi awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymyň binýady bolup durýar. erleşdirilen awtomobilleriň bahasy awtomobilleriň ýerleşdirilmegi üçin ýygymyň binýady diýlip hasap edilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda bellenen iň az iş hakynyň möçberi itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň binýadydyr. Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberi welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça 3 göterimden 5 göterime çenli üýtgeýär. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy hususy telekeçiler jemi girdejiden 0,3 göterim möçberinde, beýleki şahsy taraplar 2 manat, oba hojalyk kärhanalary we beýleki edara görnüşli taraplar peýdany hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberiniň 0,5 we 1 göterimini töleyärler. Awtoduralgalaryň eýeler-

inden alynýan ýygymyň möçberi welaýat merkezleri we Aşgabat şäheri boýunça meýdanyň bir kwadrat metri üçin 0,9 manatdan 1,5 manada çenli üýtgeýär. Awtomobilleriň ýerlesdirilmegi üçin ýygymyň möçberi: ýük awtomobilleri üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilen iň az iş hakynyň 8 essesi, awtobuslar üçin 5 essesi we ýeňil awtomobilleri üçin 6 essesidir. Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi bellenen iň az iş hakynyň möçberiniň 0,4 derejesinde kesgitlenilýär.

### 7.3.42. Gytaklaýyn salgytlar

Gytaklaýyn salgytlar (ikinji derejeli salgytlar) ýerleşdirilýän harytlaryň we amal edilýän hyzmatlaryň bahasyna goşmaça bölek görnüşinde kesgitlenilýän salgytlardyr. Göni salgytlardan tapawutlylykda, gytaklaýyn salgytlar salgyt töleyjileriň alýan girdejileri we bar bolan emläkleriniň bahasy bilen gös-göni bagly däldir. Salgyt salynmaga degişli harytlary öndürýän ýa-da hyzmatlary amal edýän edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýerleşdirilen harytlardan we amal edilen hyzmatlardan alan girdejileriniň hasabyna döwletiň haýryna salgydyň jemini geçirýärler, başgaça aýdanyňda olar salgyt ýumuşçylaryň wezipelerini ýerine ýetirýärler. Gytaklaýyn salgytlary öz içine alýan harytlary satyn alýan sarp edijiler bu salgytlaryň ahyrky töleýjileri bolup durýarlar.

Taryhy jähtden garanyňda, gytaklaýyn salgytlar ilkinji gezek gul eýeçiligi jemgyýetçilik-ykdysady formasiýasynda ýüze çykdylar. Gytaklaýyn salgytlaryň girizilmegi aýry-aýry döwletleriň syýasy kuwwatynyň artmagy we haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen şertlendirilýärdi. Şäherleriň çägine girilende harydyň eýesi tarapyndan tölenýän derweze pajy gytaklaýyn salgytlaryň ilkinji görnüşleriniň biri diýlip hasap edilýär. Feodalyň eýeçilik edýän çäginden geçirilýän ýa-da onuň çäklerine getirilýän harytlardan feodal tarapyndan ýygnalýan içki gümrük paçlary feodal bölünişigi

döwründe has giň gerim aldy. Merkezleşdirilen salgytlaryň we aýry-aýry döwletleriň milli bazarlarynyň emele gelmegi bilen, içki gümrük paçlarynyň ornuny daşarky gümrük paçlary, goşmaça tölegler (aksizler) we döwlet fiskal monopoliýa salgydy tutdy. Häzirki döwürde gytaklaýyn salgytlar aýry-aýry döwletleriň býujetleriniň girdejiler böleginiň düzüminde uly ähmiýete eýe boldular.

Gytaklaýyn salgytlar döwlet býujetiniň diňe girdejiler çeşmesi bolman, eýsem bu salgytlar ykdysadyýeti kadalaşdyrmak, ýagny ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň ösüş depginlerini höweslendirmek ýa-da olaryň depginlerini pese düşürmek üçin hem zerurdyr. Önümçilik prosessine salgyt mehanizmini başarnykly we täsir ýetiriji görnüşde ornaşdyrmak maksady bilen, käbir döwletlerde (Angliýada, Germaniýada, ABŞ-da) gytaklaýyn salgytlaryň möçberini üýtgetmek hukugy hökümetiň üstüne ýüklendi. Öň bu hukuk döwletiň parlamentiniň garamagyna berlipdi.

Gytaklaýyn salgytlaryň möçberleri (stawklary) kesgitlenilen (haryt ölçeginiň birligine) we göterim (harydyň bahasynyň takyk bölegine) görnüşlerinde kesgitlenilýär. Göterim möçberleri döwlet üçin has amatly, sebäbi bahalaryň ýokarlanmagy bilen salgyt tölegleri artýar. Salgydyň möcberleriniň (stawkalarynyň ) ýokarlanmagy, harydyň bahasynda salgydyň pul möçberiniň artmagyna getirýär.

Býujetiň girdejiler böleginde gytaklaýyn salgytlaryň köplük etmegi, ykdysady taýdan ösüp barýan döwletleriň salgyt ulgamlarynyň möhüm alamatydyr. Bu aýratynlyk ösüp barýan döwletleriň durmuşy-ykdysady taýdan yza galanlygy bilen şertlendirilýär. Olaryň köpüsi ykdysady ösüşiň başlangyç derejesinde we ykdysadyýeti köp halatda daşary söwda bagly bolup durýar. Döwlet apparatynyň maliýe işlerini gowşak dolandyrýandygy sebäpli, gytaklaýyn salgytlaryň hasaplanylyşy we ýygnalyşy ýönekeýligi bilen häsiýetlendirilýär. Garaşsyzlygyny ykrar edensoňlar,

ykdysady taydan ösüp barýan döwletleriň gytaklaýyn salgytlarynyň düzüminde gümrük paçlary köp halatda has möhüm orun tutýarlar. Şol bir wagtda, bu döwletleriň milli senagatynyň we milli bazarlarynyň ösmegi bilen, öndürilýän harytlara we amal edilýän hyzmatlara salynýan gytaklaýyn salgytlaryň ähmiýeti ýokarlanýar, gümrük paçlarynyň tutýan orny bolsa pese düşýär. Ykdysady taýdan ösüp barýan döwletlerde importa gönükdirilen önümçilikleriň döredilmegi, tarifleriň pes derejesiniň kesgitlenilmegi ýa-da önümçilik serişdeleri import edilende olary gümrük paçlardan boşadylmagy, şeýle-de öndürilen önümleriň daşary ýurtlara çykarylmagyny we walýuta girdejileriniň köplemegini höweslendirmek maksady bilen olaryň eksporta salynýan paçlardan boşadylmagy ýa-da paçlaryň bölekleýin ýatyrylmagy, gytaklaýyn salgytlaryň pul möçberiniň artmagyna ýardam edýär.

Milli önümçiliginiň öndürýän harytlaryna we amal edýän hyzmatlaryna gytaklaýyn salgytlaryň salynmagy, ykdysady taýdan ösüp barýan döwletleriň ählisi üçin umumy ýörelge bolup hyzmat edýär. Satuwa salynýan salgydyň, dolanyşyga salynýan salgydyň, goşmaça tölegleriň, döwletiň fiskal monopoliýa salgytlarynyň fiskal ähmiýeti ýyl-ýyldan artýar. Haryt dolanyşygynyň giňelmegi, salgyt ulgamynda hereket edýän göni salgytlaryň möçberleriniň (stawkalarynyň) ýokarlanmagy, harytlaryň has uly toparyna gytaklaýyn salgytlaryň ulanylmagy, gytaklaýyn salgytlaryň çalt ösmegini şertlendirýär. Gytaklaýyn salgytlar, köplenç köpçülikleýin ulanylýan harytlara, ýagny azyk harytlara (kofe, şekere, duza we içgilere), nebit önümlerine, dermanlara, nah matalaryna, kärhanalaryň amal edýän hyzmatlaryna, elektro we gaz üpjünçiligine, käbir döwletlerde bolsa gytaklaýyn salgytlar metala, semente, maşynlara, ulag serişdelerine salynýar.

Goşmaça tölegler (aksizler), fiskal monopoliýa salgytlary we gümrük paçlary gytaklaýyn salgytlaryň

üç görnüşidir. Goşmaça tölegler döwlet we hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň öndürýän we ýerleşdirýän harytlaryna we amal edýän hyzmatlaryna salynýan salgytdyr. Milli kärhanalaryň öndürýän harytlary, dürli görnüşli jaý-jemagat, ulag, medeni we başga hyzmatlar, şeýle-de döwletiň çäginiň daşyndan getirilýän harytlar goşmaça tölegiň salgyt salynyan binýady bolup durýar.

Salgytlary ýygnamak usuly boýunça goşmaça tölegler hususy we uniwersial görnüşlere bölünýärler. Hususy goşmaça tölegler aýry-aýry harytlaryň birligine kesgitlenilen möçberler (stawkalar) boýunça ýygnalýar. Harytlaryň tassyklanan sanawy, mysal üçin, Angliýada-çakyr, temmäki, benzin, Germaniýada- çilim, piwo, duz, çaý, sirke, oýnalýan kart goşmaça tölegiň binýadydyr. Goşmaça tölegleriň möçberleri (stawkalary) dürli usullar bilen, ýagny hili we bahasy boýunça biri-birinden az tapawutlanýan harytlar, dürli alamatlar boýunça differensirlenilen harytlar, toparlanylýan harytlar, hili we güýçliligi (çakyr, ösümlik ýagy, matalar), harytlaryň hiline laýyklykda bahalaryň dürli derejesindäki bir meňzeş harytlar (temmäki önümleri) boýunça kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt salynýan amallary amala aşyrýan, şeýle-de Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary getirýän edara görnüşli we şahsy taraplar goşmaça tölegleriň töleýjileri bolup durýarlar. Salgyt salynýan amallar geçirilende, salgyt töleýjiniň islendik tarapdan alýan ýa-da almaga hukugy bolan harydynyň goşmaça tölegi öz içine alýan bahasyndan (goşulan baha üçin salgydy goşmazdan) ugur alnyp kesgitlenýän baha salgyt özeni diýlip hasap edilýär. Salgyt salynýan amallar boýunça goşmaça tölegiň möçberi: piwo-bahasynyň 10 göterimi, güýçliligine baglylykda tebigy üzüm çakyry, güýçli spirtli içgiler, likýorlar-bahasynyň 15 göterimden 40 göterime çenli; benzin-bahasynyň 40 göterimi; dizel ýangyçlary-

bahasynyň 40 göterim. Türkmenistanyň çäklerine getirilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar boýunça goşmaça tölegiň möçberleri (stawkalary) "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 119-njy maddasynda göz öňünde tutulýar.

Döwletiň çäginde öndürilýän harytlaryň bahasyndan hasaplanýan we ýygnalýan dolanyşyga salynýan salgyt uniwersial gytaklaýyn salgyt diýlip atlandyrylýar. Käbir döwletlerde dolanyşyga salynýan salgyt daşary ýurtlarda öndürilýän harytlaryň we amal edilýän hyzmatlaryň dolanyşygyndan hem ýygnalýar. Hususy goşmaça töleg bilen deňeşdireniňde, dolanyşyga salynýan salgyt birnäçe artykmaçlyklara eýe bolýar. Öndürilýän we ýerleşdirilýän harytlaryň sanynyň we mukdarynyň artmagy bilen, bu salgyt döwlet býujetiniň girdejilerini awtomatik suratda köpeldýär (salgydyň möçberlerini ýokarlandyrmasyz). Galyberse-de, ýurduň çäklerinde öndürilýän we onuň çäkleriniň daşyndan getirilýän harytlaryň uly mukdary döwletiň gözegçiliginiň astyna alynýar. Dolanyşyga salynýan salgydyň möçberleri (stawkalary) haryt dolanyşygynyň bahasyna göterim görnüşinde kesgitlenilýär, şonuň üçin bu salgydy hasaplamak örän aňsat we býujete ýygnalanda ol döwlet gaznasyna arzan düşýär.

Fransiýada uniwesial gytaklaýyn salgyt görnüşinde 1914-nji ýylda girizilen dolanyşyga salynýan salgyt, salgyt tejribesinde köp sanly üýtgetmelere sezewar boldy. Dolanyşyga salynýan salgyt ilkibaşda kärhanalardan köp basgançakly (kaskad) usuly bilen ýygnalýardy, başgaça aýdanyňda bu salgyt önümçiligiň ýa-da harytlaryň dolanaşygynyň her bir derejesine salynýardy. Bu ulgam geçen asyryň 60-njy ýyla çenli Belgiýada we Awstriýada hereket etdi. Salgyt salmagyň köp basgançaklylygy harytlaryň bahalaryny ýokarlandyrýardy we sarp edijilerde nägilelik döredýärdi. Galyberse-de, bu ulgam salgydyň gurluşyny çylşyrymlaşdyrýardy, köp sanly resminamalaryň düzül-

megini talap edýärdi. Salgydyň ýygnalyşynyň has ýönekeý usuly-önümiň öndürilýän we ýerleşdirilýän derejesinde dolanyşyga salgydy bir gezek, ýöne has ýokary möçber (stawka) boýunça salmakdan ybaratdy.

Özüniň ähmiýeti boýunça goşmaça tölegleriň arasynda dolanyşyga salynýan salgydyň täze görnüşi-goşulan baha üçin salgyt has tapawutlanýar. Goşulan baha üçin salgyt önümçiligiň ýa-da dolanyşygyň her bir derejesinde goşulan bahanyň böleginden ýygnalýar. Goşulan baha üçin salgyt 1954-nji ýylda Fransiýada işlenip düzüldi, ýöne salgyt ulanyşygyna ilkinji gezek 1960-njy ýylda Kot-de-Iwuar respublikasynda, 1967-nji ýylda Daniýada we bölekleýin Braziliýanyň käbir ştatlarynda, 1968-nji ýylda Fransiýada, 1992-nji ýylda Türkmenistanda we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän döwletlerde girizildi. Häzirki döwürde goşulan baha üçin salgyt 40 döwletiň salgyt ulgamlarynda hereket edýär. ABŞ-nyň we Kanadanyň salgyt ulgamlarynda goşulan baha üçin salgydyň hasaplanylyşynyň we ýygnalyşynyň usulyna meňzeşräk satuwa salynýan salgyt ulanylýar.

Goşulan baha üçin salgydyň möçberleri (stawkalary) ýokary we aýry-aýry döwletlerde olaryň sany dürli-dürlüdir (Daniýada, Norwegiýada-bir, Türkmenistanda-iki, Fransiýada-üç). Salgydyň birnäçe möçberlerini ulanýan döwletlerde bu salgydyň esasy möçberi boýunça salgyt öndürilýän we ýerleşdirilýän harytlaryň we amal edilýän hyzmatlaryň köpüsine salynýar. Mysal üçin, Germaniýada goşulan baha üçin salgydyň esasy möçberi 14 göterim, Angliýada 15 göterim, Fransiýada 18,6 göterim.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt salynýan amallary amala aşyrýan edara görnüşli taraplar we şahsy taraplar-hususy telekeçiler goşulan baha üçin salgydyň töleýjileri bolup durýarlar. Salgyt salynýan amallar: harytlary ýerleşdirmek; işleri ýerine ýetirmek; hyzmatlary amal etmek; öz hajatlary üçin gurluşyk-

gurnama işlerini ýerine ýetirmek; harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanyň öwez töleginiň alynmagy; şeýle-de ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar; özüniň sarp etmegi üçin harytlary peýdalanmak; işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek. Goşulan baha üçin salgydyň möçberi 0 (nol) we 15 göterim derejesinde kesgitlenilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt ýeňilliklerini göz oňünde tutýar.

Fiskal monopoliýa salgydy ikinji derejeli gytaklaýyn salgytlara degişlidir. Fiskal monopoliýa salgydy ilatyň köpçülikleýin isleg bildirýän döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň öndürýän önümlerine we ýerleşdirýän harytlaryna salynýan salgytdyr. Býujete goşmaça serişdeleri ýygnamak bu salgydy salgyt ulgamyna girizmegiň esasy maksadydyr. Fiskal monopoliýa salgydy Ýaponiýada duzdan, spirtden, temmäkiden, duzdan, otluçöpden ýygnalýar.

Gümrük paçlary import, eksport we döwletiň çäginden üstaşyr (tranzit) geçirilýän harytlara salynýan we döwlet býujetine tölenýän ikinji derejeli gytaklaýyn salgytlardyr. Häzirki zaman şertlerinde ykdysady taýdan ösen döwletlerde ýurdyň çägine getirilýän import harytlardan ýygnalýan gümrük paçlary býujetiň girdejiler böleginde artykmaçlyk edýär. Gümrük paçlary gümrük tarifinde göz öňünde tutulan möçberler esasynda ýygnalýar. Gümrük tarifinde daşary döwletlerden getirilýän we ýurduň çäginden çykarylýan harytlaryň ady, harytlara salynýan salgydyň birligi we paçlaryň möçberleri (stawkalary) görkezilýär. Möçberler, köplenç harydyň bahasyna takyk göterim (adwolor gümrük paçlary) we seýrek harydyň ölçeg birliginden takyklanan jem görnüşlerinde (ýörite gümrük paçlary) kesgitlenilýär. Adwolar möçberler boýunça paç çig mala, azyk harytlara, ýörite möçberler boýunça paç taýýar önümlere salynýar. Gümrük tariflerinde, köplenç bir haryt üçin birnäçe möçberler, ýagny iň pes derejeli, iň ýokary derejeli

we eglişikli möçberler göz öňünde tutulýar. Iň pes derejeli möçberler-çig mala we käbir başga harytlara, iň ýokary derejeli möçberler-gaýtadan işläp taýýarlanylan senagat önümlerine, şeýle-de oba hojalyk önümleriniň köp görnüşlerine, eglişikli möçberler-hökümetara ylalaşyklaryň esasynda bu ýurtlara getirilýän aýry-aýry harytlara salynýar.

### 7.4.43. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler ilata durmuş hyzmatlaryny amal etmek üçin şahsy we edara görnüşli taraplaryň döwletiň haýyrna geçirýän tölegleridir. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler degişli kanunlara laýyklykda kesgitlenilen tertipde hökmany ýagdaýda ýygnalýar. Bu tölegleriň tapawutlandyryjy alamaty-olaryň maksatlylygydyr. Tölegleri tölän taraplaryň durmuş hyzmatlaryny almaga hukuklary bardyr. Töleýjilere baglylykda bu tölegler edara görnüşli taraplaryň we şahsy taraplaryň töleýän töleglerine bölünýärler.

Şahsy taraplaryň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirýän serişdeleri, olaryň girdejilerinden tölegleriň gösgöni tutulmagyny aňladýar. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberi iş hakynyň jemine göterim görnüşinde kesgitlenilýär. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler tölenende hiç hili maşgala we şahsy eglişikler göz öňünde tutulmaýar, ýöne käbir ýurtlarda salgyt salynmaýan iň pes dereje görkezijisi ulanylýar.

ABŞ-da döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberi 7,15 göterim, Angliýada 5,7 we 9,0 göterim (girdejä baglylykda), Germaniýada 9,6 göterim, Italiýada 8,65 göterim, Ýaponiýada 5,3 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Aýry-aýry döwletlerde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň ähli görnüşlerinden şahsy taraplaryň töleýän töleglerininiň bir (ABŞ-da) ýa-da

birnäçe tölegleri (Germaniýada, Fransiýada) hereket edýär. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler töleýjilere durmuş hyzmatlarynyň degişli görnüşlerini almaga hukuk berýär. Mysal üçin, Germaniýada pensiýa ätiýaçlandyrmasy geçirilende, onuň möçberi 19,2 göterim (jemleýji), ýarawsyzlyk boýunça ätiýaçlandyrma geçirilende 11,8 göterim, işsizlik boýunça 4,1 göterim, jemi 35,1 göterimdir. Töleg tölenende, ýokarda görkezilen göterimleri ulanmak üçin iň ýokary girdeji kesgitlenilýär.

Türkmenistanda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleri hasaplamagyň we tölemegiň tertibi "Durmuş üpjünçiligi hakyndaky" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 176-njy maddasyna we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji awgustynda "Döwlet durmuş ätiýaçlandyryş ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" kabul eden 8945 belgili Kararyna laýyklykda işlenip düzüldi. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň töleýjileri şu aşakdakylardyr:

- Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar;
- Türkmenistanda öz işini şahamçalaryň, wekilçilikleriň üsti bilen amala aşyrýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli taraplar;
- hususy telekeçiler.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleri tölemekden boşadylýan edara görnüşli taraplar 27-nji şekilde görkezilendir.

Şahsy adamlaryň peýdasyna döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişdeleri geçirmegiň binýatlary:

- zähmet şertnamalary;
- işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek bilen baglanyşykly raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar;
- harby gulluk, içeri işler edaralarynda, şeýle-de milli howpsyzlyk edaralarynda gulluk şertnamalary boýunça tölegler hem-de beýleki hak (pul we önüm görnüşde).

*27-nji şekil*

**Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleri tölemekden boşadylýan edara görnüşli taraplar**




Şu aşakdakylar döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň binýatlary bolup bilmeýär:

1. Eýeçilik hukugynyň ýa-da emläk üçin beýleki hukuklaryň geçmegi bilen raýat-hukuk şertnamalarynyň, şeýle-de emlägi (emläk hukuklaryny) peýdalanmaga bermek bilen baglanyşykly şertnamalaryň çäklerinde amala aşyrylýan tölegler.

2. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen döwlet hemaýat pullary.

3. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ölçegleriň çäklerinde:

- saglyga şikes ýetmeginden ýa-da beýleki zyýan ýetmeginden zeleliň öwezini dolmak;

- ýaşaýyş jaýlarynyň we kommunal hyzmatlaryň, iýmitiň we azyk önümleriniň, ýangyjyň ýa-da degişli pul öwezini dolmasynyň mugt berilemegi;

- önüm görnüşindäki üpjünçiligiň bahasyny tölemek we ony bermek;

- okuw-türgenleşik işi we sport ýaryşlaryna gatnaşmak üçin sportçylaryň hem-de bedenterbiýe-sport guramalarynyň işgärleriniň alýan iýmitiniň, sport esbaplarynyň, enjamlarynyň, sport hem-de dabaraly ýöriş üçin eginbaşlarynyň bahasyny tölemek;

- işgärleriň işden boşamagy bilen baglanyşykly çykyş hemaýat puly. Peýdalanylmadyk rugsat we işe ýerleşilýän döwür üçin saklap galynýan ortaça iş haky üçin öwezini dolma döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişdeleri geçirmegiň binýady bolup durýar;

- şahsy adamlaryň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi, şol sanda başga ýere işe geçmegi, iş sapary çykdajylary, iş sapary boýunça gije-gündüzlik sowalgalar, meýdan şertlerinde işlenendigi üçin hak, eger-de hemişelik iş ýolda geçýän ýa-da göçme wahta häsiýetli bolsa, gije-gündizleýin sowalgalaryň ýerine tölegler;

- beýleki çykdajylaryň, şol sanda işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak üçin çykdajylaryň öwezini dolmak bilen baglanyşykly öwezini doluş tölegleri.

4. Döwlet sylaglary we hormatly atlar üçin bir wagtlaýyn baýraklar we iş hakyna goşmaçalar.

5. Tebigy betbagtçylyk ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaý bilen baglanyşykly ýetirilen maddy zyýanyň ýa-da saglyga ýetirilen zeleliň öwezini dolmak üçin tölegler.

6. Aradan çykan işgäriň maşgala agzalaryna ýa-da işgäriň maşgala agzasynyň (agzalarynyň) aradan çykmagy bilen baglanyşykly tölegler.

7. Hökümet çözgütlerine laýyklykda baýramçylyk günleri üçin iş berijiniň berýän bir wagtlaýyn maddy kömeginiň möçberleri.

8. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde iş beriji tarapyndan işgärleriň hökmany ätiýaçlandyrmasy boýunça tölenýän ätiýaçlandyrma tölegleri (gatançlary).

9. Iş beriji tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýan işgärleri hökmany ätiýaçlandyrmak boýunça ätiýaçlandyryş tölegleri (gatançlary).

10. Ätiýaçlandyrma möçberleriniň we ätiýaçlandyrma öwezini dolma tölegleri.

11. Işgärlere tölegsiz ýa-da kem-käs tölemek bilen berilýän we şahsy hemişelik peýdalanmagynda galýan bir ülňüli lybaslaryň we eginbaşlaryň bahasy.

12. Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly işgärleriň aýry-aýry toparlaryna gatnaw boýunça berilýän ýeňillikleriň bahasy.

13. Zähmet üçin tölegler zähmet şertnamalarynda we toparlaýyn şertnamalarda (ylalaşyklarda) şeýle tölegler göz öňünde tutulmadyk şertlerde töleg bolup durmaýan höweslendiriş häsiýetli bir wagtlaýyn tölegler, şol sanda önüm görnüşindäki tölegler.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin geçirilýän serişdeleri hasaplamak boýunça binýat ýokarda görkezilen tölegler göz öňünde tutulan, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin geçirilýän serişdeler hasaplanylýan döwürde töleýjiler tarapyndan şahsy adamlaryň peýdasyna geçirilen tölegleriň we beýleki hakyň möçberi hökmünde kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby gullukçylary, içeri işler edaralarynyň, şeýle-de milli howpsyzlyk edaralarynyň başlyklar we esgerler düzüminden bolan adamlar babatda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin geçirilýän serişdeleri hasaplamagyň binýady pul üpjünçiligi we pul tölegleri görnüşinde hasaplanylan möçberlerden ugur alnyp kesgitlenilýär. Oba hojalyk önümlerini öndürýän edara görnüşli taraplardan döwlet durmuş ätiýaçlandyr-

masy üçin geçirilýän serişdeleri hasaplamagyň binýadyna içerki hojalyk kärende potratçylygynyň şertlerinde oba hojalyk önümlerini öndürýän kärendeçileriň girdejileri goşulmaýar. Işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary amal etmek bilen baglanyşykly bolup durýan raýat-hukuk şertnamalary boýunça girdejilerden "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 189-njy maddasynda göz öňünde tutulan çykdajylar tutulyp alynmaga degişlidir.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin geçirilýän serişdeleri hasaplamak boýunça binýat hasaplanan mahaly, tölegler we harytlar (işler, hyzmatlar) görnüşindäki önüm görnüşli beýleki hak olaryň bazar bahalaryndan (tariflerden), şu harytlar (işler, hyzmatlar) üçin bahalar (tarifler) döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän mahaly bolsa-döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän nyrhlaryndan ugur alnyp, olaryň tölenen gününde şol harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasy hökmünde hasaba alynýar. Şonuň bilen birlikde, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyna goşulan baha üçin salgydyň degişli möçberi, goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar üçin bolsa goşmaça tölegleriň degişli möçberi goşulýar.

**Mysal.**

"ATK-Türkmen" (Turkiýa respublikasy) daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy hasabat döwründe şahsy adamlaryň peýdasyna 17-nji tablisada görkezilen tölegleri hem-de beýleki haklary töläpdir. "ATK-Türkmen" daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasy boýunça hasabat döwri üçin döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň binýadyny takyklamaly.

**Çözülişi.** Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň binýady: 474629 *manat*+ +1217 *manat*+7046 *manat*= 493853 *manat*.

*17-nji tablisa*

**"ATK-Türkmen" (Turkiya respublikasy) daşary ýurt kompaniýasynyň Türkmenistandaky golçur kärhanasynyň hasabat döwründe şahsy adamlaryň peýdasyna tölän tölegleri hem-de beyleki haklar**

| № | Tölenilen tölegleriň we haklaryň görnüşleri | Tölenilen tölegleriň we haklaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Zähmet şertnamasy boýunça tölenilen tölegler | 474629 |
| 2. | Ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin raýat-hukuk şertnamasy boýunça tölenilen tölegler | 12173 |
| 3. | Emlägi paýlanmaga bermek bilen baglanyşykly şertnamalar boýunça tölenilen tölegler | 15344 |
| 4. | Işgärleriň işden boşamagy bilen baglanyşykly tölenilen tölegler, şol sanda peýdalanylmadyk rugsat we işe ýerleşilýän döwür üçin saklap galynýan ortaça iş haky üçin öwezi dolmalar | 26933<br>7046 |
| 5. | Şahsy adamlaryň zähmet borçlarynyň ýerine ýetirilmegi, şol sanda başga ýere işe geçmegi, iş sapary çykdajylary, iş sapary boýunça gije-gündizlik sowalgalar | 11684 |
| 6. | Işgärlere tölegsiz ýa-da kem-käs tölemek bilen berilýän we şahsy hemişelik peýdalanmagynda galýan bir ülüňli lybaslaryň we egin başlaryň bahasy | 12548 |

Hususy telekeçilerden başga, töleýjiler üçin döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler boýunça hasabat döwürleri 1-nji ýanwardan 30-njy iýuna we 1-nji iýuldan 31-nji dekabr aralygynda bellenilýär. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberi okuw kitabynyň 7-nji babynyň 1-nji soragynda beýan edilýär. Töleýjiler döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy-

na geçiirýän serişdeler boýunça beýannamalary salgyt hasabyna alnan ýeri boýunça salgyt gullugyna şu möhletlerde tabşyrýarlar:

- hususy telekeçiler üçin- hasabat döwründen soň gelýän ikinji aýyň 15-inden gijä galman;

- galan töleýjiler üçin-hasabat döwründen soň gelýän aýyň 20-isinden gijä galman;

Töleýjiler döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberlerini girdejini (tölegleri we beýleki haklary) tölemek üçin nagt pul serişdeleriniň bankdan alnan gününden, şeýle-de bankda şol taraplaryň hasaplaryndan girdejiniň şahsy adamlaryň hasabyna ýa-da olaryň tabşyrmagy boýunça üçinji taraplaryň hasabyna geçirilen gününden gijä galman döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberini tölemäge borçlanýarlar. Başga halatlarda töleýjiler döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberini şahsy adamlaryň girdejilerini, tölegleri we beýleki haklary alan gününden gijä galman töleýärler. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberi beýannamany tabşyrmak üçin bellenilen günden baslap, bäş gün möhletde tölenilmäge degişlidir.

**Mysal.** "Türkmenhaly" döwlet paýdarlar korporasiýasynyň tabynlygyndaky Baharly şäherçesindäki haly fabrigi hasabat döwründe şahsy adamlaryň peýdasyna 18-nji tablisadaky tölegleri hem-de beýleki haklary töläpdir. "Türkmenhaly" döwlet paýdarlar korporasiýasynyň Baharly şäherçesinde ýerleşýän haly fabrigi boýunça hasabat döwri üçin döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň binýadyny we geçirilýän serişdeleriň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň binýady:

428835 *manat*+21663 *manat*+9500 *manat*+8802 *manat*+6104 *manat*= 474904 *manat*.

*18-nji tablisa*

**"Türkmenhaly" döwlet paýdarlar korporasiýanyň Baharly şäherçesinde ýerleşýän haly fabriginiň hasabat döwründe şahsy adamlaryň peýdasyna tölän tölegleri hem-de beýleki haklar**

| № | Tölenilen tölegleriň we haklaryň görnüşleri | Tölenilen tölegleriň we haklaryň pul möçberi, manat |
|---|---|---|
| 1. | Zähmet şertnamasy boýunça tölenilen tölegler | 428835 |
| 2. | Ýerine ýetirilen işler üçin rayat-hukuk şertmanasy esasynda tölenililen tölegler | 21663 |
| 3. | Ýerine ýetirilen hyzmatlary üçin raýat-hukuk şertnamasy esasynda tölenilen tölegler | 9500 |
| 4. | Awtorlyk şertnamalary esasynda tölenilen tölegler | 8802 |
| 5. | Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda bellenilen döwlet hemaýat pullary | 6204 |
| 6. | Peýdalanylmadyk rugsat we işe ýerleşilýän döwür üçin saklap galynýan ortaça iş haky üçin öwezini dolmalar | 6104 |
| 7. | Döwlet sylaglary we hormatly atlar üçin bir wagtlaýyn baýraklar we iş hakyna goşmaçalar | 9200 |
| 8. | Işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak üçin çykdajylaryň öwezini dolmak bilen baglanyşykly öwezini doluş tölegleri | 11610 |
| 9. | Hökümet çözgütlerine laýyklykda baýramçylyk günleri tölenilen bir wagtlaýyn maddy kömeki | 16210 |

**Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň pul möçberi:**

474904 *manat* × 10% : 100% = 47490,4 *manat*.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň edara görnüşli taraplaryň aýrybaşgalanan birliginiň ýerleşýän ýerinde tölemäge degişli möçberi şu aýrybaşgalanan birlikleriň işgärlerine hasaplanylan

girdejiniň, tölegleriň we haklaryň möçberlerinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberi Türkmenistanyň pulunda tölenilýär we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýär. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň dogrulylygyna, dolulygyna we wagtynda tölenilmegine Türkmenistanyň salgyt gullugynyň edaralary gözegçilik edýärler.

### 7.5.44. Göni we gytaklaýyn salgytlaryň gatnaşygy. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň alamatlary (kriteriýalary)

Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy we gytaklaýyn salgydyň iki görnüşi, ýagny goşulan baha üçin salgyt we goşmaça töleg häzirki wagtda Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň özenini düzýärler. 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýy boýunça Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň umumy nusgasy 28-njy şekilde berilýär. Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan salgytlaryň we ýygymlaryň ähli düzümi biri-biri bilen arabaglanyşykly kiçi ulgamlara, ýagny göni we gytaklaýyn salgytlara hem-de döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdelere bölünýärler. Salgyt salmagyň bu kiçi ulgamlary býujetiň diňe girdejiler çeşmelerinde isleglerini üpjün etmekde däl-de, eýsem anyk salgytlaryň salgyt özenleri hasaplanylanda hem biri-biri bilen özara baglanyşykda hereket edýärler. Salgytlaryň bir görnüşiniň tutulyp alynmagy, salgytlaryň başga bir görnüşleriniň hasaplanylşynyň salgyt özenini azaldyp ýa-da köpeldip bilýär. Salgyt salmagyň haýsy kiçi ulgamynyň (göni salgyt salynmagy ýa-da gytaklaýyn) agdyklyk etmelidigi hakyndaky çekeleşikleriň çözülmeginiň usullarynyň hemişe gözlenilýändigine Türkmenistanda we daşary döwletlerde salgyt salmagyň ewolýusiýasy şaýatlyk edýär. Aýry-aýry döwletlerde bu çekeleşikler dürli görnüşde

*28-nji şekil*

**Türkmenistanyň salgyt ulgamy**



çözülýär. Döwletiň geçirýän ykdysady syýasaty, köp halatda bu çekeleşikler netijeleriniň tamamlanylmagyny takyklaýar. XVIII asyryň başynda göni we gytaklaýyn salgytlaryň arasyndaky deňagramlyk kesgitlenilende, döwletiň deslapky ykdysady ýagdaýyndan, başgaça aýdanyňda döwletiň jemi girdejisiniň (kärhanalaryň alan jemi girdejisi we raýatlaryň janbaşyna düşýän ortaça girdejisi) derejesinden ugur alynýardy. Häzirki wagtda daşary döwletleriň salgyt ulgamlary göni salgyt salmagyň kiçi ulgamyna esaslanýarlar, sebäbi ol telekeçiligiň ösüşiniň höweslendiriş ykdysady gurallarynyň biri bolup durýar.

Gytaklaýyn we göni salgyt salmak ulgamlaryň gatnaşygyna bildirilýän adaty talap şundan ybarat: gytaklaýyn salgytlar, esasan, fiskal wezipäni ýerine ýetirýärler, göni salgytlaryň üstüne bolsa edara görnüşli taraplaryň we raýatlaryň girdejilerini ykdysady taýdan kadalaşdyrmak wezipesi ýüklenýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny kabul edilmänkä, göni we gytaklaýyn salgyt salmak ulgamy özüniň höweslendiriş wezipesini degişli derejede ýerine ýetirmeýärdi. Göni salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler ylmy taýdan esaslandyrylmandy. 2004-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli hereket eden Türkmenistanyň salgyt ulgamy gytaklaýyn salgyt salmagyň kiçi ulgamyna direnýärdi. Geçiş döwrüniň kynçylyklary salgyt ulgamynyň gurluşynyň esaslaryna hem öz täsirini ýetirýärdi. Dolanyşyga salynýan salgydyň ýerine 1992-nji ýylyň ýanwar aýyndan girizilen goşulan baha üçin salgyt inflýasiýanyň hasabyna döwlet býujetiniň girdejiler bölegine kuwwatly goldaw berýärdi, ýöne şol bir pursatda gytaklaýyn salgydyň bu görnüşi haryt öndürijiler üçin agyr ýükdi. Şol döwürde býujet çykdajylaryny amatlaşdyrmak hakynda gürrüň edilmeýärdi, býujet maliýeleşdirmesiniň derejesini girdejileriň çeşmeleri bilen üpjün etmek zerurdy. Goşmaça töleg, goşulan baha ücin salgyt, gümrük paçlary gytaklaýyn salgytlaryň degişli toparydyr. Galyberse-de,

önümiň özüne düşýän gymmadyna käbir ýerli ýygymlar goşulýardy. Önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmadyna goşulýan salgytlaryň ählisi onuň kalkulirlenilmegine gatnaşýardylar we öndürilýän önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) bahasyny ýokarlandyrýardylar. Şol sebäpli, gytaklaýyn salgyt salmak ulgamy ykdysady taýdan esaslandyrylmagyny talap edýärdi.

Halkara salgyt tejribesi salgyt görnüşleriniň esasynda gurulan salgyt ulgamlarynyň hereket edişiniň oňyn netijeleri berýändigine şaýatlyk edýär. Kanun esasynda ulanylýan şonuň ýaly salgytlar ykjam, durnukly we bu ulgamlara salgyt görnüşleriniň ondan köp bolmadyk görnüşleri goşulýar. Şonuň ýaly salgyt ulgamlary kämil nusga golaýdyr, olary düzýän salgytlaryň görnüşleriniň durnuklylygy bolsa, salgytlary ýygnamagyň amatlylygyny üpjün edýärler.

Salgytlar babatynda ylmy-barlag işler geçirilende we salgyt hukuk gatnaşyklarynyň strategiýasy işlenip düzülende, salgytlaryň toparlandyrylyşy salgyt salmagyň deňeşdirip bolýan içki we daşarky maksatlaryna ýardam bolýar. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň zerurlygy, şeýle-de salgyt görnüşleriniň köplügi we ulanylýan salgyt rejimleriniň (tertibiniň) dürli-dürlüligi bilen şertlendirilýär. Salgytlaryň ähli görnüşlerini toparlara bölmeklik, olaryň hakyky toparlandyrylyş alamatlaryna laýyklykda geçirilýär. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň alamatlary salgytlaryň hasaplanylyşynyň, tölenilişiniň, harajatlaryň düzümine ýa-da önümçilik işiniň netijelerine olaryň äkidilşiniň, daşarky kontragentiň hasabyna salgytlaryň öweziniň doldyrylyşynyň aýratynlyklaryny hasaba alýar.

Salgytlaryň toparlandyrylyş alamatlary salgytlaryň ykdysady tebigaty bilen şertlendirilýär we olary aýdyňlaşdyrylmagyň hakyky kriteriýalary bolup durýarlar. Salgytlaryň toparlandyrylyşy döwletiň birtaraplaýyn talap bildirmegine bagly bolmazdan, köplenç döwletiň salgyt

ulgamynyň emele gelşiniň we kämilleşmeginiň dowamynda ýüze çykýar. Salgytlaryň üç kiçi ulgama bölünmegi, azyndan ýüz ýyldan köpräk wagt mälimdir. Salgytlaryň toparlandyrylyş alamatlary (salgytlaryň ugurdaş toparlara bölünmeginiň kriteriýalary) salgytlar hakyndaky ylmyň aýrylmaz bölegidir. Bu alamatlar salgytlaryň öz-özünden (ykdysady tebigatyndan) gelip çykýar. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň diňe salgytlary ýygnamak boýunça ulanylýan usullar boýunça däl-de, eýsem onuň başga alamatlary boýunça-da salgyt salynmagy oýlanyşykly dolandyrylmagy gurnamak üçin hem wajyp ähmiýeti bardyr. Umuman aýdanyňda, salgytlaryň toparlandyrylyş alamatlary köp ugurlydyr, başgaça aýdanyňda olaryň köpüsi gadymy döwürden mälimdir. Salgytlaryň we ýygymlaryň aýry-aýry görnüşleriniň bu kriteriýalara laýyklykda toparlandyrylyşy bolsa, döwletiň içindäki jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklarynyň ýagdaýyna we salgyt gatnaşyklar ulgamynda ýüze çykýan adaty düzgünlere baglydyr.

Salgytlary aýry-aýry toparlara birleşdirip, Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan salgytlaryň düzümini salgyt salynýan binýat, salgytlaryň möçberleriniň (stawklarynyň) kesgitlenilişiniň aýratynlyklary, ýygnalýan salgytlary ulanmakda degişli býujetleriň hukuklarynyň dolulygy boýunça toparlandyrmak bolýar. Türkmenistanda hereket edýän salgytlaryň toparlandyrylyşy we onuň alamatlary 29-njy şekilde görkezilendir. Maglumatlar işlenip düzülende elektron ulgamynyň ulanylmagy bilen taýýarlanylýan salgyt toparlanmasy, diňe salgyt hasaplamalary hasaplap çykarmak üçin derwaýys däldir. Salgytlaryň şonuň ýaly toparlanmasyndan peýdalanyp, Türkmenistanyň jemleýji (konsolidirlenilen) býujetiniň, ýerli býujetleriň girdejiler çeşmeleriniň düzüminde her bir salgydyň we salgyt toparlarynyň tutýan ornuny kesgitlemek mümkindir. Aýry-aýry salgytlaryň we salgyt toparlarynyň jemi ululygyny salgyt töleýjileriň we döwletiň maliýe ýagdaýyny

**Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan salgytlaryň toparlandyrylyşy** *29-njy şekil*



umuman häsiýetlendirýän görkezijiler bilen deňeşdirip, döwletiň geçirýän fiskal syýasatynyň kämilligini anyklamak bolýar. Identifikasion bellikleriniň girizilmegi, takyk alamatlar boýunça toparlandyrylan salgytlaryň we salgyt toparlarynyň hasaba alynylyşyny ulgamlaşdyrmakda hem ähmiýeti uludyr.

Salgyt toparlandyrmasy salgyt salmagyň ýaramlylygyny ýokarlandyrmak, deňeşdirme seljeriş işlerini geçirmek, ony dünýä ülňülerine kybap getirmek üçin hem zerurdyr. Salgyt kodifikatorlary býujetiň girdejiler böleginiň ýerine ýetirilşi barada tiz maglumatlar almaga, ony öz wagtynda kadalaşdyrmaga, salgyt gözegçiligini geçirmäge we salgyt barlaglarynyň netijeleri boýunça çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik berýär. Diýmek, salgyt toparlandyrylyşynyň kodifikatorlary salgytlar barada deslapky maglumatlary almaga, ulanylýan salgyt tehnikasynyň oňaýsyz taraplaryny ýüze çykarmaga we olary düzetmäge şert döredýärler. 29-njy şekilde görkezilen salgyt toparlandyrylyşy Türkmenistanyň salgyt ulgamynda ulanylýan salgyt salmagyň düzümini häsiýetlendirýär. Şonuň bilen birlikde, salgyt salmagyň gurluşynda we düzüminde bolup geçäýjek üýtegetmeler şekilde görkezilýän salgytlaryň aýry-aýry toparlara bölünmeginiň kriteriýalaryna laýyklykda toparlandyrylyp bilner.

Döwletiň çäginde belli bir döwürde ýygnalan salgytlaryň jemi bilen öndürilen içerki önümiň ululygynyň arasyndaky gatnaşyk, amatly salgyt salmak ulgamyny kesgitlemegiň özenidir. Bu görkezijileriň gatnaşygy boýunça (gaýtadan hasaplaşyklar aradan aýrylanda) salgyt salmagyň amatlylygyna baha berilýär. Salgytlaryň toparlandyrmasyndan peýdalanyp, jemi içerki önümiň (JIÖ) düzüminde (salgyt toparlarynyň hem-de aýry-aýry salgytlaryň) tutýan paýyny hasaplamak bolýar. Bu indikatiw görkezijini maliýe statistikasynyň resmi görkezijileriniň düzümine girizmek we býujet çaklamalarynda ulanmak mümkindir.

## "Salgytlaryň toparlandyrylyşy" atly tema boýunça öz-özüni barlamak üçin soraglar

1. Salgytlaryň toparlandyrylyşy nämäni aňladýar?

2. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň haýsy iki uly toparyny bilýärsiňiz?

3. Göni we gytaklaýyn salgytlaryň alamatlandyryş aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň.

4. Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan gytaklaýyn salgytlary sanap geçiň.

5. Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan göni salgytlary sanap geçiň.

6. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler maksatly töleglere degişlimi?

7. Adamzat siwilizasiýasynda ýüze çykan iň irki salgytlary sanap geçiň.

8. Göni salgytlar haýsy salgyt toparlaryna bölünýärler?

9. Hakyky (real) göni salgytlar näme?

10. Hakyky (real) göni salgytlara salgytlaryň haýsy görnüşleri degişli?

11. Hakyky (real) salgytlaryň özenine haýsy daşarky alamatlar täsir edýärler?

12. Ykdysady mazmuny boýunça hakyky (real) salgytlara haýsy häsiýet mahsus?

13. Şahsy göni salgytlar näme?

14. Şahsy göni salgytlaryň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?

15. Dünýä salgyt tejribesinde girdejiden alynýan salgyt ilkinji gezek haçan we haýsy döwletde girizildi?

16. Aýry-aýry döwletleriň salgyt ulgamyna şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyň ornaşdyrylmagy haýsy sebäpler bilen düşündirilýär?

17. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydynyň gurluşynyň näçe görnüşi bar?

18. Daşary döwletleriň salgyt ulgamynda ulanylýan korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgyt haýsy salgyt resminamasynyň esasynda tölenýär?

19. Daşary döwletlerde korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgydyň möçberleri (stawkalary) haýsy görnüşde kesgitlenilýär?

20. Daşary döwletlerde korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgydyň salgyt salynýan özeni näme?

21. Nebiti gazyp almakdan we ýerleşdirmekden alynýan girdejä salynýan salgyt haýsy ykdysady taýdan ösen döwletlerde giňden ornaşdyrylan?

22. Nebiti gazyp almakdan we ýerleşdirmekden alynýan salgydyň salgyt binýady näme? Bu salgydyň möçberleri (stawkalary) nähili görnüşde kesgitlenilýär?

23. Daşary döwletlerde edara görnüşli we şahsy taraplar haýsy ýagdaýlarda kapitalyň ösen böleginden alynýan salgydy töleýärler?

24. Daşary döwletleriň salgyt ulgamlaryna kapitalyň ösen böleginden alynýan salgydyň girizilmeginiň esasy maksady näme? Bu salgydyň salgyt salynýan binýady näme? Salgydyň möçberleri (stawkalary) haýsy görnüşde kesgitlenilýär?

25. Daşary döwletleriň salgyt ulgamlarynda hereket edýän pul kapitalyndan alynýan girdejilere salynýan salgydyň salgyt salynýan binýady näme? Salgydyň möçberi nähili görnüşde kesgitlenilýär?

26. Daşary döwletleriň salgyt tejribesinde ulanylýan miras ýa-da pesgeş alanlara salynýan salgydyň salgyt salynýan binýady näme? Aýry-aýry döwletlerde bu salgydyň gurluşynyň aýratynlyklaryny häsiýetlendiriň. Salgydyň möçberleri (stawkalary) nähili görnüşde kesgitlenilýär?

27. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde emläk üçin salgydyň salgyt töleýjileri kim? Bu salgyt boýunça salgyt salynýan binýat näme? Salgydyň möçberleri (stawkalary) haysy görnüşde kesgitlenilýär? Emläk üçin salgydyň pul

möçberi haýsy salgyt resminamasynyň maglumatlarynyň esasynda kesgitlenilýär?

28. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ýer salgydy haýsy salgyt binýatlaryndan we kimden ýygnalýar? Salgydyň möçberleri nähili görnüşde kesgitlenilýär?

29. Ykdysady taydan ösüp barýan döwletleriň salgyt ulgamlarynda haýsy salgytlar agdyklyk edýär?

30. Gytaklaýyn salgytlar (ikinji derejeli salgytlar) näme?

31. Gytaklaýyn salgytlar salgyt töleýjileriň alýan girdejileri ýa-da olaryň emläkleriniň bahasy bilen gös-göni baglymy?

32. Gytaklaýyn salgytlar tölenende salgyt ýumuşçylarynyň wezipelerini kim ýerine ýetirýär?

33. Gytaklaýyn salgytlaryň ahyrky töleýjileri kim?

34. Gytaklaýyn salgytlar ilkinji gezek haýsy jemgyýetçilik-ykdysady formasiýasynda ýüze çykdy?

35. Gytaklaýyn salgytlaryň giňden ornaşdyrylmagy haýsy şertler bilen şertlendirildi?

36. Halkara salgyt tejribesine laýyklykda, gytaklaýyn salgytlaryň möçberleri (stawkalary) nähili görnüşde kesgitlenilýär?

37. Gytaklaýyn salgytlaryň möçberleriniň (stawkalarynyň) haýsy görnüşi döwlet býujeti üçin has amatly?

38. Ykdysady taýdan ösüp barýan döwletleriň salgyt ulgamlarynda hereket edýän gytaklaýyn salgytlary häsiýetlendiriň .

39. Gytaklaýyn salgytlaryň haysy görnüşlerini bilýärsiňiz?

40. Goşmaça töleg näme? Goşmaça tölegiň salgyt salynýan binýady näme?

41. Salgytlary ýygnamak usuly boýunça goşmaça tölegler haýsy gytaklaýyn salgytlara bölünýärler?

42. Hususy goşmaça tölegleri häsiýetlendiriň.

43. Haýsy gytaklaýyn salgyt uniwersial goşmaça tölegi diýlip hasap edilýär?

44. Dolanyşyga salynýan salgydy häsiýetlendiriň.

45. Dolanyşyga salynýan salgydy hususy goşmaça töleg bilen deňeşdireniňde, bu salgydyň artykmaçlyklaryny sanap geçiň.

46. Goşulan baha üçin salgyt ilkinji gezek haýsy döwletde işlenip düzüldi we haysy döwletleriň salgyt ulgamlaryna ilkinji gezek ornaşdyryldy?

47. Gytaklaýyn salgytlar hökmünde fiskal monopoliýa salgytlaryny we gümrük paçlaryny häsiýetlendiriň.

48. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler näme? Olaryň tapawutlandyryjy alamaty nämeden ybarat?

49. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň töleýjileri kim?

50. Ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň pul möcberi nähili görnüşde kesgitlenilýär?

51. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler tölenende maşgala we şahsy eglişikler göz öňünde tutulýarmy?

52. Halkara salgyt tejribesine laýyklykda, aýry-aýry döwletlerde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberlerini (stawkalaryny) sanap geçiň.

53. Türkmenistanda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibi haýsy Kanunyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň haysy Kararynyň esasynda işlenip düzüldi?

54. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleri töleýjiler kim?

55. Türkmenistanyň kanuçylygyna laýyklykda, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleri tölemekden kim boşadylýar?

56. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň binýatlaryny sanaň.

57. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleriň möçberlerini (stawkalaryny) sanaň.

58. Türkmenistanyň salgyt ulgamyna goşulýan salgytlar we ýygymlar haýsy kiçi ulgamlara bölünýärler?

59. Gytaklaýyn we göni salgyt salmak ulgamlaryna bildirilýän talaplar nämeden ybarat?

60. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň zerurlygy haýsy şertler bilen şertlendirilýär?

61. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň alamatlaryny sanap geçiň.

62. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň kodifikatorlary näme?

## VIII BAP. SALGYT HUKUK GATNAŞYKLARY WE SALGYT SALMAK SYÝASATY

### 8.1.45. Maliýe hukugy salgyt hukugynyň binýadydyr

Salgyt gatnaşyklary köpsanly kanunlaryň toplumlaýyn namalaryny ulanmak bilen kämilleşýär. Bu kanunlaryň toplumyna ilki nobatda ykdysady-logiki we hukuk kanunlary degişlidirler. Hakyky bolup geçýän ykdysady prosesleriň durnukly arabaglanyşyklarynyň jemi hökmünde düşünilýän ykdysady-logiki kanunlary, haryt hojalygynyň ýüze çykmagy we oňa gatnaşyjylaryň özara hereketlerini şertlendirýän ulgamynyň emele gelmegi bilen salgyt kanunçylygyna öz täsirini ýetirýär. Ykdysady-logiki kanunlaryň täsiri esasynda salgyt ulgamynyň ösüşiniň kanuna laýyk gelýän içki kadalary kämilleşdirilýär, hukuk kanunlar bilen birlikde bu kadalar salgytlaryň ösüş strategiýasyny takyklaýarlar. Salgyt salmagyň kanuna laýyk kadalary salgyt gatnaşyklar ulgamynyň we binýadyň (bazisiň) hemde nadstroýkanyň başga elementleriniň arasyndaky durnukly we hakyky (obýektiw) arabaglanyşyklary aňladýar.

Döwleti dolandyrmakda döwletiň ulanýan formalarynyň berkidilmegi bilen, salgyt salmagyň kadalary döwlet tarapyndan kesgitlenilen hukuk namalaryna tabyn bolýan ulgama öwrülýär. Taryhy jähtden garanyňda, döwlet maliýesi we onuň uly möçberli bölegi bolup durýan salgytlar, ýörite düzülýän hukuk ölçegleri bilen kadalaşdyrylýardy. Wagtyň geçmegi bilen, döwlet maliýesine degişlilikdäki hukuk namalary nazaryýet nukdaýnazardan pähimleşdirilýär, jemgyýetinň ösüşiniň ykdysady tendensiýalary (maksatlary,

meýilleri) bilen onuň arabaglanyşyklary we kanuna laýyklygy kesgitlenilýär we ahyrky netijede kanunlar ýazylýar we kabul edilýär. Diýmek, kem-kemden maliýe hukugynyň esaslary düzülýär. Ýöne maliýe hukugy uzak wagtyň dowamynda ylmyň özbaşdak pudagy hasap edimedi, sebäbi maliýe elmydama jemagat hukugyna degişli edilýärdi. Diňe XIX asyryň ahyryndan başlap, ykdysady taýdan ösen döwletlerde maliýe hukugy ylmyň özbaşdak pudagyna öwrüldi. Maliýe hukugy döwlet girdejileriniň emele gelýän ähli çygryny, şol sanda salgytlary gurşap alýardy. Hut häzirki döwre çenli hem maliýe hukugynyň düzgünleri salgyt gatnaşyklarynyň hukuk çygryny kadalaşdyrýar. Hukugyň özbaşdak pudagy hökmünde salgyt hukugy hakynda XX asyryň 90-njy ýyllaryna çenli hiç zat aýdylmaýardy. Hukuk gatnaşyklar tejribesinde, salgyt hukugyna maliýe hukugyna degişli düzüm bölek hökmünde garalýardy. Salgyt hukugy hukuk gatnaşyklar ulgamynda doly derejede öz beýanyny tapmady. Şonuň bilen birlikde, salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda ýurisprudensiýada (hukuk ylymlaryň jemi) salgyt hukugyna aýratyn orun berilýär.

Indi bolsa, maliýe hukugy hakynda düşünje bereliň. Her bir döwlete onuň ýerine ýetirýän wezipeleriniň köp sanly sanawy, ýagny durmuş prosesleri dolandyrmak, döwleti goramak, döwletiň içinde düzgüni hukuk taýdan üpjün etmek we ş.m. mahsusdyr. Sanalyp geçilen wezipeleriň amala aşyrylmagy, ýeterlik derejede maddy üpjünçiligi bolmadyk ýagdaýda mümkin däl. Haryt-pul gatnaşyklar şertlerinde pul serişdeleriniň toplanylmagyny we ulanylmagyny pul gaznalary görnüşinde amala aşyrmak maksada laýyk bolup durýar. Diýmek, maliýe pul serişdelerini toplamak, paýlamak we ulanmak ykdysady gatnaşyklaryň bir ulgamydyr. Döwletiň maliýe işi maliýe serişdelerini toplamak, paýlamak (gaýtadan paýlamak) we ulanmak boýunça onuň ýerine ýetirýän wezipeleridir. Döwlet pul serişdelerini toplamak,

paýlamak we ulanmak boýunça ykdysady gatnaşyklary kadalaşdyrýar, ol serişdeler toplananda we paýlananda ulanylýan görnüşlerden we usullardan ugur alýar, netijede olary toparlara bölmek mümkinçilikleri ýüze çykýar. Birmeňzeş maliýe gatnaşyklar topary maliýe institutyny ýa-da maliýe düzümini döredýär. Maliýe institutlarynyň (maliýe düzümleriniň) ähli jemi we olaryň arabaglanyşygy döwletiň maliýe ulgamyny döredýär.

Türkmenistanyň maliýe ulgamy şu düzümlerden ybarat:

1. **Türkmenistanyň býujet ulgamy ykdysady** gatnaşyklara we hukuk ölçeglerine esaslanýan döwlet býüjetiniň, ýerli býujetleriň we döwlet gaznalarynyň (mysal üçin, Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdüriş gaznasy, Aşgabat şäherini ösdüriş gaznasy) jemidir. Býujet ulgamynyň kömegi bilen, döwletiň ýerine ýetirýän weziplerini amala aşyrmak üçin döwlet guramalarynda we edaralarynda pul gaznalary döredilýär. Býujet ulgamynyň serişdeleri şahsy we edara görnüşli taraplaryň töleýän salgytlarynyň, ýygymlarynyň we paçlarynyň hasabyna emele gelýärler. Ondan başga-da, býujet girdejileriniň çeşmelerine meýletin tölenýän pul serişdeleri (obligasiýalar, gaýry gymmat bahaly kagyzlar, ilatyň döwlet banklaryna goýýan goýumlary we ş. m.) hem degişlidirler. Şol sebäpli, salgyt gatnaşyklary Türkmenistanyň maliýe ulgamynyň wajyp düzüm bölegi bolup durýarlar.

2. **Býujetden daşarky gaznalar** belli bir maksada ulanylýan pul gaznalarydyr, olaryň serişdeleri şahsy we edara görnüşli taraplaryň hökmany we meýletin görnüşde töleýän serişdeleriniň hasabyna emele gelýärler.

3. **Edara görnüşli taraplaryň maliýesi** her bir edara görnüşli taraplarda döredilýän aýrybaşgalanan pul gaznalarydyr.

4. **Ätiýaçlandyrma** ätiýaçlandyryş gaznalary döretmek we ulanmak boýunça jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň

ulgamydyr. Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan geçirilýän meýletin ätiýaçlandyrylyşy hasaba almasyz Türkmenistana lukmançylyk we pension ätiýaçlandyrmasy mahsusdyr.

5. Karz pullar (kredit) şahsy we edara görnüşli taraplaryň döwletiň erkin pul serişdelerini ulanmak bilen döwletiň, karz beriji edaralarynyň, raýatlaryň arasynda bolup geçýän ykdysady gatnaşyklarydyr (karz pullary gaýtaryp bermek ýörelgesi esasynda).

Maliýe ulgamynyň ýokarda sanalyp geçilen düzüm bölekleriniň maliýe işleri döwlet tarapyndan maliýe hukugynyň kömegi bilen kadalaşdyrylýar. Diýmek, maliýe hukuky-bu döwletiň öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan pul serişdelerini ýygnamak, paýlamak we ulanmak bilen bagly bolup durýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk ölçegleriniň (normalarynyň) jemidir. Umuman aýdanyňda, býujetiň özi maliýe hukugynyň merkezi sütünidir, sebäbi hut dürli derejedäki býujetleriň çäklerinde döwletiň pul serişdeleriniň aglaba bölegi toplanýar, paýlanýar we ulanylýar. Maddy mazmunyna laýyklykda, býujet-bu döwletiň öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin döwlet tarapyndan döredilýän merkezi pul gaznasydyr. Aýdylanlar býujet hakynda adaty düşünjedir we ol býujet serişdeleri hakynda, býujetden maliýeleşdirme barada gürrüň açylanda ulanylýar.

Hukuk manysynda býujet-bu Türkmenistanyň kanuny hökmünde Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanylýan býujet gaznalarynyň (merkezi we ýerli býujetleriň) girdejilerini we çykdajylaryny kesgitleýän maliýe meýilnamasydyr. Näme üçin býujet merkezi pul gaznasy däl-de, döwlet girdejileriniň we çykdajylarynyň maliýe meýilnamasy? Bu sowala jogap bermek üçin şu aýdyljaklar ýeterliklidir: býujet serişdeleri hiç haçan we hiç bir ýagdaýda döwlet tarapyndan natural görnüşde toplanmaýar, tersine, býujet serişdeleri bu serişdeleriň toplanmagy bilen harç-

lanýar. Diýmek, sözüň doly manysynda, pul gaznasy döredilmeýär. Şol sebäpli, býujet pul serişdeleriniň toplanylmagyny we harçlanylmagyny alamatlandyrýan şekili, başgaça aýdanyňda döwletiň maliýe meýilnamasyny aňladýar.

Býujet döwletiň köpugurly (uniwersial) maliýe meýilnamasydyr, sebäbi döwletiň ykdysady ulgamyndan başga maliýe meýilnamalary, ýagny çenlikler (smetalar), edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň maliýe hasabatlary hem düzülýär. Ondan başga-da, merkezi we ýerli býujetler ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny, döwletiň öz wezipelerini ýerine ýetirýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toparlaryny gurşap alýar. Býujetden daşarky maksatly gaznalardan (lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy, pension ätiýaçlandyrmasy) maliýeleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň käbir toparlary üçin kanun esasynda bu kadalardan çykmaga rugsat berilýär.

1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda "Býujet ulgamy hakynda" Türkmenistanyň 122-1 belgili kanuny kabul edildi. "Býujet ulgamy hakynda" Türkmenistanyň kanuny býujet ulgamynyň hereket edişiniň we dolandyrylyşynyň gurluşynyň hukuk esaslaryny kesgitleýär, dürli derejedäki býujetleriň arasyndaky arabaglanyşyklary kadalaşdyrýar. "Býujet ulgamy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 2-nji maddasynda "Býujet ulgamy hakyndaky kanunçylyk şu Kanundan, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylan Türkmenistanyň Döwlet býujetini düzmek we ýerine ýetirmek boýunça Düzgünnamalardan, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynyň başga namalaryndan ybaratdyr" diýilýär. Türkmenistanyň Döwlet býujeti merkezi býujetiň we ýerli býujetleriň serişdelerini öz içine alýan pul serişdeleriniň esasy gaznasy diýip kanunçylyk kesgitleýär. Şeýle-de, Türkmenistanyň Döwlet býujetinde ýörite maksatly gaznalaryň we döwlet eýeçiligine esaslanýan hojalygy alyp barýan birlikleriň maliýe serişdeleri hasaba alynýar. Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň

girdejileri bir maliýe ýylynyň dowamynda edara görnüşli we şahsy taraplaryň töleýän salgytlaryndan, ýygymlaryndan we başga hökmany töleglerinden, Türkmenistanyň kanunlary we gaýry kanunçylyk namalary esasynda kesgitlenilen gaýry çeşmelerden gelip gowuşýan töleglerden emele gelýär. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileri "Döwlet býujeti hakynda" kanunyna laýyklykda býujet ýylyna merkezi býujetiň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriň býujetleriniň arasynda paýlanylýar.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we başga ministrlikleriň, döwlet dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüni dolandyryş guramalarynyň üsti bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan gurnalýar. Merkezi we ýerli býujetleriň pulhanasynyň ýerine ýetirilşini Türkmenistanyň maliýe ministrliginiň Gazna Dolandyryş bölümi we onuň ýerlerdäki guramalary amala aşyrýarlar. Gazna hasaplaryny bank hyzmatlaryny amala aşyrmaga wekillendirilen banklar alyp barýarlar. Merkezi we ýerli býujetler Türkmenistanyň Döwlet býujetini düzmek we ýerine ýetirmek hakyndaky Düzgünnamada kesgitlenilen tertipde ýerine ýetirilýär. Býujet serişdeleriniň harçlanylyşyny çykdajylaryň her bir görnüşi boýunça ulanylýan çäkleriň we ölçegleriň derejesinde ministrlikler amala aşyrýarlar. Maliýe ýylynyň ahyrna çenli ulanylmadyk býujet serişdeleri degişli býujetleriň girdejileriniň hasabyna ýazylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň kanunda tassyklanylan býujet ýetmezçiliginiň (defisityň) çäklerinde maliýe ýylynyň dowamynda Türkmenistanyň Döwlet býujetine üýtgetmeleri girizmäge hukugy bardyr. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri girdejileriň we çykdajylaryň deňleşdirmesini saklamak şerti bilen, ýerli býujetleriň görkezijilerine anyklaýjy düzedişleri girizip bilýärler. Merkezi býujet ýerine ýetirilende, goşmaça alnan girdejiler, şeýle-de çykdajylardan artýan girdejileriň böle-

gi (maliýe ýylynyň netijeleri boýunça emele gelýär), Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ykdysady we durmuş çäreleri maliýeleşdirmek üçin ulanylýar. Ýerli býujetler ýerine ýetirilende, alnan goşmaça girdejiler, şeýle-de çykdajylardan artýan girdejileriň bölegi (maliýe ýylynyň netijeleri boýunça emele gelýär) ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň we ýerli öz-özüni dolandyryş guramalarynyň ygtyýarynda galýar. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi maliýe ýylynyň 1-nji awgust aýyna çenli Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hakynda maglumat berýär. Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edaralar we guramalar her bir çärýek boýunça maliýe guramalaryna çykdajylar çenliginiň (smetanyň) ýerine ýetirilişi boýunça hasabat berýärler.

Diýmek, umuman aýdanyňda, maliýe hukugy döwlete degişli pul serişdeleri ýygnalanda emele gelýän ähli arabaglaşyklary kadalaşdyrýar we býujet ulgamynyň gurluşynyň esasyny düzýän ýörelgeleri, has takygy merkezi we ýerli býujetleriň bitewlik, dolulyk, hakykylyk, aýanlyk we özbaşdaklyk ýörelgelerini berkidýär. Hukuk görnüşleri boýunça býujet ulgamynyň düzüm bölekleriniň girdejilerini salgyt we salgyt däl usullary bilen ýygnalýan girdejilere bölmek bolýar. Häzirki wagtda salgyt usuly bilen ýygnalýan girdejiler has möhüm orun tutýarlar.

### 8.2.46. Salgyt hukugynyň özeni

Ykdysady gatnaşyklar ulgamynda salgyt salmak ulgamynyň özboluşly tutýan orny, başgaça aýdanyňda umumydöwlet we hojalygy ýöredýän birlikleriň maliýesine degişlilikde onuň deňhukuklylygy, salgyt hukugyny ylmyň özbaşdak pudagy we hukuk tejribesi hökmünde ykrar etmäge pikir ýöretmäge zerurlygy ýüze çykýar, şeýle-de hukugyň başga pudaklary bilen onuň arabaglaşygyny häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýär. Eýeçilik gatna-

şyklarynyň, döwletiň, edara görnüşli taraplaryň we raýatlaryň emläk hukuklarynyň dürs çäklendirilmegi, maliýe serişdeleriniň paýlanylyşynyň, gaýtadan paýlanylyşynyň we ulanylyşynyň mehanizmini we kanunalaýyklygyny öwrenýän hukuk ylmynyň täze böleklere bölünmegini, onuň üstüniň ýetirilmegini talap edýär. Salgyt salmagyň hukuk jähtlerini hukugyň ýörite bölümi bolup durýan salgyt hukugy öwrenýär.

Salgyt hukugy konstitusion hukugy bilen bölünmez bitewlikdedir. Döwletiň Konstitusiýasy salgyt hukugynyň esasy kadalaryny kesgitleýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 2-nji maddasynyň 1-nji bölüminde "Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we ol şu bitewi Kanundan hem-de Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr" diýlip bellenilýär. Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan namalar "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň esasynda kabul edilýär we onuň düzgünlerine çapraz gelip bilmeýär. Eger-de şeýle çapraz gelmeler bar bolan ýagdaýynda, onda "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň düzgünleri ulanylýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň düzgünleri Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplara salgyt salmak babatynda "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunda kesgitlenilen aýratynlyklary göz öňünde tutup ulanylýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa gümrük tölegleri almakda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmeýär. Täze salgytlary girizmek, şeýle-de hereket edýän salgytlary üýtgetmek ýa-da ýatyrmak "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň

Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýar. Täze salgytlary bellemek ýa-da hereket edýän salgytlary üýtgetmek bilen "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üýtgetme girizýän Türkmenistanyň kanunlary olar resmi taýdan çap edilenden bir aý geçenden soň, emma degişli salgyt boýunça nobatdaky salgyt döwri tamamlanandan soň gelýän aýyň 1-inden ir bolmadyk möhletde güýje girýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny gowulandyrýan, şeýle-de hereket edýän salgytlary ýatyrmak baradaky üýtgetmeleri belleýän (eger-de bu üýtgetmeler girizilýän Kanunlarda göni göz öňünde tutulýan bolsa) Türkmenistanyň kanunlary çap edilen pursatyndan güýje girýär. Salgyt hukugy edara ediş hukugy bilen hem ýakyn arabaglanyşykda hereket edýär. Jemgyýetiň durmuşa ukyplylygyny üpjün edýän hukugyň pudaklary bilen salgyt hukugynyň arabaglanyşygy we tutýan orny (ylaýta-da ykdysady we maliýe-hojalyk gatnaşyklar çygrynda) 30-njy şekilde görkezilendir.

Maliýe serişdeleriniň paýlanylyşynyň, gaýtadan paýlanylşynyň we ulanylşynyň mehanizminiň we kanunalayyklygyny kesgitleýän hukuk gatnaşyklarynynyň kämilleşdirilmegi, maliýe hukugynyň usulyýetiniň möhüm meselesidir (problemasydyr). Onuň çözülmegi netijesinde taraplaryň ykdysady bähbitleriniň deň hukuklylygy üpjün edilýär. Maliýe hukugy öwrenilende, aýry-aýry ykdysady gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagy bilen bagly hukuk babatynda hususy ylymlaryň bölümlerini çintgäp özleşdirmekde zerurlyk ýok, sebäbi bu meseleleriň çözülmegi hukuk boýunça hünärmenleriň ygtyýaryndadyr. Ýöne maliýe hukugynyň, karz hukugynyň, ätiýaçlandyryş hukugynyň, salgyt hukugynyň özbaşdak pudaklar hökmünde hereket etmelidigi hakyndaky meseläni ara alyp çözmek mümkinçiligi bar.

*30-njy şekil*

**Hojalyk işiniň netijesinde döredilen gymmadyň gaýtadan paýlanyş prosesini hukuk taýdan üpjün edýän ulgam**




**Mysal.** 31-nji şekilden ugur alyp, edara ediş-hojalyk hukugynyň düzüm bölekleri bolup durýan maliýe, ätiýaçlandyryş, karz, býujet, salgyt hukuklarynyň bu hukuklara degişli bölümlerini kesgitläň. Olar şu aşakdakylardyr:

1. Telekeçilik we şahsy girdejileriň gaýtadan paýlanylyşyny kadalaşdyrýan hukuk ulgamy.

*31-nji şekil*

**Edara ediş-hojalyk hukugy we işiň ykdysady çygyrlaryny kadalaşdyrýan hukugyň başga pudaklary**




2. Maliýe ministrliginiň we döwlet salgyt gullugynyň işini kadalaşdyrýan hukuk ulgamy.

3. Ätiýaçlandyryş gaznalarynyň serişdeleriniň emele gelşini we ulanylşyny tertipleşdirýän hukuk ulgamy.

4. "Býujet ulgamy hakynda" Kanunyň işlenip düzülişini we kabul edilişini üpjün edýän hukuk ulgamy.

5. Býujet maliýeleşdirmesiniň çygryny kadalaşdyrýan hukuk ulgamy.

6. Täjirçilik karzlaryny dolandyrýan hukuk ulgamy.

7. Çäkara býujet kadalaşdyrmasynyň görnüşlerini tertipleşdirýän hukuk ulgamy.

8. Býujet ýetmezçiliginiň (defisitiň) we býujet artykmaçlygynyň (profisityň) ölçegleriniň (normalarynyň) ulanylyşyny tertipleşdirýän hukuk ulgamy.

9. Salgyt salmagyň guramaçylyk-ykdysady ýörelgelerini takyklaýan hukuk ölçeglerini (normalaryny) tertipleşdirýän hukuk ulgamy.

10. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukuklaryny we borçlaryny kadalaşdyrýan hukuk ulgamy.

11. Zaýomlary çykarmak we ýerleşdirmek işleri tertipleşdirilýän hukuk ulgamy.

12. Döwlet emläginden girdejiniň alynmagyny kadalaşdyrýan hukuk ulgam.

13. Döwlet karzlary we ätiýaçlandyrma ätiýaçlary boýunça tertip-düzgüni kadalaşdyrýan hukuk ulgamy.

14. Halkara söwdany amal etmek boýunça işleri tertipleşdirýän hukuk ulgamy.

**Çözülişi.** Maliýe hukugyna 2-nji we 11-14-nji belgilerde beýan edilen hukuk ulgamlary, ätiýaçlandyryş hukugyna 3-nji belgidäki hukuk ulgamy, býujet hukugyna 4-8-nji bellgilerdäki hukuk ulgamlary, salgyt hukugyna 1-nji we 9-10-njy belgilerdaki hukuk ulgamlary degişlidirler.

Salgyt hukugy, bu diňe bir ykdysady-hukuk bilimleriň pudagy däl-de, eýsem salgyt hukuk gatnaşyklaryna täsir edýän salgyt kanunlarynyň we umumymilli hukuk ölçegleriniň (normalarynyň) özara baglanyşykly toplumy, şeýle-de kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji guramalarynyň ulgamy, olaryň hukuklary we borçlarydyr. Salgyt hukugy salgyt salmak ulgamy döwlet-häkimiýet alamatlary bilen üpjün edýär, ony iki tarapdan, ýagny ykdysady we hukuk taýdan gurşap alýar. Emläk gatnaşyklaryny, başgaça eýeçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan ölçegler jemagat hukugynyň pudagy hökmünde kabul edilýän salgyt hukugynyň binýady bolup durýar. Galyberse-de, salgyt hukugy salgyt tejribesini diňe hukuk taýdan tertipleşdirýän ulgam däl. Salgyt hukugy hukugyň umumy çäkleriniň daşyna çykýar we ykdysady, sosiologiýa, psihologiýa ylymlarynyň, dolandyryş hakyndaky ylmyň gazananlaryna daýanýar. Diýmek, salgyt hukugy özüniň "salgyt kanunçylygy" diýen köne adyndan çetleşýär, sebäbi salgyt hukugy salgyt salmak çygrynda hukuk ölçegleriniň kesgitlenilmegi bilen çäklenmän, eýsem salgyt usuly esasynda toplanýan döwlet pul serişdeleri

döwletiň geçirýän ykdysady syýasatyny nähili derejede geçirmäge onuň mümkinçiliginiň bardygyny takyklaýar.

Salgyt hukugynyň özeni, başgaça onuň usulyýet esaslary, hukuk hakyndaky ylymlaryň jemini, döwlet we hukuk hakyndaky nazaryýeti, maliýe hakyndaky ylmyň umumy kadalaryny öz içine alýar. Salgyt gatnaşyklarynyň hukuk taýdan aýratynlyklarynyň nazaryýet taýdan esaslandyrylmagy, salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi hakyndaky kanunlary täzeden işläp düzmek we kabul etmek üçin uly mümkinçilikler döredýär.

**Mysal.** Diňe kanun esasynda girizilmegi däl-de, eýsem tejribede hereket edişiniň we jemgyýete zerur bolan ugurlar boýunça olaryň ulanylyşynyň görnüşleriniň düýpli aýratynlyklaryny, salgytlary parafiskalitetlerden (paç, ýygym we gaýry salgyt däl ýygymlary) tapawutlandyrýar. Ýöne, salgytlaryň hukuk alamatlary olary parafiskalitet töleglerine mahsus bolmadyk gurluşynyň we ýygnalyşynyň ýörelgelerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Parafiskalitet tölegleri haýsy maksatly ugurlary maliýeleşdirmek üçin niýetlenýär? Salgytlar döwlet çykdajylarynyň diňe aýry-aýry görnüşleriniň üstüni ýapmak üçin ulanylýarmy ýa-da kanun esasynda tassyklanylan döwlet çykdajylarynyň islendik görnüşini maliýeleşdirmek üçin?

**Çözülişi.** Parafiskalitet tölegler halkara kanunçylygynda XX asyryň 30-njy ýyllarynda ýüze çykdy. Döwlet häkimiýetiniň merkezi guramalary we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary däl jemagat ýa-da hususy edara görnüşli taraplaryň peýdasyna ykdysady we durmuş bähbitlerinden ugur alnyp kesgitlenilýän ýygymlar parafiskalitet tölegleri diýlip düşünilýär. Parafiskalitet tölegler takyk çäreleri (çäkleri abadanlaşdyrmak üçin ýygym, ekologiýa heläkçilikleri aradan aýyrmak üçin döredilýän gaznalara tölenýän tölegler we ş.m.) maliýeleşdirmek üçin ulanylýar. Salgytlar kanun esasynda tassyklanylan döwlet çykdajylarynyň islendik görnüşlerini maliýeleşdirmek üçin ulanylýar.

### 8.3.47. Salgyt hukugynyň häsiýetlendirmesi

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy "hukuk" diýlip atlandyrylýan düşünjäniň logiki dowamydyr. Bu ýerde salgyt kanunçylygyna häsiýetnama bermek maksadalaýykdyr. Mysal üçin, salgytlary döwletiň wekilçilik edýän guramasy girizip bilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji, 63-nji we 86-njy maddalaryna laýyklykda (ýerli salgytlary girizmegiň we ýygnamagyň tertibi), salgytlary Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Prezidenti we Geňeşi girizip bilýärler. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda her bir salgydyň sütüni we garnawy kesgitlenilýär. Diýmek, salgytlaryň girizilmegi, salgytlaryň ähli düzüm bölekleriniň we alamatlarynyň kesgitlenilmegini aňladýar. Salgytlaryň düzüm bölekleriniň diňe bitewi ulgamy salgyt töleýjide salgytlary tölemek boýunça borçlarynyň ýüze çykandygy hakynda hasap etmäge mümkinçilik berýär, galan ýagdaýlarda salgytlar kesgitlenilmedik diýlip ykrar edilýär. Ýokarda aýdylanlar, salgytlar kanun esasynda girizilende olara bildirilýän taraplardan gelip çykýar. Aýry-aýry döwlet edaralarynyň we ministrlikleriň salgytlary girizmäge hukugy ýok. Mysal üçin, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti salgytlar hakyndaky kanunyň maddalaryna we kadalaryna üýtgetmeleri girizip bilmeýärler.

**Mysal.** Salgytlar girizilende we ýygnalanda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklar hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylýar. Dürli derejedäki kadalasdyryjy namalarda öz beýanyny tapýan bu kadalaryň jemi biri-biri bilen arabaglnyşykda bolup we kämilleşdirilip, salgyt hukugynyň özenini düzýärler. Türkmenistanyň esasy Kanunyna (Konstitusiýa) we başga kanunçylyk namalara laýyklykda, aşakda sanalyp geçiljek häkimiýet we dolandyryş guramalarynyň haýsylarynyň

salgytlary girizmäge we ýygnamaga hukugynyň bardygyny we ýokdugyny takyklamaly.

1. Türkmenistanyň Prezidenti.
2. Türkmenistanyň Mejlisi.
3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti.
4. Türkmenistanyň Adalat ministrligi.
5. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi.
6. Geňeşleri.
7. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy.
8. Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti.

**Çözülişi.** Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji, 63-nji we 86-njy maddalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde salgytlary girizmäge, ýygnamaga we ýatyrmaga Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Geňeşleriň hukuklary bar. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Türkmenistanyň maliýe ministrliginiň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň täze salgytlary girizmäge we hereket edýän salgytlary ýatyrmaga, salgyt kanunçylyk namalaryny kabul etmäge ygtyýarlyklary ýok.

Salgytlar girizilende we ýygnalanda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan aýry-aýry gatnaşyjylaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklar we durmuş arabaglanyşyklary hukuk ölçegleri bilen pugta kadalasdyrylýar. Şol bir wagtda, dürli derejedäki ölçeg namalarynda öz beýanyny tapyp, özara arabaglanyşykda bolup we hemişe kämilleşdirilip, bu ölçegleriň jemi salgyt hukugyny düzýär. Salgyt hukugy Türkmenistanyň kanunçylygynda ulanylýan täze düşünje bolany üçin, onuň mazmunynyň we kadalaşdyrylmagynyň usullarynyň, hukuk tebigatynyň we hukugyň aýry pudagyna degişliliginiň anyklanylmagy, häzirki wagtda örän çylşyrymly we şol bir wagtda wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Köpugurly we toplumlaýyn häsiýetli ykdysady gatnaşyklary salgyt hukugynyň mazmunyny şertlendirýärler. Ondan başga-da, salgyt hukugy jemgyýetdäki durmuş arabaglaşyklarynyň özboluşly çygrydyr. Aýdylanlar jemgyýetçilik önümiň bir böleginiň hökmany tölegler görnüşinde döwletiň haýyrna alynmagy bilen döwlet maliýesiniň emele gelmeginiň esasy çeşmesi bolup durýan salgytlaryň ykdysady we jemagat hukuk mazmuny bilen şertlendirilýär. Bu bolsa hukuk kadalaşdyrmasynyň özenini kesgitleýär. Ýöne "salgyt gatnaşyklar" adalgasy kanunçylyk namalarynda seýrek gabat gelýär we hukuga bagyşlanan edebiýatlarda salgyt hukugynyň mazmuny babatynda dürli-dürli pikirler ýöredilýär. Ýokarda aýdylanlardan ugur alyp, biziň pikirimiz boýunça, býujet ulgamyna, göz öňünde tutulan ýagdaýlarda bolsa býujetden daşarky gaznalara edara görnüşli we şahsy taraplar üçin bellenýän we olardan ýygnalýan salgytlar babatynda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklary salgyt hukugynyň mazmuny bolup durýar. Eger-de salgyt çygryna we salgyt-hukuk kadalaşdyrmasyna degişli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny toparlandyrmak mümkin bolýan bolsa, onda olary şu görnüşde beýan etmek maksada laýykdyr:

- döwlet we ýerli salgytlary we başga salgyt tölegleriniň kesgitlenilmegi bilen baglanyşykly gatnaşyklar;
- döwlet we ýerli salgytlary we başga salgyt töleglerini girizmek bilen baglanyşykly gatnaşyklar;
- salgyt önümçiliginde, başgaça salgyt tölegleriniň aýry-aýry görnüşleriniň hasaplanylmagy we tölenilmegi bilen ýüze çykýan salgytlary ýygnamak boýunça gatnaşyklar. Şu topara degişli döwlet guramalary tarapyndan salgyt gözegçiligini amala aşyrmak boýunça gatnaşyklar, şol sanda salgyt dilektleriniň (jenaýatlar we hukuk bozulmalar) ýüze çykmagy we olar boýunça jogapkärçiligiň çekilmegi bilen baglanyşykly gatnaşyklar.

Ýokarda sanalyp geçilen gatnaşyklaryň ählisi biri-biri bilen ýakyn arabaglanyşykda we biri-birini şertlendirýär. Bu bolsa salgytlaryň kesgitlenilmegi, girizilmegi we ýygnalmagy sebäpli salgyt töleýjiler we gaýry taraplar bilen döwletiň arasynda emele gelýän birmeňzeş gatnaşyklaryň ýüze çykýandygy we salgyt hukugynyň mazmunyny aňladýandygy barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Salgyt gatnaşyklarynyň emläk häsiýeti salgyt gatnasyklaryny häsiýetlendirýän alamatdyr. Salgyt borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi döwletiň peýdasyna takyk pul serişdeleriniň geçirilmegini aňladýar. Hukuk ulgamynda salgyt hukugynyň tutýan orny takyklanylanda, hukuk kadalaşdyrma usuly onuň ýene-de bir kriteriýasydyr. **Jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir etmekde ulanylýan hukuk usullarynyň toplumyna we olaryň utgaşdyrylmagyna salgyt hukuk kadalaşdyrmasy diýilýär.**

Hukuk kadalaşdyrmasynda ulanylýan usullaryň her biriniň alamatlandyryjy häsiýeti bar, olaryň toplumyny ulanmagyň netijesinde hukuk reglamentasiýanyň maksatlary üpjün edilýär. Salgyt hukugy bilen kadalaşdyrylýan gatnaşyklara täsir edýän ulgama seljerme geçirip, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň biri tarapyndan döwletiň adyndan çykyş edýän başga taraplara berilýän (subordinasiýa usuly) döwlet-höküm görkezmelerine (merkezi imperatiw) salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan usulynyň esasy alamaty diýip netije çykarmak bolýar. Salgyt töleýjileriň döwletiň býujet ulgamyna ýa-da býujetden daşarky gaznalaryna salgytlary tölemeginiň, ony hasaplamagyň we tölegleriň möçberi, pul serişdeleriniň ulanylyşy barada döwlet-höküm görkezmelerini, salgyt hukugynda ulanylýan usullaryň mysaly hökmünde görkezmek bolar. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylara döwlet-höküm görkezmelerini bermäge wekilçilik edýän döwlet guramalaryna, döwletiň maliýe-ykdysady guramalarynyň biri bolup durýan salgyt

gullugynyň edaralary degişlidirler. Salgyt hukugy diýlip atlandyrylýan düşünjä şeýle kesgitleme bermek bolar. **Salgyt hukugy aýry-aýry ýagdaýlary hasaba almak bilen, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylara täsir edilişiň imperatiw (höküm) usullaryny ulanmak ýoly bilen salgytlary kesgitlemek, girizmek we ýygnamak boýunça jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan maliýe-hukuk ölçegleriniň ulgamydyr.**

Salgyt hukuk ulgamyny häsiýetlendirýän alamatlar:

1. Salgyt hukugy hukuk ölçegleriň jeminden, başgaça bu hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplaryň umumy we hökmany berjaý edäýmeli düzgünleriniň kadalaryndan, şeýle-de döwlet guramalary we wezipeli adamlar üçin doly hukuk ygtyýarlyklaryndan ybaratdyr.

2. Salgyt hukugy anyk salgytlary bellemek, girizmek we olary ýygnamak boýunça emele gelýän gatnaşyklary kesgitlemek üçin ulanylýar.

3. Salgyt hukugy salgyt tölegleri bellemek, girizmek we ýygnamak boýunça jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Býujet serişdelerini paýlamak we ulanmak, salgyt däl tölegleri bellemek we ýygnamak boýunça ýüze çykýan meseleler salgyt gatnaşyklarynyň çäginiň daşynda galýar.

4. Salgyt hukugy edara görnüşli we şahsy taraplaryň salgytlary tölemek boýunça borçlaryny kesgitleýär, şeýle-de salgytlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň düzgünlerini (salgyt önümçiligi), salgyt gözegçiliginiň geçirilişiniň tertibini, salgyt kanunçlygyň bozulandygy üçin jogapkärçilik çäkleriniň ulanylyşyny tertipleşdirýär we ulgamlaşdyrýar.

**Mysal.** Salgyt hukugy hukuk ulgamynyň köpsanly pudaklary bilen ýakyn arabaglanyşykda bolýar. Raýat hukugynyň kadalary salgyt hukuk gatnaşyklaryna degişlilikde ulanylýarmy? Salgyt hukugynyň kadalarynyň jenaýat hukugy bilen arabaglanyşygy we olaryň tebigaty nämeden ybarat? Salgyt hukugy bilen edara ediş hukugynyň

arabaglanyşygy nämeden ybarat? Buhgalteriýa hakyndaky kanuçylygyň kadalarynyň salgyt hukugyna gytaklaýyn täsir edişi nämeden ybarat?

**Çözülişi.** Salgyt hukugy raýat hukugy bilen ýakyn arabaglanyşykda hereket edýär. Mysal üçin, kanunçylykda gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmaýan bolsa, bir tarapyň başga tarapa edara ediş ýa-da başga höküm tabynlygyna esaslanýan emläk, salgyt we başga maliýe hem-de edara ediş gatnaşyklaryna degişlilikde raýat kanunçylygy ulanylmaýar. Diýmek, umumy düzgün boýunça, raýat hukugynyň ölçegleri salgyt gatnaşyklaryna degişlilikde ulanylmaýar. Bu çäklendirmäniň wajyp ähmiýeti bar, sebäbi salgyt gatnaşyklary emläk bilen ýakyn arabaglanyşykda. Her bir ýagdaýda degişli kanunçylygyň ölçeglerini dogry we dürs ulanmak üçin, raýat-hukuk ýa-da salgyt-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň arasynda nähili gatnaşyklaryň bolup geçýändigini anyklamak zerurdyr. Bu gatnaşyklary aýdyň göz öňüne getirmek mümkin bolýan bolsa, onda ähli raýat gatnaşyklary kese tekizlikde, salgyt gatnaşyklar ulgamy bolsa dik tekizlikde ýerleşýärler, üstesine-de kese tekizlik dik tekizligiň sütünidir. Salgyt hukugynyň we jenaýat hukugynyň arabaglaşygynyň ikileýin tebigaty bar. Bir tarapdan, jenaýat hukugynyň ölçegleriniň köpüsi salgyt hukugynyň kadalaşdyrýan binýatlarynyň goralmagyna gönükdirilen. Başga tarapdan bolsa, köp halatda salgyt hukugynyň we salgyt kanunçlygynyň ölçeglerini ulanman, jenaýat kwalifikasiýasyny geçirmek mümkin däl. Salgyt hukugy we edara ediş hukugynyň arabaglanyşygy hakynda salgyt kanunçylygynyň bozulmalary üçin jogapkärçiligiň çekilmegi nukdaýnazary jähtde gürrüň etmek bolar. Salgyt hukuk bozulmalary üçin edara ediş jerimeleriniň ulanylmagy, salgyt hukugynyň kadalaryny ulanman geçirmek mümkin däl. Buhgalteriýa hakyndaky kanunçylygyň kadalary salgytlaryň hasaplanylyşyna gytaklaýyn täsir edýär,

sebäbi buhgalter hasaby salgytlary dogry hasaplamak üçin maglumatlary ýygnamak ulgamy bolup durýar.

### 8.4.48. Salgyt hukugynyň çeşmeleri we salgyt kanunçylygynyň ulgamy

Hukuk-ölçeg namalary, ýagny kanunlar, permanlar, kararlar, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ölçeg resminamalary salgyt hukugynyň esasy çeşmesidir. Turkmenistanyň salgyt kanuçylygynyň ulgamyny salgyt ölçeglerini öz içine alýan dürli derejedäki ölçeg namalarynyň toplumy düzýär. **Salgyt çygrynda emele gelýän aýry-aýry gatnaşyklary kadalaşdyrýan resmi taýdan kesgitlenilen düzgünler salgyt ölçegleri diýlip atlandyrylýar.** Kanunyň adaty takyklanylmagyny hasaba almak bilen, salgyt kanuny döwlet häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilik guramasy (Türkmenistanyň Mejlisi, aýry-aýry ýagdaýlarda bolsa Türkmenistanyň Prezidenti) tarapyndan kabul edilýän ýokary hukuk ölçeg namalaryny we salgyt çygrynda has wajyp jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan ölçegler diňe "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda däl-de, maliýe kanunlarynda we salgyt däl kanunlarynda-da bolup bilýärler. Mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna salgytlar baradaky ýörite kanun diýmek bolar, ýöne, şol bir wagtda "Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny salgyt däl häsiýetli kanun hökmünde-de ykrar etmek bolar. Türkmenistanyň Konstitusiýasy diňe salgyt hukugy däl-de, eýsem hukugyň başga pudaklaryny kämilleşdirmek üçin binýat bolup durýan esasy ölçeg namasydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyn 42-nji maddasynda şeýle bellenilýär: "Her bir adam kanunda bellenen tertipde hem möçberde döwlet salgytlaryny we gaýry tölegleri tölemäge borçludyr". Aýdylanlardan salgyt salmagyň milli ulgamyna degişli iki sany möhüm jümle ýüze çykýar: salgyt salmagyň umumylygy, şeýle-de

salgyt tölegleriň kesgitlenilmeginiň we girizilmeginiň kanuna laýyklygy.

**Mysal.** "Abadan ene" hojalyk jemgyýeti Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt töleýji bolup durýar. Kärhana hasabat ýylynyň awgust aýynyň 13-üne we 28--ine 180 manat (her möhlet boýunça) peýdadan alynýan salgyt boýunça deslapky tölegleri tölemeli. Ýöne hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli, bu möhletler boýunça tölenmeli deslapky tölegler hasabat ýylynyň sentýabr aýynyň 15-inde tölenipdir. Geçirilen resminamalaýyn barlagyň netijesinde, hasabat ýylynyň 9 aýy üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça 820 manat goşmaça salgyt hasaplanypdyr. Baş döwlet salgyt gullugynyň şol ýylyň mart aýynyň 13-ünde çykaran gözükdirmesiniň esasynda (güýje şol ýylyň aprel aýynyň 1-inden girýär) puşmana tölegleriň we maliýe jerimeleriniň möçberi ýokarlandyrylýar: puşmana tölegler 0,05 göterim we salgydyň azaldylyp hasaplanylan jeminden maliýe jerimeleri 42 göterim. Puşmana tölegleriniň jemini we maliýe jerimeleriniň jemini takyklamaly.

**Çözülişi.** "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 4-nji bölüminde: "Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň täze salgytlary belleýän, salgyt möçberini ýokarlandyrýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi güýçlendirýän namalaryň gaýdymlaýyn güýji ýokdur" diýlip bellenýär. Şol sebäpli, Baş döwlet salgyt gullugynyň hasabat ýylynyň mart aýynyň 13-ünde çykaran gözükdirmesiniň güýji ýok.

1.**Puşmana tölegleriň jemi:**

(180 *manat* × 33 *gün* × 0,03% :100% )+(180 *manat* × 18 *gün* × 0,03% :100% ) = 1,8 *manat*+ +1,0 *manat*=2,8 *manat*.

2.**Maliýe jerimeleriniň jemi:**

820 *manat* × 40% :100% =328 *manat*.

**Mysal.** Aşgabadyň "Türkmenmaşyngurluşyk" konserni senenama ýylynyň fewral aýynda amal edilen salgyt salynýan amallar boýunça goşulan baha üçin salgydyň salgyt beýannamasyny mart aýynyň 20-inde tabşyrypdyr. Salgyt beýannamasynda goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi 9000 manat möçberde hasaplanyp çykarylypdyr. Ýöne, hasaplaşyk hasapnamada pul serişdeleriniň ýoklygy sebäpli, salgydyň pul möçberi şol ýylyň aprel aýynyň 18-inde tölenilipdir. Salgyt töleýjileri höweslendirmek we salgytlar boýunça goşmaça eglişik etmek maksady bilen, senenama ýylynyň ýanwar aýynyň 28-inde Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Permanyna laýyklykda (güýje şol ýylyň fewral aýynyň 1-inden girýär) wagtynda tölenilmedik salgytlar boýunça puşmana tölegleri 0,02 göterim möçberinde kesgitlenilýär. Kärhana tarapyndan salgyt beýannamasy esasynda hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň wagtynda tölenilmedik jeminden tölenmeli puşmana tölegleriniň pul möçberini takyklamaly.

**Çözülişi.** "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 4-nji bölüminde: "Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň salgytlary ýatyrýan, salgyt möçberlerini azaldýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny gowulaşdyrýan, salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän namalarynyň, eger-de bu şu namalarda göni göz öňünde tutulan bolsa, gaýdymlaýyn güýji bardyr" diýlip bellenýär. Şol sebäpli, Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Permanynyň güýji bar. Aşgabadyň "Türkmenmaşyngurluşyk" konserni tarapyndan salgyt beýannamasy esasynda hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň wagtynda tölenilmedik jeminden tölenmeli puşmana tölegleriň pul möçberi:

$$9000 \text{ manat} \times 24\text{gün} \times 0{,}02\% : 100\% = 43{,}2 \text{ manat}$$

"Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny salgyt kanunçylygy ulgamynda möhüm orun tutýar. On-

dan başga-da, salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan ölçegleri öz içine alýan kanunlar bar. Mysal üçin, "Býujet ulgamy hakynda" ýa-da "Batmak hakynda". Umuman aýdanyňda, salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan Türkmenistanyň kanunlary öz mazmuny boýunça birmeňzeş däl. Salgyt kanunçylygyny düzýän kanunlar umumy hereket edýän kanunlardan we anyk salgytlar hakyndaky kanunlardan ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny) ybaratdyr. Türkmenistanyň kanunlaryndan başga-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary we Kararlary, şeýle-de buýruklary salgyt kanunçylygynyň esas düzüji çeşmeleri bolup durýarlar. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň buýruklary salgyt kanunçylygynyň özboluşly çeşmesidir. Buýruklaryň, köplenç, köne salgytlary üýtgetmesiz we täze salgytlary girizmesiz ölçeg-hukuk resminamalarda bar bolan ölçegleriň ulanylyşynyň tertibini düşündirýän anyklaýyş we düşündiriş häsiýeti bar.

Bilelikde we salgyt gullugy tarapyndan ýekelikde kabul edilýän ölçeg resminamalary salgyt hukugynyň ýene-de bir çeşmesidir. Adatça Türkmenistanyň maliýe ministrligi, Türkmenistanyň gümrük gullugy we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy bilelikde salgytlaryň ýygnalyşynyň düzgün meselelerini kadalaşdyrýan we tertipleşdirýän gözükdirmeleri, düzgünnamalary we tertipnamalary kabul edýärler. Gözükdirmeler salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibini anyklamak, şeýle-de salgyt gullugynyň içinde guramaçylyk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin düzülýär. Şol bir wagtda, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, Türkmenistanyň Gümrük gullugy düşündiriş häsiýetli buýruklary, gözükdirmeleri we gözükdirme hatlary çap edip bilýärler. Bu buýruklarda, gözükdirmelerde, gözükdirme hatlarynda aýry-aýry salgytlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň tertibiniň

çylşyrymly soraglary düşündirilýär, şeýle-de salgyt gullugy üçin hökmany bolan salgyt kanuçylygynyň anyk ölçegleriniň ulanylyşynyň düzgünleri beýan edilýär. Ýöne, düşündiriş bermegi we maslahat bermegi tapawutlandyrmaly, sebäbi olar şol bir manyny bermeýärler. Berilýän düşündirişler we maslahatlar ölçeg namalary bolup durmaýandygyny we salgyt töleyjileri jogapkärçilige çekmek üçin esas bolmaýandygyny belläp geçmelidir. Ýokarda sanalyp geçilen döwlet guramalary tarapyndan kabul edilýän ölçeg resminamalaryny resminamalaşdyrylmaly bolsa, onda olary Türkmenistanyň Adalat ministrliginde bellige almaly. Jedelli meseleler çözülende, başga resminamalar bilen bilelikde şonuň ýaly resminalar kazyýet tarapyndan resmi resminalar diýlip kabul edilýär. Salgyt salmak meseleleri boýunça başga ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ölçeg namalary hakynda aýdylanda, salgyt gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda bu guramalaryň hiç hili ygtyýarlyklarynyň ýoklugy sebäpli, olar Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy bilen ylalaşyp, diňe öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde resminamalary kabul edip bilýärler.

Milli kanunçylykdan başga-da, salgyt salmagyň çägindäki gatnaşyklary halkara-hukuk ylalaşyklary hem tertipleşdirýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň başga kanunlary halkara hukugynyň milli hukukdan ileri tutulýandygyny kesgitleýär. Eger-de Türkmenistanyň halkara ylalaşyklarynda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan kadalara çapraz gelýän düzgün kabul edilen bolsa, onda halkara ylalaşyklaryň düzgünleri ulanylýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 6-njy maddasynda "Eger-de Türkmenistanyň halkara ylalaşyklarynda şu bitewi Kanunda beýan edilen düzgünlerden başga düzgünler bellenen bolsa, onda halkara ylalaşyklaryň düzgünleri ulanylýar" diýlip bellenilýär.

Salgyt kanunçylygynyň çäginde salgyt kanunçylygynyň giňişlikde, wagt çäginde we taraplaryň toparlary boýunça hereket edişini belläp geçmek gerek. Salgyt olçegleriniň ulanylýan tejribesinde salgyt kanunlarynyň hereket ediş çäkleri hakyndaky meseläniň möhüm ähmiýeti bar. Salgyt ölçeglerini öz içine alýan "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň we başga ölçeg namalarynyň hereket ediş çäkleri **wagt çäginde, giňişlikde (çäkler boýunça) we taraplaryň toparlary boýunça** diýen üç sany esasy ugurlar boýunça takyklanýar.

1. **Wagt çäginde salgyt namalaryň hereket edişi** ölçeg namalaryň güýje girmegi we onuň ýatyrylmagy bilen çäklendirilýär. Kanunlaryň çap edilmegi we güýje girmegi "Ölçeg hukuk namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynda salgyt namalarynyň güýje girmeginiň başga tertibi hem kesgitlenilip bilinýär. Raýatlaryň hukuklary we bähbitleri galtaşýan döwlet guramalarynyň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň ölçeg namalaryna örän wajyp goşmaça talap bildirilýär, has takygy bu namalar Türkmenistanyň Adalat ministrliginde bellige alynmalydyr. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet belligini geçmedik ölçeg namalarynyň, şeýle-de bellige alnan, ýöne kesgitlenilen tertipde çap edilmedik namalaryň hukuk güýji ýok. Güýje girmedik namalar degişli hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak, namalarda görkezilýän görkezmeleriň ýerine ýetirilmändigi üçin raýatlara, wezipeli adamlara we guramalara garşy jerimeleri ulanmak üçin esas bolup bilmeýärler. Jedelli meseleler çözülende, ýokarda görkezilen hukuk namalaryna salgylanyp bolmaýar.

Salgyt ölçeg namalarynyň hereket edişiniň bes edilmegini üç usul bilen geçirmek mümkin:

a) ölçeg namanyň hereket edişiniň kesgitlenilen möhletiniň tamamlanmagy bilen;

b) ölçeg namanyň gös-göni ýatyrylmagy bilen;

ç) şol bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan köne ölçeg namasyna deň ýa-da hukuk güýji has ýokary bolan täze ölçeg namanyň kabul edilmegi, başgaça aýdanyňda hereket edýän ölçeg namasynyň başga ölçeg nama bilen çalşyrylmagy bilen. Şeýle-de kadalaşdyrmaga degişli ýagdaýlaryň aradan aýrylmagy sebäpli ölçeg namalarynyň könelmegi hem mümkin.

2. **Takyk çäk bilen salgyt kanunçylygynyň çäklendirilmegi** salgyt namalarynyň giňişlikde hereket edişini aňladýar. Ölçeg namalary Türkmenistanyň ähli çäginde bitewi we bölünmesiz hereket edýärler.

3. **Taraplaryň toparlary boýunça salgyt ölçeg namasynyň hereket edişini** anyklamak, hukuk ölçeglerinde bellenilen taraplaryň haýsylaryna bu ölçegleriň salgylanandygyny takyklamakdyr. Taraplaryň toparlary boýunça salgyt namalarynyň hereket etmegi ilki nobatda çäk ýörelgesi bilen şertlendirilýär. Oňa laýyklykda Türkmenistana dahylsyz şahsy we edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň çygryna düşýärler. Salgyt kanunlarynyň kadalary türkmen portlarynda bellige alnan gämilere, şeýle-de başga döwletlerde ýerleşýän Türmenistanyň diplomatik wekilhanalaryna we konsullyk edaralaryna hem degişlidirler.

## 8.5.49. Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň gurluşynyň hukuk ýörelgeleri

**Salgyt hukugynyň esasy düzgünlerine, salgyt ulgamynyň mazmunyny takyklaýan onuň başlangyç ugurlaryna, hukugyň pudaklaryna salgyt ulgamynyň gurluşynyň hukuk ýörelgeleri diýilýär.** Ondan başga-da, hukuk taydan üpjün edilmeginden ugur alnyp, salgyt salmagyň hukuk ýörelgeleri umumy we hökmany ähmiýete eýe bolýarlar, hukuk gatnaşyklary ýüze çykanda we kämilleşdirilende olar özboluşly çelgi bolup durýarlar. Diýmek, salgyt

ulgamynyň ýörelgeleri onuň esasy mehanizmleriniň biri we sütünidir. Häzirki wagtda hereket edýän salgyt kanunçylygy ulgamyndan we hukuk tejribesinden ugur alyp, salgyt kanunçylygynyň çäginde salgyt ulgamynyň özenini düzýän salgyt salmagyň alty sany esasy hukuk ýörelgelerini beýan etmek bolýar:

1) salgyt ýükiniň deňlik (bitaraplyk) ýörelgesi;

2) kanun esasynda salgytlary kesgitlemek ýörelgesi;

3) salgyt kanunlarynyň gaýdymlaýyn güýjüni aradan aýyrmak ýörelgesi;

4) salgyt däl kanunlaryň öňünde salgyt kanunlaryny öňe sürmek ýörelgesi;

5) salgyt kanunlarynda salgyt alamatlarynyň ählisini göz öňünde tutmak ýörelgesi;

6) salgyt gatnaşyklary kadalaşdyrylanda we salgyt kanunlary ulanylanda döwletiň, ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň we salgyt töleýjileriň bähbitlerini utgaşdyrmak ýörelgesi.

1. **Salgyt ýüküniň deňlik (bitaraplyk) ýörelgesi** salgytlary tölemegiň ähliumumylygyny we salgyt kanunçylygynyň öňünde salgyt töleýjileriň deňligini göz öňünde tutýar. Salgyt gatnaşyklary çygrynda bu ýörelge eýeçiligiň görnüşlerine, telekeçilik işiniň guramaçylyk-hukuk görnüşlerine, salgyt töleýjiniň ýerleşýän ýerine we olaryň hukuklaryny kemsidýän häsiýetli başga esaslara baglylykda goşmaça salgytlary girizmäge, şeýle-de salgytlar boýunça ýokarlandyrylan salgyt möçberlerini kesgitlemägi gadagan edýär. Salgytlara we salgyt salynmaga degişli edebiýatlarda bu ýörelge salgyt salmagyň bitaraplyk ýörelgesi diýlip atlandyrylýar, oňa laýyklykda her bir salgyt töleýji kanunda kesgitlenilen salgytlary tölemäge borçludyr.

2.**Kanun esasynda salgytlary kesgitlemek ýörelgesiniň** şu düzgüni bar: salgytlar döwlet häkimiýetiniň ygtyýarly guramalary, ýagny Türkmenistanyň Mejlisi we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan girizilmelidir.

3. Salgytlary tölemek boýunça borçlary salgyt töleýjileriň üstüne ýükläp, döwlet olaryň goralmagyny we bikanun salgytlary we ýygymlary tölemekden kepillendirýär hem-de täze salgytlary girizýän we salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny ýaramazlaşdyrýan kanunlaryň **gaýdymlaýyn güýjüniň ýokdugyny kesgitleýär.**

4. **Salgyt däl kanunlaryň öňünde salgyt kanunlaryny öňe sürmek ýörelgesi** salgyt hukugynyň esasy ýörelgesiniň biridir. Bu ýörelge salgyt gatnaşyklaryna degişli ölçegler salgyt däl kanunlarynda bar bolan ýagdaýynda, olar diňe salgyt kanunçylygynda öz beýanyny tapýan bolsa we bu kanunçylyk bilen tassyklanylan ýagdaýynda ulanyp boljakdygyny aňladýar. Diýmek, ölçegleriň kolliziýasynda (garşyma-garşylykda) salgyt kanunçylygynyň kadalary ulanylýar.

5. **Salgyt kanunlarynda salgyt alamatlarynyň ählisini göz öňünde tutmak ýörelgesi** salgyt hukugynda möhüm orun tutýar. Salgyt kanunçylygynda salgydyň alamatlarynyň diňe biriniň ýoklugy, salgydy tölemek boýunça salgyt töleýjiniň borçlarynyň kesgitlenilmändigini aňladýar. Diýmek, salgyt töleýjiniň bu salgydy tölemekden boýun gaçyrmaga hukugy bardyr. Salgyt töleýjiniň borçlaryny takyklamak maksady bilen bu ýörelgä laýyklykda, salgyt kanunçylygy salgyt töleýjini (salgydyň subýektini), salgydyň binýadyny we onuň çeşmesini, salgyt salmagyň birligini, salgydyň möçberini (salgyt salmagyň ölçegini), salgydyň býujete tölenýän möhletlerini kesgitleýär we takyklaýar.

6. Salgyt gatnaşyklary hukuk taýdan kadalaşydyrylanda we salgyt kanunlary ulanylanda **döwletiň, ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň we salgyt töleýjileriň bähbitlerini utgaşdyrmak ýörelgesi** her bir salgyt ulgamyna we her bir salgyt kanunçylygyna mahsusdyr. Bu ýörelge Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň başga kanunlarynyň ölçegleriniň toplumyndan gelip çykýar. Şonuň bilen birlikde, bu ýörelge salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukuklarynyň

deň däldiklerini aňladýar. Mysal üçin, olaryň hukuklarynyň deň däldigi salgydyň tölenmän galan bölegi we maliýe jerimeleri tutup alnanda ýa-da býujete artyk tölenen salgytlar gaýtaryp berlende ýüze çykýar.

**Mysal.** Salgytlar býujet girdejileriniň ýeke-täk çeşmesi däldir. "Býujet ulgamy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasynda "Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileri kanuny we başga kanuny namalarda kesgitlenilen maliýe ýylynyň dowamynda gelip gowuşýan şahsy we edara görnüşli taraplaryň töleýän salgytlaryndan, ýygymlaryndan we başga hökmany tölenýän töleglerinden, gaýry çeşmelerden düşýän girimlerden emele gelýär" diýlip nygtalýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, haýsy tölegler salgyt däl usuly bilen ýygnalýar?

**Çözülişi.** Salgytlardan başga-da, döwlet býujetiniň girdejilerini emele getirmekde döwlet gaznasyna tölenýän dürli görnüşli ýygymlaryň we tölegleriň möhüm ähmiýeti bar. Mysal üçin, olara ygtyýarnama (lisensiýa) bermek üçin ýygym, bellige almak üçin ýygym, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň alýan peýdasy degişlidirler. Ondan başga-da, edara görnüşli taraplar dürli görnüşdäki gaznalara, mysal üçin, Aşgabat şäherini ösdüriş döwlet gaznasyna, Türkmenistanyň Oba hojalygyny ösdüriş döwlet gaznasyna tölegleri geçirýärler, köpgörnüşli tarifleri we başga hökmany tölegleri töleýärler.

Häzirki wagtda döwlet gaznasyna tölenýän salgytlaryň, ýygymlaryň we tölegleriň köpsanly görnüşleriniň arasynda salgytlary we salgyt däl tölegleri kesgitlemegiň möhüm ähmiýeti bar. Ykdysady we hukuk häsiýeti bar bolan salgytlar toplumlaýyn düşünje, şol sebäpli bu ykdysady kategoriýa kesgitlenilende belli bir derejede kynçylyklar ýüze çykýar. Ykdysady kategoriýa hökmünde hereket edýän salgytlara seljerme geçirilende, onda salgytlary döwlet tarapyndan kesgitlenilen tölegleriň we ýygymlaryň düzüminden bölüp aýyrmak, şeýle-de başga ýygymlaryň, paçlaryň we tölegleriň

arasynda olaryň tapawutlandyryjy alamatlaryny kesgitlemek örän çylşyrymly. Halkara salgyt tejribesinde salgydy hukuk taýdan kesgitlemegiň meselelerini çözmek boýunça iki sany çemeleşme işlenip düzüldi:

1. **Giňişleýin çemeleşmede** salgyt diýilýän düşünjä jemagat çykdajylaryny maliýeleşdirmek üçin islendik serişdeler degişli edilýär. Şonuň ýaly çemeleşmede her bir töleg, tarif we başga pul geçirmeleri salgyt diýilýän düşünjä laýyk gelýär.

2. **Gysby çemeleşme** salgytlary takyk talaplara laýyk gelýän fiskal tölegleriniň bir görnüşi hökmünde takyklamaga mümkinçilik berýär. Salgyt we salgyt däl tölegleriň umumy alamatlaryna kanun tarapyndan olary ýygnamagyň we tölemegiň tertibi we şertleri, tölegleri tölemegiň hökmanlygy, ýygymlary almagyň mejburlygy, býujet we býujetden daşarky gaznalar bilen tölegleriň arabaglanyşygy, şeýle-de tölenýän tölegleriň deň derejesizligi degişlidir. Aýdylanlaryň esasynda salgyt hukuk kategoriýasyna şu kesgitlemäni bermek bolýar: salgyt-bu býujete tölenýän we döwletiň salgyt ulgamyna gös-göni goşulýan ýa-da salgyt kanunçylygynyň namalarynyň esasynda kesgitlenilýän tölegdir.

**Mysal. Salgyt däl tölegler (kwazi salgyt) bu hökmany tölegdir, ýöne bu tolegler döwletiň salgyt ulgamyna goşulmaýar we salgyt kanunçylygy bilen däl-de, gaýry kanunçylyk namalaryň esasynda girizilýär.** Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde kwazi salgytlaryň haysy görnüşleri hereket edýärler?.

**Çözülişi.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, kwazi salgytlara býujetden daşarky gaznalara tölenýän tölegler, döwlet paçlary, edara görnüşli taraplary bellige almak üçin tölegler, daşarky gurşawy hapalaýandygy üçin ekologiýa tölegleri we ş.m. degişlidirler. Bir gezek alynýan döwlet ýygymlary-bu adatdan daşary tertipde, şeýle-de jeza beriş görnüşinde döwlet tarapyndan alynýan

töleglerdir. Emläge, pul serişdelerine we gaýry gymmatlyklara bolan eýeçilik hukugynyň döwletiň haýryna mejbury alynmagyny (rekwizasiýa), döwletiň haýryna geçirilmegini (konfiskasiýa) bir gezek alynýan döwlet ýygymlary hökmünde mysal getirmek bolar. Türkmenistanyň kanunçylygy jerimeleriň alynmagyny hem göz öňünde tutýar. Salgytlar bilen jerimeleriň arasynda ýüze çykýan tapawutlyklary, olaryň alynylyşynyň aýratynlyklaryndan gözlemeli. Milli girdejiniň gaýtadan paýlanylmagy, salgytlaryň ýüze çykmagynyň sebäplerini, aýry-aýry hukuk bozulmalary bolsa jerimeleri tölemegiň sebäplerini şertlendirýär.

"Salgyt" ykdysady kategoriýasy bilen birlikde, kanunçylykda, ýörite edebiýatda we salgyt salmak tejribesinde köp halatda "ýygym", "paç", "salgyt däl ýygym", "salgyt tölegi" diýlip atlandyrylýan adalgalar ulanylýar. Hakykatdan hem, "salgyt" diýilýän düşünjä köpsanly başga adalgalar-da gabat gelýär we olaryň arasynda olara degişli şu adalgalary sanap geçip bolar:

- goşmaça tölegler: harytlaryň aýry-aýry toparlaryndan (piwo, temmäki önümleri, benzin we ş.m.) alynýan goşmaça tölegler;

- ygtyýarnama (lisenziýa) bermek üçin ýygym: ygtyýarlandyrylýan işiň aýry-aýry görnüşleri bilen meşgullanmak üçin berilýän rugsatnama;

- salgyt: goşulan baha üçin salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy.

Umuman aýdanyňda, "salgyt", "ýygym", "paç" sözler manydaş (sinonim) sözlerdir, sebäbi olar şol bir manyny berýärler we aýry-aýry ýagdaýlarda olaryň ulanylmagyny diňe sözlemleriň gurluşynyň adaty tejribesi bilen düşündirip bolýar. Şonuň bilen birlikde, salgytlaryň, ýygymlaryň we başga tölegleriň arasynda nazaryýet häsiýetli tapawutlyklarynyň bardygyny bellemän geçip bol-

maz, sebäbi býujete ýygnalýan aýry-aýry tölegler babatynda ýüze çykýan gatnaşyklary hukuk taýdan kadalaşdyrmakda özboluşlylyk hemişe-de bar.

"Salgyt" adalgasyna, köplenç, garşylyklaýyn talaplary kanagatlandyrmasyz salgyt töleýji tarapyndan yzygiderli tölenýän töleglere düşünilýär. Ýygymlar we paçlar hakynda aýdylanda bolsa, onda olar kanun esasynda kesgitlenilen hyzmatlaryň amal edilmegi bilen tölenýän bolsalar-da, olar hyzmatyň bahasy ýa-da onuň düzüm bölegi bolup durmaýarlar. Ýygym gatnaşmaga hukuk almak (tender), haýsam bolsa-da bir zatdan peýdalanmaga hukuk ýa-da işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmaga hukuk almak üçin döwlet guramalary tarapyndan ýygnalýan tölegdir. Paç döwlet guramalary tarapyndan hereketleriň takyk görnüşleriniň amala aşyrylmagy üçin ýygnalýan tölegdir. Ýokarda bellenip geçilen alamat paçlary we ýygymlary salgytdan tapawutlandyrýan ilkinji alamatdyr.

Amal edilýän hyzmatlar üçin degişli döwlet guramasy ýa-da edarasy bilen hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan aýry-aýry şahsy ýa-da edara görnüşli taraplardan tölegleriň alynmagy, ýygymlaryň we paçlaryň ikinji tapawutlandyryjy alamatydyr. Diýmek, paçlary we ýygymlary tölemegiň hökmanylygy, paçlary we ýygymlary töleýjileriň hyzmatlary saýlap almaga olaryň erkin hereketleriniň netijesinde ýüze çykýar. Salgydy tölemek boýunça borçlar bolsa, salgyt töleýjide salgyt salynýan binýadynyň ýüze çykan ýagdaýynda islendik pursatda emele gelip bilýär.

Ýokarda aýdylanlar, sanalyp geçilen tölegleriň "salgyt" diýilýän ykdysady kategoriýasyna umumy degişliliginiň ýokdugyny aňlatmaýar. Salgytlary, ýygymlary, paçlary we gayy tölegleri differensirlemek şertlidir. Bu düşünjeleri çürt-kesik çäklendirmek käbir halatda örän çylşyrymlydyr. Salgydy häsiýetlendirmek üçin, hukuk gatnaşyklarynyň düzüm bölegi hökmünde onuň hereket etmeginiň şertlerini we tertibini takyklaýan özboluşly hukuk alamatlaryny

anyklap çykarmak zerurdyr. Salgytlary kesgitlemegiň we girizmegiň kanuna laýyklygy, şeýle-de kanunçylyk namalarynyň takyklaýan şertlerinde we tertibinde olaryň ýygnalmagy, salgydyň başga bir naýbaşy alamatlarynyň biridir. Salgyt-hökmany tölenýän tölegdir, başgaça aýdanyňda hereket edýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgyt töleýji takyk şertlerde salgydy hökmany ýagdaýda tölemäge borçludyr.

Salgydy tölemegiň hökmanylygy, salgyt, hukuk goraýjy we kazyýet guramalarynyň wekilçiliginde döwletiň kuwwaty bilen üpjün edilýär. Bu bolsa salgydy tölemegiň meýletinliginiň däl-de, mejbury häsiýetiniň bardygyna şaýatlyk edýär. Mejbury etmek we jerimeler ulgamy salgyt töleýjä salgytlary tölemek boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmek üçin degişli täsir edýär.

Salgyt pul görnüşinde tölenýär. Hereket edýän kanunçylygyň umumy düzgünlerine laýyklykda salgytlaryň emläk görnüşinde tölenilmegi göz öňünde tutulmaýar. Salgydyň pul görnüşinde tölenilmegi, onuň ykdysady mazmuny bilen şertlendirilýär. Salgydy tölemek boýunça salgyt töleýjiniň borjy bir binýatlygy bilen häsiýetlendirilýär, sebäbi salgydyň diňe pul görnüşinde tölenilmegi umumy düzgüne laýyklykda onuň borjunyň degişli berjaý edilýändigine şaýatlyk edýär (salgydy tölemegiň, býujet hakynda başga şertleriň berjaý edilmeginde). Salgytlar boýunça berginiň üzülmedik bölegi bolan ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň emläginiň berginiň hasabyna alynmagy hem kadadan çykmagy aňlatmaýar, sebäbi ahyrky netijede (emläk ýerleşdirilenden soň) salgyt býujete pul görnüşinde tölenýär. Käbir halatlarda salgydy pul däl görnüşinde tölemäge-de rugsat berilýär, ýöne pul däl görnüşde salgytlaryň tölenilmegi adaty däl.

Salgytlaryň birtaraplaýyndygyny, deň derejesizdigini we gaýtaryp bermesizdigini häsiýetlendirýän onuň tölenilmeginiň öwezini dolmasyzlygy salgydyň wajyp ala-

matydyr. Umuman aýdanyňda, salgyt görnüşinde tölenýän pul serişdeleri salgyt töleýji üçin garşylyklaýyn öwezini dolmasyz döwlet býujetine geçirilmeginiň muzdsuzdygyny aňladýar. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegi birtaraplaýyndyr we salgyt hukuk gatnaşyklar ulgamynda diňe bir tarap borçludyr-ol hem salgyt töleýjidir. Salgyt we salgyt däl tölegleri býujete ýygnap, döwlet salgyt töleýjiniň öňünde garşylyklaýyn borçnamalary öz üstüne almaýar we onuň peýdasyna hiç hili hereketleri amala aşyrmaýar. Şol bir wagtda, salgydy töläp, salgyt töleýji hiç hili hukuk almaýar. Ýöne bu aýdylanlara gysga manysynda düşünmeli, başgaça aýdanyňda salgyt tölenende salgyt töleýji üçin göni bähbit we artykmaçlyklar ýokdur. Salgyt töleýjiniň döwletden dürli eşretleriniň alýandygyny hakykatyň hatyrasyna belläp geçmelidir. Mugt bilim, mugt gaz, suw, elektroenergiýa ýa-da hukuk goraýjy guramalary tarapyndan özleriniň goralmagyna mümkinçilik almak, döwlet býujetinden dotasiýa (käbir çykdajylary ödemek üçin edaralara, kärhanalara döwlet tarapyndan goýberilýän pul kömegi) berilýän jaý-jemagat hyzmatlaryndan peýdalanmak we ş.m. muňa mysal bolup biler. Ondan başga-da, salgyt töleýji haýsy bolsa-da bir zatdan peýdalanmak üçin hukuk alýar (degişli ýygym tölenen soň), şeýle-de döwlet tarapyndan oňa hyzmat edilýär (paç tölenen soň). Galyberse-de, salgytlar deň derejesiz we jemgyýetçilik eşretlerinden alynýan bähbidiň gymmady salgyt töleýji tarapyndan tölenilen salgytlaryň ululygyna deň däldir.

**Tölenilen salgydyň gaýtyryp bermesizligi** salgydyň öwezini dolmasyzlyk alamatynyň ýene-de bir aýratynlygydyr. Salgyt kanunçylygynda salgyt töleýji üçin kesgitlenilen ýeňillik bolan ýagdaýynda ýa-da salgyt býujete nädogry tölenen (salgytlar boýunça artykmaç tölenen jemler) ýagdaýlarynda, salgyt töleýjä salgyt yzyna gaýtaryp berilýär. Salgytlaryň abstrakt (howaýy) töleglerdigini belläp geçmelidir, sebäbi salgytlar döwlet býujetine tölenilende

olaryň maksatly gönükdirmesi ýok. Salgytlary ýygnamagyň abstrakt alamaty, býujet girdejileriniň hususylaşdyrmagyny (ýöriteleşdirmäge) gadagan etmekde býujet-hukuk ýörelgesine esaslanýar. Bu bolsa salgyt girdejileri döwlet çykdajylarynyň anyk görnüşleri üçin niýetlenilmeýändigini aňladýar. Başga söz bilen aýdanyňda, döwlet çykdajylarynyň amala aşyrylmagy, salgyt tölegleriň aýry-aýry görnüşleri bilen şertlendirilmeli däl. Bu ýörelge býujetiň ähliumumylyk we bitewlik hakynda maliýe hukugynyň binýat düzgünlerinden gelip çykýar. Bitewi býujet döwlet çykdajylarynyň we salgyt girdejileriniň takyk görnüşleriniň arasynda ýakyn arabaglaşygyň emele gelýändiginden habar berýär. Bu hadysanyň döwlet çykdajylarynyň ranjirlenilmegininiň (ähmiýetine, zerurlygyna görä) emele gelmegine we çykdajylary "galyndy ýörelgesi" esasynda maliýeleşdirmäge getirmegi mümkin. Pul serişdeleri döwletiň ähli hajatlarynyň üstüni ýapmak üçin geçirilýär. Ilkibaşda döwlet býujetiniň girdejiler bölegi emele gelýär, soňra bolsa pul serişdeleri çykdajylaryň aýry-aýry maddalary, ýagny ykdysady we durmuş meýilnamalaryny maliýeleşdirmek, saglygy goraýyş we bilim ulgamlaryny saklamak, milli howpsuzlygyny we döwletiň goralşyny üpjün etmek üçin we.ş.m. ugurlar boýunça gaýtadan paýlanylýar.

## 8.6.50. Salgyt töleýjileriň hukuklarynyň we borçlarynyň, salgyt gullugynyň işgärleriniň hereketlerini Türkmenistanyň hukuk kanunçylygy esasynda üpjün edilmegi

Salgyt gullugynyň işgärleriniň we onuň wezipeli adamlarynyň köpsanly hukuklarynyň bolmagyna garamazdan, edara görnüşli we şahsy taraplar tarapyndan salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine geçirilýän barlagyň netijeleri boýunça salgyt gullugynyň hünärmenleriniň çykarýan kararlaryna umytsyzlyk bilen garamaly däl. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda ýa-da

Türkmenistanyň Döwlet Gümrükhanasynda adaty adamlar işleýärler we mälim bolşy ýaly, bu adamlar hem ýalnyşyp bilýärler. Ýöne şonuň bilen birlikde, salgyt töleýji howaýy şikaýat etmekden ýa-da "töwekgelçilikli" kazyýetleşmekden daş durmalydyr. Howaýy, esassyz dawaçyllyk göz öňünde tutulmadyk çykdajylardan başga hiç kime, hiç haçan we hiç hili bähbit bermeýär. Haçan-da salgyt töleýji özüniň mamladygyna berk ynanýan bolsa we degişli salgyt gullugynda ýa-da kazyýetde (Araçy kazyýetinde) ony subut etjekdigine ynamy bolsa, onda adalatlylygy talap etmeli.

Salgyt gullugy telekeçiniň ýa-da edara görnüşli tarapyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişini barlap, salgydyň hasaplanylyşynda kemçilik tapyp, salgydyň tölenmeli jeminiň tölenmän galan bir bölegini kesgitläp, degişli býujete tölenmeli salgytlaryň we başga hökmany tölenmeli tölegleriň wagtynda tölenmändigini kesgitleýär we kanuna laýyklykda ykrarhaty ýazýar. Netijede telekeçi ýa-da edara görnüşli tarap salgyt kanunçylygynyň bozandygy üçin jogapkärçilige çekilýär. Barlagyň şonuň ýaly netijesi, barlanýanlar üçin, köplenç kabul ederlikli däl, üstesine-de, eger-de salgytlaryň ählisi we býujete tölenmeli başga hökmany tölegler öz wagtynda we doly tölenilendigi hakynda onuň ynamy bar bolsa. Bu ýagdaýda (telekeçi ýa-da edara görnüşli tarap) salgyt gullugynyň hünärmeni ýalňyşlyk goýberipdir diýip salgyt töleýjide ynam bar, bu ynam bolsa, köplenç esasly. Netijede salgyt töleýji jogapkärçilige bikanun çekilýär. Köp halatda, şonuň ýaly salgyt töleýjide salgyt gullugynyň işgärleriniň hereketleriniň we çykarýan netijeleriniň nädogrudygyny esaslandyryp subut etjekdigine we özüniň mamladygyny islendik ýerde gorap biljekdigine ynam bolýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy bu ýagdaýda özüniň emläk hukuklaryny goramak üçin, salgyt töleýjilere ýokarda duran salgyt gullugyna we gös-göni kazyýet guramalaryna ýüz tutmagy maslahat berýär.

Birinji ýagdaýda salgyt töleýji degişli şikaýaty barlag geçiren salgyt gullugyna berýär. Salgyt gullugy bu şikaýata seretmeli we şikaýatyň berlen gününden başlap bir aýyň dowamynda karar çykarmaly. Çykarylan karar öz nobatynda bir aýyň dowamynda ýokarda durýan salgyt gullugyna berlip bilner. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 86-njy maddasynyň 1-nji bölüminde şeýle bellenýär: "Esasly sebäbe görä görkezilen möhlet berjaý edilmedik ýagdaýynda, şikaýat eden tarapyň ýüz tutmasy boýunça bu möhlet ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan uzaldylyp bilner". Salgyt gullugynyň hereketleri barada ýokarda duran salgyt gullugyna şikaýat edilende we bu guramalar şikaýaty kanagatlandyrmakdan we başga karar kabul etmekden boýun gaçyrsalar, onda salgyt töleýjä temmi bermek hakynda karary gös-göni kabul eden salgyt gullugyna garşy salgyt töleýjiniň talap arzasy bilen Araçy (arbitraj) kazyýete onuň ýerleşýän ýeri boýunça ýüz tutmaga haky bardyr.

Ikinji ýagdaýda salgyt töleýji dessine kazyýete ýüz tutup bilýär, sebäbi hereket edýän kanunçylyga laýyklykda gyzyklandyrma bildirýän islendik tarap öz bähbitlerini we hukuklaryny goramak üçin kesgitlenilen tertipde kazyýete ýüzlenmäge haklydyr. "Salgyt gullugynyň çözgütlerinden we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat etmek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär. Şikaýata seretmegiň netijeleri boýunça kazyýet tarapyndan öň hasaplanan pul möçberleriniň we ulanylýan maliýe jerimeleriniň, şeýle hem puşmana tölegleriniň üýtgedilmäge degişlidigi hakynda çözgüt kabul edilse, barlagyň ykrarhaty boýunça kabul edilen karar ýatyrylmaga degişlidir we täze karar kabul edilýär" diýlip "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 87-nji maddasynda bellenýär.

Telekeçilik we ykdysady işiň çäginde edara görnüşli we şahsy taraplaryň bozulan ýa-da jedeleşýän hukuklaryny

we kanuny bähbitlerini goramak hakyndaky işler, köplenç Araçy (arbitraj) kazyýetinde seredilýär. Kazyýetde seretmäge degişli ilkinji derejedäki işleriň kazyýetleriň arasynda paýlanylmagy, başgaça aýdanyňda bu işi çözmäge degişli kazyýetiniň anyklanylmagy hökmanydyr. Türkmenistanda umumy tabynlygyndaky kazyýetler (welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça kazyýetler) ilkinji derejedäki kazyýetleriň wezipelerini ýerine ýetirýärler. Şonuň bilen birlikde, talap arzasy Araçy kazyýete jogapkär tarapyň (bu ýerde salgyt gullugy) ýerleşýän ýeri boýunça berilýär.

Edara görnüşli tarapyň aýrybaşgalanan düzüm bölegininiň işinden gelip çykýan edara görnüşli tarapa bildirilýän talap, aýrybaşgalanan düzüm bölegininiň (bu ýagdaýda döwlet guramalary hem edara görnüşli tarap bolup durýandygyny ýatdan çykarmaly däl) ýerleşýän ýeri boýunça berilýär. Edara görnüşli taraplaryň we raýatlaryň batandygy (bankrot) hakyndaky işler bergidaryň ýerleşýän ýeri boýunça seredilýär. Şonuň ýaly ýagdaýlarda, köplenç, salgyt töleýji anyk salgyt gullugyna ýa-da onuň wezipeli adamlaryna garşy talap arzasy bilen kazyýete ýüz tutýar. Talap arzasy Araçy kazyýete ýazmaça görnüşde berilýär, oňa talapkär ýa-da onuň wekillendiren tarapy gol çekmelidir.

Talap arzasynda şular görkezilýär:

- talap arzasy berilýän Araçy kazyýetiň ady;
- işe gatnaşýan taraplaryň atlary, olaryň poçta salgylary;
- eger talap bahalanmaga degişli bolsa, onda talapyň bahasy;
- talap arzasyny esaslandyrýan ýagdaýlar;
- talap arzasynyň esaslydygyny tassyklaýan subutnamalar;
- üzdürilýän ýa-da jedelleşýän pul möçberiniň hasaplamasy;
- kanuna ýa-da başga ölçeg hukuk namalaryna salgylanmak bilen talapkäriň talaplary;

- goşulýan resminamalaryň sanawy;
- jedeli dogry we dürs çözmek üçin başga maglumatlar (eger olar zerur bolsa, şeýle-de talapkärde bar bolan towakganamalary).

Salgyt kanunçylygynyň talaplarynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik salgyt töleýjiniň (salgyt belligine alnan tarap) we salgyt töleýjiniň wezipeli adamlarynyň üstüne ýüklenýär. Salgyt töleýji aşakdakylar üçin jogapkärçilik çekýär:

- salgyt beýannamalarynda we salgyt hasabatlarynda görkezilen salgyt borçnamalarynyň dogry we dürs hasaplanylyşy üçin;
- salgyt borçnamalarynyň öz wagtynda ýerine ýetirilişi üçin. Eger-de kesgitlenilen möhletlerde salgydyň pul möçberi tölenmedik bolsa, onda salgyt töleýjä salgydyň tölenmedik her bir güni üçin salgydyň hakyky tölenen gününe çenli puşmana tölegleri hasaplanýar;
- salgyt hasabatlary wagtynda tabşyrylmandygy üçin;
- salgyt borçnamalary bilen baglanyşykly salgyt derňewleriniň geçirilmegine päsgel berilmegi üçin.

Salgyt töleýji tarapyndan salgyt kanunçylygynyň islendik talaplary ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň hukuk jogapkärçiligi ýüze çykýar. Jogapkärçiligiň çägi-iň pes iş hakynyň 5 essesi çenli möçberde maliýe jerimedir. Mysal üçin, "Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary barada" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 167-nji maddasynyň 1-nji bölümine laýyklykda, edara görnüşli tarapy döretmesiz telekeçini döwlet belligine we salgyt hasabyna almak üçin zerur bolan maglumatlar we resminamalar raýatlar tarapyndan nädogry berlende, wezipeli adamlara iň pes iş hakynyň ikiden üç essesi çenli möçberde maliýe jerime hasaplanýar. Býujete, şeýle-de býujetden daşarky gaznalara tölenýän salgytlaryň we başga hökmany tölegleriň öz wagtynda we doly tölenmezligine sebäp bolan buhgalter hasabynyň we salgyt salynýan binýatlarynyň

hasaba alnylyşynyň kesgitlenilen tertibiniň bozulmagy we başga bozulmalar ("Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary barada" bitewi Kanunyň 167-nji maddasynyň 5-nji bölüminden başga) üçin iň pes iş hakynyň birden iki essesi çenli möçberinde maliýe jerimeleriniň hasaplanylmagyny göz öňünde tutýar ("Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary hakynda" bitewi Kanunyň 167-nji maddasynyň 2-nji bölegi). Maliýe jerimeleri salnandan soň, edil şonuň ýaly hereketler senenama ýylynda ikilenç gaýtalanan ýagdaýynda, maliýe jerime iň pes iş hakynyň ikiden dört essesine çenli möçberde hasaplanýar. Salgytlary we başga hökmany tölegleri hasaplamak we tölemek meseleleri boýunça salgyt gullugynyň we onuň wezipeli adamlarynyň talaplary edara görnüşli taraplaryň ýolbaşçylary we wezipeli adamlary, şeýle-de raýatlar tarapyndan ýerine ýetirilmese we salgyt gullugynyň işgärleriniň kanuny hukuklaryna garşylyk görkezilende, maliýe jerime iň pes iş hakynyň birden dört essesine çenli möçberde kesgitlenilýär ("Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary hakynda" bitewi Kanunyň 167-nji maddasynyň 3-nji bölümi). Üç senenama aýynyň dowamynda edara görnüşli taraplar tarapyndan telim gezek salgytlar öz wagtynda tölenmedik ýagdaýynda, maliýe jerime wezipeli adamlara iň pes iş hakynyň üçden bäş essesine çenli möçberde kesgitlenilýär.

Ýokarda görkezilen bozulmalar üçin wezipeli adamlaryň jogapkärçiligi "Edara ediş jogapkärçiligi hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda hem göz öňünde tutulýar. Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalar hakyndaky işler "Edara ediş jogapkärçiligi hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny tarapyndan kesgitlenilýän tertip boýunça alnyp barylmaly. Mysal üçin, hukuk bozulmalary protokol esasynda maliýe jerimeleri hakyndaky kararyň çykarylmagy bilen resmileşdirilmeli. "Edara ediş jogapkärçiligi hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny çykarylýan kararlara şikaýat etmegiň, olaryň ýerine ýetirilmeginiň

tertibini kesgitleýär, kararyň ýerine ýetirilişiniň dowamlylygyny takyklaýar.

Salgyt töleýjiniň wezipeli adamlarynyň "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda kesgitlenilen jogapkärçilikden başga, wezipeli adamlar Jenaýat bitewi Kanunyna laýyklykda, salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin jenaýat jogapkäçiligini hem çekýärler. Salgyt kanunçylygynyň kadalaryny bozandygy üçin jenaýat jogapkärçiligi şahsy taraplar-salgyt töleýjiler we hususy telekeçiler üçin hem göz öňünde tutulýar. Jogapkärçiligi kesgitlemek bilen bilelikde, salgyt kanunçylygy salgyt borçnamalary üzdürmegiň ýollaryny hem takyklaýar. Häzirki wagta çenli kabul edilen kanunçylyk namalardan ugur alyp, şu aşakdakylar kesgitlenilýär:

1. Salgydyň tölenmedik böleginiň pul möçberiniň üzdürilmegi, bergidar salgyt töleýjä eýeçilik ýa-da hojalygy alyp barmak hukuk esasynda oňa degişli emläge gönükdirilýär. Bergini üzdürmek hakyndaky kararyň kabul edilýän pursadyna çenli Araçy kazyýet tarapyndan kärhananyň batandygy (bankrot) hakynda iş gozgalan bolsa, salgydyň tölenmedik bölegi üzdürilmeýär.

2. Salgyt töleýjiniň we onuň debitorlarynyň bank hasaplarynda pul serişdeleri bolmadyk ýagdaýynda, salgydyň tölenmedik böleginiň pul möçberi salgyt töleýjiniň nagt pul serişdeleriniň, şol sanda daşary ýurt pulunyň, olar bolmanda ýa-da ýeterlikli bolmanda salgyt töleýjiniň tekliplerini göz öňünde tutmak bilen emlägiň islendik görnüşiniň hasabyna üzdürilýär. Nagt pul serişdeleri we emläk salgyt gullugy tarapyndan alynýar we oňa ykrarhaty düzülýär. Ykrarhata salgyt gullugynyň hünärmenleri we salgyt töleýjiniň wekili gol çekýärler. Şonuň bilen birlikde, emlägiň dürli görnüşlerinden berginiň üzdürilmeginiň nobatlylygy kesgitlenilýär.

3. Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgydyň tölenmedik böleginiň pul möcberini üzdürmek hakyndaky

karar salgyt töleýjiniň salgyt hasabyna alnan ýeri bolan etrap, şäher, welaýat boýunça döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň wekilçiliginde salgyt gullugy tarapyndan kabul edilýär. Salgydyň tölenmedik böleginiň pul möçberini üzmek hakynda salgyt gullugynyň ýazmaça talabynyň salgyt töleýji tarapyndan kanagatlandyrylman ýa-da jogapsyz galdyrylmagy, şonuň ýaly kararyň çykarylmagynyň esasy şertidir. Salgydyň tölenmedik böleginiň pul möçberini doly üzmek, şeýle-de emlägi bahalamak, saklamak we ýerleşdirmek üçin ýeterlikli emlägiň göwrümi salgyt töleýjiniň elinden alynmaga degişlidir.

4. Salgyt töleýjide pul serişdeleri bolmadyk ýagdaýynda, salgydyň tölenmedik böleginiň pul moçberiniň öwezini dolmak üçin salgyt töleýjiniň elinden emläginiň alynmagy şu ýagdaýlarda rugsat berilýär:

- emlägiň hasabyna salgydyň tölenmedik böleginiň pul möçberini üzdürmek boýunça edara ediş ýa-da kazyýetde jedelleşmek tertibinde kabul edilýän kararlara şikiýat etmek üçin kesgitlenilen möhletleriň geçirilmegi bilen;

- salgyt töleýjiniň arzalary, talaplary we talap arzalarynyň ýokardaky duran salgyt gullugy we Araçy kazyýet tarapyndan (şol sanda kassasion tertibinde) seredilmän galmagy bilen;

- salgyt gullugyna salgyt töleýji tarapyndan şonuň ýaly emlägi almaga razyçylyk bermegi bilen.

5. Salgyt töleýjiniň elinden alynýan emläk ylalaşyk-komission başlangyçlarynda ýa-da auksion satuwy şertlerinde ýerleşdirilýär.

6. Emlägiň ýerleşdirlendigi we býujet bilen hasaplaşyklaryň tamamlanylandygy hakynda salgyt gullugynyň habarnamasynyň alynmagy bilen ýerleşdirilen emläk salgyt töleýjiniň balansyndan öçürilýär.

7. Salgyt gullugynyň çykarýan kararlaryna (ykrarhatlaryna), salgyt gullugynyň işgärleriniň we wezipeli

adamlarynyň hereketlerine salgyt töleýji şikaýat edip bilýär.

Salgydy tölemek her bir edara görnüşli we şahsy tarap üçin islenilmeýän borç diýip uly ynam bilen nygtap aýtmak bolýar, şol sebäpli olaryň köpüsi salgyt ýüküniň möçberini bikanun ýollar bilen peseltmek isleýärler. Şonuň üçin, salgyt kanunçylygynyň ýerine ýetirilmeginiň kepili-döwlet tarapyndan mejbur ediji çäreleriň ulanylmagydyr. Bu talap hökmany we zerurdyr.

Salgyt gatnaşyklarynyň çäginde döwlet tarapyndan mejbury ediji çäreleriň ulanylmagy, salgyt hukuk bozulmalary üçin diňe jogapkärçilik çäreleriniň kesgitlenilmegine syrykmaýar. Salgyt töleýjilere jeza bermek çärelerinden başgada, duýduryş we öňki derejesine getirmek hukuk gurallar ulgamynyň bardygyny, mysal üçin, salgyt gullugy tarapyndan salgyt barlaglarynyň dürli görnüslerini geçirmegi, peýdanyň (girdejiniň) gizlenendigi (pes görkezilendigi) hakynda şaýatlyk edýän resminamalaryň salgyt töleýjiniň elinden alynmagy we ş.m. nygtamak bolar. Hukuk bozulmalary üçin jeza hökmünde görülýän çäreleriň goşmaça ýüküniň aradan aýrylmagy, bu çäreleriň tapawutlandyryjy alamatydyr. Jogapkärçilik çäreleriniň ulanmagy bilen bagly bolmadyk döwletiň mejbury ediji çäreleriniň ulanylmagyny goranmak çäreleri diýip atlandyrmak bolýar. Egerde goranmak çäreleri salgyt töleýjiniň emläk çygryna täsir edýän hem bolsa, şonuň ýaly çäreler salgydyň tölenmedik pul möçberine laýyk gelýär. Goranmak çäreleri salgyt hukuk bozulmalar çygrynda hiç hili hukuk bozulmalary bolmadyk ýagdaýynda hem ulanylyp bilinýär. Şonuň üçin, bu çäreler ulanylanda, günäniň bardygy hakyndaky çaklama ýersiz diýlip hasap edilýär. Salgyt gatnaşyklarynyň çäginde hukuk tertibine oňaýsyz täsir edýän kanuna garşy, günäkärlik hereketler ýa-da hereketsizlik salgyt hukuk bozulmalary diýlip düşünilýär. Salgyt hukuk bozulmalary salgyt jogapkärçiliginiň çärelerini ulanmak üçin esas bolup durýar.

Salgyt jogapkärçiligi üçin bolsa hukuk jogapkärçiliginiň çäreleriniň ulanylmagy göz öňünde tutulýar. Salgyt hukuk bozulmalarynyň anyk düzümini göz öňünde tutýan kanunçylyk ölçegleri dürli-dürli hukuk-ölçeg namalarynda beýan edilýär, ýöne oňa garamazdan, salgyt jogapkärçiligi üçin ulanylýan çäreleriň käbir özboluşly alamatlaryny kesgitlemek bolýar. Bu çäreler kanunçylygy üpjün etmek üçin hut salgyt gatnaşyklarynyň çäginde ulanylýar we olar salgytlary tölemek boýunça öz borçlaryny berjaý etmäge salgyt töleýjileri boýun bolmaga maksat edinýärler. Bu çäreler hem şahsy hem-de edara görnüsli taraplara degişlilikde ulanylýar. Ýöne şahsy we edara görnüsli taraplara garşy ulanylýan çäreleriň sanawy, şeýle-de olaryň ulanylyşynyň we ýerine ýetirilişiniň tertibi gabat gelmeýär. Mysal üçin, salgydyň tölenmedik pul möçberi, kanunçylykda göz öňünde tutulan maliýe we başga jerimeleriň pul möçberi edara görnüşli taraplara jedelsiz tertipde, şahsy taraplara bolsa kazyýetiň çykarýan kararynyň esasynda üzdürilýär.

### 8.7.51. Halkara tejribesinde salgyt salmak ulgamynyň gurluşynda ulanylýan hukuk ýörelgeleri

Halkara tejribesinde salgyt salmak ulgamynyň gurluşynda ulanylýan hukuk ýörelgelerini şu görnüşde beýan etmek bolýar:

1. Hojalygy ýöredýän birlikleriň we raýatlaryň ählisiniň kanun öňünde hukuk taýdan deňligi, salgyt bitaraplygy.

2. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlaryna berilýän salgyt preferensiýalary (ýeňillikleri) kanunda hökmany ýagdaýda tassyklanmaga degişlidir ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda, adatdan daşary ýagdaýda bolsa indiki maliýe ýyly üçin kabul edilýän "Býujet hakyndaky" Kanunda).

3. Salgyt syýasatynyň geçirilişiniň durnuklylygynyň we yzygiderliliginiň kepilligi.

4.Salgytlaryň görnetinligi (aýdyňlygy), başgaça kompaniýa öz paýdarlarynyň girdejilerini gizlemeli däl ýa-da olar salgyt gaçybatalgalary hökmünde hyzmat etmeli däl.

5. Salgyt kanunynyň gaydymlaýyn güýjüni gadagan etmek (salgytlaryň wagt çäginde hereket etmegi)

6. Salgyt dilektleriniň (salgyt jogapkärçiligi) hereket etmegi, salgyt kanunlary bozýanlara garşy çeýeli täsir ediji salgyt gurallary ulanmak şertlerinde salgyt töleýjiniň günäkärliginiň aýan edilmegine esaslanýar.

7. Salgyt salmagyň iň täze görnüşlerine gözükdirmeklik.

8. Salgyt gullugynyň çykarýan kararlarynyň abraýyny ýokarlandyrmak.

9.Býujet ulgamynyň düzüm bölekleri boýunça paýlanylýan salgyt girimleriň her ýylda maliýe kanunçylygynda (indiki maliýe ýylyna "Býujet hakyndaky" Kanun) tassyklanylýan çykdajylarynyň ulülugy bilen gabat getirilmegi.

10. Jemgyýetçilik üçin zerur bolan maksatlara maliýe serişdeleriniň ilkinji nobatda gönükdirilmeginiň öňe sürülmegi.

Indi bolsa halkara salgyt tejribesine mahsus bolan salgyt salmak ulgamynyň gurluşynyň ýokarda bellenip geçilen hukuk ýörelgeleri "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny taýýarlanylanda ulanyldymy diýlen sowala jogap bereliň. Hojalygy ýöredýän birlikleriň we raýatlaryň ählisiniň kanun öňünde hukuk taýdan deňligi we salgytlaryň bitaraplygy hukuk ýörelgesi Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda eriş-argaç bolup geçýär. "Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň ähliumumylygyny we deňligini ykrar etmäge esaslanýar" diýlip "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 2-nji bölüminde bellenýär. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlaryna berilýän salgyt preferensiýalary (ýeňillikleri) "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 8-nji, 105-nji, 106-njy, 122-nji, 143-nji, 170-nji madda-

larynda kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan geçirilýän salgyt syýasatyna durnuklylyk we yzygirderlilik mahsusdyr.Türkmenistanda geçirilýän salgyt syýasaty önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, oba hojalygyny ösdürmek, hususy telekeçileri goldamak, raýatlara salgyt eglişikleri bermek maksatlara gönükdirilýär. Salgyt kanunçylygyna girizilýän üýtgetmeler ýokarda agzalyp geçilen ugurlary salgyt babatynda goldamak üçin niýetlenilýär. Salgyt gullugynyň hünärmenleri we wezipeli adamlary tarapyndan salgytlaryň görnetinligini (aýdyňlygyny) üpjün etmekde uly möçberleri işler geçirilýär. Edara görnüşli we şahsy taraplar öz girdejilerini gizlän ýagdaýynda olara garşy "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 89-njy maddasynyň 1-nji bölüminde maliýe jezasy göz öňünde tutulýar. Salgyt kanunynyň gaýdymlaýyn güýjini gadagan etmek hukuk ýörelgesi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 4-nji bölüminde beýan edilýär.

Salgyt dilefktleriniň (salgyt jogapkärçiliginiň) hereket etmegi, salgyt kanunlary bozýanlara garşy çeýeli täsir ediji salgyt gurallary ulanmak şertlerinde salgyt töleýjiniň günäsiniň aýan edilmegine esaslanýan hukuk ýörelgesi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 80-84-nji we 88-94-nji maddalarynda öz beýanyny tapýar. 2004-nji ýylyň 1--nji noýabryndan güýje girizilen we 2005-nji ýylyň 1-nji noýabryndan üýtgetmeleri girizmek bilen kabul edilen "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny salgyt salmagyň iň täze görnüşlerine gönükdirlendir. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň salgyt ulgamyna ykdysady taýdan ösen döwletleriň salgyt ulgamynda hereket edýän 6 sany döwlet salgytlary, ýagny goşulan baha üçin salgyt, goşmaça töleg, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin

salgyt, emläk üçin salgyt, peýdadan alynýan salgyt, şahsy adamlardan alynýan salgyt we 5 sany ýerli ýygym girizildi. Halkara tejribesinde salgyt salmagyň gurluşynda ulanylýan galan üç hukuk ýörelgeleri hem Türkmenistanyň salgyt tejribesinde giňden ulanylýar. Diýmek, halkara tejribesinde salgyt salmak ulgamynyň gurluşynda ulanylýan ýokarda agzalyp geçilen 10 sany hukuk ýörelgeleri türkmen ykdysadyýetine we halkyň mentalitetine (üýn-häsiýetine) laýyk gelýär we ykdysadyýetiň, önümçilik gatnaşyklarynyň hem-de öndüriji güýçleriniň durmuş infrastrukturasynyň ösmegi bilen Türkmenistanyň salgyt ulgamynda doly derejede ulanyp boljak.

Salgyt salmak ulgamynyň kanuna laýyklyklygy we onuň dürs esaslary býujet-salgyt gatnaşyklarynyň durnuklaşdyrylmagyna ýardam berýär hem-de olaryň taktikasyny we strategiýasyny takyklaýar. Salgyt hukugy ykdysadyýeti we syýasaty bir bitewi aýrylmaz ulgama birleşdirýär, salgyt salmak ulgamynyň demokratiýalaşdyrylmagyny üpjün edýär. Salgyt hukugynyň kadalary döwletiň esasy kanunynyň, ýagny Konstitusiýanyň özbaşdak bölümini düzýär. Salgyt salmak ulgamynyň Konstitusiýanyň talaplaryna tabynlygy adamlaryň we raýatlaryň hukuklarynyň Beýannamasynyň (Deklarasiýasynyň) 14-nji maddasynda berkedilen ýörelgesinden gelip çykýar. Raýatlaryň özleri ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen salgyt salynmagyň zerurlygyny kesgitlemäge, onuň bilen erkin razylaşmaga, salgytlaryň maksatlaryny, sanawyny we mukdaryny takyklamaga, olaryň ulanylyşyny, salgyt salmagyň ýörelgelerini we tölenýän möhletlerini bilmäge hukugy bardyr diýlip adamlaryň we raýatlaryň hukuklarynyň Beýannamasynyň 14-nji maddasynda bellenilýär. Adamlaryň we raýatlaryň hukuklarynyň Beýannamasynyň 15-nji maddasy salgyt önümçiligi üçin jogapkär taraplary geçirýän işleriniň netijeleri hakynda jemagatyň öňünde yzygiderli hasabat bermäge borçlandyrýar.

Diýmek, konstitusion hukugyň ýüze çykan pursadyndan başlap, ähli halk (referendum) ýa-da onuň saýlan wekilleri tarapyndan girdejileri we çykdajylary takyklamagyň demokratik ýörelgesi kesgitlenilýär. Maliýe, býujet we salgyt hukugynyň ösmegi we kämilleşdirilmegi parlamentarizm hukuklarynyň ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Hukuk döwleti şertlerinde býujeti kabul etmek hukugy, salgydyň ol ýa-da bu ululygy bilen ylalaşmak, halkyň elindäki täsir ediji guraldyr. Bu proses jemgyýetiň göz astynda bolup durýar. ABŞ-nyň, Germaniýanyň, Italiýanyň we başga birnäçe döwletleriň Konstitusiýalarynda maliýe, býujet we salgyt hukugy hakynda ýörite bölümler bar.

Pul dolanyşygy we salgyt salmagy kadalaşdyrýan düzgünleriň maliýe kanunlarynda öz beýanyny tapmalydygy barada daşary döwletleriň köpüsiniň konstitusiýalarynda bellenip geçilýär. Maliýe hakyndaky kanunlarda döwlet girdejileri we paçlar, şeýle-de maliýe, býujet we salgyt kanunlary boýunça ses bermegiň tertibi kesgitlenilýär. Konstitusiýanyň kämilligine baglylykda konstitusion hukuklaryň ählisiniň berjaý edilmegi, elbet-de, aýry-aýry döwletleriň ykdysadyýetiniň hakyky ýagdaýyna we geçirýän syýasatyna bagly bolup durýar. Hukuklaryň ykrar edilmegi, entek olaryň berjaý edilmegini aňlatmaýar. Demokratiýa hakyky ýa-da howaýy bolup bilýär, şonuň üçin hem syýasy we ykdysady erkinligi almakda we ony berkitmekde raýatlaryň hukuk taýdan sowatly bolmaklarynyň uly ähmiýeti bar. Demokratiýa babatynda jemgyýetiň kämilleşmegi, döwletiň gurluşynda hukugyň hökümdarlyk etmegini, diýmek, býujet-salgyt hukugynyň berkemegini üpjün edýär. Ussatlyk bilen çemeleşilen salgyt salmak ulgamy işlenip düzülende, kabul edilende we ulanylanda, ýokarda agzalyp geçilen şertler takyklaýjy gural bolup durýar.

Salgyt hukugy salgyt salynýan amallary olary şertlendirýän sebäpler nukdaýnazaryndan öwrenmäge mümkinçilik berýär we onuň esasynda geçirilýän salgyt

syýasatynyň has kämil ugurlaryny işläp düzmäge ýardam berýär. Salgytlar barada döwletiň geçirýän syýasaty ykdysady taýdan maksadalaýyk gelýän ýeňillikler we jerimeler ulgamynyň kömegi bilen salgyt töleýjileriň önümçilik, maýa goýumlar we durmuş işleriniň kadalaşdyrylmagyna, salgyt tölegleriniň öz wagtynda we doly möçberde ýygnalmagyna gönükdirilendir. Ýerli häkimiýet we öz-özüni dolandyryş guramalarynyň derejesinde salgyt salmagyň adaty ugurlarynyň amala aşyrylýan çäkleri kanunçylykda kesgitlenende, golaý geljekde olaryň durmuş netijelerine ölçerişdirip baha kesilmelidir. Salgyt hukukgy salgyt önümçiliginiň ýeňillik bermek we jerimeleri ulanmak tertibini takyklaýar. Ýeňillikler we jerimeler ulgamy konstitusion kanunynyň salgytlar barada ýeke-täk guraly bolup duran bitewi salgyt kanunynyň düzgünleri bilen kadalaşdyrylýan eýeçiligiň umumy konstitusion hukugydyr. Salgyt ýeňilliklerini bermegiň we jerimeleri ulanmagyň umumy tertibi ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde kanun çykaryjylar tarapyndan merkezi hem-de ýerli guramalar derejesinde kesgitlenilýär. Salgytlar we býujet hakyndaky kanun jemgyýetçilik bähbitli işleri üçin salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlaryna ýeňillikleri bermek boýunça ýerli häkimiýet we öz-özüni dolandyryş guramalaryna anyk hukuklary berýär. Ýöne bu tertibiň kanun çäklendirmeleri bar. Ýerli häkimiýet we öz-özüni dolandyryş guramalarynyň hukuklary olar üçin kanunda kesgitlenilýän salgyt önümçiliginiň ölçegleriniň çäklerinde takyklanýar. Umuman aýdanyňda, olar salgyt hukugynyň umumy döwlet ölçegleriniň ählisini ýerine ýetirmäge borçludyrlar. Salgyt guramalarynyň ygtyýarlygy salgytlary ýygnamagyň ähli jähtleri boýunça kanunda kesgitlenilýär. Kanun esasynda tassyklanylmadyk salgytlaryň ýygnalmagyna jenaýat günäsi hökmünde seredilýär. Indi bolsa, halkara salgyt tejribesinden ugur alyp, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 8-nji mad-

dasyna laýyklykda salgyt hukugynyň käbir ölçeglerini beýan edeliň:

- salgytlar bellenende hasabat (salgyt) döwri, şeýle-de salgyt ýeňillikleri, salgyt töleýjiniň olary ulanmak üçin esaslary göz öňünde tutulyp bilinýär;

- salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan salgytlar Türkmenistanyň ähli çäginde hereket edýärler;

- paçlar we ýygymlar salgytlaryň aýry-aýry görnüşleri hökmünde ykrar edilýär we olarda salgydyň käbir alamatlary bolman hem bilýär. Paçlaryň möçberleri hemde olary hasaplamagyň tertibi we tölemegiň möhletleri Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary we Kararlary bilen kesgitlenilýär;

- ylalaşyklar ýa-da raýat hukuk häsiýetli gatnaşyklara laýyklykda tölenýän tölegler, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy üçin salynýan jerimeler we gaýry çäreler salgyt diýlip ykrar edilmeýär;

- Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan salgytlar "Býujet ulgamy hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda merkezi býujet bilen ýerli býujetleriň arasynda paýlanylýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny arkaly bellenilýän ýygymlar doly möçberde ýerli býujetlere geçirilýär.

**Mysal.** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan "Gülistan" hojalyk jemgyýetinde 2003-2007-nji ýyllar üçin geçirilen resminamalaýyn barlagyň netijesinde goşulan baha üçin salgyt boýunça 536522 manat goşmaça salgyt, şol sanda 2003-nji ýyl üçin 104126 manat, 2004-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlary üçin 27894 manat, 2004-nji ýylyň noýabr-dekabr aýlary üçin 85207 manat, 2005-nji ýyl üçin 92404man, 2006-njy ýyl üçin 52405 manat we 2007-nji ýyl üçin 174486 manat hasaplanylypdyr. Ähli döwür üçin salgyt salynýan özenine salgydyň 15 göterim möçberi ulanylypdyr. Salgyt kanunçylygynyň bozulandygy baradaky meselelere nähili

tertipde seredilýär? Goşulan baha üçin salgydyň möçberi her ýyl boýunça dogry ulanylypdyrmy?

**Çözülişi.** "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji maddasynyň 5-nji bölümine layyklykda, salgyt salmak salgyt borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň ýüze çykan senesinde hereket edýän Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalarynyň esasynda geçirilýär. Salgyt kanunçylygynyň bozulandygy baradaky meselelere seretmek Türkmenistanyň hukuk düzgüniniň bozulandygy üçin çykarylan wagtynda hereket edýän kanunçylygynyň esasynda alnyp barylýar. Goşulan baha üçin salgydyň möçberini 2003-nji we 2004-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlary üçin 20 görterim möçberinde (köne salgyt kanunçylygynyň tertibine laýyklykda), 2004-nji ýylyň noýabr-dekabr aýlary we 2005-2007-nji ýyllar üçin 15 göterim möçberinde ("Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň kadalary 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-nden güýje girdi) ulanylmaly.

**Mysal.** Salgytlary ýygnamak döwletiň berkararlygynyň alamatlarynyň biridir. Bu alamaty boýunça salgytlar döwlet emläginden we zaýmlardan alynýan girdejilerden tapawutlanýarlar.Aýdylanlardan ugur alynsa, onda salgytlaryň sanawy, olaryň hasaplanylyşynyň usulyýeti we ýygnalşynyň düzgünleri birtaraplaýyn tertipde kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we gaýry kanunçylyk namalara laýyklykda salgytlaryň bellenilişiniň, ýygnalyşynyň we tölenilişiniň esaslary nämeden ybarat?

**Çözülişi.** Salgytlary bellemegiň we olary mejbur edip almagyň arasyndaky gapma-garşylyk häsiýetini häsiýetlendirýän alamatyň diňe daşky görnüşiniň bardygyny belläp geçmelidir. Salgytlary bellemäge rugsady Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary berýärler. Diýmek, salgytlar demokratiýany alamatlandyrýan ykdysady guraldyr. Salgytlaryň hakyky demokratik alamaty halkyň ykdysady erkinligine bolan ymtylmasy bilen şertlendirilýär.

Jemgyýetçilik isleglerini maliýeleşdirmegiň zerurlygyny göz öňünde tutmak bilen, jemgyýetiň agzalary öz girdejileriniň bir bölegini döwletiň peýdasyna geçirmek boýunça borçlary meýletin öz üstüne ýükleýärler. Eger-de jemgyýetiň agzalarynyň ykdysady erkinligine bolan umydy umumy maksada gönükdirilmedik bolsa, Mejlisiň deputatlarynyň saýlanylmagyna ilatyň köpüsi perwaýsyz garardy. Türkmen halkynyň agzybirligi, täze Galkynyş eýýamynda onuň ykdysady erkinligi, Konstitusiýanyň maddalarynyň halkyň talaplaryna laýyk gelmegi, salgytlaryň demokratik esaslarynyň çuňlaşýandygynyň esasy alamatlarydyr.

### 8.8.52. Salgyt hukugynyň durmuş gönükdirmesi, salgyt eksperimenti we salgyt salmak syýasaty

Salgyt hukugy salgyt gatnaşyklaryny olaryň jemgyýetçilik-syýasy we durmuş sebäplerini şertlendirýän nukdaýnazaryndan öwrenmäge, salgyt ulgamynyň kämil nusgasyny döretmek üçin täze salgyt tehnikasyny işläp düzmäge mümkinçilik berýär. Salgyt salmagyň düzüm bölegi bolup durýan salgyt salmagyň sosiologiýasy, salgyt gatnaşyklarynyň demokratik esaslarynyň berkidilmeginde möhüm orun tutýar. Jemgyýetçilik-hojalyk ösüşi dolandyrmagyň düzüm bölegi hökmünde, salgyt salmak ulgamy durmuş gapma-garşylyklaryň çözülmeginiň naýbaşy ykdysady gurallarynyň biridir.

Salgyt salmagy kadalaşdyrýan döwlet-ölçeg namalarynyň ähli ulgamyna seljerme geçirip, salgyt kanunçylygynyň durmuş gönükdirmesini kesgitläp bolýar. Şonuň ýaly seljerme salgytlaryň tölenilmegini salgyt töleýjileriň bir toparyndan başga bir toparyna geçirilmegine, salgyt ýüküniň ululygyna, önümçiligi höweslendirýän ykdysady gural hökmünde salgyt salmak ulgamynyň tutýan ornuna baha bermek bilen geçirilýär. Hut şol sebäpli, hukuk we demokratik döwletde onuň salgyt ulgamynyň ykdysady mazmunyny we hereket ediş gönükdirmesini takyklaýan

bitewi hukuk resminamasyny işläp taýýarlamak möhümdir.

**Mysal.** Salgyt kanunçylygy salgyt töleýjiler bilen döwletiň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary, salgyt salmak ulgamynyň gurluşyny, akymyny (gidişini) we maksatlaryny, salgyt bozulmalary üçin salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplaryň jogapkärçiligini kadalaşdyrýan dürli derejedäki kadalaşdyryjy ölçeg (normatiw) resminamalarynyň ulgamydyr. Salgyt kanunçylygynda haýsy kanun merkezi orun tutýar? Kanunçylygyň başga-da haýsy pudaklary salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar? Iki gezek salgyt salmagy aradan aýyrmak maksady bilen, haysy ylalaşyklar kabul edilýär?

**Çözülişi.** "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny salgyt kanunçylygynda merkezi orun tutýar. Şol babatda "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 2-nji maddasynyň 1-nji bölüminde şeýle aýdylýar: "Turkmenistanyň salgyt kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we ol şu bitewi Kanundan hem-de Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr. Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan namalar şu bitewi Kanunyň esasynda kabul edilýär we onuň düzgünlerine çapraz gelip bilmez. Şeýle çapraz gelmeler bar bolan halatynda şu bitewi Kanunyň düzgünleri ulanylýar". "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyndan başga-da, salgyt hukuk gatnaşyklary gümrük, Araçy (Arbitraj), jenaýat, edara ediş (administratiw), raýat kanunçylygy esasynda kadalaşdyrylýar. Ondan başga-da, iki gezek salgyt salmagy aradan aýyrmak maksady bilen kabul edilýän döwletara ylalaşyklary kanun hökmünde kabul edilýär. "Eger Türkmenistanyň halkara ylalaşyklarynda şu bitewi Kanunda beýan edilen düzgünlerden başga düzgünler bellenen bolsa, onda halkara ylalaşyklarynyň düzgünleri kabul edilýär" diýlip "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 6-njy maddasynda nygtalýar.

**Mysal.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, salgytlar Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanýar we tölenýär. Salgyt salmak maksady bilen, daşary ýurt pulunda geçirilýän islendik amallar, geçirilýän gününde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti, resmi hümmeti bellenmedik daşary ýurt pullary bolsa ABŞ-nyň dollary babatynda KROSS hümmet boýunça Türkmenistanyň milli puluna hasaplanýar. ABŞ-nyň dollary babatynda KROSS-hümmetiniň hasaplanylyşynyň tertibi nähili görnüşde amala aşyrylýar? "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, salgyt töleýjiler salgyt beýannamalaryny ýörgünli pulda hasaplap bilýärmi?

**Çözülişi.** Mysal üçin, Türkmenistanyň milli manadynyň ABŞ-nyň dollaryna bolan resmi hümmeti 2,85 manat 1 dollar gatnaşygy düzýär. Ýöne, Türkmenistanyň milli manadynyň hümmeti Özbegistan döwletiniň milli puly bolup duran suma resmi taýdan kesgitlenilmändir. Özbegistan döwletiniň milli pulunyň ABŞ-nyň dollaryna kesgitlenilen hümmet gatnaşygy 5,7:1. Onda ABŞ-nyň dollary babatynda KROSS hümmet boýunça Türkmenistanyň milli pulunyň Özbegistan döwletiniň milli puluna gatnaşygy 1:0,5 düzýär (2,85 manat paýlamak 5,7 suma). "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 9-njy maddasynyň 1-nji bölüminde şeýle bellenýär: "Eger-de Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda gaýry ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda salgytlar Türkmenistanyň milli pulunda hasaplanýar we tölenýär". Şeýle gaýry ýagdaýlar "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 177-nji maddasynda göz öňünde tutulýar. Bu maddada şeýle aýdylýar: "Öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan daşary ýurt edara görnüşli taraplar peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy ýörgünli pulda, şol sanda salgyt ýumuşçysynyň üstünden hem töläp bilerler".

"Salgytlar hakynda" bitewi Kanun döwletleriň köpüsinde salgyt salmak ulgamynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk tertibini kadalaşdyrýan federatiw ýa-da unitar konstitusion kanuny bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistan unitar döwleti. Başga kanunlaryň düzgünleri bilen deňeşdirilende, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukuklary we borçlary çäklerinde kesgitlenilýän ölçegler, esasy ölçegler diýlip ykrar edilýär. Salgyt görnüşleriniň kanunlygy ýene-de bir näçe sebäpler boýunça has möhümdir diýlip hasaplanýar. Dürli görnüşdäki salgytlar salgyt töleýjilere garşy olaryň salgyt borçlaryny ýerine ýetirmek üçin mejbur ediji çäreleriň ulanylmagyny aňladýar. Bu bolsa, töleýjiniň ykdysady erkinliginiň we eýeçilik hukugynyň bozulmagyny aňladýar. Şol sebäpli, salgyt salmak çygrynda häkimligiň amala aşyrylmagy, kanunçylyk namalary bilen berk çäklendirilmelidir (döwlet häkimiýetiniň wekilleri tarapyndan hukuk bozulmalary aradan aýyrmak üçin).

Eger-de salgytlaryň ýygnalmagy olaryň häsiýeti bilen çäklendirilýän bolsa, onda bu çäklendirme olaryň möçberine degişli däl. Şu alamaty boýunça salgytlar çykdajylardan tapawutlanýar. Salgytlaryň tölenýän pul möçberi däl-de, salgyt hukuk tertibi tassyklanylýar. Býujet hakyndaky Kanun garaşylýan salgyt girimleriň möçberine baha berýändigi şübhesizdir. Şonuň ýaly bahalanma zerurdyr, sebäbi ol tassyklanylýan çykdajylaryň ululygyny takyklaýar. Girdejilere baha bermek ykdysady we maliýe deňeşdirmesiniň möhüm düzüm bölegidir, ony takyklamak bolsa "Býujet hakyndaky" Kanunyň maksadydyr. Salgyt möçberleri (stawkalary) bilen göz öňünde tutulan ähli jemler salgyt töleýjilerden gelip gowuşýança, salgytlaryň töletdirilmegi bes edilmeýär. Salgytlar boýunça girdejiler tassyklanylanda, salgytlardan gelip gowuşýan pul möçberleri takyk çykdajylar üçin niýetlenmeýän tertip berjaý edilýär. Kadadan çykma diňe adatdan daşary ýagdaýlarda rugsat berilýär

we ol berk çäklendirilýär. Umumy baýlyklardan peýdalanmak üçin töleg, başgaça aýdanyňda döwlet hyzmatlary üçin tölenýän baha görnüşinde hereket edýän salgyt görnüşleri, oňa mysal bolup biler. Ýöne şonuň ýaly serişdeler ýörite gaznalarda jemlenýär ýa-da býujet hakyndaky Kanunda aýry setir boýunça görkezilýär. Anyk çykdajy üçin takyk girdejiniň görkezilmegi adatdan daşary ýagdaý bolup, ol, mysal üçin, Türkmenistan hökümetiniň teklibi boýunça Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilýän býujet hakyndaky ölçeglere esaslanyp bilýär.

Diýmek, döwletiň esasy maliýe serişdesi hökmünde, salgyt girdejileri kanunda tassyklanmaga degişlidir. Döwlet çykdajylary bilen deňeşdireninde, girdejiler babatynda Türkmenistanyň Mejlisiniň ygtyýarlygy has uludyr. Salgytlary kanun taýdan kadalaşdyrylmagy, döwlet çykdajylarynyň harçlanýan ugurlaryny (býujet maliýeleşdirmesi) tassyklamakdan düýpli tapawutlanýar. Bu tapawudy hasaba almak zerurdyr, sebäbi ol salgyt salmagyň ähli tertibini (rejimini) takyklaýar. Tassyklanylan çykdajylar fakultatiwdir (tassyklanylan çykdajylary doly harçlamagyň zerurlygy ýok), tassyklanylan salgytlar bolsa hökmany ýagdaýda ýygnalmaga degişlidirler.

Ykdysady taýdan kadalaşdyrmagyň başga görnüşlerinden salgyt kadalaşdyrmasy şu alamaty boýunça tapawutlanýar: salgytlaryň kadalaşdyrmasy salgyt gullugynyň işgärlerine we wezipeli adamlaryna hiç hili diskresion hökümi ulanmaga şert döretmeýär. **Diskresiýa (diskreto)** latyn sözinden bolup, wezipeli adam ýa-da döwlet guramasy tarapyndan haýsy bolsa-da bir mesele çözülende özüniň garaýşy boýunça howaýy (subýektiw) kararyň kabul edilmegini aňladýar. Çykdajylara degişlilikde şonuň ýaly höküm belli bir derejede saklanyp galýar: döwlet guramalarynyň ýolbaşçylary çykdajylary amala aşyrmagyň zerurlygyny, çykdajylaryň görnüşlerini, möçberlerini we möhletlerini özbaşdak çözüp bilýärler. Kanun esasynda

kabul edilen salgytlary üýtgetmek (korreksiýa) üçin täze kanun kabul edilmeli, çykdajylary üýtgetmek üçin bolsa täze kanun kabul etmek hökmany däl. Üstesine-de, salgyt salmagyň tertibine düzedişleri girizýän kanunyň kabul edilmegi, obýektiw (hakyky) şertlere esaslanmalydyr we ykdysady binýadynyň ýagdaýy hakyndaky ylmy taýdan esaslandyrylan düzgünler bilen tassyklanylmalydyr.

**Mysal.** Salgytlary we paçlary ýygnamagyň sanawy we ýörelgeleri salgyt we gümrük kanunçylygy esasynda kesgitlenilýär. Salgytlar we gümrük hakyndaky bitewi kanunlar biri-biri bilen ýakyn arabaglanşykdaky döwlet hukuk namalarydyr. Salgytlar we gümrük hakyndaky bitewi kanunlaryň kadalary bir-biriniň üstüni ýetiryärmi? Salgytlar we gümrük hakyndaky bitewi kanunlaryň kadalary biri-birine çapraz gelýärmi?

**Çözülişi.** Salgytlar we gümrük hakyndaky kanunlaryň kadalary biri-biriniň üstüni ýetirýärler, olar tölegleriň ýygnalyşynyň tertibini gaýtalamaly we biri-birine çapraz gelmeli däl.

**Salgyt salmagyň sosiologiýasy (salgyt salmak babatynda ilatyň hal-ýagdaýyny öwrenýän bilim)** durmuş gönükdirmesi bolan bazar ykdysadyýetine geçilende möhüm orun tutýar. Salgyt salmagyň sosiologiýasy salgyt mehanizmini döwlet häkimiýetiniň aýry-aýry agzalarynyň islegleri boýunça hereketlendirilýändigini däl-de, onuň ulanylýan durmuş düzümini şertlendirýändigini düşünmäge mümkinçilik berýär. Salgyt ölçegleriniň durmuş taýdan esaslandyrmasy salgyt kanunçylygynda öz beýanyny tapmalydyr. Salgyt mehanizmi häkimiýet tarapyndan kabul edilýän hem bolsa, onuň hereket edişiniň kanun taýdan tertipleşdirilýändigini, onuň mazmunyň höküm etmek hukugy bar bolan taraplaryň gürrüňsiz subýektiw (howaýy) erk- islegine tabyn bolup durmaýandygyny, salgyt salmagyň bitewi hukuk esaslarynyň bardygyny hasap etmäge esas berýär. Jemgyýetiň durmuş düzümini

şertlendirip, salgyt mehanizmi köp halatda raýatlaryň her biriniň ykdysady erkinligine bolan ymtylmasy bilen takyklanýar. Salgytlaryň görnüşleriniň kanuna laýyklygy býujet-salgyt gatnaşyklarynyň durnuklylygyna ýardam berýär, bu bolsa ýurduň durmuş-ykdysady ýagdaýynda amatlyklary döredýär.

Şu pursatdaky bähbitlerden ugur alyp, kanunyň mazmunyna düzedişleri girizmegiň zerurlygy ýok. Kanunyň mazmunlygy, ähliumumylygy, durnuklylygy, uzakmöhletliligi ony hökmany suratda ýerine ýetirmek üçin oňa umumymilli hukuk ölçeginiň derejesini berýär. Dünýä tejribesine salgylanyp, salgyt kadalaşdyrmasyny tiz-tizden geçirmek, salgyt kanunlarynyň aýry-aýry düzgünlerine düzetmeleri girizmek hökmanydyr diýip garşylyk pikirleri ýöretýänler hem tapylýar. Bu ýerde şu subutnamalara salgylanmak bolar. Salgytlar hakyndaky kanunlara düzediş girizmek mümkin, haçan-da ol salgyt salmagyň düýpli esaslaryny üýtgetmeýän bolsa. Salgyt salmak ulgamyny hökmany ýagdaýda kanun taýdan resmileşdirmek ýörelgesi "Salgytlar hakyndaky" bitewi Kanunyň maddalaryna gaýtadan seretmeklik hakyky, ykdysady taýdan esaslandyrylan talaplar bilen haçan gabat gelýär? Ol umumymilli zerurlyk ýüze çykanda (döwletiň ýolbaşçysy çalşylanda, ykdysady ugur üýtgedilende, adatdan daşary hadysalar bolup geçende) gabat gelýär.

Salgyt salmagyň tertibini üýgetmegiň üsti bilen daşary söwda işiniň kadalaşdyrylmagyny salgyt önümçiligine degişli edilýär. Kanun taýdan resmileşdirilmese-de, tarif tertibiniň üýtgetmeginiň güýji bar. Bu aýdylanlar döwletiň geçirýän bahalar syýasatynyň çygrydyr. Salgyt salmak onuň bilen diňe býujetiň girdejiler bölegini girdejiler bilen doldurmak boýunça meseleler çözülende galtaşýar. Bu ýagdaýda salgytlaryň kanuna laýyklyk ýörelgesi bozulmaýar. Býujet syýasaty geçirilende paçlar, ýygymlar, tarifler salgytlara degişli edilýän hem bolsalar, olar özleriniň ykdysady tebi-

gaty boýunça salgyt diýlip hasap edilmeýär. Ýöne, olar hem "Gümrük hakyndaky" bitewi Kanunynda resmileşdirilendir. Häkimiýetiň we dolandyrylyşyň dürli derejesinde salgyt salmak ulgamynyň durnuklaşdyrylmagy diňe salgyt kanunçylygynyň düzgünleriniň tertipleşdirilmegine bagly däldir. Eýeçiligiň konstitusion hukuklarynyň çäklendirilmegi, salgyt hukuk gatnaşyklarynyň durnuklaşdyrylmagynyň naýbaşy şertidir. Eýeçiligiň görnüşleriniň üýtgedilmegi, salgyt salmak ulgamynyň hereket edişiniň binasyny düzýär. Eýeçilik hukugy erkinligiň esasy kepili we salgytlaryň hereket edişiniň demokratik esaslarynyň şerti bolup durýar.

Ykdysady hasaplamalar bilen berk delillendirilen hakyky sebäpler bolanda, "Salgytlar hakyndaky" bitewi Kanunyň düzgünlerine düzetmeleri girizmek mümkindir. Şonuň ýaly düzetmeler, "Salgytlar hakyndaky" bitewi Kanunyna girizilýän kanuny düzetmeler görnüşini kabul edýär. Döwletiň çäginde geçirilýän salgyt synagynyň (eksperimentleriň) geçirilmeginiň oňyn netijeleri "Salgytlar hakyndaky" bitewi Kanunynyň maddalaryna düzetmeleri girizmegiň zerurlygyny şertlendirýän möhüm sebäpleriniň biri bolup durýar. **Salgyt synagy (eksperimenti) öndüriji güýçleriň depginleriniň we derejesiniň ýokarlanmagy (pese düşmegi), makroderejede maliýe akymlarynyň üýtgemegi, pudak düzümleriniň üýtgedip gurulmagy bilen bagly salgyt önümçiliginiň aýry-aýry düzgünlerine synag geçirmek üçin düzedişleriň girizilmegidir.** Şonuň ýaly düýpli üýtgetmeler hereket edýän salgyt düzgünlerinden tapawutlanýan salgyt konsepsiýalarynyň eksperiment tertibinde işläp düzülmeginiň we ornaşdyrylmagynyň zerurlygyny şertlendirýär. Salgyt konsepsiýalarynyň birnäçe nusgasy düzilip biliner. Bu konsepsiýalar, köplenç, ykdysadyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler bilen göniden-göni baglanyşykly bir ýa-da iki salgytlaryň ýygnalyşynyň tertibi bilen baglydyr. Häkimiýet we döwlet dolandyryş guramalarynyň ygtyýarlygyna geçirilýän işlenip düzülen synag konsepsiýala-

ryna bilermenler (ekspertler) baha berýärler we olaryň arasyndan üznüksiz önümçiligiň deň ölçegliklerine laýyk gelýän nukdaýnazardan ugur alnyp has oňaýlylary saýlanyp seçilýär. Bu konsepsiýa salgyt eksperimenti hökmünde bir ýylyň dowamynda hereket edýän kanun diýlip ykrar edilýär. Möhletiň tamamlanmagy bilen, täzeden girizilen kadalara bilermenler (ekspertler) ýene-de bir gezek baha berýärler. Salgyt salma çygrynda synag üstünlikli tamamlan ýagdaýynda, ol "Salgytlar hakyndaky" bitewi Kanunyna düzetmeler girizmek maksady bilen, döwletiň ýokary kanun çykaryjy guramasyna seredilmäge berilýär.

Salgyt hukugynyň kadalary salgyt syýasatyny geçirmegiň özenidir. **Salgyt syýasaty salgyt kanunlarynyň maksatly ugurlar boýunça ulanylyşyny takyklaýan häkimiýet we dolandyryş guramalarynyň hukuk hereketleriniň toplumydyr.**

**Mysal.** Häkimiýet we dolandyryş guramalarynyň ylmy taýdan esaslandyrylan we ykdysady maksada laýyk gündelik we geljege niýetlenilen hukuk hereketleri hökmünde, salgyt syýasaty üznüksiz önümçiligiň isleglerini we jemgyýetçilik baýlygynyň artmagyny üpjün etmäge ukyplydyr. Salgyt syýasaty geçirilende, salgyt töleýjilerden diňe salgyt tölegleriniň ýygnalyşynyň hukuk tertibiniň üpjün edilmegi däl-de, eýsem salgyt salmagyň täsiri esasynda ýüze çykýan maliýe-hojalyk gatnaşyklaryna ählitaraplaýyn baha berilmegi, onuň deslapky maksadydyr. Diýmek, salgyt syýasaty salgyt kanunlarynyň ygtyýarsyz ýerine ýetirilmegi däl-de, onuň kämilleşdirilmegidir. Salgyt syýasaty geçirilende, salgyt usuly bilen ýygnalýan döwlet girdejileri kanun tarapyndan kesgitlenilen hukuk ölçegleriniň (normalarynyň) haýsy düzüm bölekleriniň ulanylmagy bilen amala aşyrylýar? Ykdysady taýdan esaslandyrylan salgyt syýasatynyň esasy maksady nämeden ybarat? Salgyt taktikasy näme? Salgyt strategiýasy näme?

**Çözülişi.** Salgyt syýasaty amala aşyrylanda, kanunda kesgitlenilen hukuk ölçegleri salgyt usuly bilen ýygnalýan döwlet girdejileri kadalaşdyrylanda, meýilnamalaşdyrylanda we olara gözegçilik geçirilende ulanylýar. Ykdysady taýdan esaslandyrylan salgyt syýasaty salgyt ulgamynyň üsti bilen serişdeleriň merkezleşdirilmeginiň amatlylygynyň üpjün edilmegini maksat edinýär. Gelejegi göz öňünde tutmak bilen geçirilýän salgyt syýasaty-bu **salgyt strategiýasydyr,** häzirki döwürde geçirilýän salgyt syýasaty-bu **salgyt taktikasydyr**. Eger-de döwletiň kuwwaty jemgyýetçilik, korporatiw we şahsy bähbitleriniň kybaplaşdyrylmagyna gönükdirilen bolsa, onda salgyt taktikasy we salgyt strategiýasy bölünmesizdir.

**Mysal.** Salgyt ýeňillikleri salgyt hukugynyň möhüm düzüm bölegidir. Häzirki zaman şertlerinde salgytlar girizilende we ýygnalanda dürli ýagdaýlaryň we şertleriň ýuze çykmagyny göz öňüňde tutmalydyr. Salgyt ýeňilligi salgyt kanunçylygynda kesgitlenilen kadalara laýyklykda salgyt töleýjileri salgyt tölemekden doly ýa-da bölekleýin boşadylmagydyr ýa-da salgyt töleýjileri üçin salgyt ýüküniň gowşudylmagydyr. Salgyt töleýjiler üçin salgyt ýeňillikleriniň berilişiniň usullary salgyt möçberleriniň (stawkalarynyň) pese düşürilmegi, salgydy tölemegiň möhletiniň yza süýşürilmegi we ş.m. görnüşde bolup bilýär. Halkara salgyt tejribesine laýyklykda, salgyt ýeňillikleri şu görnüşlerde bellenilýär:

1. Salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlarynyň salgyt tölemekden boşadylmagy.
2. Salgyt salynýan özeninden salgyt binýadynyň käbir bölekleriniň aýrylmagy.
3. Salgyt salynmaýan iň pes derejäniň kesgitlenilmegi.
4. Salgyt salynýan özeninden takyk jemleriň aýrylmagy.
5. Salgyt möçberleriniň (stawkalarynyň) pese düşürilmegi.

6. Öň tölenilen salgytlaryň gaýtaryp berilmegi.

7. Salgydy tölemek boýunça möhletleriň yza süýşürilmegi ýa-da tölegleriň möhletlere bölüp tölenilmegi.

Halkara salgyt tejribesinde ulanylýan salgyt ýeňillikleriniň görnüşleri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalarynda öz beýanyny tapýarmy?

**Çözülişi.** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt töleýjileriň aýry-aýry toparlaryny salgyt tölemekden boşadýar. Mysal üçin, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy tölemekden boşadylýan salgyt töleýjileriň sanawy "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 187-nji maddasynyň 5-nji bölüminde göz öňünde tutulýar. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 171-nji maddasynyň 2-nji we 6-njy bölümlerinde peýdadan alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan özeninden salgyt binýadynyň käbir bölekleriniň aýrylmagy bellenilýär. Salgyt salynmaýan iň pes dereje, mysal üçin, "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 188-nji maddasynyň 1-nji bölüminde şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy boýunça kesgitlenilýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 100-nji maddasynyň 9-njy we 14-nji bölümlerine laýyklykda, goşulan baha ücin salgyt boýunça salgyt salynýan özeninden takyk jemleriň aýrylmagy göz öňünde tutulýar. Öň tölenilen salgytlaryň gaýtaryp berilmegi we salgydy tölemek boýunça möhletleriň yza süýşürilmegi ýa-da tölegleriň möhletlere bölüp tölenilmegi "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 49-njy we 55-57-nji maddalarynda kesgitlenilýär. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 133-nji maddasynda ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt möçberleriniň (stawkalarynyň) pese düşürilmegi bellenilýär.

### 8.9.53. Salgyt syýasaty we ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşy

Halkara salgyt tejribesi jähtde garanyňda, her bir döwlet öz ykdysadyýetiniň yzygiderli ösüşini üpjün etmek we ýüze çykýan kynçylyklary ýeňip geçmek üçin ykdysadyýete täsir ediş ulgamynyň birnäçe usullaryny ulanýar, çünki bu usullaryň üsti bilen döwlet ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşyny gazanýar. Şol usullaryň biri döwletiň çäginde gecirilýän salgyt syýasatydyr. Salgyt syýasatynyň üsti bilen döwlet ykdysadyýeti kadalasdyrýar. Salgytlar babatynda döwletiň geçirýän ähli çäreleri öz beýanyny salgyt syýasatynda tapýar. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmak üçin döwletiň ulanýan gurallary 32-nji şekilde görkezilýär.

Halkara salgyt tejribesinden ugur alynsa, onda salgyt syýasatynyň ykdysadyýetiň ösüşine täsir edişi üç usul arkaly amala aşyrylýar. Usullaryň her biri özüniň täsir ediş ugurlary boýunça düýpli tapawutlanýar. **Birinji usul** - bu "liberal" usulydyr. Milli ykdysadyýetiň ösüşinde liberal (geçirimlilik) usuly baş ugry diýlip hasaplaýan ABŞ-da we Beýik Britaniýanyň düzümine girýän döwletlerde bu usul giňden ulanylýar. Agzalyp geçilen döwletleriň hökümetleri ykdysady gatnaşyklaryna gatnaşýan edara görnüşli we şahsy taraplara salgyt salmak babatynda iň pes derejede özleriniň täsirini ýetirip, esasan bazar ykdysadyýetiniň kanunlaryna daýanýarlar. **Ikinji usul**-bu meýilnamaly-dolandyryş ykdysadyýetiniň alnyp barylyşyny öňe sürýän döwletleriň geçirýän salgyt syýasatydyr. Meýilnamaly-dolandyryş ykdysadyýet usulynda döwlet tarapyndan ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşynyň ägirt uly derejesi göz öňünde tutulýar, çünki hojalygy alyp barýan subýektleriň ählisi diýen ýaly döwlete degişli bolup durýarlar. Bu usul ulanylanda, salgyt syýasatynyň ykdysadyýetiň ösüşine täsir edişi pese düşýär. **Üçünji usu**l-bu ykdysadyýetiň ösüşiniň çaltlandyrylan baş ugrudyr. Salgyt syýasatynyň geçirilişiniň bu usulynda, köplenç salgyt ýeňillikleriniň uly toplumy ulanylýar. Geçirilýän salgyt çäreleri bolsa, döwletiň ykdysadyýete

täsir edişiniň baş ugruna öwrülýär. Diýmek, ýokarda agzalyp geçilen usul ulanylanda, döwletiň ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda tutýan orny salgyt syýasatynyň üsti bilen amal edilýär.

*32-njy şekil*

**Ykdysadyýeti kadalaşdyrmak ücin döwletiň ulanýan gurallary**




Türkmenistanda geçirilýän salgyt syýasaty ykdysadyýetiň ösüşiniň kadalaşdyrylyşynyň üçünji usulyna gabat gelýär, ýagny Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna

laýyklykda, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplara peýdadan alynýan salgyt, goşulan baha üçin salgyt, emläk üçin salgyt we başga salgytlar boýunça köpsanly ýeňillikler berilýär. Geçirilýän salgyt syýasatynyň üsti bilen, hem önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy, hem-de ilatyň hal ýagdaýynyň pese düşmezligi gazanylýar. Diýmek, salgytlaryň ýerine ýetirýän fiskal we kadalaşdyryjy wezipeleriniň utgaşykly ulanylmagynyň netijesinde, döwlet geçirýän salgyt syýasatynyň üsti bilen ykdysadyýeti zerur bolan çäklerde kadalaşdyryp bilýär.

Ykdysadyýetiň kadalaşdyrylmagy döwletiň ýerine ýetiýän ykdysady wezipelerine esaslanýan meseleleriň çözülmegini göz öňünde tutýar. Çözülýän meseleleriň wajyp toplumlaryna şu aşakdakylar degişlidirler:

- ykdysadyýetiň netijeli hereket etmegine ýardam bolýan kanunlara laýyk gelýän salgyt binýatlaryny kesgitlemek;
- ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygyny we milli önümçiligiň goralmagyny üpjün etmek;
- milli girdejiniň we milli baýlygyň durmuş taydan adalatly paýlanylmagyny amal etmek;
- ykdysadyýetiň ösüşini höweslendirmek we milli ykdysadyýeti goramak.

Geçirýän salgyt syýasatynyň üsti bilen, ykdysadyýeti kadalaşdyrmak üçin döwletiň ulanýan usullary göni we gytaklaýyn usullara bölünýärler. Göni usul ulanylanda, hökümet serenjam beriş ykdysady gatnaşyklaryna esaslanýar, gytaklaýyn usul bolsa salgyt salmak çygrynda geçirilýän syýasata degişli bolup, anyk işlerde hojalygy ýöredýän birliklerinde ykdysady gyzyklanma döretmäge gönükdirlendir. Salgyt syýasaty geçirilende, döwletiň ykdysadyýete täsir edişiniň aşakdaky wajyp ugurlaryny belläp geçmek zerurdyr:

- salgyt kanunlaryny çykaryjy guramalar bilen ýerine ýetiriji guramalaryň arasyndaky içgin arabaglanyşyk;

- salgyt kanunçylygynda salgyt töleýjilerden salgytlary hökmany ýagdaýda mejbur edip alynýandygyny görkezmek;

- salgytlaryň ykdysady proseslere täsir edişini takyklamak.

Salgyt syýasatynyň amal edilşiniň netijesinde ykdysadyýetiň ösüşi takyklanýar, çüňki salgyt syýasatynyň geçirilişiniň oňyn derejesi önümçiligiň ösmegine, ilatyň tölege ukyplylygynyň derejesiniň ýokarlanmagyna, bazar gatnaşyklarynyň çuňňur ornaşdyrylmagyna, düzümleýin meýilnamalaryň berjaý edilmegine ýardam bolup biler. Diýmek, döwletiň öz wezipelerini üstünlikli amala aşyrmagy belli derejede salgyt syýasatynda-da öz beýanyny tapýar.

## 8.10.54. Döwletiň geçirýän salgyt syýasatynyň oňyn derejesi

Salgyt syýasaty döwletiň geçirýän ykdysady syýasatynyň möhüm düzüm bölegidir. Salgyt syýasaty salgytlaryň üsti bilen döwletiň öz öňünde duran maksatlary amala aşyrmagynyň ugurlarydyr. Ondan başga, salgyt syýasaty-bu salgytlaryň üsti bilen ykdysadyýeti kadalaşdyrmak üçin döwletiň geçirýän çäreleriniň toplumydyr. Türkmenistan döwletiniň geçirýän salgyt syýasaty Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ykdysady syýasatynyň ugry bolup, 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanyň durmuş-ykdysady özgertmeler-Baş ugry Milli Maksatnamada öz gözbaşyny tapýar.

Salgyt syýasatynyň ykdysadyýetiň ösüşine täsir edişiniň ugurlaryna seljerme geçirilende:

- býujetara gatnaşyklar mehanizminde geçirilýän salgyt syýasatyna;

- salgyt syýasatynyň çeýeligine we onuň ykdysadyýetiniň ösüş derejesine täsir edişiniň kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilmelidir.

Türkmenistanyň hökümeti we onuň ykdysady guramalary tarapyndan kesgitlenilýän salgyt çaklamasy, olaryň kadalaşdyrmasy we salgyt gözegçiligi hakyndaky dolandyryş çözgütleriniň toplumy, döwletiň geçirýän salgyt syýasatynyň özenini düzýär. Salgyt syýasaty belli bir maksatlara ýetmek üçin gönükdirilen salgyt çäreleriniň toplumydyr, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylara berilýän salgyt ýeňillikleri bolsa, geçirilýän salgyt syýasatyny aýan etmäge mümkinçilik berýär. Döwletiň geçirýän salgyt syýasaty döwletiň ykdysadyýete täsir edişiniň derejesini, häsiýetini we maksatlaryny kesgitleýär. Salgyt syýasaty döwletiň salgytlar babatynda geçirýän çäreler ulgamyny takyklaýar we döwletiň geçirýän maliýe syýasatynyň düzüm böleginiň biridir. Döwlet dolandyryş ulgamynda salgyt syýasatynyň tutýan ornuny 33-nji şekilde beýan etmek bolýar.

***33-nji şekil***

**Döwlet dolandyryş ulgamynda salgytlaryň ulanylyşy**



Salgyt syýasatynyň maksady we mazmuny jemgyýetiň durmuş-ykdysady gurluşy, durmuş toparlarynyň bähbitleri, milli ykdysadyýetiň ösüşini kesgitleýän gelejekdäki maksatlar we döwlet maliýesi çygryndaky halkara borçnamalaryň hereket etmegi bilen şertlendirilýär. Geçirilýän salgyt syýasaty döwleti maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek, ykdysadyýeti kadalaşdyrmak üçin şert döretmek, bazar gatnaşyklary şertlerinde ilatyň girdejiler derejesinde deňsizligi kadalaşdyrmak boýunça meseleleriň çözülmegine esaslanýar. Salgyt syýasatynyň çözýän meselelerini üç sany uly topara bölmek mümkin:

- fiskal meseleleriň çözülmeginde döwletiň öz wezipelerini ýerine ýetirmek üçin ähli derejelerdäki býujetleriň pul serişdelerini jemlemek;

- ykdysady ýa-da kadalaşdyryjy meseleleriň çözülmeginde döwletiň ykdysady taýdan ösüş derejesini ýokarlandyrmaga, döwletiň öz içinde we halkara ykdysady aragatnaşyklar derejesinde ýokary ösüşleri gazanmaga, durmuş meseleleriniň çözülmegine ýardam bermek;

- kadalaşdyryjy gözegçiligi üpjün ediji meseleleriň çözülmeginde salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň maliýe-hojalyk işine salgyt gözegçiligini amala aşyrmak.

Edara görnüşli taraplaryň we hususy telekeçileriň geçirýän maliýe-hojalyk işleri üçin amatly şertleri döretmek, geçirilýän salgyt syýasatynyň çözýän esasy meseleleriniň biridir. Geçirilýän salgyt syýasatynyň üç sany şertli görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. Salgyt salmak derejesi ýokary, ýagny şonuň ýaly salgyt syýasatynyň geçirilmegi salgyt töleýjiler üçin salgyt ýüküniň iň ýokary möçberiniň kesigtlenilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Salgyt töleýjiler üçin salgyt salmagyň möçberiniň ýokarlandyrylmagy, dürli derejedäki býujetlere gelip gowuşýan girdejileri kybaplaşdyrmakda düýpli kemçilikleri döredýär.

2. Geçirilýän salgyt syýasatynyň ikinji görnüşi-salgyt töleýjiler üçin salgyt ýüküniň pes derejesini kesgitlemek. Bu ýagdaýda döwlet öz fiskal bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplara köpsanly salgyt ýeňilliklerini berip, olary ykdysady taýdan höweslendirýär. Geçirilýän şonuň ýaly salgyt syýasaty ykdysadyýetiň, ylaýta-da onuň esasy düzüm bölegi bolup duran önümçiligiň ösmegine ýardam berýär, sebäbi ol has amatly maýa goýumlarynyň goýulmagyny üpjün edýär. Diýmek, milli ykdysadyýetiň bäsleşige bolan ukyplylygy ýokarlanýar. Hususy telekeçiler üçin salgyt ýüki pese düşürilýär, çüňki býujete gelip gowuşýan girdejileriň pul möçberi belli bir derejede azalýar, bu bolsa durmuş-ykdysady çäreleri maliýeleşdirmegiň göwrümini çäklendirýär.

3. Salgyt syýasatynyň üçünji görnüşi geçirlende, edara görnüşli we şahsy taraplar üçin salgyt salmagyň tertibi has amatlydyr we şol sebäpli ilatyň durmuş taýdan goralmagynyň iň ýokary derejesi üpjün edilýär.

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetini uzak möhletli ösüşe gönükdirmek maksady bilen, ýurdumyzda geçirilýän salgyt syýasatyna şu aşakdaky ugurlar mahsus bolmalydyr.

- diýarymyzyň ykdysadyýetiniň öňünde duran meseleleriniň anyk we aýdyň goýulmagy;
- daşary ýurt salgyt özgertmeler tejribesiniň öwrenilmegi, her bir özgertmeler meýilnamasy amala aşyrylanda amatlyklar, ykdysady netijeler babatynda anyk çäreleriň geçirilmegi;
- ähli geçirilýän salgyt çärelere seljermeleriň geçirilmegi;
- ykdysadyýetiň ösüş şertleriniň göz öňünde tutulmagy;
- milli aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen, salgyt düzedişleriniň girizilmegi.

Salgyt syýasaty salgyt mehanizminiň üsti bilen amala aşyrylýar, çünki salgyt mehanizmi salgytlaryň dolandyrylyşynyň guramaçylyk-hukuk görnüşlerini we usullaryny häsiýetlendirýär. Döwlet salgyt kanunçylygynyň üsti bilen salgyt mehanizmine hukuk görnüşini berýär. Döwletiň geçirýän salgyt syýasatynyň ýokary netijeliligini gazanmak üçin milli aýratynlyklary göz öňünde tutmak bilen, göni we gytaklaýyn salgytlaryň arabaglanyşygyny saklamak zerurdyr.

Döwletiň salgyt ulgamynda hereket edýän göni we gytaklaýyn salgytlary utgaşdyrmak üçin iki çemeleşme ulanylýar. Birinji çemeleşme ulanylanda, pes girdeji alýan taraplara garanyňda has ýokary girdeji alýan edara görnüşli we şahsy taraplar üçin ýokary möçberli salgytlary girizmekdir (tölege ukyplylyk ýörelgesi). Jemgyýete öz hyzmatlaryny hödürläp, has ýokary girdeji alýan taraplara has ýokary möçberdäki salgytlary töletdirmek, göni we gytaklaýyn salgytlary utgaşdyrmakda ulanylýan ikinji çemeleşmäni häsiýetlendirýär (adalatlylyk ýörelgesi). Salgyt syýasatynyň öňünde duran maksatlara ýetmek üçin, döwlet dürli görnüşli gurallary ulanýar. Bu gurallar anyk salgytlar we olaryň elementleri, salgyt salynýan binýat, salgyt töleýjileri, salgyt ýeňillikleri, salgytlaryň tölenýän möhletleri, salgydyň möçberleri, maliýe jerimeler görnüşinde öz beýanyny tapýarlar.

## "Salgyt hukuk gatnaşyklary we salgyt salmak syýasaty" atly tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Salgyt gatnaşyklary ilki nobatda haýsy kanunlary ulanmak bilen kämilleşýär?

2. Ykdysady-logiki kanunlaryň esasynda salgyt ulgamynyň ösüşiniň haysy kadalary kämilleşdirilýär?

3. Hukuk kanunlar bilen birlikde ykdysady-logiki kanunlar salgytlary kämilleşdirmegiň haýsy ugurlaryny takyklaýar?

4. Halkara hukuk gatnaşyklar tejribesinde maliýe hukugy ylmy özbaşdak hukuk hökmünde haçan ykrar edildi?

5. Maliýe hukugynyň çägi nämeden ybarat?

6. Döwletiň geçirýän maliýe işleri nämeden ybarat?

7. Türkmenistanyň maliýe ulgamy haýsy düzümlerden ybarat?

8. Türkmenistanyň býujet ulgamy haýsy düzüm böleklerden ybarat?

9. Býujetden daşarky gaznalar haýsy serişdeleriň hasabyna döredilýär?

10. Edara görnüşli taraplaryň maliýesi näme?

11. Ätiýaçlandyrma guramalarynyň maliýesi näme?

12. Karz pullar (kredit) näme?

13. Maliýe hukugynyň häzirki zaman kesgitlemesini beriň.

14. Maliýe hukugynyň merkezi sütüni näme?

15. Hukuk manysynda býujete kesgitleme beriň.

16. Näme üçin býujet merkezi pul gaznasy däl-de, döwletiň girdejiler we çykdajylar maliýe meýilnamasy?

17. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejiler bölegi haýsy girdejilerden ybarat?

18.Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileri haýsy býujetleriň arasynda paýlanylýar?

19. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişine haýsy döwlet guramalary gatnaşýarlar?

20. Merkezi we ýerli býujetler nähili tertipde ýerine ýetirilýär?

21. Türkmenistanyň Prezidentiniň Kanunda tassyklanylan býujet ýetmezçiliginiň (defisitiň) çäklerinde maliýe ýylynyň dowamynda Türkmenistanyň Döwlet býujetine üýtgetmeleri girizmäge hukugy barmy?

22. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri ýerli býujetleriň görkezijilerine anyklaýjy düzedişleri girizip bilýärlermi?

23. Merkezi býujet ýerine ýetirilende, goşmaça alnan girdejiler, şeýle-de çykdajylardan artýan girdejileriň bölegi kim tarapyndan we haýsy ugurlar boýunça ulanylýar?

24. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi maliýe ýylynyň 1-nji awgustyna çenli kime we haýsy maglumatlary berýär?

25. Hukuk görnüşleri boýunça býujet ulgamynyň düzüm bölekleriniň girdejilerini haýsy usullar bilen ýygnalýan girdejiler düzýärler?

26. Salgyt hukugynyň esasy kadalaryny Türkemenistanyň haýsy kanuny kesgitleýär?

27. Salgyt hukugy salgyt salmak ulgamyny haýsy alamatlar bilen üpjün edýär?

28. Salgyt hukugynyň binýady näme?

29. Salgyt hukugy haýsy ylymlaryň gazananlaryna daýanýar?

30. Salgyt hukugynyň özeni näme?

31. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda salgytlary kim girizip bilýär?

32. Haýsy ýagdaýda salgyt töleýjide salgytlary tölemek boýunça borçlar ýüze çykýar?

33. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň, Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň salgytlary girizmäge hukugy barmy?

34. Salgyt hukugynyň mazmuny nämeden ybarat

35. Salgyt hukugyna kesgitleme beriň.

36. Salgyt hukugyny haýsy alamatlar häsiýetlendirýär?

37. Raýat hukugynyň kadalary salgyt hukuk gatnaşyklaryna degişlilikde ulanylýarmy?

38. Salgyt hukugynyň kadalarynyň jenaýat hukugy bilen arabaglanyşygy we olaryň ikiçäk tebigaty nämeden ybarat?

39. Salgyt hukugy bilen edara ediş hukugynyň arabaglanyşygy nämeden ybarat?

40. Buhgalteriýa hakyndaky kanunçylygyň kadalarynyň salgyt hukugyna gytaklaýyn täsir edişi nämeden ybarat?

41. Salgyt hukugynyň esasy çeşmeleri näme?

42. Salgyt ölçegleri näme?

43. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyndan başga, salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan ölçegleri öz içine alýan haýsy kanunlar bar?

44. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň gol çekýän buýruklary salgyt kanunçylygynyň çeşmesi bolup bilýärmi?

45. Milli kanunçylykdan başga, salgyt salmakdaky gatnaşyklary haýsy ylalaşyklar tertipleşdirýär?

46. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň we beýleki ölçeg namalarynyň hereket ediş çäkleri haýsy ugurlar boýunça takyklanýar?

47. Wagt çäginde salgyt namalarynyň hereket edişi haýsy ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen çäklendirilýär?

48. Salgyt ölçeg namalarynyň hereket edişiniň bes edilmegini haýsy üç usul bilen geçirmek bolýar?

49. Salgyt namalarynyň giňişlikde hereket edişini näme aňladýar?

50. Taraplaryň toparlary boýunça salgyt namalarynyň hereket etmegi haýsy ýörelge bilen şertlendirilýär?

51. Salgyt ulgamynyň gurluşynyň ýörelgeleri diýlip nämä düşünilýär?

52. Salgyt ýüküniň deňlik (bitaraplyk) ýörelgesi nämäni göz öňünde tutýar?

53. Kanun esasynda salgytlary kesgitlemek ýörelgesiniň manysy nämeden ybarat?

54. Salgyt hukugynyň gaýdymlaýyn güýjüniň ýoklugy ýörelgesi nämäni kesgitleýär?

55. Salgyt hukugynyň salgyt däl kanunlarynyň öňünde salgyt kanunlaryny öňe sürmek ýörelgesi nämäni aňladýar?

56. Salgyt hukugynyň salgyt kanunlarynda salgyt alamatlarynyň ählisini göz öňünde tutmak ýörelgesi nämäni kesgitleýär we takyklaýar?

57. Salgyt gatnaşyklary hukuk taýdan kadalaşdyrylanda we salgyt kanunlary ulanylanda, salgyt hukugynyň döwletiň, ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň we salgyt töleýjileriň bähbitlerini utgaşdyrmak ýörelgesi nämäni aňladýar?

58. Halkara salgyt tejribesinde salgytlary hukuk taýdan kesgitlemegiň meselelerini çözmek boýunça näçe we haýsy çemeleşmeler işlenip düzüldi?

59. Salgyt we salgyt däl tölegler haýsy alamatlar mahsusdyr?

60. Kwazi salgytlar (salgyt däl tölegler) näme?

61. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň çäginde kwazi salgytlaryň haýsy görnüşleri hereket edýärler?

62. Salgytlar, paçlar we ýygymlar öndürilýän önümiň ýa-da amal edilýän hyzmatyň bahasynyň bir bölegi bolup bilermi?

63. Paçlaryň we ýygymlaryň salgytlardan tapawutlandyrýan iki alamatyny häsiýetlendiriň.

64. Salgytlar emläk görnüşinde tölenýärmi?

65. Salgyt tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegi birtaraplaýynmy ýa-da köptaraplaýyn?

66. Salgytlar howaýy (abstrakt) töleglermi ýa-da anyk tölegler?

67. Salgytlar döwlet býujetine tölenilende, olaryň maksatly gönükdirmesi barmy?

68. Salgyt gullugynyň bikanun hereketleri üçin salgyt töleýjiniň talap arzasynda haýsy maglumatlar görkezilýär?

69. Salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçilik kimiň üstüne ýüklenýär?

70. Haýsy ýagdaýlarda salgyt töleýji salgyt jogapkärçiligine çekilýär?

71. "Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary baradaky" bitewi Kanuna laýyklykda, salgyt töleýjiniň salgyt jogapkärçiligini häsiýetlendiriň.

72. Salgyt bozulmalary ücin salgyt töleýjileri jenaýat jogapkärçiligine çekip bolýarmy?

73. Häzirki wagta çenli kabul edilen kanunçylyk namalarynda salgyt bozulmalary babatynda salgyt gullugynyň geçirýän işiniň yzygiderliligini häsiýetlendiriň?

74. Salgyt kanunçylygynyň bozulandygy baradaky meselelere nähili tertipde seredilýär?

75. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we gaýry kanunçylyk namalaryna laýyklykda salgytlaryň bellenilişiniň, ýygnalyşynyň we tölenilişiniň esaslary nämeden ybarat?

76. Salgyt kanunçylygynda haysy kanun merkezi orun tutýar?

77. Türkmenistanyň kanunçylygynyň haýsy pudaklary salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar?

78. Iki gezek salgyt salmagy aradan aýyrmak maksady bilen, haýsy ylalaşyklar kabul edilýär?

79. ABŞ-nyň dollary babatynda KROSS hümmetiniň hasaplanylyşynyň tertibi nähili görnüşde amala aşyrylýar?

80. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna laýyklykda, salgyt töleýjiler salgyt beýannamalaryny ýörgünli pulda hasaplap bilýärmi?

81. Ykdysady taýdan kadalaşdyrmagyň gaýry görnüşlerinden salgyt kadalaşdyrmasy haýsy alamaty boýunça tapawutlanýar?

82.Kanun esasynda kabul edilen salgytlara üýtgetme (korreksiýa) geçirmek mümkinmi?

83. Salgyt salmagyň sosiologiýasy näme?

84. Salgyt synagy näme?

85. Salgyt syýasaty näme?

86. Salgyt syýasaty geçirilende, salgyt usuly bilen ýygnalýan döwlet girdejileri kanun taýdan kesgitlenilen hukuk ölçegleriniň (normalarynyň) haýsy düzüm bölekleriniň ulanylmagy bilen amala aşyrylýar?

87. Ykdysady taýdan esaslandyrylan salgyt syýasatynyň esasy maksady nämeden ybarat?

88. Salgyt taktikasy näme? Salgyt strategiýasy näme?

89. Halkara salgyt tejribesinde ulanylýan salgyt ýeňillikleriniň görnüşleri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalarynda öz beýanyny tapýarmy?

90. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmak üçin döwletiň ulanýan dolandyryş gurallaryna haýsy gurallar degişli?

91. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmak üçin döwletiň ulanýan ykdysady gurallary haýsy düzümlere bölünýärler?

92. Pul-karz syýasaty geçirilende haýsy esasy ykdysady özgertmeler amala aşyrylýar?

93. Salgyt syýasatynyň düzüm bölekleriniň haýsylaryny bilýärsiňiz?

94. Salgyt syýasatynyň ykdysadyýetiň ösüşine täsir edişiniň birinji usuly nähili görnüşde amala aşyrylýar?

95. Salgyt syýasatynyň ykdysadyýetiň ösüşine täsir edişiniň ikinji usuly haýsy görnüşde amala aşyrylýar?

96. Salgyt syýasatynyň ykdysadyýetiň ösüşine täsir edişiniň üçünji usuly nämeden ybarat?

97. Türkmenistanda geçirilýän salgyt syýasaty ykdysadyýetiň ösüşiniň kadalaşdyrylyşynyň haýsy usulyna gabat gelýär?

98. Salgyt syýasatynyň üsti bilen döwletiň ykdysadyýeti kadalaşdyrmak üçin ulanýan göni usulynyň mazmuny nämeden ybarat?

99. Salgyt syýasatynyň üsti bilen döwletiň ykdysadyýeti kadalaşdyrmak üçin ulanýan gytaklaýyn usulynyň mazmuny nämeden ybarat?

**100.** Salgyt syýasatynyň çözýän meseleleriniň üç uly toparyny häsiýetlendiriň.

**101.** Geçirilýän salgyt syýasatynyň üç şertli görnüşlerini häsiýetlendiriň.

**102.** Türkmenistanyň milli ykdysadyýetini uzak möhletli ösüşe gönükdirmek maksady bilen, ýurdumyzda geçirilýän salgyt syýasatyna haýsy ugurlar mahsus?

**103.** Döwletiň salgyt ulgamynda hereket edýän göni we gytaklaýyn salgytlary utgaşdyrmak üçin ulanylýan çemeleşmeleri häsiýetlendiriň.

## Peýdalanylan edebiýat


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr-Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Turkmenistan-sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy – Aşgabat, 2007.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. -Aşgabat, 2007 ý.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. "Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary"– Aşgabat, 2007

6. Gurbanguly Berdimuhamedowyň reformatorçylyk syýasatyna berlen ýokary baha. Türkmenistanyň Prezidentininňkide kabul edişlik. "Türkmenistan" gazeti, 2007

7. Halal zähmet, mähriban topraga söýgi-ýurdumyzyň abadançylygynyň we rowaçlygynyň esasydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşaoguz welaýatynda bolmagy. "Turkmenistan" gazeti, 2008

8. Türkmen topragynyň ähli baylyklary halkymyzyň bagtyýarlygyna we abadançylygyna hyzmat etmelidir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Lebap we Mary welaýatlarynda bolmagy. "Türkmenistan" gazeti, 2008

9. Ähli işler we başlangyçlar ýurdumyzyň we halkymyzyň abadançylygyna gönükdirilendir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Balkan welaýatynda bolmagy. "Türkmenistan" gazeti, 2008.

10.Türkmenistanyň Konstitusiýasy-Aşgabat, 2008.

11.Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli maksatnamasy-Aşgabat, 2007.

12.XX Halk Maslahaty. "Türkmenistan" gazeti, 2007.

13.Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat bitewi Kanuny-Aşgabat, 2003 ý.

14. "Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň kanuny– Aşgabat, 2000.

15. "Türkmenistanyň daşary ýurt inwestisiýalary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. 19-njy Magtymguly 1992 ý, №697-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy – Aşgabat, 1993ý.

16. "Walýuta kadalaşdyrmasy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. 8-nji oktýabr 1993ý, №891-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy-Aşgabat,1995 ý.

17. "Ätiýaçlandyryş hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. 26-njy iýun 1992 ý, №725-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy-Aşgabat, 1995 ý.

18. "Býujet ulgamy hakynda" Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat – 1996 ý, N 122-1.

19. "Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary barada" Türkmenistanyň bitewi Kanuny. Beýik Türkmenbasynyň Adalat köşgi.- Aşgabat, 2006 .

20. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny-Aşgabat, 2005 ý.

21. "Salgytlar hakynda" Turkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji bölegi bilen bellenilen beýannamalarynyň we resminamalarynyň görnüşlerini ulanmak boýunça usuly gözkezmeler. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyn-

dan 2004-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 9-na 330 sany bilen bellige alnan-Aşgabat, 2004.

22. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 2-nji bölegi bilen bellenilen beýannamalarynyň we resminamalarynyň görnüşlerini ulanmak boýunça usuly görkezmeler Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2004-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 9-na 330 sany bilen bellige alnan -Aşgabat, 2004 .

23. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny herekete girizilen döwür üçin salgytlaryň aýry-aýry görnüşlerini hasaplamak boýunça usuly görkezme. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2004-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 16-na 331 san bilen bellige alnan-Aşgabat, 2004.

24. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen döwründe salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň hasaplanylyşy boýunça usuly görkezme. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2005-nji ýylyň Sanjar aýynyň 30-na 363 san bilen bellige alnan-Aşgabat, 2005.

25. Girdejileri we çykdajylary deň ölçegde we deň gatnaşykda emele getirmek ýörelgelerinden ugur almak bilen aýyrmalary hasabat (salgyt) döwründe degişli etmek boýunça usuly görkezme. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň Gorkut aýynyň 11-ne 395 san bilen bellige alnan-Aşgabat, 2006.

26. Döwlet salgyt gulluklarynda Türkmenistanyň döwlet býujetine salgytlaryň, ýygymlaryň we beýleki tölegleriň derhal buhgalteriýa hasabyny ýöretmek boýunça usuly görkezme. Türkmenistanyň  Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň Gorkut aýynyň 12-ne 397 san bilen bellige alnan-Aşgabat, 2006.

27. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 2-nji bölegi bilen bellenilen beýannamalarynyň we resminamalarynyň görnüşlerini ulanmak boýunça usuly

görkezmelere üýtgetmeler we goşmaçalar we borçnamalar. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2007-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 2-ne 437 san bilen bellige alnan. -Aşgabat, 2007.

28. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeleri hasaplamak we tölemek üçin bellenilen beýannamanyň we gaýry resminamalaryň görnüşleri. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2007-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 18-ne 445 san bilen bellige alnan-Aşgabat, 2007.

29. Maliýe hasabatyna we salgyt beýannamalaryna (hasabatlaryna we hasaplamalaryna) kameral salgyt barlaglary geçirmek boýunça gollanma. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň Oguz aýynyň 22-ne 387 san bilen bellige alnan-Aşgabat 2006.

30. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek boýunça gollanma. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň Oguz aýynyň 30-da 390 san bilen bellige alnan-Aşgabat, 2006.

31. *M. Annaamanow, Ý. Çarygeldiýew.* Salgyt salynanda ulanylýan esasy düşünjeler we adalgalar. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2005.

32. *M. Annaamanow, Ý. Çarygeldiýew.* Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri we olaryň ykdysady gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2005.

33. *Ý. Çarygeldiýew, A. Muhanow.* "Salgyt menejmenti dersi boýunça meseleler ýygyndysy". Aşgabat, 2008.

34. *Ý. Çarygeldiýew, A.Muhanow.* Türkmenistanda salgyt salmagyň usulýet esaslary we ýörelgeleri. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2005.

35. *Ý. Çarygeldiýew, A. Mämikow.* "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady toparlaryň nazaryýet esaslary. "Alyn Asyryň ykdysdyýeti" žurnaly, 2006.

36. *Ý. Çarygeldiýew*. Salgyt syýasatyny amala aşyrmagyň amatly ugurlary. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003.
37. *Ý. Çarygeldiýew*. Salgyt syýasaty we ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşy."Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003.
38. *Ý. Çarygeldiýew, Ýa. Saparow*. Maliýanyň düýp mazmuny, onuň pul we paýlaýyş häsiýeti. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti"žurnaly, 2003.
39. *Ý. Çarygeldiýew, A. Agaýew*. Salgytlaryň gaýry ykdysady toparlar bilen arabaglanyşygy we olaryň maliýe gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2006.
40. *M. Gulmyradow*. Maliýe ulgamy. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2006.
41. *M. Gulmyradow*. Döwlet býujetiniň ähmiýeti. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004.
42. *N. Halow*. Maliýanyň ýerine ýetirýän wezipeleri. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004ý.
43. *A. Hezretow*. Salgyt ulgamy-Türkmenistanda hukuk institutynyň möhüm düzümidir. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003.
44. *A. Hezretow*. Edara görnüşli taraplaryň girdejilerine salgyt salmagyň hukuk kadalaşdyrylyşy. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003.
45. *A. Hezretow*. Türkmenistanyň döwlet býujeti we býujet hukugy. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004.
46. *A. Hezretow*. Şahsy taraplaryň girdejilerine salgyt salmagyň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşy. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti"žurnaly, 2004.
47. *A. Hezretow*. Salgyt hukuk gatnaşyklary we "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny boýunça olara gatnaşyjylar. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2005.

48. *A.Hezretow*. Salgyt hukuk gatnaşyklarynyň hökmany düzümleriniň häsiýetnamasy. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2006.

49. *A. Hezretow*. Türkmenistanyň hereket edýän salgyt ulgamynyň käbir meseleleri. "Altyn Asyryň" žurnaly, 2006.

50. *A. Hezretow*. Salgyt hukugynyň subýektleriniň hukuk ýagdaýy. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2007.

51. *M. Mämedow, Ý. Çarygeldiýew*. Salgytlar hakynda teoriýanyň esaslary. Okuw gollanmasy-Aşgabat, 1994.

52. *A. Mämmedow*. Türkmenistanyň býujet ulgamynyň ösdürilmegi. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2006.

53. *A. Mämmedow*. Ýerli býujetleriň girdejileriniň emele geliş çeşmeleri. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2006.

54. *A. Mämikow*. Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hususy telekeçileriň orny. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004.

55. *A. Muhanow, G. Eýeberdiýew, A. Nazarowa*. Ykdysadyýetiň ösüşinde salgyt ýeňillikleriň ähmiýeti. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003.

56. *A. Muhanow, A. Mämikow*. Kameral barlaglary geçirmegiň usulyýet esaslary. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2006.

57. Ösen ykdysdyýetli ýurtlarda ýörite salgyt düzgünleriniň kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň seljermesi. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004

58. *D. Sadykow*. Türkmenistanyň salgyt-býujet syýasaty we ýurduň ykdysady ösüşine onuň täsiri. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003.

59. Salgyt ulgamlarynyň ösüşiniň dünýä tejribesi. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004.

60. *Гуреев В.И*. Российские налоговое право-М: «Экономика», 1997г.

61. *Дернверг Р.Л.* Международное налогообложение-М: Юнити, 1997г.

62. Налоги. Учебное пособие. Под редакцией Д.Черника-М: «Финансы и статистика», 1997г.

63. Налоги и налоговое право. Учебное пособие. Под редакцией А.В.Брызгалина-М: Аналитика-Пресс, 1997г.

64. *Петрова Г.В.* Налоговое право. Учебник для вузов-М: ИНФРА-М-Норма, 1997г.

65. Ч*ерник Д.Г.* Налоги в рыночной экономике.-М: «Финансы», ЮНИТИ, 1997г.

66. *Юткина Т.Ф.* Налоги и налогообложение. Учебник, 1998г.

# MAZMUNY

Sözbaşy..........................................................................7

**I BAP. "SALGYT" WE "SALGYT SALMAK" YKDYSADY KATEGORIÝALARYŇ NAZARYÝET ESASLARY**

1.1.1. Salgyt düşünjesiniň gelip çykyşy we onuň durmuş-ykdysady mazmuny ..........................................................11
1.2.2. Salgyt düşünjäniň köpmanyly jähtde takyklanylmagy..........................................................18
1.3.3. Salgyt ykdysady kategoriýanyň ikitaraplaýyn bir bitewi manysy ..........................................................20
1.4.4. Salgyt salmak ykdysady kategoriýanyň döwlet çykdajylary bilen arabaglanyşygy we onuň kesgitlenilişi........21
1.5.5. Bitewi ykdysady ulgamda (ykdysady binýatda) salgyt gatnaşyklarynyň şertlendirilmegi, olaryň paýlaýyş we gaýtadan paýlaýyş häsiýetleriniň seljermesi.......................27
1.6.6. Salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalara bildirilýän talaplar we salgytlar baradaky nazaryýetiň ykdysady esaslarynyň düzülmegi ....................................28
1.7.7. Salgyt we salgyt salmak ykdysady kategoriýalaryň üsti bilen ýetilýän netijeler we salgyt salmagyň häzirki zaman ulgamynyň çözýän meseleleri..........................30

**II BAP. SALGYT SALMAGYŇ USULYÝET ESASLARYNYŇ IŞLENIP DÜZÜLMEGI WE ONUŇ ÝÖRELGELERI**

2.1.8. Salgyt salmagyň usulyýeti hakynda umumy düşünje we onuň öz içine alýan düzüm bölekleri.............................35
2.2.9. Salgyt salmagyň usulyýeti işlenip düzülende salgyt ulgamyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlarynyň takyklanylyşy..........................................................39

2.3.10.Salgytlar babatynda usulyýet işleri geçirilende, salgyt salmak ulgamynyň we ykdysady binýadyň biri-biri bilen arabaglanyşygynyň hasaba alynmagy................................42
2.4.11. "Salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryň kriteriýalary (umumy ölçegleri).......................................47
2.5.12. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda göz öňünde tutulan salgyt salmagyň adalatlylyk we takyklyk ýörelgeleri.................................................50
2.6.13. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň salgyt salmagyň amatlylyk we tygşytlylyk ýörelgeleri....................53

## III BAP. SALGYTLARYŇ BEÝLEKI YKDYSADY KATEGORIÝALAR BILEN ARABAGLANYŞYGY WE OLARYŇ MALIÝE GATNAŞYKLAR ULGAMYNDA TUTÝAN ORNY

3.1.14. Maliýe nazaryýetiniň esaslary salgytlaryň düýpmazmunyny we ykdysady zerurlygyny öwrenmegiň usulyýet binýadydyr.......................................................59
3.2.15. "Maliýe" ähl umumy ykdysady kategoriýa bilen "salgyt" we "salgyt salmak" ykdysady kategoriýalaryň arabaglanyşygy...........................................................62
3.3.16. Merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde emele gelýän maliýe gatnaşyklar ulgamynda salgyt gatnaşyklarynyň tutýan orny..............................................................65
3.4.17. Gymmat pul görnüşinde paýlananda, salgyt gatnaşyklaryndan gaýry emele gelýän maliýe gatnaşyklary....68
3.5.18."Salgyt salmak" we"býujet" diýilýän ykdysady kategoriýalaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklary kesgitlemegiň zerurlygy..............................................72
3.6.19. Salgytlaryň başga ykdysady kategoriýalar bilen arabaglanyşygyndan alynýan ahyrky netijeler....................75

## IV BAP. SALGYTLARYŇ ÝERINE ÝETIRÝÄN WEZIPELERI WE OLARYŇ KÖMEGI BILEN ÝETILÝÄN AHYRKY NETIJELER

4.1.20. Salgyt salmagyň üsti bilen "salgyt" ykdysady kategoriýasynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň nazaryýet taýdan esaslandyrylmagy..............................................79

4.2.21. Salgyt ulgamynyň wezipeleriniň gapma-garşylyk birliginiň şertlendirilişi....................................................83
4.3.22. Salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleri we"salgyt salmak" ykdysady kategoriýasynyň içki mümkinçilikleriniň kesgitlenilişi...................................................................88
4.4.23. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän kadalaşdyryş wezipesiniň üpjün edýän ugurlary....................................92
4.5.24. Salgyt salmak ulgamynyň gözegçilik wezipesi...........98
4.6.25. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň üsti bilen salgytlaryň tutýan ornunyň takyklanylmagy........100
4.7.26. Salgyt salmak ulgamynyň wezipeleriniň kömegi bilen ýetilýän ahyrky netijeler...............................................103

## V BAP. SALGYT SALMAK ULGAMYNYŇ GURLUŞYNY WE DÜZÜMINI KESGITLEÝÄN ÝÖRELGELER

5.1.27. Halkara salgyt tejribesinde salgyt ulgamy gurlanda ulanylýan ýörelgeleriň kiçi ulgamy.................................107
5.2.28. Salgyt salmak ulgamynyň ählumumy (düýpli) we guramaçylyk-ykdysady (hukuk) ýörelgeleriniň seljermesi.....111
5.3.29. Milli salgyt ulgamyň durnuklylygyny we kämilligini häsiýetlendirýän alamatlar.............................................119
5.4.30. Salgyt ulgamy gurnalanda salgytlaryň görnüşleriniň, olary dolandyrmagyň usullarynyň saýlanyp seçilmeginiň möhümliligi.............................................125
5.3.31. Salgytlaryň, paçlaryň we ýygymlaryň arasyndaky ykdysady çäklendirmeleriň kriteriýalary (hakyky ölçegleri).127

## VI BAP. SALGYDYŇ ALAMATLARY WE SALGYT SALNANDA ULANYLÝAN ESASY DÜŞÜNJELER WE ADALGALAR

6.1.32. Salgyt töleýjiler, ygtyýarly edaralar, salgyt ýumuşçysy, kanuny wekil, salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili................135
6.2.33. Salgyt salynýan binýat.........................................147
6.3.34. Salgyt özeni......................................................161
6.4.35. Salgyt möçberi we salgyt (hasabat) döwri................175
6.6.37. Salgytlaryň tölenýän möhletleri............................215
6.7.38. Salgyt habarnamasy we salgyt beýannamasy............221
6.8.39. Halkara salgyt tejribesinde ulanylýan başga düşünjeler we adalgalar...........................................................227

## VII BAP. SALGYTLARYŇ TOPARLANDYRYLYŞY


7.1.40. Salgytlaryň toparlandyrylyşy hakynda umumy düşünje ........................................................246
7.2.41. Göni salgytlar........................................................250
7.3.42. Gytaklaýyn salgytlar........................................................263
7.4.43. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilýän serişdeler........................................................270
7.5.44. Göni we gytaklaýyn salgytlaryň gatnaşygy. Salgytlaryň toparlandyrylyşynyň alamatlary (kriteriýalary)........................................................279


## VIII BAP. SALGYT HUKUK GATNAŞYKLARY WE SALGYT SALMAK SYÝASATY


8.1.45. Maliýe hukugy salgyt hukugynyň binýadydyr..........291
8.2.46. Salgyt hukugynyň özeni........................................................297
8.3.47. Salgyt hukugynyň häsiýetlendirmesi....................304
8.4.48. Salgyt hukugynyň çeşmeleri we salgyt kanunçylygynyň ulgamy........................................................310
8.5.49. Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň gurluşynyň hukuk ýörelgeleri........................................................316
8.6.50. Salgyt töleýjileriň hukuklarynyň we borçlarynyň, salgyt gullugynyň işgärleriniň hereketlerini Türkmenistanyň hukuk kanunçylygy esasynda üpjün edilmegi ...................325
8.7.51. Halkara tejribesinde salgyt salmak ulgamynyň gurluşynda ulanylýan hukuk ýörelgeleri..........................334
8.8.52. Salgyt hukugynyň durmuş gönükdirmesi, salgyt eksperimenti we salgyt salmak syýasaty...................342
8.9.53. Salgyt syýasaty we ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşy........................................................353
8.10.54. Döwletiň geçirýän salgyt syýasatynyň oňyn derejesi ........................................................356
Peýdalanylan edebiýat........................................................368

**Ý. Çarygeldiýew, A. Muhamow**

# SALGYTLAR WE SALGYT SALMAGYŇ NAZARYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Redaktor *E. Berdiýewa*
Surat redaktory *G. Orazmyradow*
Teh. redaktory *O. Nurýagdyýewa*
Neşir üçin jogapkär

Ýygnamaga berildi. 2009. Çäp etmäge rugsat edildi
Möçberi 60x90 1/16. Ofset kagyzy. Mekdep garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi. Şertli reňkli ottiski. Hasap-neşir listi
Çap listi. Sargyt. Sany 1000.